TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN
DÖWLET UNIWERSITETI

# TÜRKMENISTANYŇ ARBITRAŽ KANUNÇYLYGYNY ÖZGERTMEGIŇ KONSTITUSION ESASLARY

Aşgabat - Ylym - 2011 ý.

UOK 343
G 50

**Goçyýew T.D.**
**Türkmenistanyň arbitraž kanunçylygyny özgertmegiň konstitusion esaslary. –** A.: “Ylym” neşirýaty, 2011. – 308 sah.

Monografiýada arbitraž iş ýörediş hukugynyň esasy iş ýörediş tapgyrlary, düşünjeleri, institutlary ylmy-tejribe nukdaýnazardan seljerilýär, kanunyň kadalaryna giňişleýin doktrinal düşündirişler berilýär, olary döwrebap ösdürmek we kämilleşdirmek babatda düýpli pikirler, tejribe jähtden möhüm teklipler aýdylýar, kanun çykaryjylyk hem-de kazyýet hukuk ulanyş tejribesini bir ülňä salmak boýunça synanyşyklar edilýär, şeýle hem arbitraž kazyýet gurluşyny özgertmegiň wajyplygy esaslandyrylýar.

Monografiýa ylmy işgärler, kazyýet we prokuratura edaralarynyň işgärleri üçin niýetlenen. Ondaky maglumatlar hukuk ugrundan bilim alýan talyplara hem peýdaly bolup biler.

Syn ýazanlar

Ýuridik ylymlarynyň doktory, akademik *B. Saryýew,*
Ýuridik ylymlarynyň doktory, dosent *I. Bekiýew*,
Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň kazysy *T.M. Myradowa,*
Türkmenistanyň Baş prokuraturasynyň Kazyýet kararlarynynyň kanunylygyna gözegçilik müdirliginiň başlygy *M.D. Saryýewa*

TDKP №1 KBK 67.99 (Tü) 92

© Goçyýew T. 2011.
© “Ylym” neşirýaty, 2011.



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

**TÜRKMENISTANYŇ**
**DÖWLET SENASY**

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama*:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

## Şertli gysgaltmalaryň sanawy

Azerbaýjan Respublikasynyň Raýat iş ýörediş kodeksi - AR-iň RIÝK-sy;

Belarus Respublikasynyň Hojalyk iş ýörediş kodeksi - BR-iň HIÝK-sy;

Ermenistan Respublikasynyň Raýat iş ýörediş kodeksi - ER-iň RIÝK-sy;

Gazagystan Respublikasynyň Raýat iş ýörediş kodeksi – Gaz.R-iň RIÝK-sy;

Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna agza döwletler – GDA döwletleri;

Gruziýanyň Raýat iş ýörediş kodeksi – Gruz.RIÝK-sy;

Gyrgyzystan Respublikasynyň Raýat iş ýörediş kodeksi – Gyr.R-iň RIÝK-sy;

Moldowa Respublikasynyň Raýat iş ýörediş kodeksi - MR-iň RIÝK-sy;

Özbegistan Respublikasynyň Hojalyk iş ýörediş kodeksi - ÖR-iň HIÝK-sy;

Russiýa Federasiýasynyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi – RF-iň AIÝK-sy;

Saparmyrat Türkmenbaşynyň Türkmenistanyň Raýat kodeksi – TRK;

Täjigistan Respublikasynyň Ykdysady kazyýet önümçilik kodeksi - Täj.R-iň YKÖK-sy;

Türkmenistanyň Arbitraž kazyýeti – Arbitraž kazyýet;

Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi – TAIÝK;

Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi – TRIÝK;

Ukrainanyň Hojalyk iş ýörediş kodeksi - U-iň HIÝK-sy.

## Giriş

**“Ykdysady ulgamyň hereket etmeginiň we ösdürilmeginiň hukuk esaslaryny döretmek döwletiň möhüm wezipesi bolup durýar[1]”.**

*Türkmenistanyň Prezidenti*
*Gurbanguly Berdimuhamedow*

Türkmen jemgyýetini özgertmek we onuň hukuk binýadyny döwrebap kämilleşdirmek – Täze galkynyş we beýik özgertmeler zamanasy syýasatynyň möhüm strategiki maksady bolup durýar. Bu syýasatyň özeninde özüniň ähli derwaýys meselelerini we zerurlyklaryny öz içine alýan adam aladasy ýatandyr. Ýöne ýerden Türkmenistanyň Konstitusiýasynda ýurdumyzda jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasynyň adamdygy berkidilmeýär[2]. Hormatly Prezidentimiz bu babatda şeýle diýýär: “Türkmenistan “Döwlet adam üçindir!” diýen baş ýörelgäni yglan etmek bilen, bu örän gysga we özüniň çuň manysy boýunça ähli zady öz içine alýan taglymatda jemgyýetçilik ösüşi babatda häzirki zaman ideýasy baradaky garaýşy, bu işe adam şahsyýetini işjeň çekmek baradaky pikiri hem jemledi[3]”.

Milli hukuk ulgamyny ösdürmek, ony halkara ülňülerine laýyk getirmek, halkara hukuk kadalaryny Türkmenistanyň kanunçylygyna ornaşdyrmak – Milli Liderimiziň hukuk özgertmeleriniň uzakmöhletleýin maksatnamasynyň esasy düzüjileri bolup çykyş edýär[4]. Bu ýerde mesele ýurduň kanunçylygyny ýöne bir kämilleşdirmek barada däl-de, eýsem düýpli konstitusion-hukuk özgertmelerini amala aşyrmagyň esasynda, ony döwrebap, hil taýdan we ygtybarlylyk

[1] Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010. 1-nji tom. S.32.
[2] Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2008. Mad.3.
[3] Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010. 1-nji tom. S.8.
[4] “Türkmenistanyň kanunçylygyny kämilleşdirmegiň meseleleri”. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň 28-nji noýabrynda çykaran 9234-nji karary. Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy. Aşgabat, 2007. № 11.S. 93-96.

babatda halkara talaplaryna laýyk gelýän derejä ýetirmek hakynda barýar.

Hormatly Prezidentimiziň döwlet baştutanlygyna girişen gününden başlap, milli hukuk ulgamymyzy kämilleşdirmek babatda amala aşyrýan işleri bolsa, görkezilen maksatlaryň netijeli durmuşa geçirilýändiginiň aýdyň subutnamasy bolup durýar. Esasan hem 2008-nji ýyl döwletimiziň kanunçylygyny döwrebaplaşdyrmak işiniň iň öndürijilikli ýyllarynyň biri boldy. Hut şol ýylda, "milli kanunçylygy kämilleşdirmek hem-de halkara ölçeglerine laýyk getirmek, ýurdumyzda döwlet we jemgyýetçilik durmuşyny mundan beýläkde demokratiýalaşdyrmak, konstitusion gurluşy döwrüň talaplaryna laýyk getirmek, şeýle hem Türkmenistanyň Konstitusiýasyny kämilleşdirmek[5]" işleri doly durmuşa geçirildi. Bu bolsa öz gezeginde ýurdumyzyň tutuş hukuk binýadynyň ulgamlaýyn esaslarda özgerdilmegine özüniň oňyn täsirini ýetirýär.

Türkmenistanda kazyýet edaralarynyň işini kämilleşdirmek hem-de kazyýet önümçiligini döwrüň talaplaryna laýyklykda özgertmek meselesine döwletiň hukuk syýasatynda aýratyn üns berilýär. Milli Liderimiz kazyýet edaralarynyň işiniň Kanunyň ruhuna we mazmunyna, Türkmenistanyň "Döwlet adam üçindir!" diýen taglymat bilen ýöredýän syýasatynda ileri tutulýan ugurlaryna we halkara hukugynyň umumylykda ykrar edilen kadalaryna laýyk gelmegini üpjün etmek bilen amala aşyrylýan hukuk özgertmeleriniň möhüm ähmiýetli jähdi bolup durýandygyny nygtaýar[6].

**Derňelýän temanyň wajyplygy.** Türkmenistanyň bazar ykdysadyýeti ösüş ýoluny saýlap almagy bilen, "sowet kanunçylygyny" döwrebap özgertmek meselesi möhüm ähmiýete eýe boldy. Döwlet garaşsyzlygynyň ilkinji günlerinden başlap bu iş maksada okgunly alnyp barylýar. Galkynyş eýýamynda hukuk özgertmeleri Hormatly

[5] Türkmenistanyň Konstitusiýasyny kämilleşdirmek boýunça konstitusion topar hakynda Düzgünnama. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň 18.04.2008 ýyldaky, №HMK-72 karary bilen tassyklanan. Aşgabat, 2008. Böl. 1.

[6] Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň mejlisinde eden çykyşy. Aşgabat: Türkmenistan gazeti, 30.03.2011ý. S.2.

Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda has-da netijeli amala aşyrylýar.

Dünýa ykdysadyýetiniň globalizasiýasynyň täsiri astynda ýurdumyzda ykdysady dolanyşyk çalt özgerýär we gitdigiçe-de çylşyrymlaşýar. Daşary ýurtlaryň tejribesinden görnüşine görä, şu şertlerde ykdysady jedelleri kazyýetde gysga möhletlerde we ýönekeýleşdirilen tertipde çözmeklige aýratyn üns berilýär. Şeýle hem kazyýete çenli, şonuň ýaly-da kazyýet seljerişi döwründe ykdysady jedelleri çözmekde dürli alternatiw usullardan peýdalanmaklyga bu döwletlerde derwaýys mesele hökmünde garalýar.

Türkmenistanda ähli ugurlar boýunça özgertmeler halkara ülňüleriniň talapalaryna laýyklykda amala aşyrylýar. Türkmenistanyň arbitraž kanunçylygy bazar ykdysadyýetiniň şertlerine görä, halkara hukugynyň umumylykda ykrar edilen ýörelgelerinden we kadalaryndan ugur alnyp, milli taryhy aýratynlyklarymyz göz öňünde tutulyp, arbitraž iş ýöredişiň dispozitiwlik we bäsleşik başlangyçlaryna aýratyn ýykgyn edilip, kazyýet önümçiligi derňew-bäsleşik häsiýetli guralyp, munuň üçin subutnamary toplamakda işe gatnaşýan taraplar bilen kazyýetiň arasynda netijeli işjeňligi tapyp, şeýlelikde, iş boýunça aýanlygy ýüze çykarmaklygy maksat edinip, döwrebap özgerdilmeli. Şu çemeleşme taraplaryň işjeňligini we jogapkärçiligini artdyrar, olaryň hem-de kazyýetiň wagtynyň we serişdeleriniň tygşytlanmagyna getirer. Netijede, islendik dawaly hukuk meselede düşünişmek, ylalaşmak, gatnaşyklary iki tarapada bähbitli täze şertlerde dowam etdirmeklige ymtylmak, şol dawaly dolanyşyga girýän ähli şahslar üçin aýratyn mahsus bolar.

Biziň pikirimizçe, Türkmenistanyň arbitraž kanunçylygy kämil hukuk ulgamly döwletleriň ýokarda agzalan talaplaryna doly möçberde gabat gelmeýär. Şoňa görä-de, monografiýada geçirilen tutumlaýyn ylmy-amaly seljermeleriň netijesinde Türkmenistanyň hereket edýän arbitraž iş ýörediş kanunçylygynda düzgünleşdirilmedik ýa-da ýeterlik derejede düzgünleşdirilmedik gatnaşyklar, üzňelikler giňişleýin seljerilýär hem-de olary aradan aýyrmak we hukuk jähtden ýeňip geçmek boýunça anyk pikirler aýdylýar, täze girizilmeli kada-

lar, şol sanda ulgamlaýyn ähmiýetli düzgünler teklip edilýär. Bu işde kanun çykaryjylyk hem-de kazyýet hukuk ulanyş tejribesinde gabat gelýän säwlikleriň öňüni almagy we olary talaba laýyk özgertmegi, netijede bolsa, döwlet derejesinde hemmetaraplaýyn ölçenip-biçilen bir bitewi kanun ulanyş tejribesini gazanmaklygy maksat edinýän wezipelerden ugur alyndy.

Umumy kada laýyklykda kazyýet iş ýörediş gatnaşyklary diňe hukuk görnüşinde ýüze çykyp bilýär[7]. Diýmek, TAIÝK-da berkidilmedik hereketleriň amala aşyrylmagy hiç hili hukuk ähmiýetli netijeleriň döremegine getirip bilmeýär. Şonuň üçin hem Türkmenistanyň arbitraž iş ýörediş kanunçylygynda edil beýleki iş ýörediş kanunçylyklarynda bolşy ýaly, her bir derwaýys hereket göz öňünde tutulmaga hem-de doly we hemmetaraplaýyn düzgünleşdirilmäge degişli. Hut şol sebäpden awtor tarapyndan monografiýada kanunyň kadalaryny zerurlygyna görä döwrebap ösdürmek hem-de kämilleşdirmek boýunça teklipler girizildi .

Şeýle hem ylmy işde Arbitraž kazyýetiň işini we kazyýet gurluşyny döwrebaplaşdyrmagyň meselelerine hem içgin garalýar. Türkmenistanyň kazyýet gurluşy daşary ýurtlarda, şol sanda GDA döwletlerinde hereket edýän üç basgançakly kazyýet gurluşyna gabat gelmeýär. Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetiniň hukuk ýagdaýy hem ýokarda agzalan döwletleriň adybir kazyýetleriniň hukuk ýagdaýyna kybapdaş däl, bu döwletleriň aglabasynda hereket edýän ykdysady işler boýunça ýöriteleşdirilen kazyýet ulgamy hem Türkmenistanda häzirki döwürde ýokdur.

Biziň pikirimizçe, şu şertlerde ykdysady adyl kazyýeti amala aşyrmagyň netijeliligini ýokarlandyrmak maksady bilen, Türkmenistanyň arbitraž kanunçylygynyň we kazyýet iş ýöredişiniň döwrebap kämilleşdirilmeginiň özi möhüm bolup durýar. TAIÝK-ny 2000-nji ýylda kabul edilende bolsa, umuman, onuň mazmuny 1964-nji ýyl-

---

[7] Арбитражный процесс: Учебник-3-е изд., перераб. и доп. / Под ред. М.К. Треушникова. М.: Издательский дом «Городец», 2007. S.16-17.; Ефимова В.В. Арбитражное процессуальное право. Учебное пособие. Саратов. 2009. S.17-18.; Арбитражный процесс. Под ред. В.В.Яркова. Учебник.-4-е изд., перераб. и доп. М.:Инфотропик Медиа, 2010. S.12-13.

da kabul edilen TRIÝK-nyň ýörelgeleridir kadalaryna esaslanýar. SSSR döwründe, şonuň ýaly hem garaşsyzlyk ýyllarynda arbitraž kanunçylygynyň meselelerine bagyşlanyp ýazylan ylmy işler ýok. Şu monografiýa arbitraž kanunçylygynyň we kazyýet iş ýöredişiniň bazar ykdysadyýetiniň şertlerine laýyklykda özgerdilmegine bagyşlanýar. Onda öňe sürülýän pikirler şahslaryň bozulan ýa-da jedelli hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň talaba laýyk goralmagyna ýardam eder, kazyýet edaralarynyň abraýyny artdyrar hem-de hukuk döwletiniň esaslaryny has-da berkider diýen tamamyz bar.

**Ylmy işiň maksatlary.** Geçirilen köpugurly we hemmetaraplaýyn barlaglaryň maksady, umuman, Türkmenistanyň arbitraž kanunçylygyny we kazyýet hukuk ulanyş tejribesini seljermek esasynda, halkara hukugynyň umumylykda ykrar edilen ýörelgelerinden we kadalaryndan ugur alyp, arbitraž kanunçylygyny döwrebap kämilleşdirmek boýunça teklipleri taýýarlamak, ony özgertmegiň Konsepsiýasyny esaslandyrmak, şeýle hem hukugyň degişli ugry boýunça ylmy ösdürmek bolup durýar.

**Ylmy işiň wezipeleri.** Öňde goýlan maksatlara ýetmek üçin şu esasy wezipeleri ýerine ýetirmek zerurlygy ýüze çykýar:

Türkmenistanyň arbitraž kanunçylygyny kämilleşdirmegi dogry amala aşyrmak üçin, ilki bilen Türkmenistanyň hukuk binýadyny özgertmegiň maksatlaryny, wezipelerini we zerur şertlerini kesgitlemek;

ýerli we daşary ýurtly alymlaryň derňelýän mesele bilen bagly garaýyşlaryny seljermek hem-de umumylaşdyrmak;

TAIÝK-da düzgünleşdirilmedik ýa-da ýeterlik derejede düzgünleşdirilmedik gatnaşyklary kesgitlemek hem-de olaryň oňyn çözgütlerini esaslandyrmak;

hukuk-deňeşdirme usulyny ulanmak bilen, daşary yurt döwletleriniň, ilkinji nobatda hem ähli GDA döwletleriniň arbitraž iş ýörediş kanunçylygyny, kazyýet gurluşyny we hukuk ulanyş tejribesiniň oňyn taraplaryny anyklamak;

Türkmenistanyň arbitraž kanunçylygyny kämil hukuk ulgamly döwletleriň tejribesine laýyklykda özgerdilmeginiň Konsepsiýasyny işläp düzmek;

TAIÝK-da TRIÝK-nyň oňyn tejribesini ornaşdyrmak, şeýle hem ony TRK-nyň talaplaryna laýyk getirmek üçin, olary deňeşdirme ýoly bilen derňemek;

arbitraž iş ýörediş kanunçylygynyň adalgalaryny we düşünjelerini döwrebaplaşdyrmak üçin öwrenmek;

daşary ýurtlaryň täjirçilik arbitraž kazyýetleriniň hukuk ýagdaýyny öwrenmek;

geçirilen derňewleriň netijesinde Türkmenistanyň arbitraž kanunçylygyny we kazyýet hukuk ulanyş tejribesini döwrebap özgertmek boýunça ylmy-tejribe nukdaýnazardan esaslandyrylan teklipleri taýýarlamak.

**Derňewiň obýekti we predmeti.** Ylmy işiň obýekti umumylykda arbitraž kazyýet önümçiliginde ýüze çykýan gatnaşyklar, Arbitraž kazyýetiň işi hem-de kazyýet gurluşy bolup durýar. Derňewiň predmetini bolsa, umumylykda arbitraž kanunçylygynyň kadalary, deňeşdirme seljermesi esasynda anyklanan daşary ýurtlaryň kanun çykaryjylyk we hukuk ulanyş tejribesi, şeýle-de hem bu ugurda ýazylan ylmy işler düzýär.

**Işiň ylmy taýdan öň derňelmeginiň derejesi.** Şu monografiýa Türkmenistanyň hukuk ylmy çygrynda bu ugurdan, ýagny arbitraž kanunçylygy boýunça ýazylan ilkinji göwrümli ylmy iş bolup durýar. Arbitraž iş ýörediş hukugy bilen bagly ýerli awtorlar tarapyndan ýazylan ylmy işler ýok. Monografiýada, esasan, daşary ýurt alymlary T. K. Andreýewanyň, P. W. Baharýewiň, W. W. Blajeýewiň, Ý. A. Borisowanyň, T. A. Grigorýewanyň, A. A. Dobrowolskiniň, S. Z. Jeneteliň, W. M. Juýkowyň, S. A. Iwanowanyň, B. S. Kamenkowyň, M. I. Kleandrowyň, R. Kniperiň, P. W. Kraşeninnikowyň, W. M. Lebedewiň, D. Ý. Maleşiniň, T. N. Neşataýewanyň, Ý. I. Nosyrýewanyň, Ý. M. Nuryýewiň, T. I. Otçeskaýanyň, I. A. Prihodkanyň, I. W. Reşetnikowanyň, M. A. Rožkowanyň, M. L. Skuratowskiniň, L. A. Terehowyň, Ý. A. Tereşewanyň, M.K. Treuşnikowyň, M.Ö. Haýydowyň, L.L. Çanturiýanyň, N.W. Çensowyň, L.L. Şamşurynyň, W.M. Şerstýugyň, W.W.Ýarkowyň, A.W. Ýudiniň we başga-da birnäçe alymlaryň işleri ylmy-tejribe nukdaýnazardan seljerildi we umumylaşdyryldy._

Ýokarda görkezilen awtorlaryň aglabasy Russiýa Federasiýasynyň alymlary bolup durýar. Elbetde, olaryň ylmy işleri şol döwletiň kanunçylygyna esaslanýar. Türkmenistanyň we Russiýa Federasiýasynyň arbitraž kanunçylyklarynda düýpli tapawudyň bardygyndan çen tutsaň, onda Türkmenistanda derňelýän mesele ylmy nukdaýnazardan hiç bir jähtden öwrenilmedik diýip netije çykarmak bolýar.

**Ylmy işiň usulyýet esaslary.** Analiz we sintez, deduksiýa we induksiýa, deňeşdirip derňeme, funksional, dialektiki, grammatiki düşündiriş, analogiýa usullary ýaly umumy ylmy usullar, şeýle hem ulgamlaýyn derňeme, deňeşdirme-hukuk, taryhy-hukuk, resmi-hukuk, hukuk taýdan modelirlemek usullary ýaly hususy ylmy usullar, bu ylmy seljerişiň usulyýet esasyny düzýärler.

**Ylmy işiň nazary esaslary.** Monografiýanyň nazary-ylmy, kanunçylyk we tejribe esaslary hökmünde Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ylmy-amaly ähmiýetli işleri, ilkinji nobatda hem ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşi babatda düýpli ylmy iş bolan “Türkmenistanda durmuş-ykdysady ösüşiň döwlet kadalaşdyrylyşy” atly kitaby, hukugyň umumy nazaryýetinden ýazylan ylmy işler, hukuk ylmynyň pudaklarynyň gazananlary, Türkmenistanyň Konstitusiýasy, döwletiň dürli Milli matsatnamalary, Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalary, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň kanunçylygy ulanmagyň meseleleri boýunça ugrukdyryjy düşündirişleri we ykdysady işleri umumylaşdyrmagyň materiallary, usuly gollanmalary hem-de Türkmenistanyň Baş prokurorynyň degişli buýrugy ulanyldy.

**Ylmy işiň täzeçilligi.** Monografiýanyň iň esasy täzeçilligi onda ykdysady işler boýunça adyl kazyýetligi amala aşyrmagyň dünýä ülňüleriniň talaplaryna laýyk gelýän, şol bir wagtda hem milli aýratynlyklapymyzy göz öňünde tutýan döwrebap nusgasynyň Konsepsiýasynyň işlenip düzülmegidir. Konsepsiýa daşary ýurtlaryň, ilkinji nobatda hem GDA döwletleriniň kanunçylygynyň hukuk-deňeşdirme usulynyň ulanylmagy netijesinde ýüze çykarylan oňyn tegribesine esaslanýar. Umuman, ykdysady adyl kazyýetligi amala aşyrmagyň netijeliligini bazar ykdysadyýetiniň şertlerine görä ýokar-

landyrmak monografiýanyň täzeçilligi bolup durýar. Ylmy işiň nazary we tejribe taýdan möhümligi, monografiýada teklip edilýän täze adalgalar we düşünjeler arbitraž iş ýörediş hukugynyň ylmynda täzelik bolup durýar. Jemläp aýdanymyzda, ylmy işiň täzeçilligi onuň döwlet garaşsyzlygy ýyllarynda Türkmenistanyň arbitraž kanunçylygyny tutuşlygyna döwrebap özgertmeklige bagyşlanan ilkinji düýpli monografiýa häsiýetli derňew işi bolmagyndadyr.

**Ylmy taýdan esaslandyrylan has wajyp pikirler (ideýalar) hökmünde umumylaşdyrylan görnüşde şulary görkezmek bolar:**

1.Ýurtda ähli ugurlardaky amala aşyrylýan özgertmeleriň netijeliligi köp halatda döwletiň hukuk binýadynyň kämilliginiň derejesine bagly diýen garaýşa eýerip, monografiýada Türkmenistanyň hukuk binýadyny özgertmegiň maksatlaryny we wezipelerini özbaşdak kesgitlemäge synanyşyldy. Öňde goýlan maksatlaradyr wezipelere ýetmek üçin, ýurdumyzyň jemgyýetçilik ösüşiniň aýratynlyklaryna (halkyň mentalitetine, milli demokratiýanyň aýratynlyklaryna, ösüşiň ewolýusion ýoluna, jemgyýetçilik aňyýetiniň derejesine, hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýyna, dünýä tejribesiniň gazananlarynyň ulanylyşyna, milli bähbitleriň ileri tutulmagyna, özgertmeleriň sosial häsiýetli bolmagyna, realizm syýasatyna, sagdyn pragmatizm syýasatyna) esaslanyp, Türkmenistanyň arbitraž kanunçylygyny halkara hukugynyň umumylykda ykrar edilen ýörelgelerine we kadalaryna mümkin boldugyça ýakynlaşdyrmaga synanyşyldy. Ylmy işiň ähli baplarynda öňe sürülýän teklipler, gelnen netijeler şu maksatdan ugur alnyp edildi.

2. Hukuk-deňeşdirme usulyny ulanmak, aýry-aýry alymlaryň pikirlerine esaslanmak bilen, monografiýada kazyýet gurluşyny we önümçiligini daşary ýurtlaryň, ilkinji nobatda hem GDA döwletleriniň oňyn tejribesine ýakynlaşdyrmaly diýen netijä gelindi:

bitewi kazyýet ulgamynyň düzüminde geljekde arbitraž kazyýetleriň ýöriteleşdirilen ulgamyny döretmek hem-de olaryň hukuk ýagdaýyny güýçlendirmek;

geljekde üç basgançakly kazyýet gurluşyna geçmek (birinji basgançakly kazyýet, apellýasion we kassasion kazyýetler);

her bir iş boýunça aýanlygy ýüze çykarmak üçin, subutnamalary toplamakda işe gatnaşýan taraplar bilen kazyýetiň arasynda neti-

jeli işjeňligi tapyp, arbitraž kazyýet önümçiligini derňew-bäsleşik häsiýetli guramak;

arbitraž kazyýet önümçiligine daşary ýurt tejribesinde giňden ulanylýan döwrebap institutlary we kadalary (gaýybana iş ýörediş, ýönekeýleşdirilen tertipde iş ýörediş, deslapky kazyýet mejlisi, deslapdan üpjün etmek çäresi, ýaraşdyryş çäreleri, teswirnama ýöretmek, şaýatlaryň görkezmesi, elektron adyl kazyýet we başgalar) girizmek.

3. XXI asyrda daşary ýurtlaryň kazyýet tejribesinde ykdysady jedelleri çözmekde täze bir çemeleşme emele gelip başlady. Oňa laýyklykda jedelli meseleleri çözmekde taraplary düşünişmeklige, ylalaşyga, gatnaşyklary täze şertlerde iki tarapa-da bähbitli ýagdaýda dowam etdirmeklige çagyrmaklygy kazyýetiň möhüm wezipeleriniň biri hasaplap, bu çäräniň kazyýete çenli, şonuň ýaly-da kazyýet iş ýöredişiniň dowamynda hem kazy we araçylar (mediatorlar) tarapyndan netijeli amala aşyrylmagy talap edilýär. Şu oňyn tejribäniň ýurdymyzyň arbitraž kazyýet önümçiligine ornaşdyrylmagy maksadalaýyk diýen netijä gelindi.

4. TAIÝK-ny doly we hemmetaraplaýyn seljermegiň netijesinde onda bar bolan kemçilikleri ýüze çykaryp, şeýle hem kazyýet iş ýörediş çygrynda döreýän gatnaşyklar diňe hukuk görnüşinde ýüze çykyp bilýänliginden, şol sebäpli-de, iş ýörediş kodeksinde berkidilmedik hereketleriň hiç hili hukuk ähmiýetli netijeleriň döremegine getirip bilmeýändiginden ugur alyp, arbitraž iş ýöredişiň häzirki döwürde düzgünleşdirilmedik zerur gatnaşyklaryny (kazyýetiň tabşyryklary, işe gatnaşýan taraplary kazyýet mejlisiniň ýa-da aýry-aýry hereketleriň geçiriljek ýeri we wagty barada habarly etmegiň tertibi, birinji basgançakly kazyýetiň kesgitnamasyna bildirilen şikaýata (teklipnama) garamagyň tertibi we başgalar), şonuň ýaly-da ýüzleý düzgünleşdirilen ýa-da ýeterlik derejede düzgünleşdirilmedik gatnaşyklaryny (dolandyryş-hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan işler we aýratyn önümçiligiň işleri, birinji basgançakly arbitraž kazyýetdäki, nägilelik hem-de gözegçilik önümçilikleri we başgalar) talaba laýyk düzgünleşdirmek boýunça ylmy-tejribe nukdaýnazardan esaslandyrylan teklipler edildi[8].

---

[8] Şu dörän hukuk ýagdaýyny TAIÝK-nyň bary-ýogy 168 maddadan ybaratdygy bilen düşündirmek bolar. Deňeşdirme üçin GDA döwletleriniň içinde ady-

5. Arbitraž we raýat iş ýöredişiň baş ýörelgeleri bolan dispozitiwlik, bäsleşik hem-de taraplaryň deňligi başlangyçlaryny dünýä tejribesine laýyklykda işde bähbidi goralýan taraplaryň hukuk ýagdaýyny güýçlendirmek (işi gozgamak, talapdan ýüz döndermek, ony ykrar etmek, barlyşyk ylalaşygyny baglaşmak, talabyň göwrümini kesgitlemek, onuň möçberini artdyrmak ýa-da azaltmak) ýoly bilen üýtgedilmeli, ýagny bu hereketler, adatça, keseden känbir gatyşylmazdan amala aşyrylmaly diýen netijä gelindi.

Şeýle hem işe dahyly bolmadyk şahslaryň kazyýet goragyny üpjün etmek maksady bilen, kazyýet önümçiligine gatnaşdyrylmadyk, ýöne özleri babatda çözgüt çykarylan taraplaryň hukuklaryny we borçlaryny halkara hukugynyň umumylykda ykrar edilen ýörelgelerine we kadalaryna laýyklykda kanunda doly we anyk kesgitlemek teklip edildi.

6. Arbitraž we raýat iş ýöredişinde prokuroryň hukuk ýagdaýy bilen bagly daşary ýurt tejribesini, alymlaryň garaýyşlaryny seljerip hem-de umumylaşdyryp, prokuroryň hususy-hukuk meseleleri babatda arbitraž iş ýöredişine diňe hukuklary bozulan ýa-da bikanun jedelleşmäniň ýüze çykan ýagdaýynda işde bähbidi bar taraplaryň haýyşlary hem-de olaryň razylygy bilen gatnaşmalydygy kanun tertibinde berkidilmeli diýen netijä gelindi. Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ösüşiniň häzirki döwründe eýeçiligiň aglaba böleginiň döwlete degişlidigini nazara almak bilen, döwletiň, şeýle hem onuň düzüm birlikleriniň bähbidine täsir edýän işlere prokuroryň gatnaşmagy hökmany diýip belläp, onuň ygtyýarlyklaryny geljekde giňeltmegiň zerurlygy esaslandyryldy.

7. Kämil hukuk ulgamly döwletleriň adyl kazyýetligi amala aşyrmaklygy professionallaşdyrmak ýörelgesinden ugur alyp, işde bähbidi bar taraplaryň bozulan ýa jedelli hukuklaryny we kanuny bähbitlerini talaba laýyk goramakda adwokatyň aýratyn hukuk ornunyň bardygy üçin, TAIÝK-da adwokatyň kazyýet önümçiligine işjeň gatnaşmagyny üpjün etmek maksady bilen, onuň ygtyýarlyklaryny döwrebap giňeltmek meselesini öwrenmeli diýen netijä gelindi.

bir ýöriteleşdirilen kodeksleri bar döwletleriniň kanun çykaryjylyk tejribesine ýüzleneliň - ÖR-iň HIÝK-sy 226 maddadan; Täj.R-iň YKÖK-sy 306 maddadan, RF-iň AIÝK-sy 332 maddadan, BR-iň HIÝK-sy 407 maddadan durýar.

8. Kazyýet iş önümçiliginiň dilini kämilleşdirmek maksady bilen kanun çykaryjylyk, hukuk ulanyş tejribesine hem-de hukuk ylmyna döwrebap adalgalary we düşünjeleri girizmek teklip edildi[9].

9. Türkmenistanda geljekde täjirçilik arbitraž kazyýetini döretmek zerurlygy ýüze çykan halatynda haýsy meselere äýratyn üns berilmelidigini deslapdan anyklamak üçin, daşary ýurtlaryň bitarap kazyýetleriniň hukuk ýagdaýy öwrenildi[10].

---

[9] Şol bir hukuk düşünjeler (hereketler) dürli hukuk adalgalary bilen aňladylýar. Şu ýagdaýy biz kanun çykaryjylyk işinde-de, şonuň ýaly-da hukuk ulanyş tejribesinde-de aýdyň görýäris. Mysal üçin, iş ýörediş kanunlarynda, Türkmenistanyň ýörite kanunlarynda ("Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2009. Mad.24 we beýleki maddalar, "Türkmenistanyň prokuraturasy hakynda" Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2009. Mad.45 we beýleki maddalar) şol bir düşünjeler bir ýerde "Kassasion tertip", beýlekisinde "Nägilelik tertibi" ýa-da birinde "Prokuroryň netijenamasy" beýlekisinde bolsa – "Prokuroryň pikiri" diýlip alynýar. Gynansak-da, şu sanawy başga-da onlarça mysallaryň üsti bilen dowam etdirmek mümkin.

Edil şular ýaly tejribä kazyýetleriň işinde hem duş gelinýär. Iş önümçiliginde talapçyň jogapça bildirýän talabyna bir kazyýetde "Hak isleýiş arzasy", beýlekisinde bolsa, "Talap arza" diýlip atlandyrylýar. Kanunlarda her bir düşünjäniň manymazmunyny doly açyp görkezýän döwrebap, düşnükli we gysga aňlatmalar ulanylmaly, tejribede bolsa, olaryň üýtgewsiz ulanylmagy üpjün edilmeli.

Ýurduň ösüşiniň sosialistik döwründe, ýagny ýarym asyr mundan ozal tejribä ornaşdyrylan hukuk düşünjeleriniň hem-de adalgalarynyň ulanylyşyny bir ülňä salmak maksady bilen, monografiýada awtor tarapyndan "hak isleýji", "jogap beriji", "hak isleýiş arzasy" diýen düşünjeler has gysga hem düşnükli aňlatmalaryň, ýagny "talapçy", "jogapçy", "talap arza" diýen adalgalaryň üsti bilen berildi. Mundan başga-da käbir beýleki düşünjeler we hereketler babatda hem kanun çykaryjylyk tejribesiniň geljegini nazara almak bilen, döwrebap düşünjeler we adalgalar ulanyldy. Monohrafiýada arbitraž iş ýörediş tertibinde garalýan ähli jedeller "ykdysady işler" diýlip atlandyrylýar. Bu düşünjäniň, şeýle hem "ykdysady kanunçylyk", "ykdysady iş ýöredişi" we käbir beýleki düşünjeleriň ylmy-tejribe nukdaýnazardan esaslandyrmalary monografiýanyň 2-nji babynyň 1-nji bölüminde berilýär.

[10] Типовой закон ЮНСИТРАЛ о международном торговом арбитраже (Комиссия Организации Объединенных Наций по праву международной торговли. 21 июня 1985 года. С изменениями, принятыми в 2006 году) http//www.uncitral.org; Регламент Лондонского Международного Третейского суда (LONDON COURT OF INTERNATIONAL ARBITRATION LCIA). Текст документа с изменениями и дополнениями по состоянию на ноябрь 2007 года. http://lawrussia.ru/texts/legal_555/doc55a375x652.htm; Арбитражный Регламент Международной Торговой Палаты (ICC). Вступил в силу 1 января 1998 года. www.iccarbitration.org

10. Ýokarda beýan edilenleri netijeli durmuşa geçirmek üçin, monografiýa goşundy hökmünde Türkmenistanyň arbitraž kanunçylygyny bazar ykdysadyýetiniň şertlerine laýyklykda özgertmegiň Konsepsiýasynyň taslamasy teklip edildi.

**Işiň nazary we tejribe taýdan wajyplygy.** Monografiýanyň maglumatlary arbitraž iş ýörediş hukugy boýunça geljekde okuw kitaplary we gollanmalary taýýarlananda, umumy we ýörite dersler okadylanda, şeýle hem şu ugurdan ylmy işler ýazylanda peýdalanylyp bilner. Häzirki döwürde monografiýanyň materiallary awtoryň ýolbaşçylygynda we onuň gönüden-göni gatnaşmagynda "Arbitraş iş ýöredişi" dersi boýunça 2010-njy ýylda çap edilen okuw kitabynda hem ulanyldy[11].

Monografiýada geçirilen ylmy seljermeleriň netijeleri kanun çykaryjylyk we hukuk ulanyş tejribesinde giňden ulanylyp bilner. Şu jähtden monografiýanyň maglumatlary esasynda işlenip düzülen Türkmenistanyň arbitraž kanunçylygyny bazar ykdysadyýetiniň şertlerine laýyklykda özgertmegiň Konsepsiýasynyň taslamasynyň (esasy ugurlary we meseleleri) möhüm ähmiýeti bolar diýip umyt edýäris.

Arbitraž iş ýörediş kanunçylygy boýunça çap görnüşinde ylmy-tejribe düşündirişiň ýoklugyndan çen tutsaň, onda monografiýada berilýän giňişleýin doktrinal düşündirişleriň ylmy-tejribe babatda gymmatlygyna aýdyň göz ýetirse bolar. Biziň pikirimizçe, şu monografiýa ykdysady işler boýunça adyl kazyýetligi amala aşyrmakda hünärmenler üçin zerur usuly-tejribe gollanmasy bolup çykyş eder.

**Işiň iri ylmy maksatnamalar (taslamalar) we temalar bilen arabaglanyşygy.** Türkmenistanyň kanunçylygyny kämilleşdirmek boýunça ýörite döredilen döwlet toparynyň öňünde goýlan wezipeleri (Türkmenistanyň kanunçylyk binýadyny täzelemek we kämilleşdirmek hem-de ony halkara hukugynyň umumylykda ykrar edilen ölçeglerine laýyk getirmek) durmuşa geçirmekden ugur alyndy[12].

[11] "Arbitraş iş ýöredişi" okuw kitabynyň nazary bölegi T.Goçyýew tarapyndan, onuň amaly bölegi bolsa, awtordaşlaryň gatnaşmagynda bilelikde ýazyldy.

[12] Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň 28-nji noýabrynda çykaran 9234-nji karary bilen tassyklanan "Türkmenistanyň kanunçylygyny kämilleşdirmek boýunça döwlet topary hakynda" Düzgünnama. Mad.1. Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy. Aşgabat, 2007. № 11.S. 93-96.

Derňelýän tema ylmy iş hökmünde Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň Alymlar geňeşiniň towakganamasy esasynda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynda hasaba alyndy.

Monografiýada öňe sürülýän pikirler köplenç halatda kämil hukuk ulgamly döwletleriň, şol sanda GDA döwletleriniň oňyn kanun çykaryjylyk tejribesine (ilkinji nobatda hem RF-iň AIÝK-syna) esaslanýar. GDA agza döwletleriň arbitraž (hojalyk, raýat) kazyýet gurluşy we önümçiligi Russiýa Federasiýasynyň nusgalaryna mesemälim golaýdyr[13]. Şonuň üçin hem ylmy işde şu döwletiň kanunçylygyna aýratyn üns berildi. Ýewropa bileleşiginiň hünärmenleriniň berýän bahalaryna görä, RF-iň hereket edýän AIÝK-sy ýewropa ülňüleriniň talaplaryna doly gabat gelýär we Ýewropada iň oňat hemde nusgalyk kodeksleriň biri hasaplanýar[14].

Türkmenistan öz ösüş ýolunda bazar ykdysadyýetiniň ýörelgelerini saýlap almagy bilen, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ulgamynda ykdysady gatnaşyklar aýratyn ähmiýete eýe boldy. Elbetde, munuň özi döwletiň ykdysady kanunçylygynyň, bellenen tertipde onuň mejbury goragyny üpjün edýän iş ýörediş kanunçylygynyň, şeýle hem Arbitraž kazyýetiniň işiniň döwrebap özgerdilmegini talap edýär.

# I BAP. TÜRKMENISTANYŇ ARBITRAŽ KANUNÇYLYGYNY ÖZGERTMEGIŇ NAZARY-HUKUK ESASLANDYRMALARY

## 1.1. Türkmenistanyň kanunçylygyny özgertmegiň maksatlary we wezipeleri

Döwletde geçirilýän islendik özgertmeler jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň hukuk taýdan düzgünleşdirilmegi bilen amala aşyrylýar. Munuň özi durmuşa geçirilýän özgertmelere, esasan-da

[13] Арбитражный процесс. Под ред. В.В.Яркова. Учебник.-4-е изд., перераб. и доп. М.:Инфотропик Медиа, 2010. S.616.

[14] Приходько И.А. Доступность правосудия в арбитражном и гражданском процессе: основные проблемы.: Изд-во С.-Петербургского госуд-ого ун-та. Санкт- Петербург. 2005. S.4.

hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň möhüm obýektleri hasaplanylýan sosial-ykdysady ulgamyna mese-mälim täsirini ýetirýär. Hukuk kadalarynyň esasy wezipesi hemişe hereketde bolýan jemgyýetçilik gatnaşyklaryny wagtynda we degişli derejede düzgünleşdirmekden ybaratdyr. Başgaça aýdylanda, hukugyň ösdürilmegi we kämilleşdirilmegi ýurtda amala aşyrylýan sosial-ykdysady hem-de beýleki özgertmeler bilen deň derejede alnyp barylmalydyr.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynda ilkinji gezek: "Türkmenistanyň ykdysadyýeti bazar gatnaşyklary ýörelgelerine esaslanýar. Döwlet telekeçiligi höweslendirýär we goldaýar, kiçi we orta işewürligiň ösmegine ýardam berýär" – diýip berkidildi[15]. Şu konstitusion täzeçillik ýurduň bazar-ykdysady gatnaşyklaryny döwrebap özgertmek bilen bagly milli kanunçylygymyzy ösdürmekde we kämilleşdirmekde möhüm syýasy-hukuk binýat bolup çykyş eder[16].

Jemgyýetde özgertmeler bilen bagly ideýalary ornaşdyrmagyň netijeliligi, ilkinji nobatda hem sosial-ykdysady ulgamda, köp derejede olaryň hukuk taýdan düzgünleşdirilmeginiň hiline we ygtybarlylygyna bagly bolup durýar. Hil taýdan pes derejedäki kadalaşdyryjy hukuk namalar jemgyýetde özgertme geçirmek işleriniň gidişinde yzagalaklyga getirýär, käbir halatlarda bolsa amala aşyrylýan özgertmelere özüniň oňaýsyz täsirini hem ýetirmegi mümkindir. Şoňa görä-de, Milli Liderimiziň belleýşi ýaly: "Hususy eýeçilige daýanýan bazar ykdysadyýeti zerur bolan kanunçylyk binýady bolmazdan hereket edip bilmez[17]".

**Ygtybarly, ýokary hilli we netijeli, ýagny kämil kanunlar:**

milli ykdysadyýetiň çalt depginler bilen ösmegine we bazar gatnaşyklarynyň has-da ýaýbaňlanmagyna oňaýly täsir edýär;

ýurduň ykdysadyýetiniň dünýä ykdysadyýetine sazlaşykly integrirlenmeginiň çaltlaşmagyna itergi berýär;

döwletiň kanunçylygynyň halkara ülňüleriniň talaplaryna ýakynlaşmagyny we olara laýyk getirilmegini üpjün edýär;

[15] Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2008. Mad.10.

[16] Хаитов М.О. Конституционная реформа в Туркменистане //Государство и право. 2011. №1. S.90.

[17] Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010. 1-nji tom. S.32.

milli hukuk ulgamynyň jemgyýet üçin iň peýdaly hem-de halkara kanun çykaryjylyk we hukuk ulanyş tejribesinde synagdan geçirilip, netijeliligi subut edilen ugurlary boýunça kadaly ösüşine badalga beriji esaslary döredýär;

hukuk ulgamynyň jemgyýetiň, döwletiň we şahsyýetiň bähbitlerini hemmetaraplaýyn peýdaly hyzmatdaşlyk görnüşinde sazlaşykly utgaşdyrmak wezipesini netijeli durmuşa geçirýär;

fiziki we ýuridiki şahslaryň bozulan ýa-da jedelli hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň talaba laýyk goragyny döwlet tarapyndan kepillendirýär hem-de üpjün edýär;

jemgyýetiň we şahsyýetiň hukuk medeniýetiniň, hukuk aňyýetiniň we hukuk mentalitetiniň kämilleşmegine işjeň täsir edýär, jemgyýetiň aňynda hukuk nigilizminiň kemelmegine we ýok bolmagyna getirýär;

kanun bozmalaryň ýüze çykmagyna getirýän ýaramaz şertleriň ýok bolmagyna sebäp bolýar, şonuň netijesinde-de jemgyýetde olaryň möçberiniň düýpli azalmagyna getirýär;

ýurtda demokratik, hukuk we dünýewi döwletiň binýatlaýyn başlangyçlarynyň has mäkäm berkarar edilmegine, raýat jemgyýetiniň institusional esaslarynyň döremegine hem-de kämilleşmegine ýardam edýär;

hukuk ylmynyň gazananlaryny tejribede durmuşa geçirmek bilen onuň ösüş depginleriniň has-da tizleşmegini üpjün edýär we ş.m.

Türkmenistanyň kanunçylygynyň käbir kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň entek sözüň doly manysynda kämil däldigi sebäpli, biz köp halatda ýurdumyzyň ykdysadyýetine daşary ýurt maýa goýumlaryny ýeterlik derejede çekip bilmeýäris. Hormatly Prezidentimiz döwletiň maýa goýum syýasatyny kesgitlemek bilen şeýle diýýär: “Daşary ýurt maýalaryny çekmek maksady bilen ýurduň hukuk-kadalaşdyryjy binýadyny pugtalandyrmak we kämilleşdirmek[18]” gerek.

Umuman alanyňda, ýurdumyzyň hukuk binýady örän ýokary depginler bilen özgerdilýär. Dünýä tejribesinden mälim bolşuna görä, adatça, ykdysadyýetiň durnukly we okgunly ösýän döwletinde jemgyýetçilik gatnaşyklaryny hukuk taýdan düzgünleşdirmek meselesi

[18] Sol ýerde, S.140.

gitdigiçe artýan talaplary hemişe kanagatlandyryp bilmeýär. Döwür diýseň tiz üýtgeýär, hukuk taýdan düzgünleşdirilmegini talap edýän täze gatnaşyklar yzygiderli döräp durýar. Muny biz ýyldyrym çaltlygygynda ösýän türkmen jemgyýetiniň mysalynda hem görýäris. Ýurduň hukuk binýadyny döwrebap özgertmek meselesi häzirki döwürde örboýuna galdy. Milli Liderimiz şeýle nygtaýar: "Eger jemgyýetde amala aşyrylýan özgertmeleri konstitusion goragsyz we hukuk taýdan düýpli düzgünleşdirmän goýsak, onda olar wagtyň geçmegi bilen diňe bir gowşamak bilen çäklenmän, eýsem döwürden yza galyp başlar[19]".

Döwletiň hukuk ulgamyna ser salsaň, Türkmenistan özüniň garaşsyzlygyny almazyndan öň, geçen ýüzýyllygyň ikinji ýarymynda kabul edilen, şeýle hem düýpli bolmadyk üýtgetmeler we goşmaçalar bilen şu güne çenli hereket edýän kodeksler bar. Bu ýagdaýyň ýurduň geljekki ösüşlerine oňaýly täsir etmejekdigi öz-özünden düşnükli hakykatdyr.

Türkmenistanyň Garaşsyzlyk eýýamynyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň bir bölegi togsanynjy ýyllaryň başlarynda kabul edildi. Olary hem döwrebaplaşdyrmak maksady bilen, hukuk taýdan çynlakaý seljermek we talaba laýyk kämilleşdirmek zerurdyr. Hormatly Prezidentimiziň Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlary bilen 2011-nji ýylda geçiren duşuşygynda belläp geçişi ýaly: "Döwletimiziň öz Garaşsyzlygyny alan döwründe kabul edilen, şu günki günüň möhüm talaplaryna laýyk gelmeýän kanunlaryň birnäçesi häzir hem hereket edip gelýär[20]".

Elbetde, ýurduň Parlamenti, şeýle hem degişli döwlet edara düzümleri Türkmenistanyň kanunçylygynda häzirki döwürde duş gelýän ýetmezçilikleri aradan aýyrmak boýunça netijeli işleri alyp barýar. Hormatly Prezidentimiz halkyň saýlanan wekilleri bilen

---

[19] Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. Aşgabat, 2009. 2-nji tom. S.145.

[20] Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlary bilen duşuşygynda eden çykyşy (2011-nji ýylyň 20-nji ýanwary). Türkmenistan gazeti, 21.01.2011ý. S.2.

ýokarda agzalan duşuşygynda haýsy kanunlaryň ilkinji nobatda kabul edilmelidigine hem olaryň ünsüni çekdi.

Ýurduň Milli Lideriniň başlangyjy we gönüden-göni ýolbaşçylygy astynda Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasy tassyklanyldy[21]. Jemgyýetiň ähli gatlaklary ýurduň Esasy kanunynyň taslamasyny işläp düzmeklige işjeň gatnaşdylar. Konstitusiýamyz köp babatda dünýäniň ösen ýurtlarynyň konstitusion gurluşynyň oňyn tejribesini özünde jemleýär.

Kämilleşdirilen Konstitusiýa ýurduň kanunçylygyny ösdürmekde mizemez hukuk binýadyna öwrüldi. 2009-njy ýylyň 9-njy ýanwarynda geçirilen Türkmenistanyň Mejlisiniň IV çagyryşynyň birinji mejlisinde çykyş etmek bilen Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow halkyň saýlanan wekillerine ýüzlenip: "Biziň döwletimizi ösdürmegiň syýasy, ykdysady, durmuş we medeni kanunçylygynyň düýbüni täzeden diýen ýaly tutmaly bolar[22]" diýip belläp geçdi.

Döwletiň hukuk ulgamyny kämilleşdirmekde möhüm ýörelge hökmünde şuny bellemek zerur. Türkmenistanyň halkara hukugynyň ählumumylykda ykrar edilen kadalaryny tejribede ileri tutýanlygy biziň döwletimiziň Konstitusiýasynda berkidilýär. Eger, Türkmenistanyň halkara şertnamasynda Türkmenistanyň kanuny tarapyndan göz öňünde tutulmadyk käbir beýleki düzgünler kesgitlenen bolsa, onda halkara şertnamasynyň kadalary ulanylýar (6-njy madda). Şeýlelikde: "Türkmenistanyň milli kanunçylygynyň üsti bilen halkara şertnamalaryň kadalarynyň ileri tutulmagyny ykrar edýändigini bellemek möhümdir[23]" diýip Hormatly Prezidentimiz nygtaýar.

---

[21] "Türkmenistanyň Konstitusiýasyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda" Türkmenistanyň konstitusion kanuny. Aşgabat, 26.09.2008, №TKK-13.

[22] Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Mejlisiniň IV çagyrylyşynyň birinji maslahatynda eden çykyşy (2009-njy ýylyň 9-njy ýanwary). Türkmenistan gazeti, 10.01.2009. S.1.

[23] Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010. 1-nji tom. S.233.

Ýokarda beýan edilenlerden ugur almak bilen, Türkmenistanda hukuk özgertmeleriniň strategiki maksatlary milli kanunçylygymyzy bazar ykdysadyýetiniň şertlerine düýpli uýgunlaşdyrylan halkara hukugynyň umumylykda ykrar edilen ýörelgeleriniň we kadalarynyň derejesine çenli ýokary galdyrmak, netije-de bolsa, güýçli hukuk döwletini hem-de kämil raýat jemgyýetini berkarar etmek bolup durýanlygyny çaklasa bolar.

Bu maksatlar ýakyn geljekde ýurduň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlaryndan biri bolup çykyş eder. Elbetde, Türkmenistanyň kanunçylygyny halkara ülňülerine laýyk getirmek diýmek, daşary ýurt döwletleriniň hukuk kadalaryny dolulugyna, ýagny üýtgewsiz ýurduň kanunçylygyna ornaşdyrmaklygy aňlatmaýar. Täze kanun kabul edilende, oňa üýtgetmeler we goşmaçalar girizilende şu babyň ikinji bölüminde agzalyp geçilýän şertler hökman üns merkezinde saklanylmalydyr. Eger-de şeýle edilmese, türkmen jemgyýetine hiç bir babatda mahsus bolmadyk hukuk kadalarynyň kanunçylykda peýda bolmagyna getirip biler.

Mysal üçin, şu kadanyň Türkmenistanyň nika we maşgala kanunçylygynda näme maksat bilen berkidilendigine akyl ýetirmek kyn: "Öz aýalynyň donoryň kömegi bilen emeli hamyla edilmegine razylyk beren är şol aýalyň dogran çagasynyň atasy hökmünde ýazylýar we ýazylan ýazgyny inkär etmäge hakly däldir[24]". Türkmençilikde şular ýaly gatnaşyklara girilmeýär. Halkymyzyň milli özboluşlyklarynyň aýratynlyklaryndan ugur alnyp netije çykarylanda, hiç haçan bu görnüşdäki hereketlere halk köpçüligi tarapyndan düşünilmez hem-de olar goldanylmaz diýip çak edýäris. Kanunyň kadalary bilen jemgyýetde seýrek duş gelýän, ähmiýeti hem uly bolmadyk gatnaşyklar düzgünleşdirilmäge degişli däldir.

"Ýewropa ülňüleri" ýüzlerçe ýyllaryň dowamynda kemala geldi. Bu döwletlerde şu derejä ýetmek üçin zerur syýasy, sosial-ykdysady şertleri üpjün etmek, demokratik institutlary yzygiderli jemgyýete ornaşdyrmak, raýat jemgyýetiniň institusional esaslaryny döretmek ýoly geçildi. Türkmenistan halkara ülňüleriniň derejesine çykmak

[24] Türkmenistanyň Nika we maşgala hakyndaky kodeksi. Aşgabat, 1969. Mad.60.

üçin, ewolýusion ösüş ýoly bilen barýar, özü-de sosial-ykdysady özgertmeleri çalt depginlerde amala aşyryp. Hukuk özgertmeleri merdiwanyň iň soňky basgançagyna ilki her bir öňüňdäki basgançagy geçip ýetilişi ýaly, tapgyrlara bölünip amala aşyrylmalydyr. Şeýdip kämil kanunçylyk döredilmelidir, milli hukuk mentaliteti we hukuk medeniýeti taplanmalydyr.

***Öňde goýlan maksatlara ýetmek üçin biziň döwletimiziň ösüşiniň häzirki tapgyrynda hukuk özgertmeleriniň esasy wezipelerini şeýleräk görnüşde kesgitlemekligi teklip edýäris:***

degişli üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek, gapma-garşylyklary aradan aýyrmak we döwrüň talaplaryna gabat gelmeýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryny ýatyrmak üçin ýurduň hereket edýän kanunçylygyna doly seljerme geçirmek;

dünýäniň kämil hukuk ulgamly döwletleriniň kanun döredijilik tejribesinden ugur alyp, kanunçylygymyzy halkara ülňülerine laýyk getirmek üçin Türkmenistanyň täze kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kabul etmek;

häzirki zamanyň derwaýys talaplaryndan we şertlerinden ugur alyp, milli kanunçylykda halkara hukugynyň kadalaryny ornaşdyrmak;

jemgyýetde bolup geçýän özgertmeleri gaýragoýulmasyz ýagdaýda hukuk taýdan berkitmek üçin milli we daşary ýurt kanunçylygynyň dowamly gözegçiligini (monitoringini) amala aşyrmak;

Türkmenistanyň milli bähbitlerini göz öňünde tutýan halkara konwensiýalaryna we ylalaşyklaryna goşulmak;

kadalaşdyryjy hukuk namalar ulanylanda hünärmenlere amatlyklary döretmek üçin Türkmenistanyň kanunlarynyň tematik ýygyndylaryny düzmek we çap etmek;

ýurduň içinde we onuň çäkleriniň daşynda ýokary hünär taýýarlykly hukukçylary, şol sanda ylmy işgärleri taýýarlamak işlerini ýola goýmak we başgalar.

Bu wezipeleri durmuşa geçirmek ýurduň ähli hukuk jemgyýetçiliginiň bir ýere jemlenmegini talap edýär. Biziň pikirimizçe, ministrlikleriň we pudak edaralarynyň, şeýle hem welaýat we Aşgabat

şäher häkimlikleriniň derejesinde özleriniň kadalaşdyryjy hukuk binýadyny seljermek üçin işçi toparlaryny döretmek örän möhümdir. Bu mesele babatda usuly taýdan ýolbaşçylyk etmek we döwlet edara düzümlerine ýardam bermek işiniň Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň üstüne ýüklenilmegi maksadalaýykdyr.

Biziň pikir edişimize görä, eger-de ähli ministrliklerde we pudak edaralarynda, welaýat we Aşgabat şäher häkimliklerinde, olaryň tabynlygyndaky edaralarynda, kärhanalarynda hem-de guramalarynda işiň göwrümine baglylykda hukuk müdirlikleri ýa-da bölümleri döredilse, şeýle hem ýörite hukuk bilimlerini talap edýän işgärler meselesi hem olaryň üstüne ýüklenilse, bu iş has-da netijeli amala aşyrylardy. Öz nobatynda döwlet edaralarynyň ýerli düzüm birliklerindäki hukuk gulluklarynyň işine usuly taýdan ýolbaşçylyk etmegi ministrlikleriň, pudak edaralarynyň, welaýat we Aşgabat şäher häkimlikleriniň hukuk müdirlikleri (bölümleri) alyp baryp bilerdiler. Bu çäre döwlet düzümlerindäki kadalaşdyryjy hukuk binýadyny zerur bolan dowamly hukuk gözegçiligi bilen üpjün ederdi, olaryň işinde kanunçylygy we hukuk düzgünini berkiderdi[25].

Milli kanunçylygymyz kämilleşdirilende aýratyn üns berilmeli ýene-de bir mesele bar. Türkmenistanyň hukuk ulgamynyň esaslary döwletimiziň sosialistik ösüşi döwründe goýuldy. Elbetde, sowet eýýamynyň kanunçylygy sosialistik gurluşyň gymmatlyklaryna ýugrulyp eýlenen. Uzak ýyllaryň dowamynda sowet hukuk mentaliteti hem-de medeniýeti kemala geldi. Häzirki döwürde bazar ykdysadyýetine ewolýusion ýol bilen uýgunlaşdyrylýan milli kanunçylyk ulgamy emele gelýär. Entek sowet kanunçylygynyň galyndylaryny arassalamak boýunça döredijilikli işler öňümizde bar. Kanun çykaryjylyk işinde esasy mesele sowet hukuk mekdebiniň döwrebap gymmatlyklaryny saklap galyp, olary milli başlangyçlarda kämilleşdirmek bolup durýar.

Bazar gatnaşyklaryna mahsus döwrebap hukuk mentalitetini we medeniýetini gysga döwrüň içinde döretmek hem-de şoňa laýyklykda

[25] Goçyýew T.D. Galkynyşlar zamanasynda hukuk özgertmesiniň strategiýasynyň durmuşa geçirilişi. // Altyn Asyryň ykdysadyýeti. 2010. №1. S. 24-26.

milli bazar ykdysadyýetimizi talaba laýyk düzgünleşdirýän kanunçylygymyzy ösdürmek Türkmenistanyň hukuk ylmynyň wekilleriniň hem-de tejribeli hünärmenlerimiziň ýakyn geljekde baş maksady bolup durmalydyr[26].

## 1.2. Türkmenistanyň kanunçylygyny özgertmegiň şertleri

Öňde goýlan strategiki maksatlaryň we wezipeleriň ýerine ýetirilmeginiň netijeli bolmagy Täze Galkynyş zamanasynyň özgertmeler syýasatynda kanunçylygyň üstünlikli we ýokary hilli kämilleşdirilmeginiň aýrylmaz bölegi hökmünde jemgyýetçilik ösüşiniň belli bir taryhy şertleriniň berjaý edilmegini talap edýär. Kanunçylygy kämilleşdirmek işinde olaryň örän möhümdigini nygtamak bilen, döwletimiziň ösüşiniň şu tapgyrynda öňe çykýan aşakda görkezilen şertleri esaslandyrmaga çalşalyň. Dogry, kanunçylygy özgertmegiň şertleri döwrüň talaplaryna görä geljekde üýtgäp-de biler.

***Halkyň mentaliteti.*** Hormatly Prezidentimiz: "Biz milli gymmatlyklarymyzy, ýiteňkirlän däp-dessurlarymyzy dikeltmäge we gorap saklamaga, ösdürmäge aýratyn üns berýäris[27]" diýip belläp geçýär. Halkyň mentaliteti jemgyýetçilik ösüşine hökmany suratda täsirini ýetirýär. Jemgyýetçilik durmuşynyň haýsy ulgamynda alnyp barylýandygyna garamazdan, özgertmeler halkyň mentalitetini (onuň adatyny, däp-dessurlaryny, taryhyny we dinini) nazara alman bilmeýär. Kanun çykaryjylyk tejribesinde halkyň mentaliteti ilkinji nobatda göz öňünde tutulmalydyr.

Her bir halkyň özüne mahsus mentaliteti bar. Dürli halklaryň mentalitetleri görnüşi we mazmuny boýunça golaý bolup biler, ýöne mentalitetler doly derejede biri-birine meňzeş bolmaýarlar. Mysal üçin, toýda-ýasda dini däp-dessurlar berjaý edilende, türkmenleriň

---

[26] Goçyýew T.D. Bazar ykdysadyýetiniň hukuk binýadyny kämilleşdirmek. Aşgabat: Beýik Galkynyş eýýamynyň batly gadamlary, 2011. №1. S.120-126.

[27] Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. Aşgabat, 2008. 1-nji tom. S.324.

goňşy bolup ýaşaýan beýleki musulman halklarynda birmeňzeş bolmadyk çemeleşmeleri görmek bolýar.

Adamzat taryhyndan belli bolşy ýaly, bir jemgyýetde görnetin bähbitlere getirip biljek özgertmeler, beýleki bir jemgyýetde garaşylmadyk ýaramaz ýagdaýlara getirip biler. Taryhy şertleri we milli aýratynlyklary nazara alman, emeli ýagdaýda mejbury ornaşdyrylýan mentalitetiň nähili netijelere getirip biljekdigine ozalky SSSR döwletinde milli mentalitetleri “SSSR halklarynyň bir bitewi mentalitetine” öwürjek bolup edilen synanyşyklardan görmek bolýar.

Jemgyýetde bolup geçýän her bir ýagdaý halkyň mentalitetinde yz galdyrýar. Jemgyýetçilik özgermeleriniň täsiri astynda anyk taryhy şertlerde mentalitetiň ýüze çykmalarynyň görnüşleri üýtgäp biler. Durmuş ýagdaýlarynyň özgerişine baglylykda mentalitet kämilleşip ýa-da tersine, jemgyýetiň ösüşine ýaramaz täsirini ýetirip biler.

Mentalitetiň kanun çykaryjylyk tejribesinde hökmany halatda göz öňünde tutulmagynyň möhümligini ýene-de bir anyk mysalyň üsti bilen düşündirjek bolalyň. TRK-a gurluşy we mazmuny boýunça ýewropa döwletleriniň raýat kanunçylygynyň iň öňdebaryjy we döwrebap pikirlerini özünde jemleýär. Şeýle-de bolsa, bu kodeks türkmen jemgyýetiniň raýat hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirmekde şu döwürde doly güýjünde işläp bilenok. Onuň hem düýp sebäbi TRK-a biziň kanunçylygymyza öň tanyş bolmadyk hukuk ýörelgeleriniň we kadalarynyň giň toplumynyň girizilmegi bilen düşündirilýär[28]. Şu kodekse doly gabat gelýän hukuk mentalitetiniň we medeniýetiniň döremegi üçin wagt gerek. Mümkin ondaky käbir kadalar biziň jemgyýetimizde hiç haçan hem öz ornuny tapman biler.

Biziň pikirimizçe, TRK-nyň Goňşuçylyk hukugyna bagyşlanan kadalarynyň köpüsi türkmeniň däp-dessurlaryna we urp-adatlaryna belli bir derejede çapraz gelýär. Mysal üçin, TRK-da “Goňşy ýer uçastogyna agaçdan ýa-da gyrymsy agaçdan gaçan miweler şol uçastogyň

[28] Шрамм Х.Й. Применение Гражданского кодекса по спорным вопросам гражданского права и хозяйственного права. В кн.: Право. Экономика. Благосостояние. Актуальные вопросы правовой реформы в Туркменистане. Ашгабат, 2010. S.74-75.

miweleri diýlip hasap edilýär. Eger goňşy uçastok jemgyýetçilik peýdalanmagynda durýan bolsa, bu kada ulanylmaýar[29]" diýlip bellenilýär.

Türkmenistanyň hukuk ulgamynda, öň belläp geçişimiz ýaly, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň diňe giňden ýaýran iň esasylary, wajyplary we olar amala aşyrylanda jedel ýüze çykyp biläýjekleri hukuk kadalary bilen düzgünleşdirilýär. Görkezilen maddada bolsa biziň jemgyýetimize mahsus bolmadyk, ujypsyz gatnaşyk düzgünleşdirilýär. Goňşokara gatnaşyklary biziň halkymyzyň gadymdan gelýän iň asylly däpleriniň biri. Biziň ýurdumyzda goňşy goňşusy bilen dost-dogan hökmünde gatnaşyk saklap, onuň bilen iýýän çöregini paýlaşmaga çalyşýar. Goňşokara däbiniň mazmuny hem şundan ybarat. Mysal getirilen hukuk kadada bolsa halkymyzyň mentalitetiniň bu asylly aýratynlygy düýbünden göz öňünde tutulmaýar. Şol sebäpli-de, şuňa meňzeş kadalar kodeksden aýrylmaga ýa-da milli mentalitete gabat getirilmäge degişli diýip hasaplaýarys.

***Milli demokratiýanyň aýratynlyklary.*** Demokratiýa we mentalitet köp babatlarda biri-biri bilen özara baglanyşykly düşünjelerdir. Biziň pikirimizçe, demokratik institutlar elmydama halkyň mentalitetine esaslanýar we hökmany suratda onuň aýratynlyklaryny nazara almalydyr. Hut şoňa görä-de, dürli döwletleriň demokratik institutlary biri-birinden tapawutlanýar. Ýöne ýerden "günbatar we gündogar demokratiýasy" hakyndaky garaýyş dörän däldir.

Öz başlangyjyny türkmenleriň köpasyrlyk taryhyndan alyp gaýdýan milli demokratiýanyň esaslary, halkyň mentalitetiniň bolşy ýaly, jemgyýetiň ösüşi bilen kämilleşýär we ýüze çykmalaryň täze görnüşlerini tapýar. Biziň döwletimizde demokratik hukuklar we erkinlikler kanunçylyk namalarynda berkidilýär we jemgyýetde hökmany suratda kanunyň çäklerinde amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow ýurtda milli demokratiýanyň institutlarynyň ösmegine hemmetaraplaýyn ýardam berýär. Şunlukda, bu meselede esasy zat ýewropanyň ýa-da gaýry bir ýurduň ülňülerine meňzeşligi üpjün etmek-de däl-de,

[29] Saparmyrat Türkmenbaşynyň Türkmenistanyň Raýat kodeksi. Aşgabat, 1998. Mad.199.

eýsem islendik demokratik özgertmeler özüniň düýp mazmuny we görnüşi boýunça biziň halkymyzyň mentalitetine gabat gelmelidir. Milli Liderimiziň öz belläp geçişine görä: “Demokratiýa barada aýdylanda bolsa, bu näzik substansiýany taýýar daşary yurt modellerini ulanyp ornaşdyryp bolmaýar. Ony diňe parasatly milli tejribäni hem-de ozalky nesilleriň däplerini ulanyp, aýawly ýetişdirip bolýar[30]”.

***Jemgyýetçilik aňyýetiniň derejesi.*** Hukuk özgertmesi jemgyýetçilik aňyýetiniň ol ýa-da beýleki meýilleşdirilýän özgertmelere bolan garaýşyny we olary kabul etmek mümkinçilikleriniň derejesini hasaba almalydyr. Jemgyýetde amala aşyrylýan özgertmeler Hormatly Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly: “halkymyzyň milli aňyýetine esaslanmalydyr[31]”.

Jemgyýet özgerdiji ideýalary dogry kabul etmäge, olara baha bermäge we göz öňünde tutulan meýilnama laýyklykda durmuşa geçirmäge ukyply bolmalydyr. Başgaça bolanda öňde goýlan maksatlar amala aşmaýar ýa-da doly derejede durmuşa geçmeýär, şeýle-de garaşylmadyk ýaramaz täsirleriň hem ýüze çykmagyny aradan aýryp bolmaýar. Özgertmeleriň jemgyýetçilik aňyýetiniň derejesini hasaba almak bilen tapgyrlaýyn durmuşa geçirilmegi maksadalaýykdyr.

Adamyň aňyýetiniň derejesini onuň alan biliminiň we terbiýesiniň hili, şahsyýetiň paýhas taýdan emele gelmegine täsir edýän gurşaw we giň maglumatlar meýdançasy (gazet-žurnal, radio, telewideniýe, internet ulgamy we ş. m.) kesgitleýär.

Jemgyýetçilik aňyýetinde ilatyň hukuk aňyýetine aýratyn orun berilýär. Eger-de jemgyýetde hukuk nigilizmi pajarlaýan bolsa, onda özgerdiji başlangyçlar ýol almaýar ýa-da örän pes derejede durmuşa ornaşdyrylýar. Döwlet öz raýatlarynyň hukuk aňyýetini ösdürmäge ymtylmalydyr we bu ugurda anyk çäreleri ilat arasynda amala aşyrmalydyr.

---

[30] Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007. S.24.

[31] Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. Aşgabat, 2010. 3-nji tom. S.54.

Raýatlaryň ýurduň kanunçylygyny bilmekleri döwlet üçin bähbitlidir. Hukuk kadalaryny özleşdiren raýatlar, adatça, olary doly derejede berjaý etmäge çalyşýarlar, ilkinji nobatda bolsa, jogapkärçiligiň gutulgysyzdygyny bilip, öz borçlaryny dogry berjaý edýärler. Hukuk bilimlerini özleşdirmek raýatlar üçin hem bähbitlidir. Olar özleriniň bozulan hukuklaryny we kanuny bähbitlerini doly we hemmetaraplaýyn goramaga mümkinçilik alýarlar.

Raýatlaryň hukuk bilimini we terbiýesini artdyrmak meselesi Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň aýratyn gözegçiliginde durýar. Okuw mekdeplerinde, kärhanalarda, edaralarda, guramalarda we raýatlaryň ýaşaýan ýerlerinde hukuk kadalaryny köptaraplaýyn wagyz etmek işleri göwnejaý guralýar. Ilat dürli ugurlar boýunça ýerli we daşary ýurt hukuk edebiýatlary we kanunçylyk namalary bilen üpjün edilýär[32].

Bu çäreleriň hemmesi bilelikde ýyrtda kanunçylygyň hem-de hukuk döwletiniň mizemez ýörelgeleriniň has-da berkemegine getirýär. Hormatly Prezidentimiz şu syýasatyň döwletiň we jemgyýetiň ösüşine täsirine şeýle baha berýär: "Garaşsyzlygymyza eýe bolanymyzdan soňra geçen gysga wagtyň içinde türkmen halky Konstitusiýamyzy ileri tutmak, kanunlara hormat goýmak we olary berjaý etmek, demokratik gymmatlyklara we adam hukuklaryna pugta eýermek esasynda milli döwletiň özboluşly nusgasyny döretdi[33]".

***Ösüşiň ewolýusion ýoly.*** Türkmen jemgyýeti ewolýusion ýol bilen ösýär. Şeýle çemeleşmäniň öz taryhy kökleri bar. Biziň ata-babalarymyz jemgyýetçilik ähmiýetli kadalary we düzgünleri durmuşa ornaşdyrmazdan ozal olary hemmetaraplaýyn öwrenipdirler, durmuş synagyndan geçiripdirler, diňe şondan soň olara çynlakaý ähmiýet beripdirler. Özgertmeler işinde ewolýusion çemeleşme durmuşda göz öňünde tutulmadyk jemgyýetçilik dartgynlygyny, adaty däl ýagdaýlary, heläkçilikli hadysalary aradan aýyrmaga ýardam edýär.

[32] Goçyýew T.D., Ataýew S.K. Beýik Galkynyş zamanasynyň hukuk ideologiýasy we medeniýeti. Aşgabat // Altyn Asyryň ykdysadyýeti. 2010. №5. S.28-34.

[33] Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Konstitusiýa binasynyň açylyş dabarasynda eden çykyşy (2011-nji ýylyň 18-nji maýy). Aşgabat: Türkmenistan gazeti, 19.05.2011ý. S.2.

Şoňa görä-de, kanun çykaryjylyk tejribesinde, hukuk namalary kabul edilende gyssanmaçlyga ýol bermek bolmaýar.

Türkmen jemgyýetinde ykdysady öşüş we syýasy durnuklylyk saklanýar we günsaýyn berkeýär. Munuň özi köp derejede ýurtda amala aşyrylýan özgertmelerde ewolýusion ösüş ýolunyň ulanylýandygy bilen düşündirilýär.

Döwlet ähmiýetli meseleler boýunça çözgütler kabul edilende oýlanyşykly we hemmetaraplaýyn ölçenip-biçilen çemeleşmäni biz Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň hereketlerinde hemişe görýäris. Şu ýerde Milli Liderimiziň şu ýatlamasyny getirmek ýerliklidir: "Çagalykdan kakamyň: "Ýöräp baryp biljek ýeriňe hiç wagt ylgama" diýen sözleri hakydamda galypdyr. Gadymy halk pähiminden dörän bu durmuş ýörelgesi biziň tutuş ýurdumyzyň taryhy ýoly üçin doly kabul ederlikdir[34]".

***Hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýy.*** Ýurduň konstitusiýasynda Türkmenistanyň dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan ykrar edilen hemişelik bitaraplygy onuň daşary we içeri syýasatynyň binýady hökmünde aýratyn bellenilýär (1-nji madda). Bu ýagdaýy kanun çykaryjylyk işinde göz öňünde tutmak zerurdyr. Hormatly Prezidentimiziň özüniň belleýşi ýaly: "Garaşsyzlygyň ilkinji günlerinden Türkmenistan hemişelik Bitaraplygy döwlet-syýasy ülňüsi hökmünde seçip aldy. Bütin dünýäde ilkinji gezek Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edilmek hormatyna mynasyp bolan Türkmen Bitaraplygy hakykatdan hem gudratdyr[35]".

Daşary syýasatda Türkmenistan ähli jedelli ýagdaýlaryň syýasy gepleşikler arkaly çözülmeginiň tarapdary bolup çykyş edýär. Birek-biregiň içerki işine gatyşmazlyk, daşary ýurtlar bilen ähli gatnaşyklary deňhukukly we iki tarapyň hem bähbitlerini hasaba almak, şeýle-de hoşniýetli goňşuçylyk esasda guramak ýörelgesine eýerýär.

Merkezi Aziýa sebitinde Türkmenistanyň Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna parahatçylygyň, asudalygyň, durnuklylygyň, ykdysady

[34] Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007. S.122.
[35] Şol ýerde, S.58.

özgertmeleriň we ösüşiň kepili hökmünde garalýar. Türkmenistan dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan sebitde döwletara gatnaşyklarynyň utgaşdyryjy merkezi hökmünde ykrar edildi. Türkmenistanyň Prezidentiniň irginsiz aladalary netijesinde Aşgabatda BMG-niň öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi döredildi[36]. Munuň özi Türkmenistana dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan bildirilen çäksiz uly syýasy ynamdyr.

Bitaraplyk ýurduň içerki mümkinçiliklerini açyp görkezmäge we şunuň bilen birlikde hem, Türkmenistanyň içerki syýasatyny durmuşa geçirmäge özüniň oňyn täsirini ýetirýär.

Hemişelik bitaraplyk dünýäde Türkmenistanyň hakyky Garaşsyzlygyny üpjün edýär, ýurduň egsilmez baýlyklaryny ilatyň durmuş derejesiniň yzygiderli ýokarlandyrylmagyna gönükdirmäge mümkinçilik berýär, raýatlarymyzyň eldegrilmesizligini we erkinligini kepillendirýär, olaryň ýagty geljege bolan ynamlaryny berkidýär.

***Dünýä tejribesiniň ulanylyşy.*** Türkmen jemgyýeti özgerdilende adamzadyň ösen medeniýetiniň gymmatlyklary we toplan baý tejribesi göz öňünde tutulýar. Hormatly Prezidentimiz şeýle belläp geçýär: "Dünýäde toplanan iň gymmatly tejribäni öwrenmek bilen, Türkmenistan özüniň saýlap alan durmuş-strategik ugruny durmuşa geçirmekde kuwwatly ykdysadyýete, ösen döwlet sektoryna, millilik aýratynlyklarymyza, şu güne çenli asyl görnüşinde gelip ýeten ruhy ýörelgelerimize, däp-dessurlarymyza daýanýar[37]".

Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalary işlenip taýýarlananda öňdebaryjy tejribe endiklerini gazanmak, kanun çykaryjylyk işine iň täze tilsimatlary, çemeleşmeleri we netijeli usullary ornaşdyrmak maksady bilen, halkara hukuk kadalary hem-de tejribesi öwrenilýär. Bu işiň esasy wezipesi ýokarda agzalan ýagdaýlary hasaba almak bilen,

---

[36] Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Aşgabat, 2008. 1-nji tom. S.309.

[37] Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010. 1-nji tom. S.276.

milli kanunçylygy kämilleşdirmek we oňa halkara hukugynyň umumylykda ykrar edilen kadalaryny girizmek bolup durýar.

Dünýä tejribesiniň öňdebaryjy pikirleri jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlaryna üstünlikli ornaşdyrylýar. Munuň özi ýurdumyzyň ösüşine netijeli täsirini ýetirýär. Ösen ýurtlaryň iň täze, döwrebap tehnologiýalary we olary ulanmagyň öňdebaryjy tejribesi Milli Liderimiziň başda durmagynda ýurduň ykdysadyýetinde we sosial durmuşynda bolup geçýän ägirt uly özgerişlere onyň täsirini ýetirýär.

Kanun çykaryjylyk tejribesinde, bellenip geçilenlerden başga, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň içeri we daşary syýasaty babatda gollanýan käbir ýörelgeleriniň, aýratyn-da ýurdumyzyň ösüşiniň häzirki döwrüne mahsus bolanlarynyň üstünde durup geçeliň.

***Milli bähbitleriň ileri tutulmagy.*** Jemgyýetçilik durmuşynyň haýsy ulgamynda amala aşyrylýandygyna garamazdan, her bir özgertmäniň esasynda, şol sanda döwletiň kanunçylyk ulgamyny kämilleşdirmekde hem milli bähbitleriň ileri tutulmagy möhüm wezipe bolup durýar. Döwlet: “milli bähbitleriň dünýäniň ýüzünde goralmagyny berjaý edýär. Milli gurluşyň we oňa gatnaşyjylaryň işini özara utgaşdyrmak bilen häzirki zaman dünýä hojalygynda milli ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny artdyrmaga ýardam berýär[38]” diýip, Hormatly Prezidentimiz belläp geçýär.

Belli bir kadalaşdyryjy hukuk namalary kämilleşdirmek, olary dünýä ülňüleriniň derejesine ýetirmek, kanunçylygymyza umumylykda ykrar edilen halkara kadalaryny ornaşdyrmak we beýleki özgertmeler diňe ýurduň milli bähbitlerine gabat gelýän halatynda amala aşyrylýar.

***Ähli özgertmeleriň sosial häsiýetli bolmagy.*** Ýurduň Konstitusiýasyna laýyklykda jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy adamdyr[39]. Şonuň üçin hem Milli Liderimiz tarapyndan öňe sürlen “Döwlet adam üçindir[40]” diýen şygar türkmen jemgyýetini özgertmek

[38] Şol ýerde, S.78.

[39] Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2008. Mad.3.

[40] Gurbanguly Berdimuhamedow. Döwlet adam üçindir. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008. S.6.

boýunça amala aşyrylýan ähli özgertmeler syýasatynyň düýp manysyna öwrüldi. Bu ýagdaý kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen iş salyşýan ähli hünärmenleriň üns merkezinde bolmalydyr.

Biziň pikirimizçe, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň bu şygary kem-kemden jemgyýetimiz tarapyndan doly ykrar edilen Galkynyş eýýamynyň ösüş ýörelgesine öwrüldi. Häzirki döwürde bu ýörelge ylmy nykdaýnazardan hemmetaraplaýyn öwrenilip, nazary taýdan esalandyrylan taglymat hökmünde garalmaga mynasypdyr.

Hormatly Prezidentimiziň belläp geçişine görä: “XXI asyrda jemgyýetiň ösüşiniň nusgasynyň durmuş maksatly we durmuş jogapkärçilikli durnukly ykdysady we syýasy ösüşi üpjün edýän nusgadygyny dünýä tejribesi görkezýär. Jemgyýet ykdysadyýetden, gündelik durmuş aladalaryndan ýokarda durýan milli maksatnamalara akyl ýetirmäge girişdi[41]”.

Ähli döwlet maksatnamalarynyň binýadynda raýatlaryň ýaşaýyş-durmuş derejesini gyşarnyksyz ýokarlandyrmak wezipesi goýulýar. Özgertmeleriň sosial ulgama gönükdirilenligi adamlaryň ýaşaýyş-durmuş derejesine we saglygyna oňyn täsirini ýetirýär. Şäherlerde we obalarda döwrebap ýaşaýyş jaý maksatnamasynyň amala aşyrylmagy, täze gurlup ulanmaga berilýän, dünýäniň ylymda we tehnikada iň soňky gazananlary bilen enjamlaşdyrylan medeniýet, lukmançylyk we sport-sagaldyş merkezleri, okuw mekdepleri we mekdebe çenli çagalar edaralary, goşmaça iş orunlary - bular entek adam hakynda biziň ýurdumyzda edilýän aladalaryň hemmesi däl. Şu ýerde döwlet derejesinde kabul edilen maksatnamalara salgylanmagyň özi hem türkmen jemgyýetinde adam aladasynyň bimöçberliginden habar berýär[42].

[41] Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010. 1-nji tom.S.19.

[42] Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy. Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy. Aşgabat, 2007. №12. S.26-27; 2012-nji ýyla çenli döwür üçin welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň durmuş-ykdysady ösüşiniň Konsepsiýasy. Aşgabat, 21.07.2008. №9910; Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli Maksatnamasy

***Realizm syýasaty.*** Bu ýörelge ähli jemgyýetçilik ähmiýetli başlangyçlarda berjaý edilýär. Milli Liderimiz şeýle belläp geçýär: "Ösüş depginleriniň ýurduň hakyky kuwwatyna kybap bolmagyny, olaryň ýurdy uzakmöhletleýin ösdürmek maksatlaryna laýyklykda mümkin boldugyça durnukly häsiýetini saklamaklyk möhüm zerurlyk bolup durýar[43]".

Hukuk ulgamynyň özgerdilmegi häzirki döwürdäki anyk mümkinçiliklerimizi, şeýle-de halkara ykdysady, syýasy we beýleki ýagdaýlary nazara almak bilen döwletimiziň ösüşiniň häzirki tapgyrynda has wajyp kanunçylyk başlangyçlaryny goldamaklygy göz öňünde tutýar. Taryhy döwrüň belli bir böleginde döwletiň ileri tutulýan ugurlary jemgyýet üçin beýleki bir has möhüm gymmatlyklara gönükdirilip bilner.

***Sagdyn pragmatizm syýasaty.*** Özgertmeleriň jemgyýetçilik durmuşynyň haýsy ulgamynda amala aşyrylýandygyna garamazdan, her bir anyk işiň peýdaly netijeleri öňünden çaklanylmalydyr. Hormatly Prezidentimiziň her bir resmi çykyşlarynda we anyk işlerinde şu çemeleşmäni inçelik bilen duýmak bolýar. "Biziň halkymyz pragmatiki oýlanýan[44]" halkdyr diýip, Milli Liderimiz belläp geçýär.

Kanun çykaryjylyk işinde hem umuman, jemgyýet we onuň her bir şahsy üçin anyk, tejribe taýdan peýdaly netijeleri gazanmaklygy üpjün edýän kanunçylyk başlangyçlar kabul edilip bilner.

Aýdylanlary gysgaça jemlesek, türkmen jemgyýetini özgertmek we demokratiýalaşdyrmak dünýä ülňülerine gabat gelýän düýpli hukuk binýadynyň bolmagyny talap edýär. Milli hukuk ulgamy kämilleşdirilende özgertmeleriň üstünlikli we netijeli amala aşyrylmagyna gönüden-göni täsir edýän ýokarda beýan edilen şertleri göz öňünde tutmak zerurdyr. Olara ähmiýet bermezligiň özi özgertmeleriň durmuşa ornaşdyrylyş depgininiň peselmegine ýa-da

(Birinji tapgyr: 2011-2015-nji ýyllar). Aşgabat, 2010.

[43] Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010. 1-nji tom. S.84.

[44] Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Aşgabat, 2009. 2-nji tom. S.259.

jemgyýeti döwrebaplaşdyrmak işine ýaramaz täsir etmegine getirmegi mümkindir.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda ýurdumyzda hukuk özgertmelerini üstünlikli amala aşyrmak maksady bilen hereket edýän kanunçylygy kämilleşdirmek boýunça, öň belläp geçişimiz ýaly, ýörite topar döredilipdi. Bu topar diňe kanunçylygy ösdürmegiň strategiýasyny kesgitlemek bilen çäklenmän, eýsem döwletiň hukuk syýasatyny durmuşa geçirmek boýunça hem anyk teklipleri işläp düzýär we derwaýys çäreleri durmuşa geçirýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet we hukuk instituty we Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Demokratiýa we adam hukuklary türkmen milli instituty hukuk syýasatynyň giň göwrümli meseleleri we umumy hukukşynaslyk boýunça ylmy-barlag işlerini amala aşyrýarlar. Atlary agzalan institutlaryň esasy wezipeleri milli we halkara kanunçylygyndan ezberlik bilen baş alyp çykýan ýaş alymlaryň täze neslini taýýarlamakdan ybaratdyr. Bu işde Türkmenistana bahasyna ýetip bolmajak kömegi daşary ýurtlaryň ylmy edaralary öz aspiranturalarynyň we doktoranturalarynyň, şeýle hem hünär kämilleşdiriş edaralarynyň üsti bilen berip bilerdiler[45].

Seljerilýän meseläni jemlemek bilen, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy we gönüden-göni ýolbaşçylygy astynda ýurtda hukuk ulgamynyň has öňdebaryjy nusgasyny döretmeklige ynamly ugur alnandygyny belläsimiz gelýär. Munuň özi döwletiň hukuk ulgamynyň ýakyn geljekde ösen ýurtlaryň hukuk ulgamlary bilen bäsleşip bilmegine doly mümkinçilik döreder.

Türkmenistanda dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan işjeň goldanylýan düýpli durmuş-ykdysady özgerişler bolup geçýär. Ýurduň Milli Lideriniň alyp barýan yzygiderli oňyn syýasaty (jemgyýetiň açyklygy, demokratik institutlaryň berkemegi, bazar gatnaşyklarynyň ösdürilmegi, özgertmeleriň sosial ulgama gönükdirilmegi, oba ýerleriniň özgerdilmegi, ykdysadyýetiň diwersifikasiýalaşdyrylmagy,

---

[45] Goçyýew T. D. Galkynyşlar zamanasynda hukuk özgertmesiniň strategiýasynyň durmuşa geçirilişi. Aşgabat // Altyn Asyryň ykdysadyýeti. 2010. №1. S. 26-29.

amatly maýa goýum gurşawynyň döredilmegi, bilim ulgamynyň özgerdilmegi we beýlekiler) Türkmenistanyň dünýä ýüzündäki abraýyny has-da berkidýär. Netije-de, biziň ykdysadyýetimiz Türkmenistana uzakmöhletleýin, ygtybarly we işewür hyzmatdaş hökmünde garaýan täze maýadarlary özüne çekýär.

Bu işleriň ählisi döwletiň hukuk binýadyny berkitmekde, jemgyýeti demokratiýalaşdyrmakda, raýat jemgyýetiniň institutlaryny döretmekde Türkmenistanyň ynamly gadam urýandygyna şaýatlyk edýär.

Biziň pikirimizçe, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň özgertmeler syýasatynyň üstünlikleri üç hakykatda jemlenendir: ýurduň egsilmez ykdysady we tebigy mümkinçiliklerinde, ynamly öňe barýan öňdebaryjy häsiýetli içeri we daşary syýasatynda, şeýle-de ýurduň jemgyýetçilik-syýasy durnuklylygynda. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşini, halkara derejesindäki ýokary syýasy abraýyny we ýagty geljegini üpjün etjek hem hut şu görkezijileridir[46].

* * *

Şu bapda geçirilen ylmy seljermelere esaslanyp, jemgyýetde amala aşyrylýan syýasy, durmuş-ykdysady we medeni özgertmeleriň has-da çalt depginlerde hem-de netijeli alnyp barylmagyny üpjün etmek üçin, döwletiň hukuk özgertmeleriniň strategiýasynyň Maksatnamasyny işläp düzmekligi teklip edýäris. Biziň pikirimizçe, ony tapgyrlara bölüp, olaryň hersinde durmuşa geçirilmeli wezipeler we edilmeli işler anyk kesgitlenilse maksadalaýyk bolardy.

## 1.3. Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetiniň döwletiň kazyýet ulgamyndaky orny

Biziň ýurdumyzyň geçmişde sosialistik ösüşi döwründe meýilleşdirilýän ykdysadyýetiň bähbitlerini goramak üçin döwlet

[46] Goçyýew T.D. Bazar ykdysadyýetini kämil kanunçylyk bilen üpjün etmegiň şertleri. Aşgabat: Türkmen ylmy galkynyş we halkara gatnaşyklar ýolunda, 2011. №1. S.194-206.

arbitražlary döredildi. Olar SSSR döwletiniň we soýuz respublikalaryň derejesinde özbaşdak edara hökmünde hereket etdiler. Sosialistik meýilleşdirilýän ulgamyň ýok bolmagy bilen, arbitražlaryň döwlet meýilnamalarynyň, sosialistik kanunylygyň we döwlet düzgün-nyzamynyň ýerine ýetirilişine täsiri aradan aýryldy.

Garaşsyzlygymyzy alanymyzdan soňra Türkmenistan bazar ykdysadyýetine esaslanan jemgyýeti gurup başlady. GDA döwletlerinde ykdysadyýete hususy-hukuk sazlaýjylarynyň we höweslendirijileriniň girizilmegi, hususy eýeçiligiň kanunda berkidilmegi hem-de telekeçilik işiniň giň möçberlerde ýaýbaňlanmagy bilen, ykdysady ýaýrawda eýeçiligiň dürli görnüşlerine degişli bolan hojalyk subýektleriniň arasynda ykdysady jedelleri çözmek üçin adyl kazyýetligi amala aşyrýan ýöriteleşdirilen kazyýet ulgamyny döretmek zerurlygy ýüze çykdy[47]. Şeýlelikde, döwlet arbitražlarynyň deregine ýurdumyzda hojalyk kazyýetleriniň özbaşdak ulgamy döredildi we şahslaryň bozulan hukuklarynyň hem-de kanuny bähbitleriniň kazyýet goraglylygy döwlet tarapyndan kepillendirildi.

Kazyýet ulgamynyň kämilleşdirilmeginiň soňraky tapgyrlarynda hojalyk kazyýetleri-de ýatyryldy. Olaryň ygtyýarlyklary bolsa umumy kazyýetleriň ýurisdiksiýasyna berildi. Hereket edýän kanunçylyga laýyklykda ykdysady işlere garamaga welaýat kazyýetleriniň we Aşgabat şäher kazyýetiniň raýat işleri boýunça kazyýet kollegiýalary ygtyýarly edildi. Mundan başga-da bitewi kazyýet ulgamynda hakykat ýüzünde ýöriteleşdirilen kazyýet hökmünde Türkmenistanyň Arbitraž kazyýeti döredildi. Oňa birinji basgançakly kazyýet hökmünde ykdysady işlere garamak hukugy berildi. Arbitraž kazyýetiň, welaýat we Aşgabat şäher kazyýetleriniň kazyýet namalary babatda nägilelik hem-de gözegçilik kazyýetleri hökmünde Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti kesgitlenildi.

Şeýlelikde, iş ýüzünde hojalyk kazyýetleriniň gönüden-göni hukuk oruntutary Türkmenistanyň Arbitraž kazyýeti boldy. Ol ýurduň umumy kazyýet ulgamyna girip, ykdysady işler boýunça ýöriteleşdirilen

---

[47] Гребенцов А.М. Развитие хозяйственной юрисдикции в России. М. 2002. S.127-128.

kazyýet hökmünde hereket edýär[48]. Eger Türkmenistanyň beýleki kazyýetleri raýat we jenaýat işlerine, Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti bulardan başga-da nägilelik hem gözegçilik tertibinde ykdysady işlere garaýan bolsa, Arbitraž kazyýet diňe ykdysady işlere garaýar[49].

Häzirki döwürde Türkmenistanyň raýat iş ýörediş kanunçylygyny özgertmek boýunça işler amala aşyrylýar. German Tehniki Hyzmatdaşlygy jemgyýeti bu babatda biziň döwletimize maslahat beriji gurama hökmünde ýardam berýär. Seljerilýän ugurlar bilen bir hatarda ylmy-amaly maslahatlarda arbitraž iş ýörediş kanunçylygynyň hem-de Arbitraž kazyýetiň möhüm meseleleri ara alnyp maslahatlaşylýar.

Geçirilýän ylmy-amaly maslahatlarda Arbitraž kazyýeti umumy ýurisdiksiýaly kazyýet ulgamyna birikdirip (integrirläp) döwlet derejesinde bir nusga getirlen (unifisirlenen) adyl kazyýet edaralarynyň ulgamyny döretmek pikiri öňe sürülýär. Bu teklip, esasan, şular bilen delillendirilýär:

Arbitraž kazyýet meýilleşdirilýän ykdysadyýetiň guraly hökmünde bazar ykdysadyýeti şertlerinde ýurduň kazyýet ulgamyna utgaşmaýar;

ykdysady işlere umumy kazyýetleriň ýöriteleşdirilen kazyýet kollegiýalary tarapyndan garalmagy Türkmenistanyň kazyýet ulgamyny halkara ülňülerine ýakynlaşdyrar;

"arbitraž kazyýeti" diýen adalga günbataryň hünärmenlerinde nädogry pikir döredýär, sebäbi olar bu düşünjäni diňe täjirçilik kazyýetleri bilen bagly ulanýarlar[50].

---

48 Arbitraž kazyýetleri umumy ýurisdiksiýaly kazyýetlere garanyňda ýörite kazyýet hökmünde kabul etmek baradaky pikir ylmy edebiýatda öňem aýdylan (Ефимова В.В. Арбитражное процессуальное право. Учебное пособие. Саратов. 2009. S.2).

49 Goçyýew T.D.Ykdysadyýet ýaýrawynda adyl kazyýetiň amala aşyrylmagynyň özgerdilmegi. Aşgabat // Altyn Asyryň ykdysadyýeti. 2009. №1. S. 23-27; Goçyýew T.D. Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetiniň hem-de prokuroryň iş ýöredişe gatnaşmagynyň möhüm meseleleri. "Garaşsyz, Baky Bitarap Türkmenistan Täze Galkynyşlaryň ýurdudyr" atly ylmy işleriň ýygyndysy, Aşgabat, 2010. S.306-312.

50 Книпер Р. Основные вопросы гражданско-процессуального права. В кн.: Право. Экономика. Благосостояние. Актуальные вопросы правовой реформы в Туркменистане. Ашгабат, 2010. S.38, 43.; Şol ýerde, Чантурия Л. Некоторые

Meseläni içgin seljermäge girişmezden öňinçä, Türkmenistanyň hukuk ulgamyna mazmuny we görnüşi boýunça golaý bolan GDA döwletlerinde ykdysady adyl kazyýeti amala aşyrýan kazyýetler bilen tanşalyň.

**GDA döwletlerinde ykdysady işlere garaýan kazyýetler**

Tablisa 1.3.1.

| Ykdysady kazyýetler | Hojalyk kazyýetler | Arbitraž kazyýetler | Umumy ýurisdiksiýaly kazyýetler |
|---|---|---|---|
| Täjigistan<br>Ermenistan<br>Gazagystan<br>Azerbaýjan<br>Moldowa | Özbegistan<br>Ukraina<br>Belarus | Türkmenistan<br>Russiýa Federasiýasy | Gyrgyzystan<br>Gruziýa |

Görşümiz ýaly, diňe Gyrgyzystan we Gruziýa döwletlerinde ykdysady jedeller umumy ýurisdiksiýaly kazyýetlerde seljerilýär, ýokarda agzalan beýleki respublikalarda bolsa, ykdysady işler ýöriteleşdirilen kazyýetlerde garalýar.

Gozgalýan meseläniň bazar ykdysady gatnaşyklarynyň okgunly ýaýbaňlandyrylýan türkmen jemgyýetinde iňňän wajyp ylmy-amaly ähmiýeti bar.

Meseläniň şu kontekstde goýulmagynyň düýp sebäbi, ol hem Ýewropa döwletlerinde arbitraž kazyýetler döwlet kazyýeti hökmünde özbaşdak hereket etmeýärler. Köplenç halatda olaryň garamaly meseleleri umumy ýurisdiksiýaly kazyýetleriň ygtyýarlygyna berlen. Arbitraž kazyýetler diňe täjirçilik (hususy) düzümler hökmünde bu döwletlerde bellidir.

Biziň pikirimizçe, nemes alymlary tarapyndan öňe sürülýän pikir ýerlikli däl. Bu teklibiň durmuşa geçirilmeginiň özi ýuridiki şahslaryň hem-de hususy telekeçileriň bähbitleriniň hukuk goraglylygyny doly

вопросы реформы гражданско-процессуального права в государствах СНГ. S.56.

üpjün edip bilmez, sebäbi ol ykdysady jedelleri çözmegiň türkmen jemgyýetine mäkäm ornaşan hem-de şu günki günde netijeli işleýän hukuk mentalitetine gabat gelmeýär.

Arbitraž kazyýeti umumy kazyýet ulgamyna birikdirmek babatda ýokarda getirilen delilleri gysgajyk görnüşde seljerip göreliň.

Arbitraž kazyýeti öz wagtynda meýilleşdirilýän ykdysadyýetiň guraly bolup hyzmat edip, soňra ýatyrylan döwlet arbitražlarynyň ulgamy bilen deňeşdirmek ýalňyşdyr. Ilkinji nobatda bellemeli zat, ol hem döwlet arbitražlary adyl kazyýetligi amala aşyrýan edara hasaplanmaýardylar. Halkara tejribesine laýyklykda ýurdumyzyň arbitraž kazyýet önümçiliginiň baş ýörelgeleri bolup, islendik ösen hukuk ulgamynda bolşy ýaly, iş ýöredişiň dispozitiwlik, bäsleşik we taraplaryň deňligi ýörelgeleri çykyş edýär. Elbetde, arbitraž iş ýöredişiň bu ýörelgeleri häzirkizaman bazar ykdysadyýetiniň zerurlyklaryny göz öňünde tutup ösdürilmäge degişli. Şu kontekstde TAIÝK-na hem dolulygyna hukuk seljermesiniň geçirilmegini talap edýär. Türkmenistanyň Mejlisiniň deputaty A.Mämmetkurbanowa hem ýurdyň arbitraž iş ýörediş kanunçylygy özgerdilmäge mätäç diýip hasaplaýar[51]. Şoňa görä-de, nemes alymlarynyň TAIÝK-ny “döwrebap kodeks[52]” diýip berýän bahalary bilen ylalaşyp bolmaz.

Umumy ýurisdiksiýaly kazyýetleriň içinde ýöriteleşdirmek geçirmek teklibi, ýagny ykdysady işler boýunça kazyýet kollegiýalaryny döretmek, nemes alymlary tarapyndan Arbitraž kazyýeti özgertmek babatda öňe sürülýän pikirleriniň özüne çekijisidir.

Näme üçin ykdysady jedelleri çözmek umumy ýurisdiksiýaly kazyýetlere degişli edilýärkä? Şu tejribe, esasan, kazyýet önümçiliginiň “bäsleşik” esasynda guralýan döwletlerine (ABŞ, Beýik Britaniýa we başgalar) mahsusdyr, sebäbi bularda “kazyýetiň işjeňligi” pes ýagdaýda bolýar. Onuň-da düýp sebäbi subutnamalar derňelende esasy gatnaşyjy bolup taraplaryň we olaryň wekilleriniň (adwokatlaryň) çykyş edýänligidir. Adwokatlar ähli subutnamalary kazyýetiň öňünde

[51] Şol ýerde, Мамедкурбанова А. Основы и перспективы реформирования законодательства Туркменистана. S.25.
[52] Şol ýerde, Книпер Р., Деппе Й., Чантурия Л. Основные вопросы реформы гражданско-процессуального права Туркменистана. S.309.

doly we hemmetaraplaýyn açyp görkezýärler, kazyýete bolsa diňe jedeli çözmek galaýýar. Şonuň üçin hem bu döwletlerde Russiýa Federasiýasynda, şol sanda Türkmenistanda bolşy ýaly, ýöriteleşdirilen ykdysady kazyýetleri döretmekde zerurlyk-da ýok bolup durýar[53].

Nemes alymlarynyň teklibine dolanyp gelsek, biziň pikirimizçe, ýöriteleşdirilen ”kazyýetler” ýa-da “kazylar” görnüş taýdan tapawutlanýan bolaýmasalar, mazmun babatda olar biri-birine juda golaýdyrlar. Ýöriteleşdirilen kazyýet has kämil we guramaçylykly görnüş hökmünde belli. Onsoňam daşary ýurtlarda ýöriteleşdirilen kazyýetler häzirki döwürde giňden ýaýrandyrlar (dolandyryş, maşgala, zähmet we beýleki işler boýunça).

Nemes alymlarynyň ykdysady jedeller babatda ýöriteleşdirilen kazyýetleri goldamaýanlyklarynyň düýp sebäbi, ol hem bu kazyýetlerde, şeýle hem umumy ýurisdiksiýaly kazyýetlerde garalýan jedelleriň mazmun we häsiýet taýdan meňzeşligi hem-de olaryň bir maddy kanun bilen düzgünleşdirilýänligi bilen düşündirilýär. Başgaça aýdylanda, umumy ýurisdiksiýaly kazyýetlerde raýat işleri, Arbitraž kazyýetde bolsa, ykdysady işler garalýar diýildigidir. Bu kazyýetleriň ikisi-de jedel çözenlerinde raýat kanunçylygynyň kadalaryny ulanýarlar. Munuň özi agzalan kadalara düşünmekde we olary ulanmakda iki çemeleşmäniň döremegi üçin amatly şertleri döredýär. Bu işleriň arasynda aratapawudy, esasan, jedeliň subýektleri boýunça geçirip bolýar. Olaryň birine adatça raýatlar, beýlekisine bolsa ýuridiki şahslar we hususy telekeçiler gatnaşýarlar.

Nemes alymlary Arbitraž kazyýeti umumy ýurisdiksiýaly kazyýetleriň ulgamyna birikdirmek (intigrirlemek) baradaky pikiri ösdürip, TAIÝK-ny ýatyrmaklygy we ykdysady işlere garamaklygy we çözmekligi bir nusga getirilen (unifisirlenen) TRIÝK-a bilen düzgünleşdirmekligi teklip edýärler[54]. Russiýa Federasiýasynda hem käbir alymlar arbitraž kazyýetlerde “raýat kazyýet önümçiligi” amala

---

[53] Арбитражный процесс. Под ред. В.В.Яркова. Учебник.-4-е изд., перераб. и доп. М.:Инфотропик Медиа, 2010. S.604.

[54] Şol ýerde, Книпер Р. Основные вопросы гражданско-процессуального права. S.38, 43.

aşyrylýar, şol sebäpli-de raýat we arbitraž kodeksleri birleşdirilmeli diýen netijä gelýänler bar[55].

Eger-de GDA döwletleriniň tejribesine ýüzlensek, olaryň içinde ykdysady jedellere garamaklygy we çözmekligi bir nusga getirilen raýat iş ýörediş kodeksleri bilen düzgünleşdirýän respublikalar bar.

## GDA döwletlerinde ykdysady (hojalyk) işlere garamaklygy düzgünleşdirýän kodeksler

Tablisa 1.3.2.

| Raýat iş ýörediş kodeksi | Hojalyk iş ýörediş kodeksi | Arbitraž iş ýörediş kodeksi | Ykdysady kazyýet önümçilik kodeksi |
|---|---|---|---|
| Ermenistan<br>Gazagystan<br>Gyrgyzystan<br>Gruziýa<br>Azerbaýjan<br>Moldowa | Özbegistan<br>Ukraina<br>Belarus | Türkmenistan<br>Russiýa<br>Federasiýasy | Täjigistan |

Görşümiz ýaly, GDA döwletleriniň deň ýarysynda ykdysady adyl kazyýet bir nusga getirilen raýat iş ýörediş kodeksleri bilen düzgünleşdirýär.

Hakykatdan-da TAIÝK-ny hem-de TRIÝK-a köp halatda biri-birini gaýtalaýarlar[56]. Çynlakaý çemeleşseň raýat hem ykdysady işleri düzgünleşdirmegiň aýratynlyklaryny göz öňünde tutýan kadalary bir kodeksde jemläp bolar. Ýöne kanuny şu derejede çylşyrymlaşdyrmak-da hem-de kazyýet hukuk ulanyş tejribesini üýtgetmekde zerurlyk

[55] Seret: Новикова Ю.С., Оганджанянц С.И. Гражданское судопроизводство в процессуальном праве //Арбитражный и гражданский процесс. 2004. №8. S. 43.

[56] Russiýa Federasiýasynyň kazyýet önümçilik tejribesinden ugur alsaň, onda bazar gatnaşyklarynyň jemgyýete çuňňur ornaşmagy bilen raýat we arbitraž iş ýörediş kanunçylyklarynyň arasyndaky aratapawut mese-mälim artýar we bu ýagdaý saklanyp galar hem-de dowam eder diýip çaklaýarys. 2002-nji ýylda kabul edilen RF-iň AIÝK-synda birnäçe täze institutlar we kadalar berkidildi we şu güne çenli hukuk täzeçiliklerini kazyýet önümçiligine girizmeklik işjeň ýagdaýda dowam etdirilýär (Seret: monografiýanyň VIII babynyň birinji bölümi).

ýok diýip hasaplaýarys. Biziň pikirimizçe, kanunyň şu tertipde kämilleşdirilmeginiň özi hakyky hukuk bulam-bujarlygyny döreder.

Raýat we ykdysady işlere seljermegiň tertibi bir ülňä getirilen GDA döwletlerinde ykdysady işlere garamagyň tertibi juda ýüzleý düzgünleşdirilýär. Muňa Gyrgyzstan Respublikasynyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň mysalynda göz ýetirmek bolar. Kodeksiň 382-nji maddasynda ykdysady işler boýunça kazyýet önümçiligi raýat kazyýet önümçiliginiň umumy kadalary esasynda, ýöne kodeksiň VI bölüminde beýan edilen aýratynlyklary göz öňünde tutmak bilen amala aşyrylýar diýip bellenilen. Agzalan bölüm bary-ýogy 19 maddadan ybarat. Şu ýerde “umumy we ýörite” kadalary”deňeşdirip” ulanmagyň özüniň bir giden kynçylyklary döretjekdigi düşnüklidir.

Ykdysady-hojalyk işini amala aşyrýan subýektleriň tejribesinden çen tutsaň, hukuklary hem kanuny bähbitleri goramakda ýuridik şahslaryň hem-de hususy telekeçileriň gatnaşmagyndaky ykdysady jedelleriň aglaba ýagdaýda fiziki şahslar gatnaşýan raýat işlerinden düýpli tapawutlyklary bar. Ilkinji nobatda hem arbitraž kazyýetler bilen umumy ýurisdiksiýaly kazyýetleriň arasynda olaryň garaýan meselelerinde düýpli tapawudyň bardygyny aýratyn bellemek gerek.

Bu aýratynlyklary ýokarda agzalan iş ýörediş kodekslerini deňeşdirme usuly bilen hiç bir kynçylyksyz anyklamak mümkin. Olar iş gozgalanda we kazyýet seljerişine taýýarlananda, kazyýetde seljerilende hem çözgütler ýerine ýetirilende, nägilelik we gözegçilik tertipde, şeýle hem täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça täzeden garalanda ýüze çykýar. Şonuň üçin hem kanun çykaryjy bu işlere garamagy hem çözmegi aýratyn kodekslerde düzgünleşdirýär.

Şu ylmy işde deňeşdirilýän iki kodeks bilen bagly bu mesele babatda jikme-jik seljerme geçirmeklik göz öňünde tutulmady. Şeýle-de bolsa, bir hakykaty anyk belläp geçmeli. Türkmenistanyň arbitraž iş ýörediş kanunçylygynyň emele gelmeginde we onuň ösdürilmeginde Türkmenistanyň raýat iş ýörediş kanunçylygynyň tutýan orny möhümdir.

Häzirki döwürde raýat we arbitraž iş ýöredişiň hatda meňzeş gelýän ýörelgeleriniň tejribede ýüze çykmalarynda deň bolmadyk çemeleşmeleri görmek bolýar, iki iş ýörediş kazyýet önümçilikleriniň

tapgyrlarynyň öňünde durýan maksatlardyr wezipeleri durmuşa geçirmekde hem özboluşly tapawutlyklar duýulýar[57]. Munuň özi arbitraž iş ýörediş kanunçylygynyň özgerdilmeginiň döwrüň talabydygyny aňladýar. Elbetde, wagtyň geçmegi bilen arbitraž iş ýöredişiň has derwaýys aýratynlyklary ýüze çykyp biler we kanunçylyk özgerdiler, ýöne ýokarda agzalan kodeksleri birleşdirmek meselesi ýakyn geljekde goýulmaz diýip hasap edýäris.

Biziň pikirimizçe, ykdysady gatnaşyklaryň çygrynda adyl kazyýetligi amala aşyrmagyň hereket edýän tertibini belli bir derejede kämilleşdirip, şulary üpjün etmek mümkin:

ykdysady işleriň aýratynlyklaryny göz öňünde tutmak bilen kazyýet önümçiliginiň jikme-jik düzgünleşdirilmegini;

işiň hakyky ýagdaýlarynyň doly we hemmetaraplaýyn seljerilip anyklanmagyny, şeýle hem jedelleşýän taraplaryň hukuklarynyň hem-de borçlarynyň dogry kesgitlenilmegini;

kanunalaýyk hem adalatly kazyýet çözgütleriniň çykarylmagyny;

işlere ýörite ykdysady işler bilen meşgullanýan kazylaryň garaýanlygy sebäpli kazyýet ýalňyşlyklarynyň düýpli azalmagyny;

döwlet tarapyndan zerur we ýokary hilli kazyýet goragynyň üpjün edilmeginiň kepillendirilmegini.

Biziň döwletimiziň ösüşiniň şu tapgyrynda Arbitraž kazyýetiň hukuk ýagdaýynyň güýçlendirilmegi möhüm ähmiýete eýe bolup durýar. Ýurduň ykdysadyýetiniň durnukly we okgunly ösmegi ykdysady işleriň dinamikasyna oňyn täsir edýär. Ykdysady-hojalyk subýektleriniň kazyýetlere ýüz tutmalary yzygiderli artmak bilen bolar. Onsoňam täze ykdysady şertlerde arbitraž kazyýet önümçiliginde garalýan işleriň örüsiniň üznüksiz giňejekdigi hem jedelsiz kabul edilmeli hakykatdyr.

Munuň şeýledigini, mysal üçin, biz Russiýa Federasiýasynyň arbitraž kazyýet tejribesinden hem aýdyň görýäris. 2009-njy ýylda korporotiw jedellerden gelip çykýan işler hem-de aýratyn bir toparyň

---

[57] Отческая Т.И., Власов А.А., Шилов А.В., Сметанников А.Е. Арбитражный процесс: Учебное пособие. Тюмень: Издательство Тюменского государственного университета. 2008. S.33.; Арбитражный процесс. Учебник. / Под ред. В.В. Яркова. М.:Юрист. 2002. S.6.

hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak bilen bagly işler, şeýle hem 2010-njy ýylda kazyýet önümçiligini ýa-da kazyýet namasyny göwnejaý möhletde ýerine ýetirilmegine bolan hukuklaryň bozulanlygy sebäpli onuň öwezini dolmak boýunça işler arbitraž kazyýetleriň garamagyna degişli edildi[58].

Häzirki döwürde Arbitraž kazyýete hakykat ýüzünde etrap kazyýetiniň hukuk ýagdaýy berlen, ýagny ol diňe birinji basgançakly kazyýet hökmünde hereket etmäge ygtyýarly. Aşgabat şäher we welaýat kazyýetleri-de ykdysady işler boýunça diňe birinji basgançakly kazyýetiň wezipesini ýerine ýetirýär. Ýöne olar raýat we jenaýat işleri babatda nägilelik hem-de gözegçilik kazyýetleri hökmünde hem hereket edýärler. Şol sebäpli-de olaryň hukuk ýagdaýy Arbitraž kazyýet bilen deňeşdirilende köpugurlydyr we ýokarydyr.

Ýokarda agzalanlardan ugur alyp, döwletiň bitewi kazyýet ulgamynda Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetini ykdysady işler boýunça ýöriteleşdirilen kazyýet hökmünde kanun tertibinde resmi berkidilmegini maksadalaýyk hasaplaýarys. Mümkin ony şeýle-de atlandyrmalydyr, ýagny Türkmenistanyň Ykdysady kazyýeti diýip[59]. Ýogsam, tejribede olary köplenç halatda döwlet kazyýet häkimiýetine hiç hili dahyly bolmadyk täjirçilik arbitraž kazyýetleri bilen çalşyrýarlar.

---

[58] Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Bap. 27.1.; 28.1.; 28.2.

[59] Moldowa, Azerbaýjan, Täjigistan we Gazagystan respublikalarynda ykdysady jedelleri çözýän kazyýetler, şeýle-de GDA girýän döwletler üçin ykdysady jedelleri çözýän kazyýet – “Ykdysady kazyýet” diýip atlandyrylýar.

Ylmy edebiýatda hem “ykdysady işler boýunça adyl kazyýeti amala aşyrmak” we “ykdysady kazyýet” diýen düşünjeler duş gelýär (Экономическое (коммерческое) правосудие в России: в 4 т. М., 2005-2007.; Клеандров М.И. Экономическое правосудие в России: прошлое, настоящее, будущее. М., 2006; Скуратовский М.Л. Подготовка дела к судебному разбирательству в арбитражном суде первой инстанции.-М.: Волтерс Клувер, 2008. S.2-4; Каменков В.С. Субъектная доступность экономического правосудия Беларуси //Арбитражный и гражданский процесс. 2008. №5. S.33.; Кочаненко Е.П. Упрощенная форма разрешения дел в арбитражном процессе Российской Федерации: Автореф. дис. ... канд. юрид. наук. М., 2009. S.7.).; Богатырев Е.В. Генезис и эволюция механизмов экономического правосудия в российском государстве // Государство и право. 2011. №2. S.111-116.

Munuň şeýle bolmagynyň düýp sebäbi hem “arbitraž” diýen sözüň fransuz dilinde “kazyýet” diýmekligi aňladýanlygyndadyr[60]. Şu ýagdaýda “arbitraž kazyýeti” diýen düşünjäniň iki gezek kazyýet diýmekligi aňlatdygy bolýar.

Mundan başga-da, daşary ýurt tejribesinden ugur alyp, Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetine nägilelik we gözegçilik kazyýetleriniň ygtyýarlyklaryny bermek dogry bolardy. Egerde kanunda arbitraž gözegçilik kazyýetiniň kazyýet namalaryna Türkmenistanyň Ýokary kazyýetine garşylyknama bildirmek mümkinçiligi berkidilse, onda Türkmenistanyň Arbitraž kazyýeti öz welaýat düzümleri bilen birlikde (olar birinji basgançakly kazyýet hökmünde döredilen ýagdaýynda) ýurduň bitewi kazyýet ulgamyna örän ýerlikli ornaşdyryldy diýip hasaplap bolardy. Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetinden tapawutlylykda, GDA döwletleriniň aglabasynda (Gruziýa we Gyrgyzystandan galanlarynda) ykdysady işlere garaýan kazyýetleriň ýöriteleşdirilen kazyýet ulgamyna mahsus bolan ähli ygtyýarlyklary kanunda doly berkidilendir.

Ykdysady adyl kazyýet bilen bagly ýokarda beýan edilen garaýyşlary Türkmenistanyň Konstitusiýasyna degmezden, esasan, Türkmenistanyň “Kazyýet hakynda” kanunyna üýtgetmeleri girizmek bilen düzgünleşdirmek mümkindir.

Şeýle-de, Arbitraž kazyýetiň umumy ýurisdiksiýaly kazyýetleriň ulgamyna girýänligi şu kadalardan jedelsiz görünýär: Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti Arbitraž kazyýet babatda nägilelik hem-de gözegçilik kazyýetleriň wezipelerini ýerine ýetirýär; onuň düzüminde arbitraž işleri boýunça ýörite kazyýet kollegiýasy hereket edýär; Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti Arbitraž kazyýetiň işgärler syýasatyny hem-de onuň maddy-tehniki üpjünçiligini amala aşyrýar.

Garalýan mesele bilen baglanyşykly döwletiň arbitraž iş ýörediş kanunçylygyny özgertmek diýseň derwaýys meselä öwrülýär. Bu babatda Hormatly Prezidentimiziň şu aýdanlaryndan ugur almak gerek: ”Ýurdumyzyň kanunçylygyny häzirki döwri we geljegi göz öňünde

[60] Словарь иностранных слов. -18-е изд., стер.- М.: Рус яз., 1989. S.51.

tutup seljermek örän möhüm wezipe bolup durýar[61]". Ýurdumyzyň iş ýörediş kanunçylygynyň özgerdilmegine döwletiň hukuk syýasatynda nä derejede üns berilýändigini Milli Liderimiziň şu sözlerinden görmek bolýar: "Türkmenistanyň täze Raýat iş ýörediş kodeksini hem ýakyn wagtlarda işläp taýýarlamak zerurdyr[62]".

Türkmenistanyň raýat we arbitraž iş ýörediş kanunçylyklaryny özgertmek bilen bagly pikirler awtor tarapyndan birnäçe ylmy işlerde düýpli seljerildi[63]. Mundan başga-da Türkmenistanyň arbitraž kanunçylygy boýunça geçirilen ylmy-amaly seljermeleriň netijeleri awtoryň soňky döwürlerde neşir edilen ylmy işlerinde beýan edildi[64].

Biziň öňümizde hereket edýän TAIÝK-ny hem-de TRIÝK-ny ýurduň maddy-hukuk, ýagny Türkmenistanyň raýat kanunçylygyna dogrulamak wezipesi durýar**.** Iş ýöredişiň dispozitiwlik başlangyçlarda alnyp barylmagyny, şeýle hem jedelleşýän taraplar üçin öz hukuklaryny we kanuny bähbitlerini bäsleşikli kazyýet önümçiliginde goramaga deň şertleriň hem-de mümkinçilikleriň döredilmegini üpjün etmek döwletiň şu döwürde arbitraž iş ýörediş kanunçylygynyň esaslaryny düzýän baş ýörelgeleri bolmalydyr.

Belarus Respublikasynyň Ýokary Hojalyk Kazyýetiniň başlygy W.S. Kamenkowyň dogry bellemegine görä, adyl kazyýetiň elýeterligine baha berip, döwletiň ösüşiniň derejesini, onuň demokratik häsiýetliligini we özgertmeleriň gumanitar ugurlylygyny, ýurtda deňagramlylygy üpjün edýän serişdeleriň, şeýle hem subýektleriň hukuklaryny goramagyň hakyky gurallarynyň barlygyny anyklap

---

61 Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlary bilen duşuşygynda eden çykyşy (2011-nji ýylyň 20-nji ýanwary). Türkmenistan gazeti, 21.01.2011ý. S.2.

62 Şol ýerde, S.2.

63 Olardan esasylary şulardyr: Гочыев Т.Д. Судебная защита прав и интересов в сфере брачно-семейных отношений. Монография. Ашгабат, 1988; Гочыев Т.Д. Совершенствование конституционных основ правосудия. Ашгабат: Наука и техника в Туркменистане, 1999. №6; Goçyýew T.D., Ataýew S.K., Çaryýew A.A. Arbitraž iş ýörediși. Okuw kitaby. Aşgabat, 2010.

64 Seret: Derňelýän tema boýunça awtoryň çap eden ylmy işleri, *S. 293-294.*

bolýar[65]. Galkynyş eýýamynda ýurdumyzda adyl kazyýetiň, şol sanda ykdysady işler babatda hem görkezilen talaplara doly laýyklykda özgerdiljekdigine şühbe bolup bilmez.

## 1.4. Arbitraž we raýat iş ýöredişinde prokuroryň hukuk ýagdaýy

Türkmenistan garaşsyzlygyny gazanandan soňra ykdysady gatnaşyklary talaba laýyk düzgünleşdirmek maksady bilen, ilkinji nobatda döwletiň raýat kanunçylygyny kämilleşdirip, ony bazar gatnaşyklarynyň şertlerine doly laýyk getirdi. Tejribeden görnüşine görä, TRK-a bazar gatnaşyklarynyň dinamikasyna oňaýly täsir edýär.

Ýöne muny bozulan ýa-da jedelli raýat kanunçylygynyň kadalarynyň mejbury ýerine ýetirilmegini üpjün edýän iş ýörediş kadalary babatda aýdyp bolmaýar. TRIÝK-a sosializmiň gülläp ösen döwründe kabul edilipdi. Elbetde, ol täze dörän anyk taryhy şertlerde özgerdilmäge degişli. TRIÝK-nyň taslamasy boýunça işler Türkmenistanyň Mejlisinde netijeli alnyp barylýar. TAIÝK babatda aýdylanda, ol garaşsyzlyk eýýamynyň miwesi bolsa-da, muňa garamazdan ony döwrebaplaşdyrmak maksady bilen hukuk seljermesiniň geçirilmegi zerur bolup durýar[66].

TRK-a, TRIÝK-a hem-de TAIÝK bazar ykdysadyýetini düzgünleşdirmekde umumylykda ykrar edilen ýörelgelere esaslanýan hukuk çygrynda hereket etmelidirler. Başgaça bolanda olaryň sazlaşykly arabaglanyşygyny üpjün etmek, şeýlelikde, hukugyň subýektleriniň hukuklarynyň hem-de kanuny bähbitleriniň döwlet goraglylygyny göwnejaý ýerine ýetirmek mümkin däl. Maddy we iş ýörediş kanunçylygynyň hereket ediş tertibi, adatça, bazar gatnaşyklarynyň subýektleriniň erkine hem-de isleglerine esaslanýar.

[65] Каменков В.С. Субъектная доступность экономического правосудия Беларуси //Арбитражный и гражданский процесс. 2008. №5. S.32.

[66] Goçyýew T.D. Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetiniň hem-de prokuroryň iş ýöredişe gatnaşmagynyň möhüm meseleleri. Aşgabat: “Garaşsyz, Baky Bitarap Türkmenistan Täze Galkynyşlaryň ýurdudyr” atly ylmy işleriň ýygyndysy, Aşgabat, 2010. S. 312-319.

Munuň özi, haçan-da olar şertnama baglaşanlarynda, ony üýtgedenlerinde ýa hereketini ýatyranlarynda, şeýle-de, borçnamalaryny ýerine ýetirmeýän ýa-da göwnejaý ýerine ýetirmeýän tarapdan öz hukuklaryny goranlarynda olaryň özbaşdak hereket etmeklerini aňladýar. Elbetde, bazar gatnaşyklarynyň subýektleriniň özbaşdak hereket etmek azatlygy ähli soňraky ýüze çykyp biljek hukuk netijelerini göz öňünde tutmak bilen olaryň özbaşdak jogapkärçiligini-de aňladýar.

Iş ýöredişiň her bir gatnaşyjysy aýratyn hukuk ýagdaýyna eýedir. Ygtyýarlyklaryň çägi iş ýöredişiň subýektiniň garalýan işiň netijesinde nähili bähbidiniň barlygyna bagly bolup durýar. Biri işde öz bähbidini goraýar, beýlekisi bolsa işe gatnaşyp, başganyň bähbidini goraýar. Bulardan-da başga adyl kazyýetiň dogry alnyp gidilmegine ýardam berýänler-de bar.

Prokuror arbitraž we raýat iş ýöredişinde başganyň bähbidini goraýanlaryň hataryna girýär. “Türkmenistanyň prokuraturasy hakynda” kanuna laýyklykda prokuror kazyýetde iş garalanda oňa özbaşdak subýekt hökmünde gatnaşýar. Iş ýöredişe gatnaşyjy hökmünde prokuroryň ygtyýarlyklary iş ýörediş kanunçylygynda berkidilýär[67].

Prokuroryň arbitraž we raýat iş ýöredişine gatnaşmagy maksadalaýyk däl diýen pikir bar. Şu netijäni esaslandyrmak üçin aşakdaky deliller öňe sürülýär[68]:

---

67 “Türkmenistanyň prokuraturasy hakynda” Türkmenistanyň kanuny. Aşgabat, 2009. Mad.43.

68 Чантурия Л. Некоторые вопросы реформы гражданско-процессуального права в государствах СНГ. В кн.: Право. Экономика. Благосостояние. Актуальные вопросы правовой реформы в Туркменистане. Ашгабат, 2010. S.50-55; Şol ýerde, Книпер Р. Основные вопросы гражданско-процессуального права. S.41.

Ýokarda görkezilenlere golaý esaslar boýunça Russiýa Federasiýasynda hem prokuroryň raýat we arbitraž kazyýet önümçiliklerinde ygtyýarlyklaryny has-da çäklendirmek barada teklipler aýdylýar. Şol bir wagtda hem raýat iş ýöredişinde prokuroryň ygtyýarlyklaryny kanunda hereket edýän derejesinde saklap galmaklygy we arbitraž kazyýet önümçiliginde bolsa, ony şol derejä ýetirmekligi ündeýän alymlar-da bar (Seret: Приходько И.А. Доступность правосудия в арбитражном и гражданском процессе: основные проблемы.: Изд-во С.-Петербургского госуд-ого ун-та. Санкт- Петербург. 2005. S.175-180 ).

hususy-hukuk jedeller garalanda hem çözülende prokuror gatnaşmaly däl, sebäbi ol jenaýat çygrynda iş alyp barmaly;

prokuror kazyýetde jedelleşýän taraplaryň biriniň bähbidini gorap, onuň üçin öz hukuklaryny goramakda artykmaçlyk döredýär, bu bolsa kazyýet önümçiliginiň bäsleşik ýörelgesiniň bozulmagyna getirýär;

kazyýet çözgüdi durnuklylygyny ýitirýär, sebäbi prokuror jedeliň tarapy bolmasa-da oňa hususy-hukuk meselesine gatyşyp, kanuny güýjüne giren kazyýet namalaryna garşylyknama bildirmek hukugy berilýär.

Ýokarda getirilen delilleri seljerip, olaryň artyk hem kem taraplaryny görkezmäge çalşalyň.

Döwletimiziň ösüşiniň şu tapgyrynda prokuroryň hereket ediş çygryny diňe bir jenaýat işleri bilen çäklendirmekligi maksadalaýyk däl hasaplaýarys. Aýdalyň, näme üçin döwletiň, onuň düzüm birlikleriniň ýa-da belli bir sebäplere görä öz hukuklaryny özbaşdak amala aşyryp bilmeýän kömege mätäç taraplaryň raýat-hukuk bähbitlerini goramaklygy prokurora tabşyryp bolmaýar? I.M. Baýkiniň dogry bellemegine görä, döwlet prokuratura edaralarynyň üsti bilen şahslaryň, ilkinji nobatda hem raýatlaryň hukuklaryny goramaga, şol sanda kazyýet edaralarynda, borçly bolup durýar[69].

Tejribeden belli bolşy ýaly, hususy-hukuk meseleleri babatda prokuroryň alyp barýan işleriniň jemgyýet üçin uly ähmiýeti bar, döwletde kanunylygyň berkemeginde-de onuň täsiri juda ýokary. GDA döwletleriniň içinde Gruziýadan başgalarynda prokuroryň raýat we arbitraž (hojalyk) işlerine gatnaşmaklygy kanunyň derejesinde berkidilendir[70].

---

[69] Байкин И.М. Вопросы ограниченного участия прокурора в гражданском процессе. //Арбитражный и гражданский процесс. 2008. №10. S.10.

[70] Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. Москва, 2006. С изм. и доп. на 12.07.11г.; Хозяйственный процессуальный кодекс Республики Узбекистан. Утвержден Законом РУз от 30.08.1997г. №478-1. С изм. и доп. на 01.06.2010г.; Хозяйственный процессуальный кодекс Республики Беларусь. Принят Палатой представителей 11.11.1998г. Одобрен Советом Республики 26.11.1998г. С изм. и доп. на 03.06.2011г.; Хозяйственный процессуальный

Bazar ykdysadyýetiniň şertlerinde prokuroryň kazyýet önümçiliginde hususy-hukuk işine esassyz sebäplere görä gatyşmagynyň öňüni almak maksady bilen, onuň ygtyýarlyklaryny belli bir derejede çäklendirmek zerur. Beýle diýildigi, umuman alanyňda, prokuroryň işiniň durmuş ugurlylygyny inkär etmeýär ýa-da onuň wajyplygyny peseltmeýär. Onsoňam, prokuroryň bu jähtdäki işini hususy-hukuk işine gatyşmaklyk diýip aýdyp bolmaýar.

Biziň pikirimizçe, prokuroryň iş ýöredişe diňe hukuklary bozulan ýa-da bikanun jedelleşmäniň ýüze çykan ýagdaýynda işde bähbidi bar taraplaryň haýyşlary hem-de olaryň razylygy bilen gatnaşmalydygyny kanun tertibinde berkitmek gerek[71]. Dogry, bu kada döwletiň we onuň düzümleriniň bähbitlerine täsir edýän işlere degişli edilmeli däl. Aslynda, hereket edýän kanunçylyk boýunça hem, eger-de işde bähbidi bar tarap prokuroryň onuň hususy-hukuk bähbidini gorap bildiren talabyny goldamasa, onda prokuror iş ýöredişiň dowam etdirilmegini talap edip bilmeýär. Ýöne, haçan-da prokuror öz bildiren talabyndan ýüz dönderende, kanun işde bähbidi bar tarapa iş boýunça kazyýet önümçiliginiň dowam etdirilmegini talap etmäge hukuk berýär[72].

Onsoňam häzirki döwürde ýuridik şahslaryň hem-de hususy telekeçileriň özleriniň prokuroryň "tölegsiz hyzmatlaryndan" peýdalanmaga uly gyzyklanma bildirýändiklerini bellemek gerek. Onuň-da düýp sebäbi , birinjiden, agzalan şahslaryň köplenç halatlarda hu-

кодекс Украины. Утвержден Верховной Радой от 06.11.1991г. №1798-XII. С изм. и доп. на 31.05.2011г.; Гражданский процессуальный кодекс Республики Молдова от 30.05. 2003г. №225-XV. С изм. и доп. на 23.06.2011г.; Гражданский процессуальный кодекс Республики Армения от 17.08. 1998 г. ЗР-247. С изм. и доп. на 07.04.2009г.; Гражданский процессуальный кодекс Кыргызской Республики от 24.11. 1999 г. С изм. и доп. на 19.01.2010г.; Гражданский процессуальный кодекс Республики Казахстан от 13.07.1999г. №411-1. С изм. и доп. на 20.01.2010г.; Гражданский процессуальный кодекс Азербайджанской Республики от 28.12. 1999г. С изм. и доп. на 23.12.2005г.; Кодекс Республики Таджикистан об экономическом судопроизводстве от 05.01.2008г.

[71] BR-iň HIÝK-synda prokuroryň hususy-hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan işleri gozgamagy üçin, bähbidi goralýan şahslaryň ýazmaça görnüşinde beýan eden razylygy gerek diýip berkidilen (mad.159, böl.5).

[72] Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 1964. Mad. 107.

kuk bilimleriniň ýetmezçilik edýänligi, ikinji tarapdan bolsa, tejribeli hünärmenleri wekil hökmünde edarada saklamaga ýa-da işe çekmäge elmydama maliýe ýagdaýlarynyň mümkinçilik bermeýänligi bilen düşündirilýär. Şonuň üçin hem prokuroryň işe gatnaşmaklygy bähbidi goralýan şahslar üçin ýokary hilli hukuk kömeginiň berilmeginiň kepili bolup durýar. Şeýlelikde, prokuror hakykat ýüzünde olaryň "adwokaty" bolup çykyş edýär. Şu ýagdaýda prokuror hususy-hukuk işlerine goşulýar diýip bolarmy? Eger-de prokuror taraplaryň razylygyny almazdan kazyýet önümçiligine öz başlangyjy bilen girýän bolsa, onda muňa hususy-hukuk işlerine prokuroryň gatyşmagy diýip aýdyp bolar.

Mümkin geljekde hususy-hukuk meseleler bilen bagly işlere prokuror gatnaşman, onuň işjeň ornuny tejribeli adwokatlar eýelärler. Şol döwürde adwokatlaryň kazyýetdäki hukuk ýagdaýy täzeden garalyp has-da güýçlendirilmegi mümkindir. Şeýlelikde, bu işler boýunça kazyýet önümçiliginde bäsleşigiň esasy subýektleri adwokatlar bolar.

Nemes alymlarynyň iş ýöredişde bäsleşik ýörelgesiniň bozulýanlygy babatda getiren delilleri boýunça şulary aýtmak bolar. Prokuroryň kazyýet önümçiliginde belli bir tarapyň bähbidini goramak bilen onuň maksady iş ýöredişde kanunylygy üpjün etmekdir. Eger-de talapçynyň talaby bikanun we (ýa-da) esassyz bolsa, onda prokuror onuň bähbidini arap iş gozgamaýar. Tersine zerurlyk bolan ýagdaýynda ol raýat iş ýöredişinde jogapçyny goldap çykyş edýär.

Şeýlelikde, prokuroryň kazyýet önümçiligine gatnaşmagynyň düýp sebäbi iş boýunça kanunylygy üpjün etmek bolup durýar. Prokuror bähbidi bar tarapyň razylygy bilen iş ýöredişe girýän-de bolsa, soňra onuň işiň ýagdaýlaryna baglylykda öz garaýşyny üýtgetmäge hukugy bolmalydyr. Başgaça aýdylanda, ol tarapyň erk-islegine tabyn bolmazdan iş ýöredişde kanunylygy üpjün etmelidir. Bähbidi bar tarapyň subýektiw hukuklary prokuror tarapyndan diňe kanunyň çygrynda goralmaga degişlidir. Şol sebäpli-de prokuror islendik wagt taraplara hukuk goldawyny bermekden ýüz dönderip bilýär.

Hereket edýän kanunçylyga laýyklykda prokuror iş ýöredişde giň ygtyýarlyklardan peýdalanýar. Bu ýagdaý kazyýet önümçiliginiň

bäsleşik esasynda alnyp gidilmegine göz-görtele täsir edýär. Hakykat ýüzünde iş ýöredişde deň hukukly bäsleşigi üpjün etmek üçin prokuroryň hukuklarynyň jogapçynyňkydan artyk bolmazlygy zerur[73].

Eger-de iş ýöredişiň döremegi, şeýle hem dowam etdirilmegi işde bähbidi bar taraplaryň erk-islegine bagly bolsa, onda TRIÝK-dan we maddy hukugyň degişli pudaklaryndan prokuroryň hususy-hukuk işlerine hökmany gatnaşmak kadasyny aýyrmaly. Kazyýetiň hem prokurory öz başlangyjy bilen bu işlere işe çekmek ygtyýarlygyny elinden almaly. Prokurory diňe döwlet bähbitlerine täsir edýän işlere öz başlangyjy bilen hökmany gatnaşmaly etmeli. Bu işlerde ol talapçynyň tarapynda, şonuň ýaly-da bikanun we (ýa-da) esassyz talap bildirilen halatynda jogapçynyň tarapynda hem işe gatnaşyp biler.

Kazyýet önümçiliginiň bäsleşik esasynda guralmagynyň düýp maksady işiň hakyky ýagdaýlaryny anyklamakda, şeýle hem iş boýunça kanuny hem esaslandyrylan çözgüdiň çykarylmagynda kazyýete hemmetaraplaýyn ýardam bermek bolup durýar[74]. Iş ýöredişde kanunylygy üpjün edýän hökmünde prokuror bäsleşik önümçiliginiň bu maksatlaryna ýetmek üçin kazyýete ýardam berýänleriň esasylarynyň biri bolup durýar.

Nemes alymlarynyň hususy-hukuk işine prokuroryň gatyşmagy sebäpli kazyýet çözgüdiniň durnuklylygynyň bozulýanlygy babatda getirýän delilleri bilen doly ylalaşyp bolmaz. Öň belläp geçişimiz ýaly, prokuror, eger-de ol kazyýet önümçiligine işde bähbidi bar tarapyň haýyşy we razylygy bilen girýän bolsa, onda onuň hereketlerini hususy-hukuk işine gatyşmak diýip hasaplap bolmaz.

Aslynda bikanun hem esassyz kazyýet namasy ýatyrylmaga degişlidir. Ýöne kazyýet namasynyň durnuksyz ýagdaýda uzak

[73] Гочыев Т.Д. Совершенствование конституционных основ правосудия //Türkmenistanda ylym we tehnika. 1999. №6. S. 11.

[74] Ylmy edebiýatda prokuror iş ýöredişiň ähli görnüşlerinde adyl kazyýetligi amala aşyrmakda kazyýetiň "ýardamçysy" diýen dogry pikir aýdylýar. Prokuror kazyýetiň üstünden gözegçilik alyp barmazdan "ýardamçy" hökmünde kazyýete işiň ýagdaýlaryna dogry hukuk baha bermekde, hakykata gabat gelýän we adalatly çözgüdi çykarmakda kömek berýär (Seret: Черепанов М.М., Воронова Н.Н. Принцип содействия прокурора правосудию и независимости судей // Юридические науки. 2011. №3. 40-43).

möhletiň dowamynda bolmagyna hem ýol berip bolmaz. Munuň özi hukuk döwletiniň ýörelgelerine gabat gelmeýär. Onsoňam kazyýet namasynyň haçan-da bolsa geljekde bir wagt ýatyrylyp bilinmek mümkinçiligi kazyýet namalarynyň kanuny güýjüne ynamsyzlyk döredýär.

Işde bähbidi bar taraplar öz hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramaklygy ähli kanuny serişdeleri ulanmak bilen, şol sanda prokuroryň goldawyndan hem peýdalanyp, mümkin boldugyça gysga wagtyň içinde üpjün etjek bolmalydyrlar we kazyýet önümçiliginiň uzaga çekilmegine ýol bermeli däldirler. Şu zeýilli çäklendirmäniň TRIÝK-na, şeýle hem TAIÝK-na girizilmegi dogry bolardy. Mysal üçin, şuňa meňzeş tejribe RF-iň AIÝK-synda göz öňünde tutulandyr [75].

Aýdylanlardan şu netijeler gelip çykýar. Prokuror hususy-hukuk işine diňe işde bähbidi bar tarapyň haýyşy we islegi boýunça gatnaşmaly. Prokuroryň başlangyjy bilen gozgalan işde sözüň maddy-hukuk manysynda talapçy bolup bähbidi goraljýan tarap çykyş edýär. Prokuror bu kazyýet önümçiliginde sözüň iş ýörediş manysynda talapçy bolup durýar[76]. Talapçynyň we prokuroryň hukuk ýagdaýlary biri-biriniňkä golaý, ýöne doly gabat gelmeýär (iş boýunça prokurora hiç zat berilmeýär ýa-da ondan hiç zat alynmaýar, onuň garşysyna garşylyklaýyn talap bildirip, şeýle hem onuň bilen barlyşyk ylalaşygyny baglaşyp bolmaýar[77]).

Türkmenistanyň ösüşiniň häzirki döwründe ykdysadyýetde eýeçiligiň aglaba böleginiň döwlete degişlidigini nazara alyp, döwlet bähbidine täsir edýän işlere prokuroryň gatnaşmagy hereket edýän kanunçylykda berkidilişi ýaly üýtgewsiz galdyrylmaly, ýöne ýokarda agzalan käbir çäklendirmeler girizilmeli. Döwlet ykdysadyýetiň özüne degişli böleginde "dolandyryşy" amala aşyrýar, ol hem "häkimlik-

[75] Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Mad.292, böl.3.

[76] Власов А.А. Участие прокурора в судебном разбирательстве. Ульяновск. 2002. S. 19.

[77] Отческая Т.И., Власов А.А., Шилов А.В., Сметанников А.Е. Арбитражный процесс: Учебное пособие. Тюмень: Издательство Тюменского государственного университета. 2008. S.126.; Арбитражный процесс. Учебник. / Под ред. В.В. Яркова. М.:Юрист. 2002. S.107.

tabynlyk" ýörelgesine eýerýär. Ykdysady dolanyşykda deňhukukly gatnaşyklar diňe hususyýetçilikde, şonuň ýaly-da döwlet edara düzümleriniň hususy kärhanalar (telekeçiler) bilen gatnaşyklarynda ýüze çykyp biler. Döwletiň jemgyýetiň talaba laýyk özgerdilmeginde tutýan ornuna baha bermek bilen Hormatly Prezidentimiz şeýle belläp geçýär: "Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda ýurdumyzyň jemgyýetçilik-syýasy, ykdysady, sosial we ruhy durmuşynda esasy orun döwlete degişlidir[78]".

Daşary ýurt tejribesinden görnüşine görä, arbitraž kazyýet önümçiliginde şahslaryň hukuklaryny we bähbitlerini, ilkinji nobatda hem jemagat bähbitlerini[79] goramak maksady bilen prokuroryň ygtyýarlyklaryny giňeltmek meselesi möhüm ähmiýete eýedir[80]. Mysal üçin, häzirki döwürde Russiýa Federasiýasynyň Döwlet Dumasynda RF-iň AIÝK-syna degişli üýtgetmeleri we goşmaçalary girizip, prokuroryň telekeçilik we ykdysady işler boýunça jemagat bähbitlerini goramakda onuň arbitraž iş ýöredişine gatnaşmagynyň esaslaryny giňeltmek barada teklipler seljerilýär[81].

Ylmy edebiýatda hem prokuroryň jemagat bähbitlerini goramak babatda ygtyýarlyklarynyň çäklendirilmeli däldigi nygtalýar[82]. Raýat

[78] Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Konstitusiýa binasynyň açylyş dabarasynda eden çykyşy (2011-nji ýylyň 18-nji maýy). Türkmenistan gazeti, 19.05.2011ý. S.2.

[79] "Döwlet we jemgyýetçilik bähbitleri" diýen düşünje Russiýa Federasiýasynda indi "Jemagat bähbitleri" diýip ulanylýar (seret: Шамшурин Л. Об участии прокурора в разбирательстве гражданских дел: вопросы теории и практики // Арбитражный и гражданский процесс. 2009. № 3. S.12.

[80] Крипакова Д.Р. Объяснения лиц, участвующих в деле, в системе средств доказывания в арбитражном процессе: Автореф. дис. ... канд. юрид. наук. Саратов, 2009. S.17.

[81] Ковалев А. К вопросу об участии прокурора в арбитражном процессе. http://www.juristmoscow.ru/adv_rek/552/. 20.05.2011.

[82] Шамшурин Л. Об участии прокурора в разбирательстве гражданских дел: вопросы теории и практики //Арбитражный и гражданский процесс. 2009. № 3. S.14.; Ефросин Д. Защита прокурором публичных интересов //Законность. 2002. №12. S.40-42.; Ковалев А. И снова к вопросу об участии прокурора в арбитражном процессе // Арбитражный и гражданский процесс. 2007. № 4.

we arbitraž iş ýöredişi hukugynda belli alym W.M. Şerstýuk hem düýpli çäklendirmeleriň ykdysady gatnaşyklarda kanunylygyň berkemegine oňaýly täsir etmeýänligi sebäpli, 2000-nji ýyllaryň başlarynda arbitraž kazyýet önümçiliginde prokuroryň gozgap bilýän işleriniň sanawyny köpeltmekligi teklip edipdi[83]. Şuňa meňzeş garaýyş prokuroryň raýat kazyýet önümçiligine gatnaşmagy babatda hem aýdylýar[84]. Şu seljermeden görnüşine görä, prokuroryň kazyýet önümçiliginde hukuk ýagdaýyny has-da berkitmek we ygtyýarlyklaryny giňeltmek meselesi soňky döwürde möhüm ähmiýete eýe bolýar.

Bu çemeleşme biziň ýokarda geçiren ylmy seljermämize doly gabat gelýär. Russiýa Federasiýasynyň bu ugurda işleýän alymlarynyň we hukuk ulanyjylarynyň pikirlerine laýyklykda, umuman alanyňda, ykdysady hem-de raýat işleri boýunça prokuroryň ygtyýarlyklary çäklendirilmäge degişli. Prokuror diňe telekeçilik we ykdysady işler boýunça jemagat bähbitlerini, şeýle hem belli bir sebäplere görä öz hukuklaryny we kanuny bähbitlerini özbaşdak gorap bilmeýän ýa-da bu meselede kynçylyk çekýän şahslaryň goragynda bolmalydyr[85].

Tejribeden belli bolşy ýaly, döwlet bähbidi bilen bagly her bir kanun bozulma prokuroryň gatyşmagyny talap etmeýär. Adatça, kazyýete bähbidi bar taraplaryň özleri ýüz tutýarlar. Döwletiň edara düzümleri haýsy-da bolsa bir sebäplere görä öz hukuklarynyň bozulanlygyny bilseler-de kazyýete ýüzlenmeseler ýa-da döwletiň bähbidine göz-görtele ters gelýän geleşigi hakyky däl diýip tapmak barada mesele dörese, onda prokuror islendik halatda zerur kanuny

---

S.12-16.

[83] Шерстюк В.М. Новые положения третьего Арбитражного процессуального кодекса Российской Федерации. М., 2003. S.35.

[84] Маслова Т.Н. Проблемы участия прокурора в гражданском судопроизводстве. Автореф. дис. канд. юр. наук. Саратов. 2002. S. 24.; Никонов В.А. Сравнительно-правовое исследование института прокуратуры в России во второй половине XIX - начале XX века и конце XX – начале XXI века. Дис. … канд. юр. наук. Владимир. 2005. S.10.

[85] Вахитов Р.С., Орлова А.И. Участие прокурора в арбитражном процессе. http://krasnoyarsk.arbitr.ru/90/75/733.html. 20.05.2011.

serişdeleri ulanyp, döwlet bähbidini goramaklygy üpjün etmelidir. Şonuň üçin, arbitraž iş ýöredişinde prokurora “ikinji görnüşde” hem kazyýet önümçiligine gatnaşmak hukugyny, şeýle hem iş ýöredişiň ähli tapgyrlarynda kanunylygy üpjün etmek boýunça beýleki zerur ygtyýarlyklary bermeli. TAIÝK-dan prokuroryň şu hukuklarynyň barlygy anyk görünmeýär[86].

Raýat iş ýöredişinde ýöne ýerden prokurora beýleki işe gatnaşýan taraplardan tapawutlylykda zerur goşmaça ygtyýarlyklar berilmeýär. Mysal üçin, ol iş ýöredişe onuň islendik tapgyrynda girip bilýär, işe gatnaşmazdan kazyýet namalaryna teklipnama ýa-da garşylyknama getirip bilýär, kazyýet namalarynyň ýerine ýetirilişinde kanunylygy üpjün edýär[87].

Prokuroryň aýratyn hukuk ýagdaýy kazyýetiň garaşsyzlyk ýörelgesine hem garşy gelmeýär. Ol diňe iş gozgaýar ýa-da raýat iş ýöredişine girip, kazyýet namasynyň kanunylygy we esaslylygy babatda öz pikirini beýan edýär. Kazyýet önümçiliginiň dowamynda döreýän meseleler, şeýle hem işiň düýp mazmuny boýunça gutarnykly netijäni elmydama diňe kazyýetiň özi kabul edýär.

Prokuroryň goşmaça ygtyýarlyklary iş ýöredişiň dispozitiwlik ýörelgesine hem ters gelmeýär. Hususy-hukuk işinde prokuror taraplaryň erk-isleginiň garşysyna hiç hili hereketleri amala aşyrmaýar. Eger-de iş ýöredişe döwletiň edara düzümleri gatnaşýan bolsalar, onda prokuror olara hukuk goldawyny bermek bilen döwlet bähbitlerini goraýar, şol bir wagtda hem kazyýet önümçiliginde kanunylygy üpjün edýär. Şeýlelikde, döwlet bähbitleri bilen bagly işlere prokuroryň gatnaşmaklygy döwletiň hem-de onuň edara düzümleriniň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini talaba laýyk goramakda goşmaça kepillendirme bolup durýar. Aýdylanlar deň derejede prokuroryň gatnaşmagynda garalýan hususy-hukuk işlerine hem degişlidir.

---

[86] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 40.

[87] Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 1964. Mad. 107.

# II BAP. YKDYSADY IŞLERIŇ KAZYÝETIŇ GARAMAGYNA WE BELLI BIR KAZYÝETIŇ GARAMAGYNA DEGIŞLILIGI

## 2.1. Ykdysady işiň kazyýetiň garamagyna degişliligi barada düşünje we onuň görnüşleri

Ykdysady işiň kazyýetiň garamagyna degişliligi arbitraž hukugynyň nazaryýetinde we tejribede häzirki döwürde çylşyrymly meseleleriň biri bolup durýar. TAIÝK-na laýyklykda kazyýetiň garamagyna ykdysady hukuk gatnaşyklaryndan ýa-da dolandyryş hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan jedelli işler degişli edilen[88]. Mundan başga-da kazyýet özüniň ygtyýarlygyna kanun tarapyndan degişli edilen beýleki işlere hem garap bilýär.

Türkmenistanyň "Kazyýet hakyndaky" kanunynda Arbitraž kazyýetinde işiň kazyýetiň garamagyna degişliligi, takmynan ýokardaka golaý mazmunda kesgitlenilýär. Şu kanunda Arbitraž kazyýetiniň kanuna laýyklykda ygtyýarlygyna degişli edilen ykdysady hukuk gatnaşyklaryndan ýa-da dolandyryş hukuk gatnaşyklaryndan, şeýle hem onuň ygtyýarlygyna kanun esasynda degişli edilen beýleki işlerden gelip çykýan jedelli işler boýunça kazyýet edarasy hökmünde çykyş edýändigi bellenilýär[89].

Ýokarda getirilen kesgitlemeler bilen bagly käbir tapawutly garaýyşlarymyz bar. Biziň pikirimizçe, Arbitraž kazyýetini "jedeller boýunça kazyýet edarasy" hökmünde garamak dogry däl. Ol diňe jedellere garaýan we çözýän edara hökmünde kabul edilip bilner.

Maddalaryň mazmunyna grammatiki taýdan düşündiriş berilmeginiň netijesinde tekstde "ýa bolmasa" we "ýa-da" diýen baglaýjy sözleriň ulanylmagynyň netijesinde kazyýetde garalmaga degişli edilen jedelleriň biriniň ret edilmegine we şonuň bilen birlikde, kanun çykaryjynyň garaýşynyň ýoýulmagyna getirendigine göz ýetirmek bolýar. Hakykatda bolsa Arbitraž kazyýetiniň garamaly işleriniň ha-

[88] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 22.
[89] "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň kanuny. Aşgabat, 2009. Mad. 32.

taryna ol hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan jedelleriň hemmesini degişli etmek zerurdyr. Şoňa görä-de, tekstde seljerilýän maddalarda "we" diýen baglaýjy sözü ulanmak dogry bolardy.

Agzalan maddalaryň mazmunynda "ygtyýarlyk" diýen düşünje ulanylýar. Bu sözüň manysy has giň bolup, ol işiň kazyýetiň garamagyna degişliligini, şeýle hem işiň belli bir kazyýetiň garamagyna degişliligini-de öz içine alýar[90]. Işiň kazyýetiň garamagyna degişliligi diýlip, kazyýet edarasynda kanun esasynda garalmaga we çözülmäge degişli edilen işleriň toplumyna düşünilýär. Şoňa görä-de, maddalaryň tekstindäki "onuň ygtyýarlygyna" diýen sözleri, "onuň garamagyna" diýen sözler bilen çalşylsa ýerlikli bolardy. Ýene-de bir bellemeli zat - "Kazyýet hakyndaky" kanunyň 32-nji maddasynyň tekstiniň rusça terjimesi onuň asyl nusgasyna doly gabat gelmeýär.

Bazar ykdysadyýetine geçilmegi bilen, işiň kazyýetiň garamagyna degişliligi kesgitlenende nämeden ugur alynmalydygyny anyklamak möhümdir. Şoňa görä-de, bu babatda RF AIÝK-synyň degişli maddalaryny we alymlarynyň garaýyşlaryny seljerip göreliň. Munuň özi TAIÝK-nyň degişli kadalaryny döwrebap özgertmek üçin wajypdyr.

RF-iň öňki AIÝK-synda (1995ý.) bu meselede, esasan, iki zatdan ugur alynýardy: jedelli gatnaşygyň häsiýetinden we onuň subýekt düzüminden. Jedelli gatnaşyk raýat, dolandyryş ýa başga häsiýetli gatnaşykdan gelip çykmalydy. Onuň subýektleri bolsa ýuridiki şahslar we hususy telekeçiler bolmalydylar. Şu iki ölçegiň kömegi bilen arbitraž we umumy ýurisdiksiýaly kazyýetleriň garamaly işleri tapawutlandyrylýardy.

Alymlaryň bir toparynyň pikirine görä, Russiýa Federasiýasynyň hereket edýän AIÝK-synda (2002ý.) arbitraž we umumy ýurisdiksiýaly kazyýetleriň arasynda "tapawutlandyryş ölçegi" hökmünde diňe jedelleriň predmeti alnan. Şu ýörelge esasynda hem arbitraž kazyýetiň garamagyna ykdysady jedeller, telekeçilik hem-de beýleki ykdysady işlerden gelip çykýan jedeller degişli edilen[91].

---

[90] Seret: Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Вар. 4.

[91] Отческая Т.И., Власов А.А., Шилов А.В., Сметанников А.Е. Арбитражный процесс: Учебное пособие. Тюмень: Издательство Тюменского государствен-

Ykdysady ýa-da telekeçilik işi bilen bagly jedelleri kesgitlemekde kynçylyk döremeýär. Ýöne “beýleki ykdysady işlerden” gelip çykýan jedelleri anyklamakda soraglar ýüze çykýar. Hukuk tebigaty boýunça bu işler ykdysady esasly we hojalyk häsiýetli bolup, maddy zerurlyklary hem-de gymmatlyklary kanagatlandyrmaga gönükdirilendirler. Emma bu işi amala aşyrýanlar hukuk ýagdaýy boýunça ýuridik şahs däldirler. Onda bu şahslar kimkä diýen soraga şu mysalyň üsti bilen jogap berip bolar, ýagny beýleki ykdysady iş hökmünde paýnama alyp, şonuň girdejileriniň hasabyna gazanç edýänler[92].

TAIÝK-nyň 22-nji maddasynyň birinji bölegi umumy kada hökmünde berlen, ýöne onda kazyýetlerde garalýan ähli ykdysady işler (telekeçilik bilen bagly we beýleki ykdysady işler) görkezilmedik. Şu ýerde RF-iň AIÝK-sy bilen bagly ýokarda geçirilen ylmy derňewden ugur alyp, TAIÝK-da arbitraž we umumy kazyýetleriň arasynda “esasy tapawutlandyryş ölçegi” hökmünde jedelleriň predmetini almak zerurdyr. Şol bir wagtda hem kazyýetde garalýan jedelli gatnaşyklaryň subýekt düzümini hökmany halatda kanunda görkezmeli. GDA döwletleriniň ählisiniň adybir we raýat iş ýörediş kodekslerinde şu çemeleşmeden ugur alnan.

Biziň pikirimizçe, RF-iň AIÝK-synyň ýokarda agzalan maddasynda tapawutlandyryş ölçegi hökmünde jedelli gatnaşygyň subýekt düzümi goşmaça esas hökmünde göz öňünde tutulan. Rus alymlarynyň içinde hem bu meselede jedelli gatnaşygyň sybýekt düzümine esasy däl, ýagny ikinji derejeli ölçeg hökmünde garaýanlar bar[93]. Käbir rus alymlary arbitraž we umumy ýurisdiksiýaly kazyýetleriň garamagyna degişli işler tapawutlandyrylanda, esasan, onuň subýekt düzüminden we hukuk gatnaşygynyň häsiýetinden ugyr almaly diýip hasaplaýarlar[94].

---

ного университета. 2008. S.62.; Арбитражный процесс. Под ред. В.В.Яркова. Учебник.-4-е изд., перераб. и доп. М.:Инфотропик Медиа, 2010. S.55-59.

[92] Şol yerde, S.65.

[93] Арбитражный процесс: Учебник-3-е изд., перераб. и доп. / Под ред. М.К. Треушникова. М.: Издательский дом «Городец», 2007. S. 51.

[94] Шерстюк В.М. Арбитражный процесс в вопросах и ответах. Комментарии, рекомендации, предложения по применению АПК РФ. 4-е изд., доп. и перераб. – М.: Издательский Дом “Городец”, 2010. S. 52.

Aýdylanlary jemläp, ykdysady işleriň kazyýetiň garamagyna degişliligi kesgitlenende, şol bir wagtda jedeliň predmetinden hem-de jedelli gatnaşygyň subýekt düzüminden ugur almaly diýip netijä gelýäris.

Işiň kazyýetiň garamagyna degişlilik aňlatmasyna, mazmuny boýunça golaý gelýän düşünjeler hem bar. Hususan-da "ýurisdiksiýa" diýen düşünjäni "işiň kazyýetiň garamagyna degişliligi" diýen meňzeş düşünje hökmünde garalýar. Başga bir jähtden "ýurisdiksiýa" diýen düşünjäni, "işiň belli bir kazyýetiň garamagyna degişliligi" diýen deň manyly düşünje hökmünde hem kabul edilýär[95]. Dogrusy, soňky on ýyllykda raýat iş ýörediş hukugynyň ylmynda "ýurisdiksiýa" diýip hukuklary we kanuny bähbitleri goramaga gönükdirilen hukuk ulanyş işine düşünilýär[96]. Bu pikir has-da çuňňur seljerilip, "ýurisdiksiýa" diýen düşünjäniň belli bir işi amal etmäge ugrukdyrylan ygtyýarlyklaryň jemine, "ýurisdiksion iş" diýip bolsa şol ygtyýarlyklary belli bir edara tarapyndan amala aşyrylmagyna, ýagny "ýurisdiksiýanyň" ýüze çykmasyna aýdylýar[97]. Şeýlelikde, "ýurisdiksion iş" diýen düşünje "ýurisdiksiýany" hem öz içine alýar.

TAIÝK-da we Türkmenistanyň "Kazyýet hakyndaky" kanunynda "arbitraž işler" diýen düşünje ulanylýar. Şu düşünjäniň manysyna doly göz ýetirmek üçin, ilkinji nobatda, "ykdysady jedel" diýen düşünjäni ylmy nukdaýnazardan seljermek zerur diýip hasaplaýarys.

Ylmy edebiýatda "ykdysady jedel" diýen düşünjäniň hukuk mazmuny ýok, ýagny kanunda berkidilmedik ýa-da ony kesgitlemek mümkin däl diýen pikir aýdylýar[98]. Şeýle-de bolsa, "ykdysady jedel" diýip telekeçilik we beýleki ykdysady işiň amala aşyrylmagy bilen raýat, dolandyryş hem-de başga jemagat gatnaşyklaryndan gelip çykýan taraplaryň arasyndaky jedele düşünmeli diýen dogry

---

[95] Seret: Советский гражданский процесс: Учебник /Под ред. А.А.Добровольского, А.Ф. Клейнмана. М., 1970. S. 100.

[96] Seret: Гребенцов А.М. Развитие хозяйственной юрисдикции в России. М., 2002. S.2.

[97] Аргунов В.В., Аргунов А.В. О понятии юрисдикции //Законодательство. 2008. №11. S.61-62.

[98] Шерстюк В.М. Новые положения Арбитражного процессуального кодекса РФ. М. 1996. S.30-31

garaýyş bar[99]. Anyk bir jedeli ykdysady iş bilen baglamak üçin, onuň jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň haýsy çäginde ýüze çykýanlygy möhümdir. Aýdalyň, sarp ediş çäginde döreýän emläk gatnaşyklaryny ykdysady gatnaşyklaryň hataryna goşup bolmaz, ýöne jemgyýetçilik önümçiliginde emele gelen gatnaşyklaryň ählisi-de ykdysady häsiýetlidir[100]. Şonuň üçin hem olary hiç bir şühbesiz "ykdysady jedellere" degişli edip bolar.

Arbitraž kazyýet iş ýöredişindäki işleriň esasy bölegine ykdysady (raýat) hukuk jedelleri hökmünde talap önümçiliginiň kadalary boýunça garalýar. Şoňa görä-de, arbitraž kazyýet önümçiliginde garalýan işler, biziň pikirimizçe, ykdysady (raýat) hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan ykdysady jedellerden döreýän raýat işleri, gysgaça aňladylanda – "ykdysady işler" diýip atlandyrylsa dogry bolardy[101]. Telekeçilik işini alyp barmak bilen bagly işlere hem ykdysady işler bilen ugurdaş iş, has anygy olaryň bir görnüşi, özi-de esasy görnüşi hökmünde garalýar[102]. Sözüň düýp manysynda, ykdysady jedeller bilen bagly dolandyryş hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan işleri, hukuk ähmiýetli

---

[99] Жуйков В.М. Судебная защита прав и интересов юридических лиц. М. 1997. S.280.; Комментарий к Арбитражному процессуальному кодексу Российской Федерации / Под ред. Г.А. Жилина. М.,2003. S.68.; Отческая Т.И., Власов А.А., Шилов А.В., Сметанников А.Е. Арбитражный процесс: Учебное пособие. Тюмень: Издательство Тюменского государственного университета. 2008. S.64.

100 Стрелкова И.И. Подведомственность арбитражному суду дел по экономическим спорам и иных дел: Автореф. дис. ... канд. юрид. наук. Екатеринбург, 2002. S.11-12.

[101] "Ykdysady iş" diýen düşünje Gyr.R-iň RIÝK-synda (mad.8, böl.3) we ER-iň RIÝK-synda (mad.221.1) ulanylýar. U-iň HIÝK-synda "hojalyk işi" diýen düşünje berkidilen (mad.1). Kanun çykaryjylyk tejribesinde we ylmy edebiýatda "hojalyk" we "ykdysady" diýen düşünjeler manydaş sözler hökmünde ulanylýar (seret: BR-iň HIÝK-synyň 2-nji maddasy; Каменков В.С. Субъектная доступность экономического правосудия Беларуси //Арбитражный и гражданский процесс. 2008. №5.).

[102] Ylmy edebiýatda telekeçilik işini ykdysady işiň esasy görnüşi hökmünde garaýan awtorlar başga-da bar (Скуратовский М.Л. Подготовка дела к судебному разбирательству в арбитражном суде первой инстанции.-М.: Волтерс Клувер, 2008. S.2).

ýagdaýlary anyklamak we batyp galmak gatnaşyklaryndan gelip çykýan işleri-de ykdysady işler diýen düşünjäniň hataryna goşup bolýar.

Şunuň ýaly çemeleşme, TRIÝK-da raýat işleri babatda hem ulanylýanlygyny aýtmak gerek. TRIÝK-nyň adynda diňe "raýat" sözi geçýär. Hakykat ýüzünde raýat işleri diýen düşünje öz içine maşgala, ýaşaýyş jaý, zähmet, şeýle hem tebigy baýlyklardan peýdalanmak we daşky gurşawy doramak bilen bagly gatnaşyklaryndan gelip çykýan işleri hem alýar. Şonuň ýaly-da raýat iş ýöredişine dolandyryş hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan işler hem-de aýratyn önümçiliginiň işleri-de degişlidir.

"Arbitraž işler" diýen düşünje kazyýetlerde garalýan maddy-hukuk häsiýeti bar bolan ykdysady jedelleriň düýp manysyny bermeýär. "Arbitraž işleri" diýen düşünje "kazyýet işleri", "prokuror işleri", "kepillendiriş işleri" ýaly we ş.m. manydaş düşünjeler bilen bir hatarda ulanylmaly.

Raýat we jenaýat işleri diýen düşünjeleriň manysy başgadyr. Raýat ýa-da jenaýat işleri diýlip, şol jedelli gatnaşyklary düzgünleşdirýän maddy (raýat we jenaýat) hukuklaryň pudaklaryna düşünilýär. Edil şunuň ýaly baglanyşygy, hukugyň zähmet, maşgala we beýleki maddy hukuk pudaklarynda hem görmek bolar.

Arbitraž iş ýöredişi we maddy hukuk jedel dörän ýagdaýynda, esasan, görnüş bilen mazmunyň gatnaşygy hökmünde ýüze çykýar[103]. Arbitraž iş ýöredişi ykdysady jedeller bilen bagly bozulan we jedelli raýat hukuklarynyň we bähbitleriniň mejbury goragyny üpjün etmegiň görnüşi bolup durýar.

Arbitraž iş ýöredişinde, şeýle-de raýat iş ýöredişinde hem durmuşa geçirilýän maddy-hukuk kanun – raýat hukugydyr. Ykdysady hukuk gatnaşyklarynyň hem TRK-nyň kadalary tarapyndan düzgünleşdirilýändigini bellemek zerur. Şeýlelikde, raýat-hukuk (ykdysady-hukuk) kadalarynyň goraglylygy TAIÝK-nyň we TRIÝK-nyň kadalary bilen üpjün edilýär.

RF-iň AIÝK-synda "arbitraž işleri" diýen düşünje ýokdur. Onuň deregine ykdysady jedeller bilen bagly raýat, dolandyryş we beýleki jemagat hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan, şeýle hem hukuk ýagdaýlaryny anyklamak boýunça işleri öz içine alýan "arbitraž

[103] Курс советского гражданского процессуального права. Т.1. Теоретические основы правосудия по гражданским делам. М.: Изд-во «Наука». 1981. S.66-72.

kazyýetiň garamagyna degişli işler ýa-da onda garalýan işler" diýen ýaly düşünjeler ulanylýar.

Şu ýerde "ykdysady kanunçylyk" diýen düşünjäni hem seljermekligi möhüm diýip hasaplaýarys. Sowet hukugynda "hojalyk kanunçylygy" hem-de "hojajyk hukugy" diýen düşünjeler duş gelýärdi we häzir-de käbir GDA döwletleriniň kanun çykaryjylyk tejribesinde we ylymda olar ulanylýar[104]. Aslynda welin jemlenen (kodifisirlenen) hojalyk kanunçylygy ýokdy, ol şu wagt hem ýok. Onuň kadalary raýat kodeksinde jemlenen. Häzirki döwürde hem şol tejribe dowam edýär we hukuk ylmynda, şol sanda ykdysady ylmy çeşmelerde hem hojalyk kanunçylygy diýen düşünjäniň deregine döwrebap "ykdysady kanunçylyk[105]" diýen düşünje ulanylýar.

Daşary ýurt döwletleriniň käbirinde kodifisirlenen hojalyk hukugy, ýagny Söwda kodeksleri bar hem bolsa , olar raýat-hukuk kanunlary hökmünde garalýar[106]. Aýdylanlardan ugur alsak, onda "ykdysady kanunçylyk" diýen düşünjäniň köp derejede ylmy hukuk ähmiýetiniň barlygyna göz ýetirmek bolýar. Şu jähtden "ykdysady kanunçylyk" bilen düzgünleşdirilýän jemgyýetçilik gatnaşyklaryny şertli "ykdysady hukuk gatnaşyklary" diýip atlandyryp bolar.

Şeýlelikde, "ykdysady kanunçylyk" diýen düşünje bilen bir hatarda "ykdysady iş ýörediş[107]", "ykdysady kazyýet önümçiligi[108]" diýen

[104] Арбитраж в механизме социалистического хозяйствования стран-членов СЭВ. М.: Наука, 1988. S.11-12.; Круглова Н.Ю. Хозяйственное право. Учебное пособие. 2-е изд., испр. и доп.-М.:Издательство РДЛ, 2001. S.3.

[105] Seret: Nuryýew Ý.M. Türkmenistanyň raýat kodeksi we ykdysady kanunçylygyň kämilleşmegi. Hukuk. Ykdysadyýet. Abadançylyk. Türkmenistanda hukuk özgertmesiniň döwrebap meseleleri. Aşgabat, 2010. S.58.; Каюмова К.А. Российское экономическое законодательство: понятие, структура, основные тенденции развития. Автореф. дис. ... канд. юрид. наук. Самара, 2003.

[106] Шрамм Х.Й. Применение Гражданского кодекса по спорным вопросам гражданского права и хозяйственного права. Hukuk. Ykdysadyýet. Abadançylyk. Türkmenistanda hukuk özgertmesiniň döwrebap meseleleri. Aşgabat, 2010. S.77.

[107] Ylmy edebiýatda "ykdysady iş ýörediş" diýen düşünje duş gelýär (Seret: Книпер Р. Основные вопросы гражданско-процессуального права. В кн.: Право. Экономика. Благосостояние. Актуальные вопросы правовой реформы в Туркменистане. Ашгабат, 2010. S.41).

[108] "Ykdyasdy kazyýet önümçiligi" diýen düşünje Täj.R-iň YKÖK-synda berkidilen

adalgalaryň ulanylmagy hiç bir kada ters gelmeýär. Diýmek, “arbitraž iş ýöredişi” we “arbitraž kazyýet önümçiligi” diýen düşünjeleri “ykdysady iş ýöredişi” we “ykdysady kazyýet önümçiligi” diýen düşünjeler bilen çalyşmaga bizde doly esas bar[109].

Ykdysady işler kazyýetleriň we bitarap kazyýetleriň garamagyna degişlidir. Kazyýet çözgüdi çykarylýança, taraplaryň ylalaşygy boýunça, islendik ykdysady iş bitarap kazyýetiň garamagyna geçirilip bilner[110].

Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda Türkmenistanyň Prezidentiniň kararyna laýyklykda, Türkmenistanyň Söwda-senagat palatasynyň ýanynda Arbitraž döredildi, şol karar bilen hem onuň Düzgünnamasy tassyklanyldy[111]. Şol Düzgünnamanyň 1-nji bölümine laýyklykda, bitarap kazyýetde raýat hukuk geleşiklerinden gelip çykýan jedelleriň bir tarapynda daşary ýurt ýuridik we fiziki şahslary gatnaşýan işler garalýar. Şeýlelikde, Söwda-senagat palatasynyň Arbitražynda ýerli ýuridik şahslaryň we hususy telekeçileriň gatnaşmagyndaky özara jedeller garalmaga degişli däldir.

Türkmenistanyň Söwda-senagat palatasynyň Arbitražynyň çözgüdi, döwlet tarapyndan tassyklanmaýanlygy sebäpli, meýletin ýerine ýetirilmäge degişlidir. Ol çözgütlere Arbitraž kazyýetine şikaýat (teklipnama, garşylyknama) getirmek tertibi göz öňünde tutulmadyk. Dogrusy, bitarap kazyýetiň çözgüdi bilen närazy şahslar jedeli çözmek üçin Arbitraž kazyýetine umumy esaslarda ýüz tutup bilýärler.

Türkmenistanyň Söwda-senagat palatasynyň Arbitražyny täjirçilik arbitraž kazyýetleri bilen garyşdyrmaly däl. Ol jedelli ýagdaýlary

---

(mad.2).

[109] Ylmy edebiýatda “hojalyk iş ýöredişi” we “hojalyk kazyýet önümçiligi” diýen kybapdaş düşünjeler ulanylýar (seret: Каменков В.С. Третьи лица в хозяйственном судопроизводстве Беларуси //Арбитражный и гражданский процесс. 2009. №1. S.33,35.; Кулаков С. Ограничение принципа состязательности в хозяйственном судопроизводстве сквозь призму конкуренции норм //Юрисконсульт. 2010. №3. S.83-85 ).

[110] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 23.

[111] Türkmenistanyň Prezidentiniň 1993-nji ýylyň 21-nji iýulynda çykaran 1409-njy karary bilen tassyklanan “Türkmenistanyň Söwda-senagat palatasynyň ýanyndaky Arbitraž barada” Düzgünnama. Türkmenistanyň Prezidentiniň aktlarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň kararlarynyň ýygyndysy. Aşgabat, 1993. № 7. Mad. 1429

düzgünleşdirýän hukuk tertibi hökmünde, meýilleşdirme esasynda guralýan sosialistik ykdysadyýeti döwründe döredilipdi. Bu institutlaryň gabat gelýän kadalary hem bar, ýöne olary hukuk tebigaty boýunça hiç bir ýagdaýda meňzeş hasaplamak bolmaz. Türkmenistanda entek "Täjirçilik arbitraž kazyýeti hakynda" kanun kabul edilmedi. Ýöne bazar gatnaşyklarynyň ýaýbaňlanmagy bilen bu zerurlyk hökman ýüze çykar.

Mundan başga-da bitarap kazyýetleriň çözgütleriniň mejbury ýerine ýetirilmeginiň mümkinçiligi halkara tejribesinde örän wajyp wezipe hökmünde garalýar. Muňa mysal edip, RF-iň AIÝK-synda bitarap kazyýetleriň çözgütlerini jedelli hasaplamak we olary mejbury ýerine ýetirmek üçin ýerine ýetiriş resminamalaryny bermek hakyndaky işleriň kazyýetiň garamagyna degişliligini kesgitlemek bilen ol hereketleriň jikme-jik beýan edilýändigini görkezmek bolar[112].

Türkmenistanyň Söwda-senagat palatasynyň Arbitražyna ýüz tutulýan ýagdaýlary tejribede seýrekdir. Şonuň üçin hem ykdysady işlere garaýan esasy edara hökmünde Arbitraž kazyýet we beýleki degişli kazyýetler çykyş edýär.

Işiň kazyýetiň garamagyna degişliligini kesgitlemegiň birnäçe toparlandyrylyşy bar. Diňe kazyýetiň garamagyna degişli işler – bu ýagdaýda iş diňe degişli kazyýetler tarapyndan garalyp we çözülip bilner[113].

TAIÝK-na laýyklykda kazyýetde garalmaga degişli bolmadyk jedeller hem bardyr[114]. Olar aşakdakylardan ybarat:

Türkmenistanyň kanunçylygy esasynda çözülmegi başga edaralaryň garamagyna degişli edilen jedeller;

harydyň nyrhyny, kärende töleginiň möçberini, şeýle hem ýerine ýetirilen hyzmatlar (ýerine ýetirilen işler) üçin nyrhlary bellemek hakyndaky jedeller;

taraplar üçin hökmany bolan resminama esaslanmaýan şertnamany baglaşmaga mejbur etmek hakynda arzalar.

---

[112] Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Bölüm. 30.
Şu tejribe GDA döwletleriniň adybir kodekslerinde hem berkidilendir.

[113] Şu ýerde we mundan beýläk ykdysady işlere Türkmenistanyň Ýokary kazyýetinde nägilelik we gözegçilik tertibinde garamaklyk hem göz öňünde tutulýar.

[114] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 22, böl.3.

Işiň kazyýetiň garamagyna şertli degişliligi – kanun ýa-da şertnama esasynda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda, jedelleriň kazyýete çenli düzgünleşdirilmegi hökmandyr. Şu talap berjaý edilmese jedel kazyýetiň garamagyna kabul edilip bilinmez[115].

Işiň kazyýetiň garamagyna şertnamalaýyn (alternatiw) esasda degişliligi – taraplaryň ylalaşygy boýunça gozgalan iş bitarap kazyýetiň garamagyna geçirilip bilner[116].

## 2.2. Ykdysady işiň kazyýetiň garamagyna degişliligini kesgitlemegiň umumy düzgünleri

Ylmy edebiýatda arbitraž kazyýetlerde özbaşdak "arbitraž kazyýet önümçiligi[117]", şeýle hem "raýat kazyýet önümçiligi[118]" amala aşyrylýar diýen garaýyşlar duş gelýär. Öň bellenip geçirilişi ýaly, umumy we arbitraž kazyýetlerde işlere garalanda olaryň predmetine baglylykda iş ýörediş hereketlerinde düýpli tapawutlyklaryň bolanlygy sebäpli, bu önümçilikler aýry-aýry kodeksler bilen düzgünleşdirilýär. Ýene-de bir bellemeli zat, Russiýa Federasiýasynyň abraýly kazyýet edarasy hasaplanýan Konstitusion Kazyýetiň kazyýet namalarynda hem "arbitraž kazyýet önümçiligi"[119] diýen düşünje giňden ulanylýar.

---

[115] Şol ýerde, mad. 4, böl.4.

[116] Şol ýerde, mad. 23.

[117] Seret: Григорьева Т.А. Проблемы арбитражной юрисдикции в России. История возникновения и пути решения на современном этапе. Дисс. ... д-ра юрид. наук. Саратов, 2002.; Королев И.С. Производство по делам, возникающим из административных и иных публичных правоотношений, в арбитражных судах РФ. Дисс. … канд. юрид. наук. М., 2006.; Шерстюк В.М. Реализация принципов арбитражного судопроизводства в законах, принятых после вступления в силу АПК РФ //Законодательство. 2011. №3.

[118] Seret: Новикова Ю.С., Оганджанянц С.И. Гражданское судопроизводство в процессуальном праве //Арбитражный и гражданский процесс. 2004. №8.; Воронов А.Ф. Виды производств в арбитражном процессе //Законодательство. 2010. №4. S.39.

[119] Seret: Определение Конституционного Суда РФ от 6 ноября 2003 года №390-0 «Об отказе в принятии к рассмотрению запроса Совета Администрации Красноярского края о проверке конституционности части 3 статьи 199

Aýdylanlardan ugur alyp, arbitraž kazyýetler özbaşdak kazyýet önümçiligini amala aşyrýarlar diýip hasaplasa bolar.

Ykdysady işleriň kazyýetiň garamagyna degişliligi Türkmenistanyň kanunçylygynda talaba laýyk düzgünleşdirilmeýär. Şol sebäplide bu mesele bilen bagly dürli garaýyşlar döreýär. TAIÝK-nyň degişli kadalaryny seljermäge geçmezden öňünçä, Russiýa Federasiýasynyň kanunçylygynda ykdysady işleriň kazyýetiň garamagyna degişliligini kesgitleýän ýörite kadalaryna baha bermäge synanşalyň.

1995-nji ýylda kabul edilen RF-iň AIÝK-syndan ugur alyp, alymlaryň bir bölegi arbitraž kazyýet önümçiliginiň iki görnüşini, ýagny talap we aýratyn önümçiliklerini tapawutlandyrýardylar[120]. Dolandyryş hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan işleri olar talap önümçiligine, batyp galmak bilen bagly işleri bolsa – aýratyn önümçilige degişli edýärdiler[121]. Dogry, bu awtorlar 2002-nji ýylda kabul edilen RF-iň AIÝK-syna esaslanyp soňky döwürde çap eden neşirlerinde dolandyryş hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan işleride, şeýle hem batyp galmak bilen bagly işleride arbitraž iş ýöredişiň özbaşdak önümçilikleri hökmünde ykrar edýärler. Ýöne RF-iň

Арбитражного процессуального кодекса Российской Федерации» //Вестник Конституционного Суда РФ. 2004. №1; Определение Конституционного Суда РФ от 27 декабря 2005 года №467-0 «Об отказе в принятии к рассмотрению жалобы Закрытого акционерного общества «Симал» на нарушение конституционных прав и свобод пунктом 2 статьи 311 Арбитражного процессуального кодекса Российской Федерации» // СПС «Консультант-Плюс».

[120] Dolandyryş we beýleki jemagat hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan işler özbaşdak önümçilik hökmünde berkidilmelimi ýa-da ol talap önümçiligine degişli edilmeli diýen mesele ylmy edebiýatda jedelli bolup geldi. Ahyrynda, Russiýa Federasiýasynyň 2002-nji kabul edilen AIÝK-synda dolandyryş we beýleki jemagat hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan işler özbaşdak önümçilikde garalmaly diýlen netijä gelindi (Попова Ю.А. Судопроизводство по делам, возникающим из публично-правовых отношений (теоретические проблемы). Краснодар, 2002).
Deňeşdirme hökmünde getirsek, ÖR-iň HIÝK-synda dolandyryş hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan işler özbaşdak önümçilik hökmünde berkidilmedik (mad.23).

[121] Арбитражный процесс. Учебник. / Под ред. В.В. Яркова. М.:Юрист. 2002. S.23-24; 261.

AIÝK-synda berkidilen “beýleki önümçilikleri” talap önümçiliginiň görnüşleri diýen netijä gelýärler[122].

Aýratyn önümçilik babatda hem ylmy edebiýatda tapawutly pikirler bar. RF-iň AIÝK-synda aýratyn önümçiligiň ýörite bölümde däl-de, käbir aýry-aýry maddalarda düzgünleşdirilýänliginden, şeýle hem hukuk ähmiýetli ýagdaýlary anyklamak boýunça işleriň kodeksiň “beýleki önümçilikler” bölüminde ýerleşdirilenliginden ugur alyp, ol arbitraž önümçiliginiň özbaşdak görnüşi hökmünde ykrar edilmeýär[123].

Arbitraž kazyýet hukugynyň nazaryýetine ylmy edebiýatda beýan edilýän şu aşakdaky garaýyş has ýakyndyr. Bu alymlaryň dogry bellemeklerine görä, RF-iň AIÝK-synda kazyýet önümçiliginiň şu görnüşleri göz öňünde tutulan:

Talap önümçiligi;

Dolandyryş-hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan işler boýunça önümçilik;

Aýratyn önümçilik;

Batyp galmak bilen bagly işler boýunça önümçilik;

Ýönekeýleşdirilen (jedelsiz) önümçilik;

Beýleki önümçilikler: bitarap kazyýetleriň çözgütlerini jedelli hasaplamak, olaryň çözgütlerini mejbury ýerine ýetirmek boýunça ýerine ýetiriş resminamasyny bermek baradaky işler, daşary ýurt döwlet we arbitraž kazyýetleriniň çözgütlerini ykrar etmek hem-de ýerine ýetirmek bilen bagly işler[124].

Şuňa meňzeş garaýyşlar başga-da birnäçe ylmy işlerde alymlar tarapyndan getirilýär[125]. Alymlaryň başga bir topary bu topluma

[122] Арбитражный процесс. Под ред. В.В.Яркова. Учебник.-4-е изд., перераб. и доп. М.:Инфотропик Медиа, 2010. S.13-14.

[123] Блажеев В.В. О существовании особых производств в арбитражном процессе // Актуальные проблемы гражданского права и процесса: сборник материалов Международной научно-практической конференции (12-13 октября 2006 года). Казань: Статут. 2006. S.133.

[124] Отческая Т.И., Власов А.А., Шилов А.В., Сметанников А.Е. Арбитражный процесс: Учебное пособие. Тюмень: Издательство Тюменского государственного университета. 2008. S.44-46.

[125] Бахарев П.В. Арбитражный процесс: Учебно-методический комплекс.-

girýän işleri gozgamagyň, seljermegiň we çözmegiň ýörite hukuk tertibi (reglamenti) bolmaly diýip hasaplaýarlar[126]. Biziň pikirimizçe, bu teklip goldanylmaga we hemmetaraplaýyn öwrenilmäge degişli. "Beýleki önümçilikleriň" gabat gelýän häsiýetnamalary kän, şoňa görä-de, toplumyň umumy hukuk tertibi (reglamenti) düzülse dogry bolardy.

Ýokarda sanalan kazyýet önümçiliklerinden Türkmenistanyň kanunçylygynda ýönekeýleşdirilen önümçilik göz öňünde tutulmadyk. Onsoňam "beýleki önümçilikler" kanunda doly düzgünleşdirilmedik we tejribede seýrek duş gelýär. Türkmenistanyň arbitraž kazyýet önümçiliginiň galan görnüşleri barada giňişleýin durup geçeliň.

Ykdysady işleriň kazyýetiň garamagyna degişliligini kesgitlemegiň umumy düzgünleri, TAIÝK-nyň 22-nji maddasynda berkidilendir[127]. Biziň pikirimizçe, onda kazyýet önümçiliginiň üç görnüşi boýunça garalýan ykdysady işleriň kazyýetiň garamagyna degişliligi göz öňünde tutulandyr:

talap önümçiligi boýunça garalýan işler (TAIÝK-nyň 22-nji maddasynyň ikinji böleginiň 1-7-nji, 9-njy bentleri);

dolandyryş we beýleki jemagat hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan işler (TAIÝK-nyň 22-nji maddasynyň ikinji böleginiň 8-nji, 10-njy, 11-nji bentleri);

aýratyn önümçiligiň işleri (TAIÝK-nyň 22-nji maddasynyň ikinji böleginiň 12-nji bendi).

---

М.:Изд.центр ЕАОИ, 2008, S.55-58.

[126] Арбитражный процесс: Учебник-3-е изд., перераб. и доп. / Под ред. М.К. Треушникова. М.: Издательский дом «Городец», 2007. S.19-20.
Umuman seljerilýän mesele häzirki döwürde ylmy edebiýatda juda jedelli bolmagynda galýar (Seret: Воронов А.Ф. Виды производств в арбитражном процессе //Законодательство. 2010. №4. S.38-50).

[127] Şu mesele bilen bagly "Türkmenistanyň kazyýetleri tarapyndan daşary ýurtly düzgünnamaly şahslaryň we telekeçileriň gatnaşmaklary bilen baglanyşykly jedellere seretmekde Türkmenistanyň kanunçylygynyň berjaý edilişi boýunça kazyýet iş ýörelgeleri hakynda" Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň 2008-nji ýylyň 25-nji ýanwarynda kabul eden 2-nji belgili kararynyň 3-nji bendini hökmany suratda göz öňünde tutmaly.

Dolandyryş-hukuk gatnaşyklaryndan we aýratyn önümçilikden gelip çykýan işlere kazyýet önümçiliginiň umumy kadalary, ýagny talap önümçiliginiň kadalary boýunça, ýöne önümçiligiň şu görnüşleri üçin kanunda göz öňünde tutulan aýratynlyklardan ugur alnyp garalýar.

Dolandyryş-hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan işler barada aýdylanda, TAIÝK-nyň ýokarda getirilen maddasyndan başga hiç hili kada ýok. Seljerilýän meseläniň käbir taraplaryny düzgünleşdirýän aýratyn kadalar bar, ýöne olar bu tertipde garalýan işler üçin zerur bolan hukuk meýdançasyny emele getirmeýär.

Şoňa görä-de, hereket edýän iş ýörediş kanunçylygynyň çäklerinde bu işleri gozgamak, kazyýet seljerişine taýýarlamak we seljermek, olar boýunça çözgütleri ýerine ýetirmek hakynda anyk bir zat aýtmak juda çetin. Başgaça aýdylanda, TAIÝK-da bu işlere garamagyň we çözmegiň iş ýörediş tertibi soňuna çenli düzgünleşdirilmedik. Şoňa görä-de, bu işleri kazyýetde talaba laýyk garamaklygy hem çözmekligi göz öňüne getirmek kyn.

TRIÝK-da we RF-iň AIÝK-synda bu işleriň garalmagynyň aýratynlyklaryny düzgünleşdirýän ýörite baplar bar, olarda bolsa, ilkinji nobatda, kazyýetleriň ýurisdiksiýasyna degişli edip bolýan işleriň sanawy berkidilendir.

Talap önümçiliginden tapawutlylykda, bu ýerde raýat hukugy barada jedeliň ýoklugy şu kazyýet önümçiliginiň esasy aýratynlygy bolup durýar. Umumy kada laýyklykda arbitraž iş ýörediși tertibinde kazyýet dolandyryş-hukuk, maliýe-hukuk we döwlet-hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan jedellere garaýar.

Daşary ýurt tejribesinde dolandyryş-hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan jedelleri seljermek we çözmek dolandyryş iş ýörediş kodeksi bilen düzgünleşdirilýär. Özi-de bu jedeller ýörite döredilen dolandyryş kazyýetlerinde garalýar. Eger-de islendik hukuk ulgamynda raýat-hukuk gatnaşyklarynda "taraplaryň deňligi" ýörelgesi höküm sürýän bolsa, dolandyryş-hukuk gatnaşyklaryna "häkimlik we tabynlyk" gatnaşyklary mahsusdyr.

Şoňa görä-de, geljekde Türkmenistanda hem ýöriteleşdirilen dolandyryş kazyýetleri döredilse hem-de ähli dolandyryş-hukuk

gatnaşyklaryndan gelip çykýan jedeller şol kazyýetlerde garalmaly edilse dogry bolardy. Günbataryň käbir döwletlerinde jemagat hukugyna degişli jedelli meseleler diňe ýöriteleşdirilen kazyýetlerde garalýar we dolandyryş iş ýörediş kodeksi esasynda düzgünleşdirilýär[128]. Russiýa Federasiýasynyň ylmy edebiýatlarynda hem soňky döwürde şu mesele örboýuna galdy we degişli kanunlaryň taslamalary taýýarlanyp ýör[129]. GDA döwletlerinden Azerbaýjanda, Gruziýada we Moldowada dolandyryş kazyýetleri hereket edýärler[130].

TAIÝK-nyň 18-nji baby "Işleriň aýry-aýry görnüşleri boýunça önümçiligiň aýratynlyklary" diýlip atlandyrylýar. Onda hususanda işleriň aýratyn görnüşi hökmünde, hukuk ähmiýetli ýagdaýlary anyklaýan işler görkezilýär. TAIÝK-nyň bir maddasynda[131] bu işleriň kazyýet önümçiliginiň "umumy düzgünleriniň esasynda" garalýandygy we olar boýunça arzalar, görkezilen kodeksiň başga bir maddasyna[132] laýyklykda resmileşdirilýändigi aýdylýar. Agzalýan maddada bolsa talap arzanyň görnüşi we mazmuny berkidilýär.

Bu meselede kanun çykaryjynyň garaýşyna düşünmek kyn. Aýratyn önümçiligiň işleri talap önümçiliginiň işlerinden düýpli tapawutlanýar. Eýsem, aýratyn önümçiligiň işlerine garamagyň aýratynlyklary nämeden ybarat? Haýsy hukuk ýagdaýlarynyň kazyýet tarapyndan anyklanyp bilinýändigi, olaryň kim tarapyndan we nähili gozgalýandygy, olaryň taýýarlanyşynyň we kazyýetde seljerilişiniň aýratynlyklarynyň nämeden ybaratdygy we ahyrynda bu çözgütleriň ýerine ýetirilişi baradaky soraglaryň jogaplary TAIÝK-da

[128] Шрамм Х.Й. Применение Гражданского кодекса по спорным вопросам гражданского права и хозяйственного права. В кн.: Право. Экономика. Благосостояние. Актуальные вопросы правовой реформы в Туркменистане. Ашгабат, 2010. S.80-81.

[129] Арбитражный процесс. Под ред. В.В.Яркова. Учебник.-4-е изд., перераб. и доп. М.:Инфотропик Медиа, 2010. S.283.

[130] Шрамм Х.Й. Применение Гражданского кодекса по спорным вопросам гражданского права и хозяйственного права. В кн.: Право. Экономика. Благосостояние. Актуальные вопросы правовой реформы в Туркменистане. Ашгабат, 2010. S.81.

[131] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 120.

[132] Şol ýerde, mad.70.

ýok. Olaryň ählisine giňişleýin we anyk jogaplar TRIÝK-da[133] hemde RF-iň AIÝK-synda[134] berilýär.

Şeýlelikde, şu ylmy seljermeden TAIÝK-da aýratyn önümçiligiň işlerine garamaklygyň we olary çözmekligiň tertibi hem talaba laýyk düzgünleşdirilmedik diýen netije gelip çykýar.

Aýratyn önümçiligiň işleriniň hukuk ýagdaýy olarda düýbünden jedeliň ýoklugy bilen häsiýetlendirilýär. Bu ýerde hukuk "bähbitleri" dürli hukuk ýagdaýlaryny anyklanmak ýoly bilen goralýar. Mysal üçin, RF-iň AIÝK-sy aşakdaky ýagdaýlary anyklamak mümkinçiligini göz öňünde tutýar: gozgalmaýan emläge öz hususy emlägiň hökmünde eýelik etmek we ondan peýdalanmak; belli bir wagtda ýa-da belli bir ýerde ýuridik şahslary we hususy telekeçileri döwlet tarapyndan bellige almak we beýlekiler[135]. Belli bir hukuk ýagdaýlaryny kazyýet tertibinde tassyklamak geljekde degişli hukuklary goramak üçin ulanylýar.

Aýratyn görnüşli iş hökmünde TAIÝK-da batyp galmak hakyndaky işlere garamak hem berkidilendir[136]. TAIÝK-da bu işlere garamagyň aýratynlyklary hakynda hem hiç zat aýdylmaýar, ýöne batyp galmagy ykrar etmek tertibi, Türkmenistanyň "Bergidarlaryň batyp galmagy hakyndaky[137]" kanunynda giňişleýin düzgünleşdirilendir. Arbitraž iş ýörediş kanunynyň ýeterlik derejede kämil däldigi sebäpli, şu günki gün hünärmenleriň arasynda batyp galmak baradaky işleriň hukuk ýagdaýy jedelli bolup galýar. Olary hukuk önümçiliginiň haýsy görnüşine degişli etmeli? Eger, ýetirilen zyýanyň bergidar tarapyndan öwezini dolmagyň zerurlygyndan we bergini töläp bilmezliginden ugur alsaň, onda bu işler talap ediş önümçiligine golaý bolýar. Eger-de olara bergini töläp bilmezlik

---

133 Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 1964. Mad. . Bap.27.

134 Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Bap.27.

135 Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Mad.218.

136 Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 119.

137 "Bergidarlaryň batyp galmagy hakynda" Türkmenistanyň Kanuny. 01.10.03. №861-XII.

ýagdaýyny kazyýet tarapyndan tassyklamak nukdaýnazaryndan garasaň, onda olar aýratyn önümçilige ýakyn bolýar.

Biziň pikirimizçe, olary ýokarda agzalan işleriň hiçisine-de goşup bolmaýar. Batyp galmak baradaky işlerde kazyýet önümçiliginiň ähli üç görnüşiniň düzüm böleklerini hem tapmak bolýar. Emma bu ýerde gürrüň TAIÝK-da has anyk berkidilmegini talap edýän, garamak we çözmek babatda aýdyň aýratynlyklary bar bolan işiň adaty bolmadyk görnüşi barada gidýär. Aýdylanlar bilen käbir alymlaryň garaýyşlary gabat gelýär[138].

Tejribede ykdysady işler talap önümçiligine degişli edilende şulardan ugur alynýar. Arbitraž iş ýöredişiň çäklerinde raýat (ykdysady) hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan ykdysady jedeller kazyýetiň garamagyna degişli edilýär. Eger jedel raýat hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan bolsa we jedeliň bir tarapy raýat bolsa, onda bu işe raýat kazyýet önümçiliginiň kadalary boýunça umumy kazyýetler tarapyndan garalýar.

Kazyýet ykdysady işlere taraplar ýuridik şahs we (ýa-da) hususy telekeçiler bolan ýagdaýynda garaýar. Haçan-da kazyýetde iş gozgalýança raýat hususy telekeçiniň hukuk ýagdaýyny ýitiren bolsa, onda onuň jedelli meselesi umumy ýurisdiksiýaly kazyýetlerde garalmaga degişli bolýar[139].

Ýuridik şahsy döretmezden, telekeçilik işini ýöredýän fiziki şahslar hakynda gürrüň gozgalanda TAIÝK-da bu düşünjäniň “fiziki şahs” diýen gysga aňlatmasy ulanylýar[140]. TRK-da fiziki şahs hökmünde Türkmenistanyň raýatlaryna, daşary ýurt raýatlaryna we raýatlygy ýok adamlara düşünilýär[141] . Bu aňlatmanyň iki manyda ulanylmagy hukuk ulanyş tejribesinde bulam-bujarlyk we kynçylyk döredýär. Şunuň bilen baglylykda, TAIÝK-da fiziki şahs aňlatmasynyň deregine

138 Отческая Т.И., Власов А.А., Шилов А.В., Сметанников А.Е. Арбитражный процесс: Учебное пособие. Тюмень: Издательство Тюменского государственного университета. 2008. S.44-46.

139 Шварц М.З. Систематизация арбитражного процессуального законодательства (проблемы теории и практики применения): Автореф. дис. ... канд. юрид. наук. СПб., 2004. S.16.

140 Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 2.

141 Saparmyrat Türkmenbaşynyň Türkmenistanyň Raýat kodeksi. Aşgabat, 1998. Mad.19.

“hususy telekeçi” aňlatmasy ulanylsa ýerlikli we hemmelere düşnükli bolardy. Edil şunuň ýaly kada Russiýa Federasiýasynyň, Täjigistan, Gyrgyzystan we Belarus respublikalarynyň degişli iş ýörediş kodeslerinde hem berkidilendir[142].

Ýokardaky ýagdaýlaryň bar halatynda kanun işiň kazyýete degişlilik kadasyndan çykma hökmünde, ykdysady işlere garamaklygy we çözgüt çykarmaklygy beýleki edaralaryň üstüne ýüklemek mümkinçiliginide göz öňünde tutýar.

TAIÝK-na laýyklykda kazyýet öz garamagyna berlen beýleki ykdysady işlere garamaga hem haklydyr[143]. Kazyýet ýurisdiksiýasy barha giňeýär. Kazyýetiň garamagyna degişli edilen işleriň sanawyny saldamly möçberde dolduran Türkmenistanyň salgyt kodeksi ýokarda aýdylanlara mysaldyr.

Arbitraž kazyýeti telekeçilik işini amala aşyrýan daşary ýurt şahslarynyň (daşary ýurt guramalary, halkara guramalary, daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar)[144] gatnaşmagyndaky işlere hem garaýar.

Gynansak-da, işiň kazyýetiň garamagyna degişliligi hakynda TRIÝK-da[145] we RF-iň AIÝK-synda[146] göz öňünde tutulyşy ýaly, TAIÝK-da[147], telekeçilik işini amala aşyrýan daşary ýurt şahslarynyň

---

[142] RF-iň AIÝK-sy (mad.27, böl.2); Täj.R-iň YKÖK-sy (mad.26, böl.2); Gyr.R-iň RIÝK-sy (mad.382);
BR-iň HIÝK-sy (mad.1).
[143] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 22. Böl.2.
[144] Ефимова В.В. Арбитражное процессуальное право. Учебное пособие. Саратов. 2009. S.168.
[145] Türkmenistanyň Raỳat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 1964. Mad.25. böl.2.
[146] Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Mad.27. Böl.5.
Şuňa meňzeş kada GDA döwletleriniň beýlekileriniň hem arbitraž (hojalyk, raýat) iş ýörediş kodekslerinde duş gelýär. Seret: ÖR-iň HIÝK-sy (mad.23.böl.2); BR-iň HIÝK-sy (mad.39.böl.4); MR-iň RIÝK-sy (mad.29). Gyr.R-iň RIÝK-sy (mad.23); AR-iň RIÝK-sy (mad.28); Täj.R-iň YKÖK-sy (mad.26, böl.5); Gaz.R-iň RIÝK-sy (mad.24, böl.2);
[147] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 22.

gatnaşmagyndaky işleriň arbitraž kazyýet önümçiliginde garalmagy barada hiç zat aýdylmaýar.

Şol bir wagtda, kanun diňe Arbitraž kazyýetiň garamagyna degişli işleriň sanawyny kesgitlände, olaryň hataryna daşary ýurt ýuridik şahslarynyň we fiziki şahslaryň gatnaşmagyndaky jedelleri hem degişli edýär[148]. Şeýlelikde, kanun tarapyndan kazyýetiň garamagyna degişli edilmedik jedelleriň belli bir kazyýetiň garamagyna degişli edilmegine şaýat bolýarys. Umumy kada boýunça jedel ilkinji nobatda kazyýetiň garamagyna degişli edilmelidir.

TAIÝK-na laýyklykda, daşary ýurtlaryň ýuridik şahslary we fiziki şahslary şu kodeksde, beýleki kanunlarda, Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda ýa-da taraplaryň ylalaşyklarynda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda Arbitraž kazyýete ýüz tutmaga haklydyrlar hem-de olaryň jedelleri şol kazyýetde garalmaga degişlidir[149].

Ýerli, şol sanda daşary ýurt hojalyk subýektleriniň gatnaşmagynda baglaşylýan şertnamalarda, adatça, geljekde ýüze çykyp biljek jedelleri çözmegiň tertibi we şertleri bellenilýär. Eger-de şertnamanyň mazmunynda taraplaryň jedelleriniň Arbitraž kazyýetine berilmegi göz öňünde tutulan bolsa, onda jedel daşary ýurt ýuridik şahsyň ýa-da hususy telekeçiniň arzasy boýunça hökmany suratda görkezilen kazyýetde garalmaga degişlidir. Şeýle ylalaşygyň Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda hem göz öňünde tutulmagy mümkindir.

Ýokarda getirilen seljermeden görnüşi ýaly, telekeçilik işini amala aşyrýan daşary ýurt şahslarynyň hukuklarynyň we bähbitleriniň kazyýet tarapyndan goraglylygy TAIÝK-da ýeterlik derejede düzgünleşdirilmeýär we iş ýörediş kanunçylygy şu jähtden üstünde işlenilmegini talap edýär. Eger-de daşary ýurt hukuk şahslarynyň hukuk ýagdaýy barada TAIÝK-da iki maddada agzalyp geçilýän bolsa, GDA döwletleriniň arbitraž (hojalyk) iş ýörediş kodekslerinde daşary ýurt şahslarynyň gatnaşmagynda garalýan işler ýörite bölümlerde özbaşdak önümçilik hökmünde düzgünleşdirilýär[150].

[148] Şol ýerde, mad.4, böl.3.
[149] Şol ýerde, mad.24, böl.2.
[150] Seret: RF-iň AIÝK-sy (bölüm V); ÖR-iň HIÝK-sy (bölüm V); BR-iň HIÝK-sy

Dogrusy, Türkmenistanyň maýa goýumlar hakyndaky kanunçylygy daşary ýurt ýuridik we fiziki şahslaryň öz hukuklaryny we bähbitlerini goramak maksady bilen Arbitraž kazyýete ýüz tutmak mümkinçiligini göz öňünde tutýar we ony kepillendirýär[151]. Ýöne bu düzgün TAIÝK-da daşary ýurt şahslarynyň gatnaşmagyndaky ykdysady işleriň kazyýetiň garamagyna degişliligini kanun taýdan berkitmegiň derwaýyslygyny we zerurlygyny aradan aýyrmaýar, sebäbi hut şu ýerde bozulan hukuklaryň we kanun tarapyndan goralýan bähbitleriň goraglylygyny amala aşyrmagyň tertibi berkidilmelidir.

## 2.3. Ykdysady işiň belli bir kazyýetiň garamagyna degişliligi barada düşünje

"Işiň belli bir kazyýetiň garamagyna degişliligi" düşünjäniň kömegi bilen kanun esasynda kazyýetiň garamagyna degişli edilen ykdysady işiň birinji basgançakly haýsy kazyýetde garalmalydygy anyklanýar[152]. Işiň haýsy kazyýetde garalmalydygyny kanun kesgitleýär. Şoňa görä-de, kazyýet ýa-da işe gatnaşýan taraplar bu tertibi isledigiçe üýtgedip bilmeýärler[153]. Dogry, kadadan çykma hökmünde taraplar işiň haýsy kazyýetde garalmalydygyny şertnama esasynda üýtgedip bilýärler, ýöne bu hereket hem kanunyň çäginde amala aşyrylmaga degişlidir.

---

(bap 27); U-iň HIÝK-sy (bölüm XV); Gyr.R-iň RIÝK-sy (bölüm V); ER-iň RIÝK-sy (VI); AR-iň RIÝK-sy (bap 46); Täj.R-iň YKÖK-sy (bap 29); MR-iň RIÝK-sy (bölüm IV).

[151] «Daşary yurt maýa goýumlary hakynda" Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 03.03.08. №184-III; "Uglewodorod serişdeleri hakynda" Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 20.07.08. №208-III.

[152] Бахарев П.В. Арбитражный процесс: Учебно-методический комплекс.-М.:Изд.центр ЕАОИ, 2008, S.58.; Ефимова В.В. Арбитражное процессуальное право. Учебное пособие. Саратов. 2009. S.30.: Арбитражный процесс. Под ред. В.В.Яркова. Учебник.-4-е изд., перераб. и доп. М.:Инфотропик Медиа, 2010. S.65.

[153] Каменков В.С. Правила подсудности ХПК - гарантия права на судебную защиту //Арбитражный и гражданский процесс. 2008. №6. S.33.

Şu ýerde Türkmenistanyň kanunlaryna girizilen käbir özgertmeler bilen bagly hukuk seljerişini geçirmek zerurlygy ýüze çykýar.

2000-nji ýylyň 14-nji fewralynda Türkmenistanyň Ýokary hojalyk sudy ýatyryldy hem-de Türkmenistanyň Araçy kazyýeti döredildi[154]. Türkmenistanyň Araçy kazyýetiniň döredilmeginiň yzysüre şol bir wagtda TRIÝK-a, şeýle hem "Türkmenistanda kazyýet gurluşy we kazylaryň statusy hakynda[155]" Türkmenistanyň kanunyna welaýat we Aşgabat şäher kazyýetlerine ykdysady işlere birinji basgançakly kazyýet hökmünde garamak ygtyýarlygyny bermek barada goşmaça girizildi.

2009-njy ýylyň 15-nji awgustynda "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň kanunynyň kabul edilmegi bilen "Türkmenistanda kazyýet gurluşy we kazylaryň statusy hakynda" Türkmenistanyň kanuny ýatyryldy. Şol kanuna welaýat we Aşgabat şäher kazyýetleri babatda goşmaça girizilen ýokarda agzalan ygtyýarlyk "Kazyýet hakynda" täze kanunda göz öňünde tutulmady. Şoňa görä-de, TRIÝK-dan hem welaýat we Aşgabat şäher kazyýetleriniň ykdysady işlere garamak ygtyýarlygy aýrylmalymy diýen sorag ýüze çykdy.

Şeýle soragyň döremegi üçin hiç hili hukuk esasy ýokdur. Kanun çykaryjy 2000-nji ýylda, ýokarda agzalan iki kanunda jedelli meseläni düzgünleşdiripdir. Indi bolsa olaryň birinden bu kadany aýyrdy. Ýöne onuň ikinjisinde kada üýtgewsiz dur. Şol bir mesele hökman iki kanunda düzgünleşdirilmeli diýlen kada kanunçylykda ýok. Aslynda "Türkmenistanda kazyýet gurluşy we kazylaryň statusy hakynda" Türkmenistanyň kanunynda şu kadany berkitmekde başda hiç hili zerurlyk ýokdy.

Tejribede şol bir meseläniň iki kanunda düzgünleşdirilýän ýagdaýlary başga-da bar. Muny biziň meselämiz bilen gös-göni bagly iş ýörediş kadalarynyň mysalynda seljerip göreliň.

---

[154] "Türkmenistanyň Ýokary hojalyk suduny ýapmak hakynda" Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 14.02.00. №15-II.; "Türkmenistanyň Araçy suduny döretmek hakynda" Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 14.02.00. №16-II.

[155] "Türkmenistanda kazyýet gurluşy we kazylaryň statusy hakynda" Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 29.05.91. №496-XII.

Türkmenistanyň "Kazyýet hakynda" kanunynda adyl kazyýetligi amala aşyrmagyň ýörelgeleri birnäçe özbaşdak maddalarda doly derejede bolmasa-da berkidilýär. Türkmenistanyň ähli iş ýörediş kodekslerinde hem bu iş ýörediş ýörelgeleri düzgünleşdirilýär. Russiýa Federasiýasynyň "Russiýa Federasiýasynda arbitraž kazyýetler hakynda[156]" kanunynda hem iş ýörediş kadalary ýerleşdirilen. Mysal üçin, agzalan kanunyň 10-njy maddasynda RF-iň Ýokary Arbitraž kazyýetinde garalýan işleriň sanawy berilýär, ýagny ykdysady işleriň kazyýetiň garamagyna degişliligi kesgitlenýär.

Görşümiz ýaly, "Kazyýet hakynda" kanunda ykdysady işleriň kazyýetiň garamagyna, şeýle hem belli bir kazyýetiň garamagyna degişli edilmeginiň kanun esasynda berkidilmeginiň özi diňe bir Türkmenistanyň kanunçylygyna mahsus däl.

Eger-de "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň kanunynyň degişli maddasynda welaýat we Aşgabat şäher kazyýetleriniň ykdysady işlere birinji basgançakly kazyýet hökmünde garamaga bolan ygtyýarlygy galdyrylan bolsa, onda bu işlere welaýat we Aşgabat şäher kazyýetleri garamalymy diýen sorag ýüze çykmazdy.

Jedelli mesele hakykat ýüzünde bar diýip göz öňüne getireliň. Onuň kanuny çözgüdi nähili bolup bilerdi?

Hukugyň nazaryýetinde "kanunyň gapma-garşylygy (kolliziýasy)" diýen düşünje bar. Olary çözmegiň tertibi kanunda berkidilýär. Mysal üçin, jedel çözülende hukuk güýjüniň derejesi boýunça (kanunlaryň iýerarhiýasy) pes derejedäki kadalaşdyryjy hukuk nama ondan ýokarda durýan kadalaşdyryjy hukuk nama ters gelen ýagdaýynda hukuk güýji boýunça ýokary derejedäki nama ýa-da deň güýçdäki iki hukuk namanyň soňky kabul edileni ulanylmaga degişlidir. Şu kadalaryň ikisi-de "Kadalaşdyryjy hukuk namalar hakynda[157]" Türkmenistanyň kanunynda göz öňünde tutulandyr.

Ýokarda agzalan hukuk jedelini çözmek üçin bu kadalaryň ikisiniň-de ähmiýeti ýokdur. Käbir döwletleriň kanun çykaryjylyk

---

[156] "Об арбитражных судах в Российской Федерации" от 28 апреля 1995г. №1 ФКЗ.

[157] "Kadalaşdyryjy hukuk namalar hakynda" Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 07.12.05. №31-III. Mad.3,14.

tejribesinden tapawutlylykda, Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ulgamynda "kodeks" kanunyň adaty bir görnüşi hökmünde berkidilendir[158]. Munuň özi TRIÝK-a bilen "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň kanunynyň güýjüniň derejesiniň deňligini aňladýar.

Bu iki kanunyň arasynda gapma-garşylygam ýüze çykyp bilmeýär, sebäbi jedelli mesele şu günki günde diňe TRIÝK-da düzgünleşdirilýär. "Kazyýet hakynda" täze kanundan bolsa bu kada aýryldy. Şeýlelikde, gapma-garşy goýmaga kada ýok. Diýmek, soňky kabul edilen kanuny ulanmak kadasy-da biziň mysalymyzda ulanylmaga degişli däl bolýar.

Hukugyň nazaryýetinde kanunyň gapma-garşylygyny çözmäge gönükdirilen, özi-de biziň meselämize ýakyn ýene-de bir kada bar. Ol hem jedelli ýagdaý çözülende ýörite hukuk nama umumy nama garanyňda artykmaçlygyň berilmegi. Ýöne bu kada biziň kanunçylygymyzda göz öňünde tutulmadyk. Netijede, TRIÝK ýörite kanun, şonuň üçin hem jedelli meselede diňe şu kodekse gollanmaly diýip aýdyp bolmaýar.

Şu ýerde kadadan çykma hökmünde şuny bellemek gerek. TRK-da maşgala, ýaşaýyş jaý, zähmet, tebigy baýlyklardan peýdalanmak we töwerekdäki gurşawy goramak bilen bagly gatnaşyklar babatda olary düzgünleşdirýän ýörite kanunlaryň raýat kanunçylygyndan artykmaçlygy barada bellenilýär[159]. Başgaça düşündirilende, şol bir jedelli gatnaşyk haçan-da TRK-a hem-de ýörite kanun bilen düzgünleşdirilende, onda onuň soňkusy ulanylmaga degişlidir.

Biziň pikirimizçe, TRIÝK-da welaýat we Aşgabat şäher kazyýetleriniň ykdysady işlere garamak ygtyýarlygy hökman galdyrylmaly. Şu meselä onuň tejribede döredip biljek hukuk netijelerini, şeýle hem Arbitraž kazyýetiň geljegini nazara alyp çemeleşmek gerek.

Eger-de welaýat we Aşgabat şäher kazyýetleri ykdysady işlere garamaly däl edilse, onda munuň özi, birinjiden, Arbitraž kazyýetiň iş möçberini düýpli artdyrar, ikinjiden, kazyýet goragyna mätäç şahslar

[158] Şol ýerde, 3-nji madda.
[159] Saparmyrat Türkmenbaşynyň Türkmenistanyň Raýat kodeksi. Aşgabat, 1998. Mad.2.

üçin düşündirilmegini talap etmeýän birnäçe oňaýsyzlyklary döreder, ahyrynda hem ýuridik şahslar we hususy telekeçiler üçin döwlet tarapyndan kazyýet goraglylygyny üpjün etmek wezipesini göwnejaý gurap bolmaz. Onsoňam, Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň durnuklylygy, giň göwrümlerde hem köpugurly ösdürilmegi, şeýle hem onuň dünýä ykdysadyýetine üznüksiz birikdirilmegi (integrirlenmegi), ykdysady işler boýunça geljekde ýörite kazyýet ulgamynyň emele gelmegine getirer diýen pikirimiz bar.

Aýdylanlardan ugur alynsa, onda häzirki wagtda ykdysady işleriň welaýat we Aşgabat şäher kazyýetlerinde garalmagy dogry. Bu kazyýetler ykdysady işlere garanlarynda TAIÝK-na gollanmalydyrlar. Başgaça aýdylanda, ykdysady işler babatda arbitraž iş ýöredişini düzgünleşdirýän hukuk pudagynyň kadalary ulanylmalydyr.

Şoňa görä-de, ykdysady işleriň TRIÝK-na laýyklykda kazy tarapyndan ýekelikde garalmaly işleriň sanawyna goşulmagy ýalňyşdyr[160]. Biziň pikirimizçe, bu meselede hem TAIÝK-nyň degişli maddasy ulanylmaly. Şu kodekse laýyklykda ykdysady işler ýekelikde, şonuň ýalyda bellenen tertipde professional kazylaryň gatnaşmagynda bilelikde garalyp bilinýär[161]. Şeýlelikde, TRIÝK-nyň degişli maddasynyň sanawyndan ykdysady işleri aýyrmak zerur[162]. TRIÝK-da esasy çözülmeli mesele, ol hem ykdysady işleriň umumy kazyýetleriň garamagyna degişli edilmegidir. Bu mesele agzalan kodeksde düzgünleşdirilýär[163]. Netijede, iki iş ýörediş kodeksde ykdysady işlere garamak bilen bagly hereket edýän gapma-garşylygy hem aradan aýryp bolardy. TAIÝK-na boýunça bu işler ýekelikde we kollegial garalýar, TRIÝK-nyň kadalaryna laýyklykda bolsa – diňe ýekelikde[164].

Ykdysady işler Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti, Arbitraž kazyýeti, welaýat we Aşgabat şäher kazyýetleri tarapyndan garalýar.

---

[160] Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 1964. Mad. 151.
[161] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 14.
[162] Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 1964. Mad. 151
[163] Şol ýerde, mad.25.
[164] Goçyýew T.D. Arbitraž iş ýöredişiň möhüm meselesi. Aşgabat // Altyn Asyryň ykdysadyýeti. 2010. №12. S. 34-35.

Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti ykdysady işlere diňe nägilelik we gözegçilik tertibinde garaýar[165].

Kanun Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň birinji basgançakly kazyýet hökmünde ykdysady işlere garamak ygtyýarlygyny kesgitlemeýär. Onuň esasy wezipesi nägilelik we kazyýet gözegçiligi tertibinde birinji basgançakly kazyýetleriň ýalňyşlaryny ýüze çykarmakdan, şeýle-de onuň işine gözegçilik etmekden, maddy-hukuk we iş ýörediş hukuk kadalaryna dogry we birmeňzeş düşünilmegini we ulanylmagyny üpjün etmekden ybaratdyr.

Biziň pikirimizçe, Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti, birinji basgançakly kazyýet hökmünde, has çylşyrymly we wajyp ykdysady işlere garamaga we çözgüt çykarmaga ygtyýarly edilmeli. Bu kada, TRIÝK-da[166], şeýle hem RF-iň AIÝK-synda[167] göz öňünde tutulyşy ýaly, kanunda berkidilse dogry bolardy.

TAIÝK-na laýyklykda diňe Arbitraž kazyýetde garalmaga degişli edilen jedeller aşakdakylardan ybaratdyr[168]:

taraplaryň biri daşary ýurt ýuridiki ýa-da fiziki şahsy bolan jedeller;

merkezi edaralaryň Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryna gabat gelmeýän, ýuridiki we fiziki şahslaryň hukuklaryny hem-de kanuny bähbitlerini bozýan, kadalaşdyryjy häsiýete eýe bolmadyk namalaryny hakyky däl (tutuşlygyna ýa-da bölekleýin) diýip hasap etmek hakynda, şeýle-de bu namalaryň ulanylmagy bilen baglanyşykly ýitgileriň öwezini dolmak hakyndaky jedeller;

ýuridiki we fiziki şahslaryň batyp galandygy hakyndaky jedeller;

---

[165] Türkmenistanyň "Kazyýet hakynda" kanunynyň 38-nji maddasynyň 1-nji böleginiň 2-nji bendine, 46-njy maddasynyň 1-nji böleginiň 2-nji bendine serediň.

[166] Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 1964. Mad. 116.

[167] Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Mad.34.

Şuňa meňzeş kada GDA döwletleriniň beýlekileriniň hem arbitraž (hojalyk, raýat) iş ýörediş kodekslerinde duş gelýär. Seret: ÖR-iň HIÝK-sy (mad.26); BR-iň HIÝK-sy (mad.48); AR-iň RIÝK-sy (mad.27); Täj.R-iň YKÖK-sy (mad.33, böl.2).

[168] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 24. Böl.2.

jogapçylaryň aýry-aýry welaýatlarda ýa-da haýsy hem bolsa bir welaýatda we Aşgabat şäherinde ýerleşen ýagdaýyndaky jedeller.

Kazyýet tarapyndan "merkezi edaralaryň" kadalaşdyryjy häsiýete eýe bolmadyk hukuk namalarynyň hakyky däl diýip hasap edilmegi hakynda aýdylanda, bu ýerde haýsy merkezi edaralar barada gürrüň barýandygyny aýdyňlaşdyrmak zerur. Mysal üçin, RF-iň AIÝK-synda bu düşünje häkimiýetiň ähli derejelerini öz içine alýar. Şunda diňe bir kadalaşdyryjy häsiýete eýe bolmadyk hukuk namalary däl, eýsem häkimiýetiň ähli derejesindäki kadalaşdyryjy hukuk namalaryny hem hakyky däl diýip hasaplamak mümkinçiligi göz öňünde tutulýar[169]. Şu mesele Türkmenistanyň kanunçylygy bilen baglylykda içgin öwrenilmäge degişli diýip hasaplaýarys.

## 2.4. Ykdysady işiň belli bir kazyýetiň garamagyna degişli edilmeginiň görnüşleri

Ykdysady işleriň belli bir kazyýetiň garamagyna degişli edilmeginiň umumy kadalary TAIÝK-da kesgitlenilýär[170]. Umumy kada laýyklykda talap arza kazyýete jogapçynyň ýerleşýän ýeri boýunça bildirilýär[171]. Ýuridiki şahsyň özbaşdak bölüminiň (şahamçasynyň ýa-da wekilliginiň) işi bilen baglanyşykly talap arzasy onuň ýerleşýän ýeri boýunça bildirilýär.

Şu maddada we TAIÝK-nyň käbir beýleki maddalarynda talap arzasynyň jogapçynyň ýerleşýän ýeri boýunça bildirilýändigi hakynda aýdylýar. Biziň pikirimizçe, eger-de işe jogapçy hökmünde ýuridiki şahsy döretmezden hususy telekeçi bolup çykyş edýän fiziki şahs gatnaşsa, onda talap arzasy onuň ýaşaýan ýeri boýunça bildirilmeli[172]. Kanunda bu mesele anyk düzgünleşdirilmäge degişli.

169 Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Bölüm 23 we 24.

170 Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 24, 25.

171 Бахарев П.В. Арбитражный процесс: Учебно-методический комплекс.- М.:Изд.центр ЕАОИ, 2008, S.60.

172 Teklip edilýän kada GDA döwletleriniň käbiriniň degişli iş ýörediş kodeksle-

Talabyň belli bir kazyýetiň garamagyna degişliliginiň umumy kada hökmünde jogapçynyň ýerleşýän (ýaşaýan) ýeri ýa-da onuň bölüminiň ýerleşýän ýeri boýunça kesgitlenmegi talap arzasynyň bildirilmeginiň onuň kazyýet tarapyndan hökmany halatda kanagatlandyryljakdygyny aňlatmaýandygy bilen düşündirilýär. Elbetde, jogapça onuň öz ýerleşýän (ýaşaýan) ýeri boýunça talap arzasyndan goranmak aňsat bolýar, sebäbi oňa gerekli subutnamalary ýygnamak ýeňil düşýär. Talapçy hem bu ýagdaýda hiç zat ýitirmeýär. Eger-de ol işi utsa, jogapçy onuň ähli kazyýet çykdajylarynyň öwezini dolmaly bolýar.

Talap arza şahamçanyň ýa-da wekilligiň ýerleşýän ýeri boýunça bildirilýär, haçan-da talap onuň işi bilen gönüden-göni bagly bolsa.

TRIÝK-a[173] we RF-iň AIÝK-syna[174] laýyklykda ýokarda agzalan ýagdaýlar ýüze çykanda talap arzasyny bildirmek işiň belli bir kazyýetiň garamagyna alternatiw esasda degişliliginiň kadalary bilen düzgünleşdirilýär. Munuň özi talap arzasynyň ýuridiki şahsyň ýerleşýän ýeri, şonuň ýaly-da onuň özbaşdak bölüminiň ýerleşýän ýeri boýunça-da bildirilip bilinýändigini aňladýar.

Işiň belli bir kazyýetiň garamagyna degişliligini kesgitlemegiň umumy düzgünlerinden kadadan çykmalar bar. Olaryň her biriniň üstünde aýratyn durup geçeliň.

Talap arza bildirilmeli kazyýeti talapçynyň saýlamagy boýunça kesgitlemek. Muňa jedeli çözjek kazyýeti alternatiw esasda saýlap almak diýilýär[175].

Ýerleşýän (ýaşaýan) ýeri näbelli bolan jogapça bildirilýän talap onuň emläginiň ýerleşýän ýeri ýa-da onuň iň soňky belli ýerleşýän (ýaşaýan) ýeri boýunça kazyýete bildirilip bilner[176].

---

rinde berkidilen. Seret: RF-iň AIÝK-sy (mad.35); Täj.R-iň YKÖK-sy (mad.124); BR-iň HIÝK-sy (mad.168).

[173] Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 1964. Mad. 118.Böl.3.

[174] Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Mad.36. Böl.5.

[175] Бахарев П.В. Арбитражный процесс: Учебно-методический комплекс.- М.:Изд.центр ЕАОИ, 2008, S.60-61.

[176] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 26.Böl.1.

Kanun boýunça jogapçynyň ýerleşýän (ýaşaýan) ýeri talapçy tarapyndan anyklanmaga degişlidir. Eger-de talapçy hakykatdan hem jogapçynyň ýerleşýän (ýaşaýan) ýerini bilmeýändigini subut etse, onda onuň jogapçynyň emläginiň ýerleşýän ýeri ýa-da onuň iň soňky belli bolan ýerleşen (ýaşan) ýeri boýunça kazyýete talap arzasyny bildirmäge hukugy bardyr. Şeýle edilmese talap arza kabul edilmäge degişli däldir.

Türkmenistanyň ýuridiki şahsy ýa-da hususy telekeçisi bolup özi-de daşary ýurduň çäginde ýerleşýän jogapça bildirilýän talap talapçynyň ýerleşýän (ýaşaýan) ýeri ýa-da jogapçynyň emläginiň ýerleşýän ýeri boýunça kazyýete bildirilip bilner[177].

Ýerine ýetirilmeli ýeri şertnamada görkezilen ylalaşykdan gelip çykýan talap şertnamanyň ýerine ýetirilmeli ýerindäki kazyýete bildirilip bilner[178]. Şeýle zerurlyk, haçan-da jogapçynyň ýerleşýän (ýaşaýan) ýeri bilen şertnamanyň ýerine ýetirilýän ýeri gabat gelmeýän halatynda ýüze çykýar.

Kanun çykaryjy işleriň aýry-aýry görnüşleri boýunça taraplaryň ýerleşýän (ýaşaýan) ýerlerine garamazdan jedelleri çözmek üçin ýüz tutup bolýan anyk kazyýetleri kesgitleýär[179]. Şu ýagdaýda şertnama bilen hem işiň diňe belli bir kazyýetiň garamagyna degişliligini üýtgedip bolmaýar. Bu kada, haçan-da talap jedelli obýektleriň ýerleşýän ýeri, subutnamalaryň jemlenen ýeri boýunça kazyýete bildirilende, işiň dogry we çalt garalmagy üçin has amatly şertleri döredýär.

TAIÝK-na laýyklykda bina, desga, ýer bölegine we beýleki gozgalmaýan emläge eýelik etmek hukugyny ykrar etmek hakyndaky, olary başga biriniň bikanun eýeçilik etmeginden talap edip almak hakyndaky, zat eýesiniň ýa-da başga kanuny esasda zada eýeçilik edýäniň, eýeçilikden mahrum etmek bilen bagly bolmadyk hukuklarynyň bozulmalaryny aradan aýyrmak hakyndaky talap arzalar binanyň, desganyň, ýer böleginiň we beýleki gozgalmaýan emlägiň ýerleşýän ýerleri boýunça bildirilýär. Ýük daşamak hakynda şertnamadan gelip çykýan, şol sanda haçan-da ýük daşaýjy

---

177 Şol ýerde, mad. 26.Böl.2.

178 Şol ýerde, mad.26. Böl.3.

179 Бахарев П.В. Арбитражный процесс: Учебно-методический комплекс.-М.:Изд.центр ЕАОИ, 2008, S.61-62.

jogapçylaryň biri bolan ýagdaýynda-da, talap ýük daşaýja onuň edarasynyň ýerleşýän ýeri boýunça bildirilýär [180].

TAIÝK-ny hukuk ähmiýetli ýagdaýlary anyklamak boýunça işiň belli bir kazyýetiň garamagyna degişliligini kesgitleýär[181].

Bu işler arza bilen ýüz tutýanyň ýerleşýän (ýaşaýan) ýerindäki kazyýetde garalýar. Bina, desga, ýer bölegine we beýleki gozgalmaýan emläge eýeçilik etmek ýagdaýyny anyklamak bilen bagly işler ol binanyň, desganyň, ýer böleginiň we beýleki gozgalmaýan emlägiň ýerleşýän ýerindäki kazyýetde garalýar.

Ýuridiki we fiziki şahslar üçin amatly şertleri döretmek maksady bilen kanunda taraplaryň ylalaşygy esasynda işiň belli bir kazyýetiň garamagyna çägi boýunça degişliliginiň üýtgedilmegi, ýagny işiň bir welaýat (Aşgabat şäher) kazyýetinden beýleki bir kazyýete ýa-da Arbitraž kazyýetinden welaýat (Aşgabat şäher) kazyýetine geçirilmegi we tersine amala aşyrylmagy göz öňünde tutulandyr[182].

Ýöne bu kadanyň çäklerinde işiň Arbitraž kazyýetinden ýa-da welaýat (Aşgabat şäher) kazyýetinden Türkmenistanyň Ýokary kazyýetine geçirilmegine ýol berilmeýär. Şeýle-de işiň diňe belli bir kazyýetiň garamagyna degişliligi kadasy boýunça garalýan işler taraplaryň ylalaşygy esasynda beýleki bir kazyýete geçirilip bilinmez.

Işiň belli bir kazyýetiň garamagyna şertnamalaýyn esasda degişliligi kadasy boýunça işiň belli bir kazyýetiň garamagyna umumy we alternatiw esasda degişliligi taraplaryň hat üsti bilen berkidilen ylalaşygy boýunça üýtgedilmäge degişlidir[183]. Işiň belli bir kazyýetiň garamagyna degişliligi taraplaryň ylalaşygy boýunça üýtgedilmegine diňe işiň kazyýetde gozgalmazyndan öň ýol berilýär.

Garşylyklaýyn talap, onuň belli bir kazyýetiň garamagyna degişliligine garamazdan, ilkinji talabyň garalan ýeri boýunça kazyýete bildirilip bilner[184]. Eger-de garşylyklaýyn talaba işiň diňe belli bir

[180] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad.28. Böl.

[181] Şol ýerde, mad.27.

[182] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 29.

[183] Бахарев П.В. Арбитражный процесс: Учебно-методический комплекс.- М.:Изд.центр ЕАОИ, 2008, S.61.

[184] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000.Mad.30.

kazyýetiň garamagyna degişliligi barada kada ulanylmaly bolsa, onda ýokarda görkezilen kada bu ýagdaýda ulanylmaýar.

### 2.4.1. Ykdysady işiň bir kazyýetden başga bir kazyýete geçirilmegi

TAIÝK-na laýyklykda işiň belli bir kazyýetiň garamagyna degişliligi baradaky kadany berjaý etmek bilen kazyýetiň önümçiligine alnan iş, soňra taraplaryň ýerleşýän (ýaşaýan) ýeriniň üýtgemegi bilen indi başga kazyýetde garalmaga degişli bolsa-da, ol ilki iş açylan kazyýetde düýp mazmuny boýunça garalmaga degişli[185].

Bu kadadan iş gozgalýan pursady işiň belli bir kazyýetiň garamagyna degişliliginiň berjaý edilmelidigi gelip çykýar. Taraplaryň iş gozgalandan soňra ýerleşýän (ýaşaýan) ýerlerini üýtgetmekleri işiň belli bir kazyýetiň garamagyna degişliligini üýtgetmek üçin esas bolup bilmeýär.

Işe gatnaşýan taraplar iş boýunça önümçilik dowam edýän döwürde salgysyny üýtgedendigi hakynda kazyýete habar bermäge borçludyrlar. Bu kada berjaý edilmedik ýagdaýynda iş ýörediş resminamalary kazyýete belli bolan soňky salgy boýunça iberilýär we çagyrylýan bu salgy boýunça ýerleşmeýän (ýaşamaýan) hem bolsa, olara resminamalar gowşurylan hasaplanylýar[186].

Kähalatlarda arza kabul edileninden soň bu işiň başga kazyýetde düýp mazmuny boýunça garalmagy maksadalaýyk ýa-da zerur diýen netije çykarylýar. Işi beýleki bir kazyýete geçirmegiň esaslary TAIÝK-da kesgitlenendir[187]. Olar aşakdakylardan ybarat:

işe garalanda işiň belli bir kazyýetiň garamagyna degişliligi hakyndaky kadanyň bozulmagy bilen onuň bu kazyýetiň önümçiligine nädogry kabul edilendigi ýüze çykarylsa;

eger-de bir ýa-da birnäçe kaza ynam bildirilmese we olary çalyşmak bu kazyýetde mümkin bolmasa, şeýle-de "beýleki ýagdaýlarda[188]", haçan-da işiň bu kazyýetde garalmagy mümkin bolmasa.

[185] Şol ýerde, mad. 31. böl.1.
[186] Şol ýerde, mad.80.
[187] Şol ýerde, mad.31, böl.2.
[188] TRIÝK-nyň 122-nji maddasy we RF-iň AIÝK-synyň 39-njy maddasy işi beýle-

Kanunda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda, işiň bir kazyýetden beýleki kazyýete geçirilmegi Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň başlygy ýa-da onuň orunbasary tarapyndan amala aşyrylýar. Işi degişliligi boýunça beýleki bir kazyýete geçirmek barada kesgitnama çykarylýar we oňa nägilelik tertibinde şikaýat (teklipnama) getirilip bilner[189].

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň başlygy we onuň orunbasary işi bir kazyýetden beýleki bir kazyýete geçirmäge haklydyr[190]. Bu kada haçan-da kazyýet önümçiliginde has ünsli taýýarlygy we seljermäni talap edýän çylşyrymly işleriň köp bolan halatynda ulanylýar. Şeýle ýagdaý birnäçe kazynyň bir wagtda kesellemeginiň we şuňa meňzeş ýagdaýlaryň ýüze çykmagy netijesinde hem bolup biler.

Türkmenistanyň kazyýetleriniň arasynda işiň belli bir kazyýetiň garamagyna degişliligi hakyndaky mesele boýunça jedellere ýol berilmeýär[191]. Bu kada işiň bir kazyýetden beýleki bir kazyýete esassyz geçirilmeginiň öňüni almaklyga, şeýle-de olaryň öz wagtynda we dogry çözülmegini üpjün etmeklige gönükdirilendir[192].

## III BAP. ARBITRAŽ IŞ ÝÖREDIŞIŇ ESASY GATNAŞYJYLARYNYŇ HUKUK ÝAGDAÝYNYŇ MESELELERI

Arbitraž iş ýörediş gatnaşyklarynyň subýektleri iki topara bölünýär. Işe gatnaşýan taraplar. Bular öz gezeginde, öz bähbidini goraýanlara (taraplar, üçünji taraplar, arza bilen ýüz tutanlar we işde bähbidi bar taraplar) hem-de başganyň bähbidini goraýanlara (prokuror we beýleki ygtyýarly taraplar) bölünýär.

---

ki bir kazyýete geçirmegiň esaslaryny gutarnykly görnüşde kesgitleýär. Kazyýet ýalňyşlygyndan gaça durmak maksady bilen şular ýaly tejribe TAIÝK-a hem girizilse ýerlikli bolardy.

189 Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 31. Böl.3.

190 Şol ýerde, mad. 31. Böl.5.

191 Şol ýerde, mad. 31. Böl.4.

192 Goçyýew T.D. Arbitraž işleriň kazyýetiň garamagyna we belli bir kazyýetiň garamagyna degişliliginiň meseleleri. // Altyn Asyryň ykdysadyýeti. 2009. № 9. S.16-23.

Arbitraž iş ýöredişinde adyl kazyýetligi amala aşyrmaga ýardam berýänlere bilermen, terjimeçi, kazyýet wekili (hukuk maslahatçysy, iş bilen doly we hemmetaraplaýyn tanyş işgär, adwokat, hossar, howandar) degişlidir[193].

TAIÝK-da agzalanlardan başga bu topara "beýleki taraplar" hem goşulýar[194]. Şu ýerde olar atlandyrylmaýar, şeýle-de bu kodeksiň beýleki maddalarynda-da "beýleki gatnaşyjylaryň" hukuk ýagdaýy kesgitlenilmeýär. Ýöne arbitraž iş ýöredişine hukuk ýagdaýy anyk kesgitlenmedik subýektler gatnaşyp bilmeýärler[195]. Kanunyň häzirki ýagdaýynda arbitraž kazyýet önümçiligine bilermenden, terjimeçiden we kazyýet wekilinden başga işde bähbidi ýok gatnaşyjylar bolup bilmez. Arbitraž iş ýörediş gatnaşyklary diňe hukuk gatnaşyklary hökmünde ýüze çykyp bilýär[196]. Olaryň subýektleriniň kanunda bellenen anyk hukuklary we borçlary bolmalydyr.

Monografiýanyň şu babynda arbitraž iş ýöredişiň esasy gatnaşyjylarynyň hukuk ýagdaýyna ylmy-tejribe nukdaýnazardan doktrinal düşündirişler berilýär. Kanunyň kadalary giňişleýin beýan edilýär, zerurlygyna görä olary döwrebap ösdürmek we kämilleşdirmek babatda teklipler girizilýär. Munuň özi kazyýet önümçiliginde döräp biljek ýalňyşlyklaryň öňüni almak, şeýle hem bir bitewi kazyýet iş ýöredişini üpjün etmek üçin möhümdir.

Gynansak-da aşakda getirilýän iş ýöredişe gatnaşyjylaryň hukuk ýagdaýy TAIÝK-da ähli halatlarda ýeterlik derejede anyk düzgünleşdirilmeýär. Şu ýerde, esasan, TRIÝK-nyň hem-de GDA döwletleriniň, ilkinji nobatda hem RF-iň AIÝK-synyň kanun çykaryjylyk tejribesinden ugur alnyp, agzalýan gatnaşyjylaryň hukuk

[193] Арбитражный процесс: Учебник для вузов. Под ред. М.К.Треушникова. М.:Зерцало.1995.S.72.

[194] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 41.

[195] Юдин А.В. Правовое положение лиц, не участвующих в деле, о чьих правах и обязанностях может быть принят судебный акт //Вестник ВАС РФ. 2010. №10. S.43-44.

[196] Курс советского гражданского процессуального права. Т.1. Теоретические основы правосудия по гражданским делам. М.: Изд-во «Наука». 1981. S.200-203; Арбитражный процесс: Учебник для вузов. Под ред. М.К.Треушникова. М.:Зерцало.1995.S.19. и др.

ýagdaýynda duş gelýän käbir näsazlyklary we ýetmezçilikleri aradan aýyrmak boýunça esaslandyrylan pikirler, tejribe jähtden derwaýys teklipler aýdylýar.

Her bir iş ýöredişe gatnaşyjynyň hukuk ýagdaýynyň dogry kesgitlenilmegi kazyýet önümçiliginde aýanlygyň ýüze çykarylmagyna hem-de bozulan we jedelli hukuklaryň talaba laýyk goralmagyna oňaýly täsir edýär.

## 3.1. Taraplaryň hukuk ýagdaýy

Taraplar – bu kazyýetde garalýan jedelli maddy-hukuk gatnaşygynyň subýektleridir[197]. Bozulan ýa-da jedelli hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak maksady bilen kazyýete Türkmenistanyň, şol sanda daşary ýurtlaryň fiziki we ýuridik şahslary ýüz tutup bilýärler. Şeýle-de döwlet ýa-da jemgyýetçilik bähbitlerini goramak üçin kazyýete prokuror, döwlet edaralary, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary we beýleki ygtyýarly edaralar ýüzlenmäge haklydyrlar.

Umumy kada görä, kazyýete talap arza bilen ýüz tutan tarap däl-de, işde bähbidi bar tarap talapçy diýlip bilinýär[198]. Elbetde, kazyýete işde bähbidi bolan tarapyň özi hem ýüz tutmaga haklydyr. Haçan-da kazyýete prokuror ýa-da başga ygtyýarly tarap talap arza bilen ýüz tutan ýagdaýynda işde bähbidi bar tarap talapçy hökmünde iş ýöredişe gatnaşdyrylýar. Şeýle halatda prokuror ýa-da beýleki ygtyýarly tarap kazyýet önümçiliginde sözüň iş ýörediş manysynda talapçy hökmünde çykyş edýär[199].

Talapçynyň talap arzasy esasynda işe çekilýän fiziki we ýuridik şahslar bolsa iş ýöredişde jogapçy hökmünde çykyş edýärler[200]. Kanuna

[197] Ефимова В.В. Арбитражное процессуальное право. Учебное пособие. Саратов. 2009. S.37.

[198] Ченцов Н.В. К вопросу о понятии стороны //Проблемы понятийного аппарата наук гражданского и гражданского процессуального права: Сб. науч. трудов. Ярославль, 1987. S.129.; Арбитражный процесс. Под ред. В.В.Яркова. Учебник.-4-е изд., перераб. и доп. М.:Инфотропик Медиа, 2010. S.75.

[199] Курс советского гражданского процессуального права. Т.1. Теоретические основы правосудия по гражданским делам. М.: Изд-во «Наука». 1981. S.288-289.

[200] Бахарев П.В. Арбитражный процесс: Учебно-методический комплекс.-

laýyklykda diňe taraplar jedeliň obýektine ygtyýar etmäge haklydyrlar we diňe şolar iş boýunça ähli kazyýet çykdajylaryny töleýärler.

Taraplaryň esasy hukuklary TAIÝK-da berkidilýär[201]. Kanuna laýyklykda, işe gatnaşýan taraplaryň, işiň maglumatlary bilen tanyşmaga, olardan zerur maglumatlary göçürip almaga, göçürmeler almaga, degişli gatnaşyjylara ynam bildirmezlige, subutnamalary bildirmäge we olaryň derňewine gatnaşmaga, soraglar bermäge, haýyşnamalar bilen ýüz tutmaga, kazyýete dilden we ýazmaça düşündirişleri bermäge, iş ýöredişiň dowamynda ýüze çykýan ähli soraglar boýunça delillerini görkezmäge, haýyşnamalar babatda garşylyk bildirmäge, çözgütlere täzeden garamak barada arza bilen ýüz tutmaga we kanunda kesgitlenen gaýry iş ýörediş hukuklaryndan peýdalanmaga haklary bardyr.

Iş ýöredişde taraplaryň deňligi ýörelgesine laýyklykda jogapkäre bikanun we esassyz talapdan goranmaga doly mümkinçilikler döredilýär. Kazyýet tejribesinde jogapkäriň garşylyklaýyn talap bildirýän ýagdaýlary juda seýrekdir. Jogapkär talapdan, esasan, oňa öz nägileliklerini bildirmek ýoly bilen goranýar[202].

Işe gatnaşýan taraplar özlerine degişli iş ýörediş hukuklaryndan ynsaply peýdalanmalydyrlar. Hukuklardan ynsapsyz peýdalanmak, bilip duran halatyňda esassyz talaby bildirmekde ýa-da kanuny we esasly talap babatda jedelleşmekde ýüze çykyp biler. Diňe bir taraplar däl, eýsem ähli işe gatnaşýan taraplar iş ýörediş hukuklaryndan hyýanatly peýdalanan halatlarynda, kanun esasynda oňaýsyz hukuk ýagdaýlary döreýär[203].

TAIÝK-nyň gözkezilen maddasynda işe gatnaşýan taraplaryň borçlary hem kesgitlenýär. Kanuna laýyklykda olar, kazyýetiň çagyrmagy boýunça kazyýet mejlisine gelmäge, kazyýetiň talaby boýunça zerur maglumatlary (subutnamalary) bildirmäge, seljerilýän jedeliň

М.:Изд.центр ЕАОИ, 2008, S.66.

[201] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 33.

[202] Рожкова М.А. Возражения (процессуальный и материальный аспекты) // Вестник ВАС РФ. 2002. N 6. S. 97.

[203] Шабанова К.А. О злоупотреблении процессуальными правами // Арбитражная практика. 2002. N 5. S.48-52.

mazmuny boýunça kazyýete dilden we ýazmaça düşündirişler bermäge, şeýle hem kanunda kesgitlenen beýleki iş ýörediş kadalaryny berjaý etmäge borçludyrlar.

TAIÝK-da taraplaryň ýörite hukuklary hem berkidilýär[204]. Kanun boýunça talapçy talabyň predmetini ýa-da esasyny üýtgedip, talabyň möçberini azaldyp ýa-da köpeldip ýa-da talabyndan ýüz dönderip bilýär. Kanunda bellenilişine görä, talapçy talap arzasynyň esasyny ýa-da predmetini üýtgetmäge ygtyýarlydyr, ýöne bir wagtyň özünde ol talabynyň esasyny hem predmetini üýtgedip bilmeýär. Sebäbi şeýle edilende talap arza başga talap arza öwrülýär.

Talap arzanyň esasy – hukuk ýagdaýlar bolup, olardan talapçynyň talaby gelip çykýar. Hukuk ýagdaýlar – bu taraplaryň arasynda maddy-hukuk gatnaşyklarynyň döremegi, üýtgemegi we ýatyrylmagy bilen bagly ýagdaýlardyr. Talapçynyň jogapça bildirýän talaby bolsa talap arzanyň predmeti bolup durýar[205].

Kanuna laýyklykda jogapçy talap arzany doly ýa-da bölekleýin ykrar edip bilýär, şonuň ýaly-da taraplar iş ýöredişiň islendik tapgyrynda öz aralarynda barlyşyk ylalaşygyny baglaşmaga haklydyrlar.

Kazyýet talap arzadan ýüz dönderilmegini kabul etmezinden ýa-da barlyşyk ylalaşygyny tassyklamazyndan öň taraplara bu hereketleriň döredip biljek hukuk netijelerini düşündirýär. Çünki, taraplaryň arasynda şol bir esas, şol bir predmet boýunça jedelli mesele babatda öň ýüz dönderilen ýa-da barlyşyk ylalaşygy baglaşylan talap arza boýunça kazyýete gaýtadan ýüz tutmaga ýol berilmeýär. Barlyşyk ylalaşygy – bu taraplaryň arasynda hukuk babatda özara jedeli ýatyrmagyň şertleri baradaky ylalaşykdyr. Düzgün bolşuna görä, talapçy käbir eglişiklere gidýär, jogapçy bolsa möçberi azaldylan ýa-da üýtgedilen talaplary kabul edýär.

Eger-de kanuna garşy ýa-da kimdir biriniň hukuklaryna we kanun tarapyndan goralýan bähbitlerine zelel ýetirilýän bolsa, kazyýet talap arzadan ýüz dönderilmegini, talabyň möçberiniň üýtgedilmegini,

---

[204] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 37.

[205] Ефимова В.В. Арбитражное процессуальное право. Учебное пособие. Саратов. 2009. S.68.

talap arzanyň ykrar edilmegini kabul etmeýär, barlyşyk ylalaşygyny bolsa tassyklamaýar. Şeýle halatlarda kazyýet jedeli düýp mazmuny boýunça seljerýär we çözgüt çykarýar. TAIÝK-nyň ýokarda agzalan maddasynda: “kanunlara ýa-da beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna ters gelýän” diýen jümleler bar[206]. “Kanun” düşünjesi giň manyda ulanylýar, şonuň üçin hem “ýa-da beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna” diýen sözler maddanyň tekstinden aýrylmaga degişli.

GDA döwletleriniň adybir kodekslerinde işe gatnaşýan taraplaryň hukuklary we borçlary has giňişleýin we anyk berkidilýär. Mysal üçin, RF-iň AIÝK-syna laýyklykda işe gatnaşýan taraplar kazyýet seljerişi başlanmazyndan öň subutnamalar we kazyýet namalary babatda bildirilen şikaýatlar bilen tanşyp bilýärler, kazyýet namalarynyň göçürmelerini alyp bilýärler we ş.m.)[207].

Şeýle hem GDA döwletlerinde özleri babatda kazyýet namasy çykarylan, ýöne işe resmi gatnaşmadyk taraplaryň hukuklary hem kepillendirilýär. Görkezilen taraplar özleriniň hukuklaryny we bähbitlerini goramak maksady bilen nägilelik we gözegçilik tertibindäki önümçilikleri gozgamaga haklydyrlar. Olar işe gatnaşýan taraplaryň hukuklaryna we borçlaryna eýedirler[208].

Türkmenistanyň kazyýet tejribesinde hem “işe gatnaşmadyk taraplar” babatda çözgüt çykarylyp bilinmez diýip güwä geçip bolmaz. Hereket edýän arbitraž iş ýörediş kanunçylygyna laýyklykda, şu ýagdaýa düşen şahslaryň hukuklary we kanuny bähbitleri diňe özbaşdak kazyýet önümçiliginde goralmaga degişlidir. Biziň pikirimizçe, her bir şahsyň bozulan ýa jedelli hukuklary we kanuny bähbitleri olaryň işe gatnaşýanlygyna ýa-da gatnaşdyrylmanlygyna garamazdan, kazyýetde gaýra goýulmasyz

---

[206] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 37. Böl.3.

[207] Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Mad.41.

[208] Рехтина И.В. Проблемы судебной защиты прав и законных интересов лиц, не участвовавших в деле //Юрист. 2008. №6. S.48-51.
Şuňa meňzeş kada GDA döwletleriniň beýlekileriniň hem arbitraž (hojalyk, raýat) iş ýörediş kodekslerinde duş gelýär. Seret: BR-iň HIÝK-sy (mad.56). Täj.R-iň YKÖK-sy (mad.252,270); Gyr.R-iň RIÝK-sy (mad.315, 337-1, 343); MR-iň RIÝK-sy (mad.447); ER-iň RIÝK-sy (mad.205, 223).

goralmaga degişlidir, sebäbi gijikdirilen kazyýet goragynyň netijeliligi şu halatlarda pes bolmagy mümkindir. Häzirki döwürde Russiýa Federasiýasynda işe gatnaşmadyk taraplaryň kazyýet goraglylygynyň wajyplygyndan ugur alyp, olaryň meseleleri bilen bagly şikaýatlary aýratyn önümçilige bölüp, özbaşdak önümçilikde garamaklygy teklip edýärler[209]. Elbetde, bu tertip işde bähbidi bar taraplaryň ählisiniň kazyýet goraglylygyny talaba laýyk üpjün eder.

Oňyn tejribe hökmünde käbir GDA döwletlerinde "arza bilen ýüz tutanyň" hem hukuk ýagdaýynyň kesgitlenýändigini görkezmek bolar. Mysal üçin, RF-iň AIÝK-syna laýyklykda, arza bilen ýüz tutan tölege ukypsyzlyk (batyp galmak) hakda we ş.m. hukuk ähmiýetli ýagdaýlary anyklamak barada we beýleki işleri gozgap bilýär. Eger-de AIÝK-da başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, olar tarapyň hukuklaryndan peýdalanýarlar we borçlaryny berjaý edýärler[210].

Ýokarda seljerilen hukuk kadalarynyň TAIÝK-da berkidilmegi taraplaryň hukuk ýagdaýyny has-da güýçlendirjekdigi şühbesizdir. Maksat hem taraplaryň hukuklarydyr kanuny bähbitlerini doly we hemmetaraplaýyn goramak mümkinçiligini üpjün etmekdir.

## 3.2. Üçünji taraplaryň hukuk ýagdaýy

Adatça, iş ýöredişe iki tarap, ýagny talapçy we jogapçy gatnaşýar. Talapçynyň we jogapçynyň tarapynda birnäçe taraplaryň (talapçylaryň we (ýa-da) jogapçylaryň) gatnaşmagy bilen iş ýörediş çylşyrymlaşyp biler, emma muňa garamazdan iş ýörediş iki tarapdan, talapçynyň we jogapçynyň tarapyndan ybarat hasaplanýar.

Kähalatda, agzalan taraplardan başga-da, işde belli bir maddy-hukuk bähbitleri bolan taraplar hem bolup biler. Olar talapçy we jogapçy babatda üçünji tarap bolup çykyş edýärler. Şoňa görä-de, bu taraplaryň hukuk ýagdaýyny düzgünleşdirýän kadalar üçünji taraplaryň instituty diýlip atlandyrylýar. Alymlaryň dogry belläp geçmeklerine görä, bu

[209] Борисова Е.А. Проверка судебных актов по гражданским делам. М., 2005. S.72.
[210] Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Mad.45.

institut ykdysasy işleriň doly we hemmetaraplaýyn seljerilmegine, aýanlygyň dogry ýüze çykarylmagyna hem-de özara baglanyşykly jedelleriň çalt çözülmegine ýardam edýär[211].

Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, işde maddy-hukuk bähbidi bolan özbaşdak talap bildirýän üçünji tarap, özbaşdak talap arza bermek arkaly beýleki taraplaryň başlangyjy bilen başlanan iş ýöredişe girip bilýär. Şunda işe gatnaşýan üçünji tarap öz talap arzasyny umumy esaslarda bildirýär. Üçünji tarapyň talap arzasy iş ýörediş kadalarynyň ähli talaplaryny berjaý etmek bilen resmileşdirilýär we onuň üçin döwlet pajy tölenilýär.

Özbaşdak talap bildirýän üçünji tarap, talap arzasyny bildirmek bilen, jedelli hukuk gatnaşygynda birbada talapçynyň hem-de jogapçynyň hukuklaryna dalaş edýär. Şonuň üçin hem onuň talap arzasy, adatça, iki tarapyň-da garşysyna gönükdirilýär[212].

Özbaşdak talap bildirýän üçünji tarapyň hukuk ýagdaýy barada aýdylanda, ol edil talapçynyň hukuk ýagdaýy bilen meňzeşdir, ýagny ol iş ýöredişde talapça berilýän ähli hukuklardan peýdalanýar we şonuň bilen bir hatarda hem onuň ähli borçlaryny ýerine ýetirýär. Şonuň üçin hem özbaşdak talap bildirýän üçünji tarap babatda “üçünji tarap” adalgasynyň ulanylmagy diňe tehniki ähmiýete eýedir[213]. Edil talapçy ýaly, ol hem talap arzadan ýüz dönderip, talabynyň möçberini üýtgedip, barlyşyk ylalaşygyny baglaşyp, kazyýet çözgüdine şikaýat edip bilýär we talapçynyň beýleki ygtyýarlyklaryndan peýdalanýar.

---

211 Маклаев Д.В. Понятие и основания участия третьих лиц в арбитражном процессе. http//www.yurclub.ru/print.php. 20.05.2011ý.; Курс советского гражданского процессуального права. Т.1. Теоретические основы правосудия по гражданским делам. М.: Изд-во «Наука». 1981. S.262-263.; Арбитражный процесс: Учебник-3-е изд., перераб. и доп. / Под ред. М.К. Треушникова. М.: Издательский дом «Городец», 2007. S.79.

212 Арбитражный процесс: Учебник-3-е изд., перераб. и доп. / Под ред. М.К. Треушникова. М.: Издательский дом «Городец», 2007. S.80.; Каменков В.С. Третьи лица в хозяйственном судопроизводстве Беларуси //Арбитражный и гражданский процесс. 2009. №1. S.34.

213 Курс советского гражданского процессуального права. Т.1. Теоретические основы правосудия по гражданским делам. М.: Изд-во «Наука». 1981. S.267-268.

Talapçydan tapawutlylykda özbaşdak talap bildirýän üçünji tarapdan, jogapçy bilen bu işler boýunça kanuna ýa-da şertnama laýyklykda, jedeli kazyýete çenli düzgünleşdirmek çärelerini amala aşyrmak borjuny ýerine ýetirmegi talap etmek bolmaýar[214].

Özbaşdak talap bildirýän üçünji tarap diňe öz başlangyjy bilen iş ýöredişe girýär. Işi seljerişe taýýarlamak tertibinde kazy işde başga-da bähbidi bar taraplaryň bardygyny anyklap, olary başlanan iş ýörediş barada habarly etmäge borçludyr, ýöne olary öz başlangyjy bilen işe çekip bilmeýär, sebäbi dispozitiwlik ýörelgesi bozulýar[215].

Özbaşdak talap bildirýän üçünji tarapyň şu iki ýagdaýda iş ýöredişe goýberilmezligi mümkindir:

eger-de kazyýet jedelli hukuk gatnaşyk babatda onuň taraplar bilen hiç hili maddy-hukuk gatnaşyklary bilen bagly däldigini anyklasa. Şeýle netije üçünji taraplar institutynyň many-mazmunyndan gelip çykýar, ýagny üçünji tarapyň talaby jedeliň predmetine gönükdirilen bolmaly;

eger-de kazyýet onuň talabynyň ilkibaşdaky talap arza bilen bilelikde seljerilmegini maksadalaýyk däl diýen netijä gelse. Şu ýagdaýda kazy bir ýa-da birnäçe birikdirilen talaplaryň aýratyn iş hökmünde garalmagyna hukuk bermegi göz öňünde tutýan TAIÝK-nyň degişli maddasyna goldanýar[216].

Kazyýetiň özbaşdak talap bildirýän üçünji tarapy iş ýöredişe goýbermek (goýbermekden ýüz döndermek) hakyndaky kesgitnamasyna talapçy we jogapçy şikaýat, prokuror bolsa teklipnama getirip bilmeýärler, çünki bu hereketler işiň dowam etdirilmegine hiç hili päsgelçilik döretmeýär. Taraplar özbaşdak talap bildirýän üçünji tarapyň iş ýöredişe gatnaşmagy babatdaky närazylyklaryny nägilelik şikaýatynda bildirip bilýärler.

---

[214] Отческая Т.И., Власов А.А., Шилов А.В., Сметанников А.Е. Арбитражный процесс: Учебное пособие. Тюмень: Издательство Тюменского государственного университета. 2008. S.124.; Бахарев П.В. Арбитражный процесс: Учебно-методический комплекс.-М.:Изд.центр ЕАОИ, 2008, S.68.

[215] Каменков В.С. Третьи лица в хозяйственном судопроизводстве Беларуси // Арбитражный и гражданский процесс. 2009. №1. S.34.

[216] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 74. Böl.2.

Iş ýöredişe goýberilmedik özbaşdak talap bildirýän üçünji tarap özüniň hukugyny ilkinji taraplaryň jedeli boýunça kimiň peýdasyna çözgüt çykarylan bolsa, şonuň garşysyna özbaşdak talap arza bildirmek arkaly gorap bilýär. Emma, şeýle gijikdirilen kazyýet goragy islenilmeýän netijelere hem getirip biler. Mysal üçin, kazyýetiň çözgüdi boýunça jedelli predmeti alan tarap ony satyp, sowgat berip we ş.m. hereketleri edip biler[217]. Şonuň üçin, eger-de soň özbaşdak talap bildirýän üçünji tarapyň özbaşdak talap arzasy kanagatlandyrylsa, şeýle çözgüdiň ýerine ýetirilmegi kynlaşýar, mümkin-de ol diňe öwezini dolma pul tölegi bilen kanagatlanmaga mejbur bolar.

Özbaşdak talap bildirýän üçünji tarap iş ýöredişe goýberilen ýagdaýynda kazyýet iki talap arza garaýar. Şunda şol talaplaryň biriniň garalman galdyrylmagy beýleki talap babatda şoňa meňzeş hereketiň gaýtalanmagyna esas bolup bilmeýär. Ilkinji taraplaryň arasyndaky iş tamamlanandan soň özbaşdak talap bildirýän üçünji tarap adaty talapça öwrülýär.

Özbaşdak talap bildirýän üçünji tarapy tarapdarlardan tapawutlandyrmak gerek. Tarapdarlykda talapçylaryň talaplary biri-biriniňkini inkär etmeýär. Özbaşdak talap bildirýän üçünji tarapyň talaby ilkibaşdaky talapçynyň talabyny doly inkär edýär, çünki olar jedeliň predmeti babatda biri beýlekisiniň garşysyna durýar.

RF-iň AIÝK-synda şeýle bellenip geçilýär, eger-de özbaşdak talap bildirýän üçünji tarap kazyýet seljermesi başlanandan soň iş ýöredişe giren bolsa, onda arbitraž kazyýetiň birinji basgançagynda işe täzeden garalyp başlanýar[218]. Işde bähbidi bar taraplaryň kazyýet goragyny has-da doly kepillendirýän şu kada TAIÝK-da hem berkidilse dogry bolardy.

Eger-de iş boýunça çykarylan çözgüt taraplaryň haýsy hem bolsa biri babatynda onuň hukuklaryna ýa-da borçlaryna täsir edip biljek bolsa, özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarap işde talapçynyň ýa-da jogapçynyň tarapynda çykyş edip bilýär[219].

---

[217] Каменков В.С. Третьи лица в хозяйственном судопроизводстве Беларуси // Арбитражный и гражданский процесс. 2009. №1. S.34.

[218] Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. M., 2006. Mad.50. Böl.3.

[219] Бахарев П.В. Арбитражный процесс: Учебно-методический комплекс.-

Özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarapyň hukugyna we borjuna kazyýetiň çözgüdiniň täsiri dürli-dürli bolup biler. Köp halatda iş boýunça çykarylan çözgüt tarapyň (ozaly bilen jogapçynyň) onuň öz tarapynda işe gatnaşan özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarapa regress talap bildirmek hukugynyň ýüze çykmagyna esas bolýar. Mundan başga-da bir ýuridik şahsyň peýdasyna çykarylan çözgüt başga bir ýuridik şahsyň hukuklaryny bozýan ýa-da onuň kanuny bähbitlerine ters gelýän bolsa, özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarap iş ýöredişe çekilip bilner[220].

Kanun boýunça özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarap jogapçynyň hem talapçynyň tarapynda çykyş edip bilýän-de bolsa, tejribede onuň talapçynyň tarapynda gatnaşmagy seýrek duş gelýär.

Özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarap iş ýöredişe öz başlangyjy bilen girip bilýär. Şeýle-de ol taraplaryň we prokuroryň haýyşnamalary esasynda ýa-da kazyýetiň başlangyjy bilen hem iş ýöredişe çekilip bilinýär.

Olar birinji basgançakly kazyýetiň çözgüdi çykýança iş ýöredişe girip ýa-da çekilip bilinýär. Ýöne, adatça, özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarapyň iş ýöredişe girmek meselesi işi kazyýet mejlisine taýýarlaýyş döwründe çözülýär.

Iş ýöredişe özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarapyň çekilmezligi ol kimiň tarapynda çykyş etmeli bolsa, onuň üçin oňaýsyz netijelere getirip biler. Sebäbi taraplaryň arasyndaky jedel boýunça kazyýetiň çözgüdi onuň üçin preýudisial ähmiýete eýe bolup bilmeýär, ýagny kazyýetiň çözgüdiniň kanuny güýji oňa degişli bolmaýar. Özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarap, eger-de ol iş ýöredişe gatnaşyp degişli tarapyň garşysyna çözgüt çykarmagyň öňüni almagy başarjakdygyny subut edip bilse, ol regress talap boýunça jogapkärçilikden boşadylýar[221]. Özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarapyň iş ýöredişe hakykat ýüzünde gatnaşmakdan boýun gaçyrmagy, onuň

---

М.:Изд.центр ЕАОИ, 2008, S.69.

220 Губанов В.А. Третьи лица в арбитражном процессе // Вестник ВАС РФ. 1997. №9.S.106-113.

garşysyna bildirilen regress talap boýunça işiň nädogry alnyp barlandygyny subut etmek hukugyndan mahrum edýär.

Özbaşdak talap bildirmeýän üçünji taraplar taraplaryň hukuklaryndan peýdalanýarlar we olaryň borçlaryny ýerine ýetirýärler. Ýöne arbitraž iş ýörediş kanunçylygy olaryň dispozitiw ygtyýarlyklaryny belli bir derejede çäklendirýär. Hususan-da, özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarap talabyň esasyny ýa-da predmetini üýtgedip, talabyň möçberini köpeldip ýa-da azaldyp, talapdan ýüz dönderip, talaby ykrar edip ýa-da barlyşyk ylalaşygyny baglaşyp, çözgüdiň mejbury ýerine ýetirilmegini talap edip bilmeýär. Bu ýagdaý olaryň jedelli maddy-hukuk gatnaşygynyň subýekti bolup durmaýandyklary bilen düşündirilýär[222].

Özbaşdak talap bildirýän üçünji taraplaryň bu hukuklaryň ählisine ygtyýary bar (jogapçy bilen jedeli kazyýete çenli düzgünleşdirmek tertibinden başgasyna), çünki olar jedelli maddy-hukuk gatnaşygynyň subýekti bolup çykyş edýärler.

Tejribede özbaşdak talap bildirmeýän üçünji taraplary tarapdarlar (jogapçylar) bilen çalşyrýarlar. Ýöne ol garşydaş tarap bilen jedelli ýagdaýda bolup bilmeýär, çünki jedelli maddy-hukuk gatnaşygynyň subýekti bolup çykyş etmeýär. Özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarap diňe bir tarap, ýagny ol kimiň tarapynda çykyş edýän bolsa, şonuň bilen maddy-hukuk gatnaşygynda bolup bilýär.

Özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarap iş ýöredişe kazyýetiň çözgüdiniň özi üçin ýaramaz netijeleri getirip biläýjek ýagdaýlarynyň öňüni almak maksady bilen gatnaşýar. Sebäbi, kazyýet iş ýöredişiň dowamynda diňe taraplaryň arasyndaky jedeliň çözgüdi üçin ähmiýetli hukuk ýagdaýlary däl-de, eýsem geljekde özbaşdak talap bildirmeýän

221 Курс советского гражданского процессуального права. Т.1. Теоретические основы правосудия по гражданским делам. М.: Изд-во «Наука». 1981. S.270.; Арбитражный процесс. Под ред. В.В.Яркова. Учебник.-4-е изд., перераб. и доп. М.:Инфотропик Медиа, 2010. S.83.

222 Курс советского гражданского процессуального права. Т.1. Теоретические основы правосудия по гражданским делам. М.: Изд-во «Наука». 1981. S.270-271; Отческая Т.И., Власов А.А., Шилов А.В., Сметанников А.Е. Арбитражный процесс: Учебное пособие. Тюмень: Издательство Тюменского государственного университета. 2008. S.124.

üçünji tarapa bildirilip bilinjek regress talabyň çözülmegi üçin ähmiýetli ýagdaýlary hem anyklaýar[223].

Tarap (adatça, jogapçy) özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarapy öz tarapyna çekmek bilen özüniň geljekdäki regress talabynda hukuk ýagdaýyny ýeňilleşdirýär, çünki özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarapyň kazyýet tarapyndan iş boýunça öň kesgitlenen ýagdaýlary inkär etmäge haky ýokdur.

Özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarap iş ýöredişe gatnaşmak bilen kimiň tarapynda çykyş edýän bolsa, şoňa-da hemmetaraplaýyn goldaw berýär. Şeýle etmek bilen ol öz garşysyna regress talabyň bildirilmeginiň öňüni almaga çalyşýar.

Şeýlelikde, özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarap iş ýöredişde taraplaryň biriniň tarapynda çykyş etmek we oňa kömek bermek bilen öz bähbitlerini goraýar.

Kazyýet, eger-de özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarapyň kimiň tarapynda çykyş etjek bolýan bolsa, onuň bilen hiç hili maddy-hukuk gatnaşygynyň ýokdugyny anyklasa, özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarapa iş ýöredişe girmäge razylyk bermeýär, onuň işe çekilmegi baradaky haýyşnamalaryny-da kanagatlandyrmaýar. Taraplar özleriniň özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarapyň işe çekilmegi ýa-da çekilmezligi babatdaky garaýyşlaryny nägilelik şikaýatynda görkezip bilýärler.

Jogapçy we özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarapyň arasynda regress talap esasynda ýüze çykýan gatnaşyklary seljereliň. Jogapçynyň, ýagny talapça öwrülen jogapçynyň özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarapa, ýagny jogapça regress talaby özbaşdak iş ýöredişde garalýar. Bu dogry tejribe, sebäbi kazyýet mejlisinde birden iki talap arza garamak iş ýöredişiň çylşyrymlaşmagyna we onuň haýal gitmegine getirýär.

Bu talaplar bilelikde garalan halatynda kazyýet esasy we regress talap arzalarynyň ýagdaýlaryny bir wagtda derňemeli bolýar. Olar bolsa, many-mazmun taýdan düýpgöter tapawutlydyrlar. Munuň özi

[223] Каменков В.С. Третьи лица в хозяйственном судопроизводстве Беларуси // Арбитражный и гражданский процесс. 2009. №1. S.35.

jedelli gatnaşyklaryň hakyky ýagdaýlarynyň dogry anyklanmagyna päsgelçilik döredýär.

Özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarapy häsiýetlendirýän esasy alamatlar:

jedeliň predmetine gönükdirilen özbaşdak talabyň ýoklugy;

talapçynyň talap arzasy boýunça başlanan işe girmegi;

diňe taraplaryň biri bilen maddy-hukuk gatnaşygynda bolmagy;

çözgüdiň onuň hukuklaryna we borçlaryna täsirini ýetirip bilmegi.

Bu institut bilen bagly GDA döwletleriniň tejribesinde duş gelýän käbir aýratynlyklara ýüzleneliň. Mysal üçin, RF-niň AIÝK-synyň özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarapyň hukuklaryny we borçlaryny kesgitleýän bölüminde olaryň garşylyklaýyn talaby bildirmäge hukuklarynyň ýokdugy goşmaça görkezilýär. Özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarapyň işe girmegi (çekilmegi) ýa-da ony iş ýöredişe goýbermezlik baradaky mesele boýunça arbitraž kazyýeti tarapyndan kesgitnama çykarylýar. Eger-de özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarap iş ýöredişe kazyýet seljerişi başlanandan soň girse, onda işi seljermeklik arbitraž kazyýetiň birinji basgançagynda gaýtadan başlanýar[224]. Bu möhüm kada özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarapyň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini has-da ygtybarly goramaga mümkinçilik döredýär. Şonuň üçin hem ony TAIÝK-na girizmeklik zerurdyr.

## 3.3. Prokuroryň hukuk ýagdaýy

Hukugyň taryhyna ser salsaň biziň döwletimiziň ösüşiniň sosialistik tapgyrynda adyl kazyýeti amala aşyrmagyň üstünden “prokuror gözegçiligi” kanunyň derejesinde berkidilipdi. Sowet Soýuzyndan başga dünýäniň hiç bir döwletinde kazyýetiň üstünden prokuror gözegçiligi amala aşyrylmaýardy. Sebäbi munuň özi kazyýet häkimiýetiniň garaşsyzlyk hukuk ýagdaýyna ters gelýärdi[225].

Türkmenistan garaşsyzlygyny alandan soňra bu adalga kanunçylykda kazyýet önümçiligine “prokuroryň gatnaşmagy” diýen düşünje

[224] Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Mad.51.

[225] Курс советского гражданского процессуального права. Т.1. Теоретические основы правосудия по гражданским делам. М.: Изд-во «Наука». 1981. S.283-284.

bilen çalşyryldy. Prokuroryň hukuk ýagdaýyny kesgitlemekde täzeçe çemeleşmäniň baş maksady hem raýat we ykdysady jedeller baradaky kazyýet çözgütleriniň kanunylygyna prokuror gözegçiligini talaba laýyk üpjün etmekdir[226]. Hereket edýän raýat, arbitraž iş ýörediş kanunçylygyna laýyklykda, bir ýagdaýda, prokuror kazyýete talap arza (arza) bilen ýüz tutanda ol talapçy (arza bilen ýüz tutan) hökmünde, beýleki halatda bolsa – ol iş ýöredişde kanunylygyň üpjün edilmeginiň kepili hökmünde çykyş edýär.

Bazar ykdysadyýetiniň şertlerinde bu kada döwrebap özgerdilmäge degişli. Iş ýöredişde kanunylygy üpjün etmek boýunça prokuroryň gözegçilik ygtyýarlyklary bolmaly, ýöne bu gözegçilik kazyýetiň üstünden bolmaly däl. Kazyýet önümçiliginde kanunylygy üpjün etmek diýmek, başgaça aýdylanda, prokuror gözegçiligini amala aşyrmaklygy aňladýar. Şuňa meňzeş pikir, ýagny prokuroryň kazyýet önümçiliginde kanunlaryň dogry we birmeňzeş ýerine ýetirilmegine gözegçilik wezipesiniň bolmalydygy barada garaýyş ylmy edebiýatda soňky döwürde işjeň ara alnyp maslahatlaşylýar[227]. Aslynda Russiýa döwletinde prokuraturanyň ilkibaşda kanunylyga gözegçiligi amala aşyrýan edara hökmünde döredilenligini belläp geçmegimiz zerur[228].

Ýokarda aýdylanlar Gazagystan Respublikasynyň raýat iş ýörediş kodeksinde doly durmuşa geçirilen. Kodeksde prokuror raýat kazyýet önümçiliginde[229] kanunlaryň dogry we birmeňzeş ulanylmagyna döwletiň adyndan gözegçilik amala aşyrýar diýip anyk berkidilen[230].

---

[226]“Raýat we araçy jedeller baradaky kazyýetiň çözgütleriniň kanunylygyna prokuror gözegçiligi hakynda” Türkmenistanyň Baş prokurorynyň 2001- nji ýylyň 30-njy iýunynda çykaran 11-nji belgili buýrugynyň 1-nji bendi. Türkmenistanyň Baş prokurorynyň Buýruklarynyň we görkezmeleriniň ýygyndysy. 2-nji goýberiş. Aşgabat, 2005. S.190.

[227] Арбитражный процесс: Учебник-3-е изд., перераб. и доп. / Под ред. М.К. Треушникова. М.: Издательский дом «Городец», 2007. S.83.

[228] Бывальцева С.Г. Конституционно-правовой статус прокуратуры: проблемы и преспективы //Конституционное и муниципальное право. 2011. №5. S. 25.

[229] Ykdysady jedeller bu döwletde “raýat kazyýet önümçiliginiň” çäginde garalmaga degişli edilen. Seret: Gaz.R-iň RIÝK-sy (mad.3).

[230] Gaz.R-iň RIÝK-sy (mad.55, böl.1).

Ýokarda bellenilişi ýaly, TAIÝK-na laýyklykda prokuror kazyýete talap arza bilen ýüz tutup bilýär ýa-da iş ýöredişiň islendik tapgyrynda işe girip bilýär[231].

Kanunyň şu maddasyndan prokuroryň iş ýöredişe "birinji görnüşde" hiç bir çäklendirmesiz gatnaşyp bilýändigi aýdyň görünýär. Ýöne prokuror "iş ýöredişe onuň islendik tapgyrynda girip bilýär[232]" diýen kada nähili düşünmeli we prokuror bu hereketi amala aşyranda onuň ygtyýarlyklary nämeden ugur alnyp kesgitlenmeli? Şu mesele bilen bagly Türkmenustsnyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň kararlarynda berlen ugrukdyryjy düşündirişleri ýa-da Türkmenistanyň Baş prukurorynyň buýrugy bilen resmileşdirilen görkezmeleri-de ýok.

Bu ýönekeý bolmadyk hukuk ýagdaýdan çykalgany TAIÝK-nyň käbir maddalaryny seljerip tapsa bolar. Prokuror işe gatnaşýan taraplara degişli edilen[233]. Işe gatnaşýan tarap hökmünde ol iş ýöredişde öz garaýşyny beýan etmäge we esaslandyrmalaryny getirmäge ygtyýarlydyr[234]. Başgaça aýdylanda, prokuror kazyýet önümçiliginde döreýän meseleler boýunça öz pikirini aýtmaga haklydyr. Munuň özi prokuroryň iş ýöredişe onuň ähli basganҫaklarynda "ikinji görnüşde" hem gatnaşyp bilýändigini aňladýar.

Şu meselede kanun çykaryjynyň garaýşyny doly anyklamak maksady bilen, RF-iň AIÝK-sy bilen deňeşdirme seljermesini geçirip göreliň. Russiýa Federasiýasynyň Raýat iş ýörediş kodeksinden tapawutlylykda, RF-iň AIÝK-synda prokuroryň iş ýöredişe netijenama bermek maksady bilen gatnaşmaklygy anyk göz öňünde tutulmaýar[235].

Şeýle-de bolsa, prokuroryň iş ýöredişe onuň islendik tapgyrynda gatnaşmaga bolan hukugy welin kanunda berkidilen. Şoňa görä-

231 Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 40.

232 Şuňa meňzeş kada GDA döwletleriniň aglabasynyň arbitraž (hojalyk, raýat) iş ýörediş kodekslerinde berkidilen. Seret: Täj.R-iň YKÖK-sy (mad.51, böl.6); Gyr.R-iň RIÝK-sy (mad.45, böl.1); Gaz.R-iň RIÝK-sy (mad.55, böl.2); ÖR-iň HIÝK-sy (mad.43); U-iň HIÝK-sy (mad.29).

233 Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad.32.

234 Şol ýerde, Mad.33.

235 Арбитражный процесс. Учебник. / Под ред. В.В. Яркова. М.:Юрист. 2002. S.103.

de, RF-iň AIÝK-syna laýyklykda[236] prokuroryň işe gatnaşýan tarap hökmünde iş ýöredişiň ähli basgançaklarynda netijenama bermek üçin gatnaşmaga hukugy bar diýip dogry pikir aýdylýar[237]. Arbitraž iş ýörediş kanunyna laýyklykda prokurory öz başlangyjy bilen iş boýunça netijenama berdirmek üçin, işe çekmäge hukugy bolmaly diýen pikir bilen hem doly ylalaşmaly[238].

GDA döwletleriniň içinde bu pikiriň doly durmuşa geçirilen ýerleri hem bar. Mysal üçin, Gazagystan Respublikasynyň raýat iş ýörediş kodeksinde prokuror öz ýa-da kazyýetiň başlangyjy bilen iş ýöredişe girip, iş boýunça (şol sanda ykdysady işler bilen bagly) netijenama berip bilýär diýip berkidilen[239]. Prokuroryň iş ýöredişe gatnaşmagynyň baş maksady işde belli bir şahsyň bähbitlerini goramak däl-de, eýsem kanunylygy üpjün etmek bolup durýar[240].

Biziň pikirimizçe, bu iş kazyýet namalarynyň kanuny we esasly bolmagyny üpjün etmek boýunça prokuroryň gönüden-göni gözegçilik wezipesi bolup durýar. Ýöne ol kazyýetiň üstünden gözegçilik bolman, onuň namalarynyň kanunylygyny we esaslylygyny üpjün etmäge gönükdirilen iş bolmaly. Kazyýet döwlet häkimiýetiniň özbaşdak şahasy bolup durýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda döwlet häkimiýetleri bir-birini deňagramlykda saklamak şertinde özbaşdak hereket edýärler[241]. Prokuratura edaralary kazyýet

[236]Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Mad.52.Böl.5.

[237] Вахитов Р.С., Орлова А.И. Участие прокурора в арбитражном процессе. http://krasnoyarsk.arbitr.ru/90/75/733.html. 20.05.2011; Шерстюк В.М. Новые положения третьего Арбитражного процессуального кодекса Российской Федерации. М., 2003. S.35-36.; Арбитражный процесс. Под ред. В.В.Яркова. Учебник.-4-е изд., перераб. и доп. М.:Инфотропик Медиа, 2010. S.84.

[238] Трещева Е.А. Субъекты арбитражного процесса: Автореф. дис. ... докт. юрид. наук. М., 2009. S.27.

[239] Gaz.R-iň RIÝK-sy (mad.55, böl.2).

[240] Отческая Т.И., Власов А.А., Шилов А.В., Сметанников А.Е. Арбитражный процесс: Учебное пособие. Тюмень: Издательство Тюменского государственного университета. 2008. S.126, 129.; Ефимова В.В. Арбитражное процессуальное право. Учебное пособие. Саратов. 2009. S.40.

[241] Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2008. Mad.4.

häkimiýetini beýleki häkimiýetler babatda deňagramlykda saklamaklygy üpjün edýän döwlet edaralarynyň esasylarynyň biridir. Diňe şu ýol bilen kazyýet we prokuratura edaralarynyň aragatnaşykda bolup, netijeli işlemeklerini üpjün edip bolar[242]. Prokuratura we kazyýet edaralarynyň ähli amala aşyrýan işlerinde olaryň ahyrky maksatlary deňdir, ýagny ýurtda kanunylygyň kepili bolmak hem-de şahslaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini talaba laýyk goramak[243].

Prokuror öz ygtyýarlyklaryny häkimiýet edaralaryndan hem-de wezipeli adamlardan garaşsyz, diňe kanuna we Türkmenistanyň Baş prokurorynyň görkezmelerine tabynlykda amala aşyrýar. Prokuroryň garaşsyzlygy, onuň özüniň iş ýöredişe gatnaşmagynyň görnüşini özbaşdak çözýändigini we kazyýetiň prokuroryň işe gatnaşmagynyň esaslaryny barlamaga hakynyň ýokdugyny aňladýar. Ol erkin ýagdaýda talap bildirýär, arza bilen ýüz tutýar, nägilelik teklipnamasyny we gözegçilik garşylyknamasyny getirýär, iş ýöredişe pikirini beýan etmek üçin gatnaşýar we ş.m.

Prokuroryň iş ýöredişde hiç hili ýerine ýetiriş we serenjam beriş ygtyýarlyklarynyň ýokdugyny, onuň diňe işde kanunylygy üpjün edýändigini bellemek gerek. Şol sebäpli-de prokuror, esasan, iş gozgamaga we nägilelik tertibinde teklipnama (gözegçilik tertibinde garşylyknama) getirmäge ygtyýarly edilen. Mysal üçin, prokuror kazyýetiň çözgüdini ýatyrmaga ygtyýarly däl, ol diňe çözgüdi ýatyrmak barada nägilelik tertibinde teklipnama (gözegçilik tertibinde garşylyknama) getirip bilýär.

Arbitraž iş ýörediş kanunçylygy prokurory işe gatnaşýan taraplara degişli edýär. Ýöne onuň hukuk ýagdaýy işe gatnaşýan beýleki taraplaryň hukuk ýagdaýyndan düýpli tapawutlanýar. Bu hem prokuroryň bir wagtyň özünde iş ýöredişde kanunylygy üpjün etmek we döwletiň hem-de jemgyýetiň, şeýle hem telekeçilik bilen

---

242 Шамшурин Л. Об участии прокурора в разбирательстве гражданских дел: вопросы теории и практики //Арбитражный и гражданский процесс. 2009. № 2. S.19.

243 Прокурорский надзор в Российской Федерации: учебник для бакалавров / под науч. ред. Е.Р. Ергашева. – М.: Издательство Юрайт, 2011. S.28-29.

meşgullanýanlaryň bähbitlerini goramak wezipelerini berjaý edýändigi bilen düşündirilýär. Şunuň bilen baglylykda-da, ol diňe bir işe gatnaşýan taraplaryň hukuk ýagdaýyndan peýdalanman, eýsem goşmaça ygtyýarlyklara-da eýedir.

Adatça, kazyýete bähbidi bar taraplaryň özleri ýüz tutýarlar. Aýdalyň, eger-de hususy telekeçi keselländigi sebäpli ýa-da başga bir ýagdaýlara görä öz hukuklaryny we bähbitlerini özbaşdak goramaga mümkinçiligi bolmadyk halatynda, bu ýagdaý prokuroryň kazyýete talap arza bildirmegi üçin esas bolup biler.

Prokuror jedelli maddy-hukuk gatnaşygynyň tarapy bolup durmaýar[244], şonuň üçin hem kazyýetiň çözgüdiniň maddy-hukuk netijeleri oňa degişli däldir. Prokuroryň talaby bilen gozgalan iş boýunça kazyýetiň çykaran çözgüdi bähbidi goralyp iş gozgalan taraplara täsir edýär we olar üçin hökmandyr. Şeýle halatlarda kazyýet işde bähbidi bar tarapy talapçy (arza bilen ýüz tutan) hökmünde işe gatnaşdyrmaga borçludyr. Şonuň üçin hem prokuror özüniň talap arzasynda (arzasynda) talapçynyň (arza bilen ýüz tutanyň) adyny, onuň salgysyny we bank rekwizitlerini görkezmäge borçludyr. Aýdylanlardan, iş ýöredişde kimiň bähbidi aralyp iş gozgalan bolsa, şonuň hem sözüň maddy-hukuk manysynda talapçy bolup durýandygy hakynda netije gelip çykýar. Şuňa meňzeş pikir ylmy edebiýatda duş gelýär[245].

Prokuror talapdan ýüz dönderen halatynda bähbidi goralýan tarap talaby düýp mazmuny boýunça seljermegi talap etmäge haklydyr. Sebäbi talaby bildiren prokuror özüniň ilkibaşky garaýşy we bähbidi goralyp talap bildirilen tarapyň garaýşy bilen bagly öz işini guramaýar. Ol iş ýöredişde kanunylygy üpjün edýär. Haçan-da bähbidi goralýan tarap işi düýp mazmuny boýunça seljermegi talap eden halatynda, kazyýet çykdajylary ol tarapyndan umumy esaslarda tölenilýär.

Talaby bildiren prokuror, ýokarda bellenip geçilişi ýaly, öz talabyndan ýüz dönderip bilýär. Eger-de, şeýle halatda bähbidi gora-

---

[244] Арбитражный процесс. Под ред. В.В.Яркова. Учебник.-4-е изд., перераб. и доп. М.:Инфотропик Медиа, 2010. S.86.

[245] Арбитражный процесс: Учебник-3-е изд., перераб. и доп. / Под ред. М.К. Треушникова. М.: Издательский дом “Городец”, 2007. S. 85.

lyp talap bildirilen tarap işi düýp mazmuny boýunça seljermegi talap edýän bolsa, onda prokuror işe gatnaşmagyň birinji görnüşinden ikinji görnüşine geçýär. Netijede, ol şondan soň özüniň talabyny esaslandyrmaýar we oňa sowal bermek hem bolmaýar.

Şonuň ýaly-da bähbidi goralýan tarapyň prokuroryň talabyny goldamaýan ýagdaýlary hem bolup biler. Talapçynyň talaby goldamazlygy we işe gatnaşmakdan ýüz döndermegi prokuror üçin diňe talapçy ýeke-täk özüne degişli hukuklaryna ygtyýar edende we onuň hereketleri özgeleriň bähbitlerine täsir etmeýän halatynda hökmanydyr. Galan ýagdaýlarda prokuror özüniň bildiren talabyny düýp mazmuny boýunça seljermegi talap etmäge haklydyr.

TAIÝK-da prokuroryň kazyýete talap arza bilen ýüz tutup bilýändigi görkezilýär. Emma prokuror talap arza bilen däl-de "arza" bilen gozgalýan, batyp galmak, hukuk ýagdaýlary anyklamak ýaly, kazyýetiň garamagyna degişli beýleki işleri hem gozgap bilýär[246].

Eger-de prokuroryň diňe kanunda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda iş gozgamaga bolan hukugyny berkidýän, TAIÝK-nyň degişli maddasyndan ugur alsaň[247], onda RF-iň AIÝK-synda, BR-iň HIÝK-synda berkidilişi ýaly[248], TAIÝK-da hem prokuroryň "talap arza" we "arza" bilen gozgaýan işleriniň sanawyny bermek zerur bolup durýar. TRIÝK-da prokuroryň ygtyýarlyklarynyň, ýokarda görkezilişi ýaly çäklendirmesiniň ýokdugyny ýeri gelende bellemek gerek. Biziň pikirimizçe, şu tejribe ykdysady dolanyşykda kanunylygy üpjün etmekde iň netijeli çemeleşmedir. Prokuroryň döwlet we jemgyýet bähbitli meseleler babatda zerurlygyna görä öz başlangyjy bilen islendik kazyýet önümçiligini gozgap bilmäge hukugy bolmaly. Mysal üçin, Gazagystan Respublikasynyň raýat iş ýörediş kodeksinde şu garaýyş doly öz beýanyny tapypdyr[249].

TAIÝK-nyň prokuroryň hukuk ýagdaýyny kesgitleýän maddasy özgerdilende RF-iň AIÝK-synyň hem-de Gaz.R-iň RIÝK-synyň

[246] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 40.
[247] Şol ýerde, mad.4, böl.2.
[248] RF-iň AIÝK-sy (mad.52); BR-iň HIÝK-sy (mad.66).
[249] Gaz.R-iň RIÝK-sy (mad.55, böl. 3).

ýokarda agzalan oňyn tejribelerinden peýdalanmak gerek. Olara laýyklykda arbitraž kazyýete ýüz tutan prokuror talapçynyň hukuklaryna eýedir we onuň borçlaryny ýerine ýetirýär[250]. Bu kadanyň TAIÝK-da berkidilmeginiň möhüm tejribe ähmiýeti bardyr.

TAIÝK-ny kämilleşdirilende TRIÝK-nyň degişli kadalary-da göz öňünde tutulmaly. Raýat iş ýöredişinde prokuroryň ygtyýarlyklary has takyk we anyk kesgitlenilýär. TRIÝK-na laýyklykda, prokuror işiň maglumatlary bilen tanyşmaga, degişli gatnaşyjylara ynam bildirmezlige, subutnamalary bildirmäge we olary derňemäge gatnaşmaga, haýyşlaryny bildirmäge, iş seljerilende ýüze çykýan meseleler barada we tutuş işiň düýp mazmuny boýunça netijenama bermäge, şonuň ýaly-da kanunda göz öňünde tutulan beýleki hereketleri ýerine ýetirmäge haklydyr[251].

Jemläp aýdanyňda, prokuror: "Kanunyň ähli kazyýet basgançaklarynda işleri hemmetaraplaýyn, doly, dogruçyl we öz wagtynda seretmek hakyndaky talaplarynyň ýerine ýetirilişine, kazyýet çözgütleriniň, kesgitnamalarynyň, kararlarynyň kanunylygyna we esaslylygyna anyk gözegçiligi amala aşyrmaly, adyl kazyýetiň maksatlarynyň durmuşa geçirilmegine ýardam etmeli[252]".

Prokuroryň nägilelik we gözegçilik kazyýetlerine, şeýle hem täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça işlere gatnaşmagynyň aýratynlyklary barada monografiýanyň VI we VII baplarynda durlup geçilýär.

---

[250] Şuňa meňzeş kada GDA döwletleriniň beýlekileriniň hem arbitraž (hojalyk, raýat) iş ýörediş kodekslerinde duş gelýär. Seret: ÖR-iň HIÝK-sy (mad.43); BR-iň HIÝK-sy (mad.66); U-iň HIÝK-sy (mad.29); MR-iň RIÝK-sy (mad.72); Täj.R-iň YKÖK-sy (mad.51, böl.4); Gyr.R-iň RIÝK-sy (mad.45, böl.3) Gaz.R-iň RIÝK-sy (mad.55, böl. 5).

[251] Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 1964. Mad. 107. Böl.3.

[252] "Raýat we araçy jedeller baradaky kazyýetiň çözgütleriniň kanunylygyna prokuror gözegçiligi hakynda" Türkmenistanyň Baş prokurorynyň 2001- nji ýylyň 30-njy iýunynda çykaran 11-nji belgili buýrugynyň 1-nji bendi. Türkmenistanyň Baş prokurorynyň Buýruklarynyň we görkezmeleriniň ýygyndysy. 2-nji goýberiş. Aşgabat, 2005. S.190.

Türkmenistanyň Baş prokurorynyň şu buýrugy ykdysady işler giňişleýin seljerilip we hukuk nukdaýnazardan döwrebap özgerdilip, täzeden çykarylsa maksadalaýyk bolardy.

## 3.4. Kazyýet wekiliniň hukuk ýagdaýy

Öň belläp geçişimiz ýaly, arbitraž iş ýörediş hukuk gatnaşyklarynyň subýektleri ikä bölünýär: işe gatnaşýan taraplar we adyl kazyýetligiň amala aşyrylmagyna ýardam berýänler.

Kazyýet wekilini bu toparlaryň haýsyna degişli etmeli? Kanun wekili işe gatnaşýan taraplaryň hataryna-da ýa-da kazyýete iş boýunça aýanlygy ýüze çykarmaga ýardam berýänleriň hataryna-da degişli etmändir. Asla onuň hukuk ýagdaýy kanunda anyk kesgitlenmedik. RF-iň AIÝK-syna laýyklykda kazyýet wekili iş ýöredişiň gatnaşyjysy bolup durýar, ýöne ýokarda agzalan toparlaryň hiç birine-de ol degişli edilmeýär[253]. Munuň bilen şu sebäplere görä ylalaşyp bolmaýar.

Işe gatnaşýan taraplar, esasan, şu aşakdaky ýagdaýlar bilen häsiýetlendirilýär:

iş ýöredişi alyp barmak, ýagny öz adyňdan iş gozgamak;

işiň çözgüdinde özbaşdak hukuk bähbidiniň bolmagy[254].

TAIÝK-na laýyklykda, wekiliň ygtyýarlyklary, wekilçilik edilýän tarapyň ygtyýarlyklaryndan gelip çykýar. Şonuň üçin hem wekil iş ýöredişde wekilçilik edilýän tarapyň adyndan çykyş edýär we onuň bähbitlerini goraýar[255]. Wekil bilen wekilçilik edilýäniň arasyndaky gatnaşyklar, wekilçilik edilýäniň wekile ynanç hatyny bermegi bilen ýüze çykýar. Şol sebäpli hem wekilçilik edilýän wekiliň ygtyýarlyklaryny üýtgedip, çäklendirip ýa-da ýatyryp bilýär.

Kazyýet seljerişiniň netijesinde wekiliň peýdasyna hiç zat berilmeýär ýa-da ondan hiç zat alynmaýar. Onuň hereketleri bilen baglanyşykly ähli hukuklar we borçlar wekilçilik edilýän bilen

---

[253] Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Mad.54.

[254] Курс советского гражданского процессуального права. Т.1. Теоретические основы правосудия по гражданским делам. М.: Изд-во «Наука». 1981. S.302-305; Розенберг Я.А. Представительство по гражданским делам в суде и арбитраже. Рига: Зинатне, 1981. S.26-36.

[255] Ефимова В.В. Арбитражное процессуальное право. Учебное пособие. Саратов. 2009. S.44.; Арбитражный процесс. Под ред. В.В.Яркова. Учебник.- 4-е изд., перераб. и доп. М.:Инфотропик Медиа, 2010. S.90.

baglanyşykly ýüze çykýar. Edil şonuň ýaly, prokuroryň we ygtyýarly edilen beýleki taraplaryň hem işde hiç hili maddy-hukuk bähbitleri ýok. Ýöne muňa garamazdan, öz üstlerine ýüklenilen borçlary ýerine ýetirýändiklerine görä, olar kazyýetde öz atlaryndan çykyş edýärler.

Şeýlelikde, kazyýetde taraplaryň, üçünji taraplaryň, arza bilen ýüz tutanyň we bähbidi bar taraplaryň adyndan wekil çykyş edýär we olaryň bähbitlerini goraýar. Iş ýüzünde agzalan taraplaryň ornuny wekil tutýar. Ýöne muňa garamazdan, iş ýöredişe olaryň ikisiniň hem (wekiliňem, wekilçilik edilýäniňem) gatnaşyp bilýändiklerini bellemek gerek. Netijede, şulardan ugur alynsa, onda wekilleri adyl kazyýetlik amala aşyrylanda ýardam beriji taraplaryň hataryna goşup bolar[256]. Käbir GDA döwletleriniň adybir kodekslerinden hem şu netije gelip çykýar[257]. Şoňa görä-de, wekili başganyň bähbidini goramakda “işde bähbidi bar gatnaşyjy” hökmünde işe gatnaşýan taraplara degişli edýän alymlar bilen ylalaşyp bolmaýar[258].

Ýöne beýan edilenlere esaslanyp, wekili arbitraž iş ýöredişiň subýekti däl diýen netijä gelip bolmaz. Iş ýöredişiň gatnaşyjysy hökmünde ol wekilçilik edilýäniň erk-islegine garamazdan, kanunda kesgitlenen hukuklara we borçlara eýe bolup, özbaşdak hereket edip bilýär (subutnamalaryň derňewine gatnaşmak, sorag bermek, haýyşnama bildirmek we beýlekiler).

Wekilçilige ykdysady işleriň hemmesi boýunça we arbitraž iş ýöredişiň ähli tapgyrlarynda rugsat berilýär. Arbitraž iş ýöredişinde taraplar, üçünji taraplar, arza bilen ýüz tutýan we bähbidi bar taraplar işlerini wekiliň üsti bilen alyp baryp bilýärler. Ýene-de bir bellemeli zat, ol hem kazyýetde wekil bolup diňe fiziki şahslar çykyş edip bilýärler. Ýuridik şahslar ýa-da olaryň edara düzümleri iş ýöredişde wekiliň ornuny tutup bilmeýärler[259].

[256] Розенберг Я.А. Представительство по гражданским делам в суде и арбитраже. Рига: Зинатне, 1981. S.36-41.

[257] Seret: ÖR-iň HIÝK-nyň 45-nji, Täj.R-iň YKÖK-nyň 58-nji, BR-iň HIÝK-nyň 76-njy maddalary.

[258] Трещева Е.А. Субъекты арбитражного процесса: Автореф. дис. ... докт. юрид. наук. М., 2009. S.23.

[259] Отческая Т.И., Власов А.А., Шилов А.В., Сметанников А.Е. Арбитражный

Kazyýetde ýuridik şahslaryň işlerini, kanun ýa-da esaslandyryjy resminamalar tarapyndan ygtyýarlandyrylan edara ýolbaşçysy we (ýa-da) olaryň wekilleri alyp barýarlar. Kazyýet ýuridik şahslaryň işlerini alyp barýan ygtyýarly edilen edara ýolbaşçysynyň öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinden daşary çykmazlygyna gözegçilik etmelidir.

Haçan-da iş ýöredişde ýuridik şahsyň edara ýolbaşçysy çykyş edende, bu ýagdaýda wekilçilik ýok diýlip hasaplanylýar[260]. Şoňa görä-de, kazyýet mejlisine "taraplaryň wekilleri[261]" gatnaşýar diýen düşünje bilen ylalaşyp bolmaýar[262]. Wekilçilik diňe, edara ýolbaşçysynyň öz işgärine ýa-da adwokata işi alyp barmaklygy tabşyran ýagdaýynda ýüze çykyp bilýär.

Ýuridik şahsyň edarasy bolup onuň ýolbaşçysy çykyş edýär. Şol sebäpli ýolbaşçynyň hereketleri, ýuridik şahsyň hereketleri hökmünde garalýar, sebäbi ýuridik şahsyň edarasy we ýuridik şahsyň özi bilelikde, hukugyň ýeke-täk subýektini emele getirýärler[263]. Ýuridik şahsyň edarasy ýekebara we kollegial bolup bilýär. Düzgün bolşy ýaly, döwlet edara-kärhanalarynda we guramalarynda, edara ýekebara bolup çykyş edýär (direktor, başlyk, müdir).

Telekeçilik işini amala aşyrýan kärhanalar we jemgyýetçilik guramalary, ýekebara edara hökmünde, şeýle-de kollegial edara hökmünde hem çykyş edip bilýärler (dolandyrma, umumy ýygnak). Kollegial edaranyň ygtyýarlyklaryna degişli meseleler boýunça kazyýetde, şol edaranyň ýygnagynda kabul edilen karar esasynda wekil çykyş edýär.

Hususy telekeçiler kazyýetde işlerini özleri we (ýa-da) wekiliň üsti bilen alyp barýarlar.

---

процесс: Учебное пособие. Тюмень: Издательство Тюменского государственного университета. 2008. S.138.

260 Розенберг Я.А. Представительство по гражданским делам в суде и арбитраже. Рига: Зинатне, 1981. S.32-36.

261 Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 90.

262 Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti tarapyndan kazyýet işgärlerine kömek üçin diýip ýörite taýýarlanan ýygyndyda hem nusga hökmünde teklip edilýän kazyýet kararlarynda şu çemeleşme ulanylýar . Raýat we arbitraž işleri boýunça kazyýet kararlarynyň nusgalarynyň ýygyndysy. Aşgabat, 2011. S. 304-305.

263 Розенберг Я.А. Представительство по гражданским делам в суде и арбитраже. Рига: Зинатне, 1981. S.89.

TAIÝK-da kim kazyýetde wekil bolup bilýär diýen soraga jogap ýok. Aýdalyň, arbitraž iş ýöredişine adwokat gatnaşyp bilýärmi? Adwokatyň iş ýöredişe gatnaşmagyny göz öňünde tutýan ýeke-täk delil hökmünde, TAIÝK-nyň 45-nji maddasynyň 5-nji böleginde, adwokatyň ygtryýarlyklaryny resmileşdirmegiň tertibini düzgünleşdirýän kada salgylanmak bolýar[264]. Daşary ýurt tegribesinde kazyýet önümçiligini professionallaşdyrmak möhüm ýörelge bolup durýar. Şonuň üçin hem iş ýöredişe adwokatyň gatnaşmagy hökmany diýen düşünje bar, sebäbi seljerilýän işi talaba laýyk çözmekde kazy bilen professional derejede iş alyp barmak zerurdyr. Munuň özi dogry we esaslandyrylan çözgüdiň çykarylmagynyň kepili hasaplanýar[265].

Kämillik ukybyny ýitiren hususy telekeçiniň bähbitlerini goramak baradaky mesele hem kanunda çözülmedik. Mysal üçin, RF-iň AIÝK-synda kämillik ukyby ýok raýatlaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini arbitraž iş ýöredişinde, öz gezeginde işi beýleki wekile tabşyryp bilýän kanuny wekilleri goraýar diýen hukuk kadasy berkidilýär[266].

TAIÝK-da kazylar, sülçüler, prokurorlar we kazyýetleriň diwanynyň işgärleri kazyýetde taraplaryň wekili bolup bilmeýändikleri baradaky hukuk kadasy berkidilýär. Dogry, olar öz edaralarynyň adyndan wekilçilik edip bilýärler[267]. Biziň pikirimizçe, bular wekil hökmünde iş ýöredişe goýberilip bilinmejek adamlaryň doly sanawy däl. Mysal üçin, kämillik ukybyny ýitiren (ruhy kesel bilen baglanyşykly ýa-da akly kemligi sebäpli) wekil bolup bilermi?

[264] “Türkmenistanda adwokatura we adwokatlyk işi hakynda” Türkmenistanyň Kanuny 2010-njy ýylda ilkinji gezek kabul edildi. Agzalan Kanunda adwokatura döwlete garaşsyz raýat jemgyýetiniň instituty hökmünde kesgitlenildi. Fiziki we ýuridik şahslaryň bähbitlerini goramak öz-özüni dolandyrmak ýörelgesi esasynda işleýän adwokatlaryň professional birleşiginiň maksady bolup durýar ( Mad.1.). Türkmenistanyň arbitraž iş ýörediş kanunçylygy özgerdilende şu Kanunyň kadalary hökman göz öňünde tutulmalydyr.

[265]1 Прокудина Л. Представительство в арбитражном процессе (вопросы профессионализации) //Арбитражный и гражданский процесс. 2009. №1. S.14-18.

[266] Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Mad.59. Böl.2.

[267] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 44.

Ähtimal ýok, diýmek onda TAIÝK-da şunuň ýaly ýüze çykýan näsazlyklary aradan aýyrýan “böwet” goýmak gerek. Mysal üçin, RF-iň AIÝK-syna laýyklykda, doly kämillik ukyby bolmadyk ýa-da başga biriniň hossarlygynda ýa-da howandarlygynda duran adamlar, wekil hökmünde işe gatnaşyp bilmeýärler[268].

Işe gatnaşýan taraplaryň hukuklarynyň hem-de kanuny bähbitleriniň goragyny doly we hemmetaraplaýyn üpjün etmek üçin, ýokarda agzalan kadalary TAIÝK-da hem berkitmek möhümdir.

## BIRINJI BASGANÇAKLY KAZYÝETDE ARBITRAŽ ÖNÜMÇILIGI

IV we V baplarda birinji basgançakly arbitraž kazyýetdäki önümçiligiň tapgyrlary[269] bilen bagly ylmy-tejribe nukdaýnazardan esaslandyrylan doktrinal düşündirişler berilýär. Kanunyň kadalary giňişleýin beýan edilýär, zerurlygyna görä olary döwrebap ösdürmek we kämilleşdirmek boýunça teklipler girizilýär. Munuň özi kazyýet önümçiliginde döräp biljek ýalňyşlyklaryň öňüni almak, şeýle hem bir bitewi kazyýet iş ýörediş tertibini üpjün etmekligi gazanmak üçin derwaýysdyr. Şu ýerde, esasan, TRIÝK-nyň hem-de GDA döwletleriniň, ilkinji nobatda hem RF-iň AIÝK-synyň kanun cykaryjylyk tejribesinden ugur alnyp, kazyýet önümçiliginiň aýry-aýry tapgyrlarynda duş gelýän käbir näsazlyklary we ýetmezçilikleri aradan aýyrmak boýunça esaslandyrylan pikirler, tejribe jähtden möhüm teklipler öňe sürülýär.

Her bir işiň dogry gozgalmagy, göwnejaý taýýarlanylmagy we talaba laýyk seljerilmegi kazyýet önümçiliginde aýanlygyň ýüze çykarylmagy, şeýle hem hemmetaraplaýyn esaslandyrylan we kanunalaýyk çözgüdiň kabul edilmegi üçin oňaýly şertleri döredýär.

---

[268] Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Mad.60. Böl.2.

[269] Arbitraž önümçiliginiň tapgyry diýip belli bir maksada gönükdirilen logiki yzygiderlikde amala aşyrylýan iş ýörediş hereketleriniň jemine düşünilýär (Бахарев П.В. Арбитражный процесс: Учебно-методический комплекс.-М.:Изд.центр ЕАОИ, 2008, S.12.)

# IV BAP. YKDYSADY IŞLERI GOZGAMAK WE KAZYÝET SELJERIŞINE TAÝÝARLAMAK

## 4.1. Ykdysady işleri gozgamak

### 4.1.1. Talap arzany bildirmegiň tertibi we ony ýerine ýetirmezligiň netijeleri

Talap arza bilen kazyýete ýüz tutmak diňe talapçynyň "talaby bildirmäge hukugy" dörän ýagdaýynda mümkindir[270]. Talaby bildirmäge bolan hukuk anyk şertleriň bolmagynda ýüze çykýar. Iş ýörediş hukuk ylmynda şol şertler talaby bildirmäge bolan hukugyň öňünden anyklanmaly şertleri diýlip atlandyrylýar[271].

Talap arza bildirilende kazyýet ilkinji nobatda talaby bildirmäge bolan hukugyň öňünden anyklanmaly şertlerini barlaýar we olar üpjün edilmedik halatynda işi gozgamakdan ýüz dönderýär[272].

---

[270] RF-iň AIÝK-dan talaby kabul etmekden ýüz döndermek kadasynyň aýrylanlygy sebäpli, talaby bildirmäge bolan hukuk diňe iki sany hukuk ýagdaýy bilen baglanyşdyrylýar: ykdysady işiň arbitraž kazyýetiniň garamagyna degişli bolmagy hem-de arbitraž iş ýöredişine gatnaşýan taraplaryň hukuksubýektli bolmaklary (Арбитражный процесс. Под ред. В.В.Яркова. Учебник.-4-е изд., перераб. и доп. М.:Инфотропик Медиа, 2010. S.199).
Munuň özi arbitraž kazyýetleri tarapyndan olaryň garamagyna degişli bolmadyk jedelleride hökmany suratda kabul etmeklerini hem-de birnäçe iş ýörediş hereketlerini amala aşyrmaklaryny, ahyrynda hem kazyýet mejlisinde iş boýunça önümçiligi ýatyrmak barada kesgitnama çykarylmagyny aňladýar (Seret: Шамшурин Л.Л. Доступность правосудия как гарантия реализации права на судебную защиту в сфере гражданской юрисдикции //Арбитражный и гражданский процесс. 2011. №2. S.6).

[271] Добровольский А.А., Иванова С.А. Основные проблемы исковой формы защиты права. М.: Изд-во Моск. ун-та, 1979. S.95-100; Арбитражный процесс: Учебник для вузов / Под ред. М.К. Треушникова. М. 1979. S.80-81.; Ефимова В.В. Арбитражное процессуальное право. Учебное пособие. Саратов. 2009. S.69.

[272] Şu ýerde talap önümçiligini gozgamagyň tertibiniň käbir kadadan çykmalary bolaýmasa, başga halatlarda aýratyn önümçilige hem-de dolandyryş we jemagat hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan işler bilen bagly önümçilige-de degişlidigini bellemek gerek.

***Oňyn şertler (olaryň bar bolmagy talap edilýär)***

**1.** Talapçynyň we jogapçynyň iş ýörediş hukuk ukyplylygy[273].

Ýuridik şahsyň hukuk ukyplylygy onuň döwlet belligine alnan pursadyndan döreýär we onuň ýatyrylandygy hakynda belligiň girizilmegi bilen tamamlanýar[274].

Kazyýete talap bilen diňe ýuridik şahsyň hukuk ýagdaýyna eýe bolan edara düzümleri ýüz tutup bilýär.

Hususy telekeçiler babatda bu meselede TRK-nyň ýuridik şahslaryň işini düzgünleşdirýän kadalary ulanylmaga degişli[275]. Şeýlelikde, olaryň hukuk ukyplylygy ýerli salgyt gullugynda döwlet belligine alnan pursadyndan döreýänligini we olaryň telekeçilik işi bilen meşgullanýan döwründe dowam edýänligini aýtmak bolar[276].

**2.** Ykdysady işleriň kazyýetiň garamagyna degişliligi.

Işleriň kazyýetiň garamagyna degişliligi hakynda meseläniň üstünde durlup geçilende, ykdysady işleriň kazyýet önümçiliginiň üç görnüşi boýunça kazyýetiň garamagyna degişlidigi barada bellenilipdi[277].

Eger-de iş gozgalandan soňra onuň asla kazyýetiň garamagyna degişli däldigi anyklanan halatynda iş boýunça önümçilik bes edilýär[278].

**3.** Jedeli kazyýete çenli düzgünleşdirmek tertibini berjaý etmek.

---

[273] RF-iň AIÝK-syna laýyklykda arbitraž iş ýöredişine gatnaşmak üçin hukuksubýektli, ýagny şol bir wagtda hukuk we kämillik ukyply bolmaly (Арбитражный процесс. Под ред. В.В.Яркова. Учебник.-4-е изд., перераб. и доп. М.:Инфотропик Медиа, 2010. S.74-75). Türkmenistanyň raýat kanunçylygynda kämillik ukyby diýen düşünje ýuridik şahslar üçin göz öňünde tutulmadyk..

[274] Saparmyrat Türkmenbaşynyň Türkmenistanyň Raỳat kodeksi. Aşgabat, 1998. Mad.49. Böl.2.

[275] Şol ýerde, mad. 28.

[276] Käbir GDA döwletlerinde şahslaryň kazyýet goraglylygyny has-da güýçlendirmek maksady bilen, kazyýete ýüzlenmek hukugy kanunda bellenen halatlarda ýuridik şahs bolmadyk guramalara (mysal, täjirçilik häsiýetli ýuridik şahsy döretmekde ýüze çykýan päsgelçilikleri aradan aýyrmak barada işçileriň toparynyň arzasy), şeýle hem hususy telekeçi bolmadyk raýatlara (mysal, hususy telekeçi hökmünde bellige almakdan ýüz dönderilenligi sebäpli raýatyň kazyýete bildirýän şikaýaty) hem berilýär ( seret: Каменков В.С. Субъектная доступность экономического правосудия Беларуси //Арбитражный и гражданский процесс. 2008. №5. S.33-36 ).

[277] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 22.

[278] Şol ýerde, mad.100.

Haçan-da kanunda ýa-da şertnamada jedeli kazyýete çenli düzgünleşdirmek tertibi bellenilen bolsa, diňe görkezilen tertip berjaý edilenden soňra kazyýet şol jedeli garamak üçin öz önümçiligine kabul etmäge ygtyýarlydyr[279]. Şol tertip berjaý edilmezden talap arza bilen kazyýete ýüz tutulan bolsa, onda talap arza garalman yzyna gaýtarylýar[280].

Eger-de şeýle ýagdaý iş gozgalandan soňra ýüze çykarylsa görkezilen talaby ýerine ýetirmegiň mümkinçiligi ýitirilenligine ýa-da ýitirilmänligine baglylykda iş boýunça önümçilik bes edilýär[281] ýa-da talap garaman galdyrylýar[282].

***Oňyn däl şertler (olaryň bolmazlygy zerur)***

**4.** Eger-de şol bir taraplaryň arasynda, şol bir predmet we esaslar bilen bagly jedel boýunça kazyýetiň kanuny güýjüne giren çözgüdi bar bolsa.

Talabyň esasy ýa-da predmeti üýtgän ýagdaýynda talap arza bellenilen tertipde kabul edilmäge we seljerilmäge degişli. Bu ýagdaýyň iş gozgalandan soňra ýüze çykarylmagy iş boýunça önümçiligiň bes edilmegine getirýär[283].

**5.** Eger-de kazyýetiň önümçiliginde, şol bir taraplaryň arasynda, şol bir predmet we esaslar bilen bagly, entek çözgüt çykarylmadyk, jedel bar bolsa[284] .

Bu ýagdaýyň iş gozgalandan soňra ýüze çykarylmagy talaby garaman galdyrmak üçin esas bolup durýar[285].

**6.** Eger-de kazyýetiň talapçynyň talapdan ýüz döndermegini ýa-da barlyşyk ylalaşygyny tassyklamak barada kesgitnamasy bar bolsa[286].

**7.** Eger-de talapçy bilen jogapçynyň arasynda jedeli bitarap kazyýete geçirmek barada ylalaşyk baglaşylan bolsa.

Bu ýagdaýyň iş gozgalandan soňra ýüze çykarylmagy TAIÝK-da göz öňünde tutulmadyk hem bolsa, iş boýunça önümçiligiň bes

---

[279] Şol ýerde, mad. 4, böl.4.
[280] Şol ýerde, mad.77.
[281] Şol ýerde, mad.100.
[282] Şol ýerde, mad.104.
[283] Şol ýerde, mad.100, böl.2.
[284] Şol ýerde, mad.76, böl.1.
[285] Şol ýerde, mad.104, böl.1.
[286] Şol ýerde, mad.76, böl.1.

edilmegine getirýär. Şonuň üçin hem agzalýan kadanyň kanunda berkidilmegi zerur.

Jedeli kazyýete çenli düzgünleşdirmegiň tertibi ýörite şert bolup durýar, ýagny ol diňe kanunda ýa-da şertnamada göz öňünde tutulan bolsa barlanylýar. Galan şertler umumy bolup durýar we olaryň anyklanmagy ähli işler boýunça talap edilýär.

Görkezilen şertler bolanlygynda (bolmanlygynda) talapçynyň talaby bildirmäge hukugy döreýär. TAIÝK-na laýyklykda, bähbidi bar tarapyň özi (ýa-da wekiliniň üsti bilen) kazyýete talap arza bilen ýüz tutmaga haklydyr[287]. Kanunda bellenen tertipde onuň deregine bu hereketi prokuror ýa-da başga ygtyýarly taraplar amala aşyryp bilýär.

Ýöne talaby bildirmäge bolan hukugy durmuşa geçirmek üçin talaby bildirmäge bolan hukugyň şertlerini berjaý etmek zerurdyr[288]. Tejribe nukdaýnazardan olary-da seljerip geçeliň.

Talaby bildirmäge bolan hukugy amala aşyrmak üçin şu şertleriň berjaý edilmegi zerur:

**1.** Jedel şol kazyýetiň garamagyna degişli bolmaly.

Eger-de iş talap arza bilen ýüz tutulan kazyýetiň garamagyna degişli däl bolsa, kazyýet talap arzany kabul etmekden ýüz dönderýär we talapça onuň talap arza bilen haýsy kazyýete ýüzlenmelidigini düşündirýär.

Ýöne kazyýetiň garamagyna degişliligiň düzgünlerini berjaý etmek bilen önümçilige kabul edilen iş, eger-de seljerişiň dowamynda onuň başga kazyýetiň garamagyna degişlidigi anyklanan ýagdaýynda-da şol kazyýet tarapyndan düýp mazmuny boýunça garalmalydyr.

Eger-de iş gozgalandan soňra onuň şol işi gozgan kazyýetiň garamagyna degişli däldigi anyklansa, onda iş boýunça önümçilik bes edilmezden, ol degişli kazyýete ugradylýar[289].

**2.** Wekiliň ygtyýarlyklary bellenen tertipde resmileşdirilen bolmaly.

Kazyýete talap bilen talapçynyň wekili hem ýüz tutup bilýär. Munuň üçin onda kazyýetde işi alyp barmak üçin ygtyýarlyklar, ýag-

---

[287] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 4.

[288] Добровольский А.А., Иванова С.А. Основные проблемы исковой формы защиты права. М.: Изд-во Моск. ун-та, 1979. S.101-104; Арбитражный процесс: Учебник для вузов / Под ред. М.К. Треушникова. М. 1979. S.81-82.

[289] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 31.

ny ynanç haty bolmaly. Şeýle ygtyýarlyklaryň wekilde bolmazlygy onuň talap arzasyny kabul etmekden ýüz döndermeklige getirýär.

Eger-de ýalňyşlyk bilen wekilden talap arza kabul edilen bolsa, bu mesele TAIÝK-da düzgünleşdirilmänligine garamazdan, ony garaman galdyrmaly. Elbetde, bu kadanyň kanunda berkidilmegi zerur.

Aýdylanlary tablisa görnüşinde şeýle beýan etse bolar.

**Talaby bildirmäge bolan hukugyň öňünden anyklanmaly şertleri we ony durmuşa geçirmek üçin zerur şertler[290]**

**Tablisa 4.1.1.**

| № | Öňünden anyklanmaly şertler (1-7-nji bentler) we durmuşa geçirmek üçin zerur şertler (8-9-njy bentler) | Bardygy (ýokdugy) iş gozgalmazyndan öň ýüze çykarylanda | Bardygy (ýokdugy) iş gozgalandan soň ýüze çykarylanda |
|---|---|---|---|
| 1 | Talapçynyň we jogapçynyň iş ýörediş hukuk ukyplylygy | Ýok bolsa, talap arzany kabul etmekden ýüz dönderilýär | Ýok bolsa, iş boýunça önümçilik bes edilýär |
| 2 | Ykdysady işleriň kazyýetiň garamagyna degişliligi | Degişli bolmasa, talap arzany kabul etmekden ýüz dönderilýär. | Ýok bolsa, iş boýunça önümçilik bes edilýär |
| 3 | Jedeli kazyýete çenli düzgünleşdirmegiň tertibini berjaý etmek | Berjaý edilmedik bolsa, talap arza garalman yzyna gaýtarylýar | Berjaý etmek mümkinçiliginiň ýitirilendigine ýa-da ýitirilmändigine baglylykda iş boýunça önümçilik bes edilýär ýa-da talap garaman galdyrylýar |

[290] TAIÝK-na şu üýtgeşmeleri girizmek teklip edilýär:
Talap arzany kabul etmekden ýüz döndermegiň esaslary (mad.76) – tablisanyň 1,5,7,8,9-njy bentlerini;
Iş boýunça önümçiligi bes etmegiň esaslary (mad.100) - tablisanyň 1,7-nji bentlerini;
Talaby garaman galdyrmagyň esaslary (mad.104) - tablisanyň 9-njy bendini.

| | | | |
|---|---|---|---|
| **4** | Şol bir taraplaryň arasynda, şol bir predmet we esaslar bilen bagly jedel boýunça kazyýetiň kanuny güýjüne giren çözgüdi bolmaly däl | Bolsa, talap arzany kabul etmekden ýüz dönderiľýär | Bolsa, iş boýunça önümçilik bes ediľýär |
| **5** | Kazyýetiň önümçiliginde, şol bir taraplaryň arasynda, şol bir predmet we esaslar bilen bagly entek çözgüt çykarylmadyk jedelli iş bolmaly däl | Bolsa, talap arzany kabul etmekden ýüz dönderiľýär | Bolsa, talap garaman galdyryľýar |
| **6** | Kazyýetiň talapçynyň talapdan ýüz döndermegini ýa-da barlyşyk ylalaşygyny tassyklaýan kesgitnamasy bolmaly däl | Bolsa, talap arzany kabul etmekden ýüz dönderiľýär | Bolsa, iş boýunça önümçilik bes ediľýär |
| **7** | Talapçy bilen jogapçynyň arasynda jedeli bitarap kazyýete geçirmek barada ylalaşyk baglaşylan bolmaly däl | Bolsa, talap arzany kabul etmekden ýüz dönderiľýär | Bolsa, iş boýunça önümçilik bes ediľýär |
| **8** | Jedel şol kazyýetiň garamagyna degişli bolmaly | Bolmasa, talap arzany kabul etmekden ýüz dönderiľýär | Bolmasa, iş degişli kazyýete geçiriľýär |
| **9** | Wekiliň ygtyýarlyklary bellenen tertipde resmileşdirilen bolmaly | Bolmasa, talap arzany kabul etmekden ýüz dönderiľýär | Bolmasa, talap garaman galdyryľýar |

TAIÝK-da talap arzany kabul etmekden ýüz döndeřilenden soňra ondaky käbir kemçilikler düzedilen halatynda (tablisanyň 3,5,8,9 bentleri), talapça umumy esaslarda şol arza bilen kazyýete ýüz tutmaga rugsat bermeli edilmeli.

Talapçynyň talap arzasy TAIÝK-na laýyklykda yzyna gaýtarylan halatynda, ol umumy esaslarda kazyýete täzeden bildirilip bilner[291]. Iş kazyýet önümçiligine ýalňyşlyk bilen kabul edilen ýagdaýynda bolsa, onuň bilen bagly talap arza şu kodeksiň degişli maddasynda göz öňünde tutulan halatlarda umumy esaslarda kazyýete täzeden bildirilip bilner[292].

Kanunda görkezilmedik esaslar boýunça talap arzany kabul etmekden ýüz dönderip bolmaýar. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň kararynda raýat işleri bilen bagly şeýle bellenilýär: "Bildirilen talabyň subut bolmaýanlygy, hak isleg bildirmek wagtynyň geçirilenligi, talabyň wagtyndan öň bildirilýänligi bilen delillendirip, kanunda göz öňünde tutulmadyk başga esaslar boýunça raýat işini gozgamakdan ýüz döndermäge ýol berilmeýär[293]".

### 4.1.2. Talap arza we ondaky ýalňyşlyklary düzetmegiň tertibi

Iş ýörediş kanunçylygy talap arzada görkezilmeli maglumatlary we onuň düzüm böleklerini anyk kesgitleýär we olar TAIÝK-da berkidilýär[294]. Talap arza kazyýete ýazmaça görnüşde bildirilýär[295].

TAIÝK-na laýyklykda talap arzada şular görkezilmelidir[296]:

**1.** Talap arza bildirilýän kazyýetiň ady.

**2.** Taraplaryň atlary, olaryň poçta we bank salgylary.

Talapçynyň we jogapçynyň atlary, olaryň ýerleşýän (ýaşaýan) ýerleri we bank salgylary (rekwizitleri) aýratynlykda görkezilýär.

---

[291] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 77.

[292] Şol ýerde, mad.104.

[293] "Birinji basgançakly kazyýetde raýat işlerine seredilende iş ýörediş kanunçylygynyň ulanylyşy hakynda" Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň 1993-nji ýylyň 13-nji iýulynda kabul eden kararynyň 2-nji bendi. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň kararlarynyň ýygyndysy. Aşgabat, 2007. S. 53.

[294] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 70-72.

[295] Şol ýerde, mad.70, böl.1.

[296] Şol ýerde, mad.70, böl.2.

Eger-de talap arza wekil tarapyndan bildirilýän bolsa onuň ady we salgysy goşmaça görkezilýär.

Haçan-da talap prokuror ýa-da başga ygtyýarly taraplar tarapyndan bildirilse, olaryň öz atlaryndan başga kimiň bähbidini goramak üçin talap bildirilýän bolsa, onuň ady we salgysy görkezilýär. Bähbidi goralýan tarap soňra maddy-hukuk manysynda talapçy hökmünde işe çekilýär.

Ýokarda görkezilen bentlerdäki maglumatlar kazyýete jedelleşýän taraplary we olaryň degişli tarapdyklaryny ýa-da däldiklerini kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Taraplaryň salgylary bolsa kazyýet hat-ýazuw aragatnaşygyny (kazyýetiň çözgüdini, buýrugyny poçta üsti bilen ugratmak we ş.m.) üpjün etmek üçin gerek. Mundan başga-da salgylar boýunça işiň kazyýetiň garamagyna degişliligi baradaky kadanyň dogry ulanylanlygyny barlap bolýar. Düzgün bolşuna görä, jogapçy ýa-da talapçy kazyýetiň ýurisdiksiýasyna degişli çäkde ýerleşmeli (ýaşamaly).

Şu oňyn tejribäni aýratyn belläp geçmek gerek. RF-iň AIÝK-syna täze girizilen kadalaryna laýyklykda talap arzada (arzada, seslenmede) hökmany halatda işe gatnaşýan taraplaryň telefonlary, faksy, elektron aragatnaşygynyň (poçtasynyň) salgysy görkezilmeli, şeýle hem arza (şikaýata, seslenmä) goşulýan resminamalar arbitraž kazyýetlere elektron görnüşinde hem bildirilip bilinýär[297].

**3.** Talabyň bahasy hem görkezilmeli, eger-de talabyň bahasy kesgitlenmäge degişli bolsa.

Kanun esasynda pul möçberlerini almak barada talabyň bahasy talap edip alynýan pul möçberi bilen, emläk bilen bagly talaplarda bolsa talap edip alynýan emlägiň bahasy bilen kesgitlenilýär.

**4.** Talabyň esaslanýan ýagdaýlary we olary tassyklaýan subutnamalar, talap edilýän pul möçberiniň esaslandyrylan hasaplamalary hem-de haýsy kada (kadalar) esasynda talap bildirilýän bolsa şonuň hukuk çeşmesi görkezilýär.

Bu ýerde kanunyň hukuk netijeleriniň ýüze çykmagy (hukuk gatnaşyklarynyň döremegi, üýtgemegi we bes edilmegi) bilen

[297] Борисова Е.А. Некоторые новеллы арбитражного процессуального законодательства России //Законодательство. 2011. №2. S.64.

baglanyşdyrylýan, hukuk ähmiýetli ýagdaýlar göz öňünde tutulýar. Bu ýagdaýlar talabyň esasyny düzýär we olardan talapçynyň jogapça bildirýän talaby, ýagny talabyň predmeti gelip çykýar.

Talap arzada diňe işiň hakyky ýagdaýlarynyň görkezilmegi ýeterlik däldir. Ondan başga-da şol hakyky ýagdaýlary tassyklaýan subutnamalara (ýazmaça subutnamalara, bilermeniň netijenamasyna we ş.m.) salgylanmak zerurdyr.

Talapçy talap arzada talap edýän ýa-da jedelleşýän pul möçberiniň esaslandyrylan hasaplamalaryny bermäge borçludyr. Onuň bu hereketi kazyýet çözgüt çykaranda onuň işini ýeňilleşdirýär.

Görkezilenlerden başga-da talapçynyň talap arzada özüniň talabynyň haýsy maddy-hukuk kanundan gelip çykýanlygyny görkezmegi (jedelli hukuk gatnaşygynyň hukuk taýdan maddalaşdyrylmagy) hem zerurdyr. Bu işi amala aşyrmak üçin ýörite hukuk bilimiň bolmagy gerek (hukuk maslahatçysy, adwokat we ş.m.). Şu bende talapçynyň jogapça maddy-hukuk jedelinden gelip çykýan talabynyň görkezilmegi hem goşulsa, maglumatlar has doly we dogry bolardy. Mysal üçin, şular ýaly tejribe TRIÝK-da[298] we RF-iň AIÝK-synda[299] hem ulanylýar.

**5.** Jogapçylaryň her biri bilen özara gatnaşyklaryny kazyýete çenli düzgünleşdirmek üçin görlen çäreler hakynda maglumatlar.

TAIÝK-na laýyklykda, eger-de kanunda ýa-da şertnamada jedeli kazyýete çenli düzgünleşdirmek tertibi göz öňünde tutulan bolsa, şeýle jedel diňe göz öňünde tutulan tertip berjay edilenden soňra kazyýetde seljerilip bilner[300]. Mysal üçin, şertnamada ondan gelip çykýan jedelleriň birek-birege nägilelikleri bildirmegiň ýoly bilen çözülişmek şerti berkidilýär. Şertnamada şol bir wagtda jedeli çözmegiň möhletleri hem görkezilip bilner.

Eger-de talapçy kazyýete şertnamanyň şol şertiniň berjaý edilendigi hakynda maglumatlary bildirmese, talap arza garalman yzyna gaýtarylýar[301].

[298] Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 1964. Mad.127.

[299] Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Mad.125. Böl.2

[300] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 4. Böl.4.

[301] Şol ýerde, mad.77.

**6.** Talapçynyň jogapça bildirýän talaby, eger-de talap birnäçe jogapça bildirilen bolsa, olaryň her haýsyna bildirilýän talap aýratynlykda görkezilmelidir.

Her bir jogapça bildirilýän talap jogapçylaryň jedelli hukuk gatnaşygyna gatnaşmagynyň derejesine we anyk maddy-hukuk jedeliň ýagdaýlaryna baglydyr.

**7.** Talap arzanyň ýanyna goşulýan resminamalaryň we beýleki subutnamalaryň sanawy görkezilýär.

Talap arzanyň ýanyna şu arzanyň 4-nji bendinde görkezilen subutnamalar goşulýar. Talabyň esasynda goýlan her bir ýagdaý degişli subutnamalar (şertnamalaryň göçürmeleri, alyş-tabşyryş namalary we ş.m.) bilen tassyklanylmalydyr. Ondan başga-da, TAIÝK-na laýyklykda talap arzanyň ýanyna şu aşakdakylary tassyklaýan resminamalar hem goşulýar[302]:

jogapça talap arzanyň we onuň ýanyna goşulýan resminamalaryň göçürmeleriniň ugradylandygy hakynda;

kesgitlenen tertipde we möçberde döwlet pajynyň tölenilendigi hakynda;

jogapçy bilen jedeli kazyýete çenli düzgünleşdirmek tertibiniň berjaý edilendigi hakynda.

Bu maddada berlen sanawy tejribede ýüze çykyp biläýjek şu aşakdaky bentler bilen doldurmak maksadalaýykdyr:

talap arza gol çekmeklige wekiliň ygtyýarlyklarynyň bardygy hakynda;

ýuridik şahs ýa-da hususy telekeçi hökmünde döwlet belligine alnandygy hakynda şahadatnamanyň göçürmesi.

Talap arzada jedeliň dogry çözülmegi üçin zerur bolan beýleki maglumatlar we talapçynyň haýyşnamalary (talaby üpjün etmek, bilermen seljermesini bellemek we ş.m. hakynda) görkezilip bilner[303].

Talap arza ýuridik şahsyň ýolbaşçysy ýa-da onuň orunbasary, hususy telekeçiniň özi ýa-da olaryň wekilleri tarapyndan gol çekilýär. Biziň pikirimizçe, ýuridik şahsyň ýolbaşçysynyň orunbasary, eger-de

[302] Şol ýerde, mad.72.

[303] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 70. Böl.3.

onuň hukuk ýagdaýy ýuridik şahsy döretmek hakynda resminamalarda ýörite kesgitlenmedik bolsa, iş ýöredişe ynanç haty bilen wekil hökmünde gatnaşdyrylmaly.

Eger-de wekiliň ynanç haty bir gezeklik bolsa (mysal üçin, hukuk maslahathanasynyň orderi) ol seljerilýän işiň materiallaryna goşulýar. Umumy (ýa-da köp gezeklik) ynanç haty kaza talap arza bildirilende görkezilýär we soňra wekile gaýtarylyp berilýär.

Prokuror we beýleki ygtyýarly taraplar haçan-da kazyýete başganyň bähbidini gorap ýüz tutanlarynda talap arza (arza) özleri gol çekýärler[304].

Talap arzanyň mazmunyny şu görnüşde beýan etmek bolar:

**Talap arzanyň mazmuny**

**1.** Talap arza bildirilýän kazyýetiň ady. Mysal üçin: Türkmenistanyň Arbitraž kazyýeti

**Talapçy: 2**$^{1}$. Talapçynyň ady, onuň ýerleşýän (ýaşaýan) ýeri, bank salgylary (rekwizitleri).

Eger-de talap wekil tarapyndan bildirilýän bolsa – onuň ady we salgysy

Eger-de talap prokuror (başga ygtyýarly taraplar) tarapyndan bildirilýän bolsa – olaryň atlary we salgylary, şeýle hem kimiň bähbidini goramak üçin iş gozgalýan bolsa, şonuň ady we salgysy

**Jogapçy: 2**$^{2}$**.** Jogapçynyň ady we onuň ýerleşýän (ýaşaýan) ýeri, bank salgylary (rekwizitleri).

**3.** Talabyň bahasy. Mysal üçin: 50.000 (elli müň) manat

Talap arza

(bergini gaýtaryp almak we ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak barada)

**4.** Işiň ýagdaýlary:

talabyň esaslary – hukuk ýagdaýlary;

---

[304] 2010-njy ýylda RF-iň AIÝK-synda talap arzada we onuň goşundysynda berilýän maglumatlar mazmun taýdan hem-de dolulyk babatda, şeýle hem arzanyň kabul edilmegi bilen bagly meseleler has-da kämilleşdirildi (seret: Bap 13). Geljekde TAIÝK-na kämilleşdirilende şu oňyn tejribeden peýdalanmak möhüm bolup durýar. Munuň özi şahslar üçin kazyýet goragynyň ygtybarlylygyny has-da güýçlendirer.

şol hakyky ýagdaýlary (hukuk ýagdaýlary) tassyklaýan subutnamalar;

talap edilýän ýa-da jedel edilýän pul möçberiniň esaslandyrylan hasaplamalary;

işiň ýagdaýlarynyň hukuk taýdan maddalaşdyrylyşy – degişli maddy hukuk kanunyna salgylanma.

**5.** Jogapçy bilen jedeli kazyýete çenli düzgünleşdirmek tertibini berjaý etmek boýunça geçirilen çäreler barada maglumatlar.

**6.** Talapçynyň jogapça bildirýän talaby. Eger-de jogapçylar birnäçe bolsa, olaryň her haýsyna aýratyn bildirilýän talap.

**7.** Talap arzanyň ýanyna goşulýan resminamalaryň we subutnamalaryň sanawy.

Şu aşakdaky ýagdaýlary tassyklaýan subutnamalar:

jogapça talap arzanyň we onuň ýanyna goşulan resminamalaryň nusgalarynyň ugradylandygy hakynda;

kesgitlenen tertipde we möçberde döwlet pajynyň tölenilendigi hakynda;

jogapçy bilen jedeli kazyýete çenli düzgünleşdirmegiň tertibiniň berjaý edilendigi hakynda;

talap arza gol çekmeklige wekiliň ygtyýarlyklarynyň bardygy hakynda;

ýuridik şahs ýa-da hususy telekeçi hökmünde döwlet belligine alnandygy hakynda şahadatnamanyň göçürmesi;

4-nji bentde görkezilen ýagdaýlary tassyklaýan subutnamalar.

**Gol:**

Ýuridik şahsyň ýolbaşçysy ýa-da onuň orunbasary

Hususy telekeçi

Ýuridik şahsyň ýa-da hususy telekeçiniň wekili

Prokuror ýa-da başga ygtyýarly tarap

Şu mysaly şekil kazyýet hukuk ulanyş tejribesinde talap arzany düzmek bilen iş salyşýan hünärmenler üçin usuly gollanma bolup biler.

Talap arzanyň kanunda bellenen görnüşiniň we mazmunynyň bozulmagy onuň garalman yzyna gaýtarylmagyna getirýär[305].

---

[305] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 77.

Salgylanylan madda laýyklykda kazy talap arzany we onuň ýanyna goşulan resminamalary seljermezden yzyna gaýtarýar, eger-de:

talap arza gol çekilmedik ýa-da oňa gol çekmäge ygtyýarlygy bolmadyk ýa-da wezipe ýagdaýy görkezilmedik şahs tarapyndan gol çekilen bolsa;

talap arzada taraplaryň atlary, poçta we bank salgylary (rekwizitleri) görkezilmedik bolsa;

bellenilen tertipde we möçberde döwlet pajynyň tölenilendigi hakynda subutnamalar görkezilmedik bolsa. Başganyň bähbidini goramak üçin iş gozgaýan prokuror we beýleki ygtyýarly taraplar kazyýet çykdajylaryny tölemekden boşadylýar. Şu kada TRIÝK-nyň degişli maddasynda düzgünleşdirilişi ýaly[306], TAIÝK-da hem berkidilse dogry bolardy;

talaplary birleşdirmegiň kadalary bozulan bolsa ýa-da bir talap arzada özara baglanyşygy bolmadyk talaplar bir ýa-da birnäçe jogapça bildirilýän bolsa. Diňe esaslary we predmeti deň gelýän birmeňzeş talaplar ýa-da şol bir taraplar gatnaşýan işler birleşdirilmäge degişlidir[307];

TAIÝK-nyň degişli maddasynda talap edilişi ýaly, jogapça talap arzanyň we onuň ýanyna goşulýan resminamalaryň nusgasynyň ugradylandygy hakynda subutnamalar bolmasa[308];

haçan-da bu tertip kanundan ýa-da şertnamadan gelip çykýan bolsa, jedeli kazyýete çenli düzgünleşdirmek tertibiniň berjaý edilendigi barada subutnamalar bolmasa, kadalaşdyryjy hukuk nama laýyklykda, jogapçydan algyny almak üçin banka ýüz tutmaklyk bellenilen bolsa we bu talabyň berjaý edilenligini tassyklaýan subutnamalar bildirilmedik bolsa;

iş gozgamak hakynda karar kabul edilmezinden öň talapçydan talap arzasyny yzyna gaýtaryp bermek hakynda arza gelip gowşan bolsa. Iş gozgalandan soňra talapçynyň bu hereketine talapdan ýüz döndermeklik hökmünde garalýar.

---

306 Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 1964. Mad. 62. Böl.8.
307 Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 74. Böl.1.
308 Şol ýerde, mad.73.

Talap arzanyň yzyna gaýtarylmagy görkezilen ýalňyşlyklary düzedip onuň ikinji gezek umumy tertipde kazyýete bildirilmegi üçin hiç hili päsgelçilik döretmeýär.

Talap arzanyň köp kemçilikleri (talap arza gol çekmek, taraplaryň atlaryny, poçta we bank salgylaryny (rekwizitlerini) anyklamak, talap arzanyň bahasyny kesgitlemek, ýetmeýän subutnamalary bildirmek we ş.m.) ony yzyna gaýtarmazdan hem düzedilip bilner. Ýöne talapçynyň şeýle çalt hereket etmäge taýýar bolmazlygy mümkin. Eger-de talap arza aragatnaşyk bölüminiň (poçtanyň) üsti bilen gelip gowşan bolsa, onda islendik ýagdaýda-da ony garaman yzyna gaýtarmaly bolýar.

### 4.1.3. Talap arzany kabul etmek we ony kabul etmekden ýüz döndermegiň esaslary

Talap arzany kabul etmek kazynyň ýeke özi tarapyndan amala aşyrylýar. Bu barada kazy kesgitnama çykarýar[309]. Jedeliň öz wagtynda seljerilmegini we çözülmegini üpjün etmek üçin ýokarda agzalan madda-da talap arzanyň gelip gowşan gününden ony kabul etmek baradaky kes-gitnamany çykarmagyň möhleti kesgitlenilse maksadalaýyk bolardy.

TAIÝK-nyň degişli maddasy işi gozgamakdan ýüz döndermegiň esaslaryny gutarnykly kesgitleýär[310]:

arza kazyýetde garalmaga degişli bolmasa;

kazyýetiň önümçiliginde şol bir taraplaryň arasynda, şol bir pred-met we şol bir esaslar boýunça iş bar bolsa;

talapçynyň talabyndan ýüz döndermegi ýa-da barlyşyk ylalaşygynyň tassyklanylmagy bilen baglanyşykly iş boýunça önümçiligi ýatyrmak hakynda çözgüt ýa-da kesgitnama bar bolsa.

Bildirilen talap boýunça subutnamalaryň ýeterlik däldigine, talap ediş möhletiniň geçirilendigine we kanunda göz öňünde tutulmadyk beýleki esaslara salgylanyp talap arzany kabul etmekden ýüz dönder-meklige ýol berilmeýär.

---

[309] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 75.

[310] Şol ýerde, mad.76.

Mysal üçin, talabyň kanunda düzgünleşdirilmändigine salgylanyp, talap arzany kabul etmekden ýüz döndermek gadagandyr. Şeýle ýagdaýlarda kanunyň we hukugyň meňzeşligi (analogiýasy[311]) barada kadalar ulanylmaly.

TAIÝK-na laýyklykda, kazy talap arzany kabul etmekden ýüz döndermek hakynda kesgitnama çykarýar we ol talap arza gelip gowşan gününden başlap bäş günden gijä galman işe gatnaşýan taraplara iberilýär[312].

Talap arzany kabul etmekden ýüz döndermek hakynda kesgitnamanyň ýanyna talabyň materiallary we döwlet pajynyň gaýtarylyp berilmegi üçin delilhaty goşulyp talapça iberilýär[313].

TAIÝK-na laýyklykda, talap arzany kabul etmekden ýüz döndermek hakyndaky kesgitnama bellenen tertipde şikaýat (teklipnama) getirilip bilner[314]. Şol kesgitnama ýatyrylan halatynda talap arza kazyýete ilkibaşda ýüz tutulan gününden berlen diýlip hasap edilýär. Bu kada talap arzanyň bildirilen senesinden başlap kazyýet üçin işi kazyýet seljerişine taýýarlamak möhletiniň geçip başlandygyny aňladýar.

Eger-de ýalňyşlyk bilen talap arza boýunça iş gozgalan bolsa, onda kazyýete gaýtadan ýüz tutmaklyga ýol berilýändigine ýa-da berilmeýändigine baglylykda, iş boýunça önümçilik bes edilýär ýa-da talap garalman galdyrylýar.

Talap arzanyň kabul edilmegi bilen baglylykda kazyýetiň we işe gatnaşýan taraplaryň anyk hukuklary we borçlary döreýär. Kazyýetiň

[311] Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň kararynda raýat işleri bilen bagly şeýle bellenip geçilýär: "Jedelli hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kanun ýok mahalynda kazyýet Türkmenistanyň RIÝK-synyň 10-njy maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, şoňa meňzež hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kanuny ulanýar, şeýle kanunuň hem ýok mahalynda bolsa, kazyýet hereket edýän kanunyň umumy esaslaryndan we manysyndan ugur almalydyr. Şu ýagdaý çözgüdiň özünde delillendirilmelidir". "Kazyýet çözgüdi hakynda" Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň 1993-nji ýylyň 13-nji iýulynda kabul eden kararynyň 2-nji bendi**.** Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň kararlarynyň ýygyndysy. Aşgabat, 2007. S. 47.

[312] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 76. Böl.2.

[313] Şol ýerde, mad.76, böl.3.

[314] Şol ýerde, mad.76, böl.4.

işi kesgitlenen tertipde we möhletlerde seljermeklige hem çözmeklige bolan hukugy, şol bir wagtda-da borjy döreýär. Işe gatnaşýan taraplaryň işiň materiallary bilen tanyşmaga, kazyýete talaby hem subutnamalary üpjün etmek, subutnamalary üçünji taraplardan talap edip almak hakynda haýyşnama bilen ýüz tutmaga we ş.m. hukuklary ýüze çykýar.

Aýry-aýry hukuklardyr borçlar bolsa, kazyýet tarapyndan talap arzany kabul etmekden ýüz dönderilende hem döreýär. Şeýle ýagdaýda talapçy kazyýetiň kesgitnamasyna nägilelik tertibinde şikaýat bildirmäge haklydyr.

Talap arzanyň bildirilmeginiň netijesinde talap ediş möhletiniň, ýagny talapçynyň bozulan jedelli hukugyny ýa-da kanun bilen goralýan bähbidini kazyýetiň kömegi bilen mejbury ýerine ýetirmek möhletiniň arasy üzülýär.

Biziň pikirimizçe, talap arzanyň kabul edilmegi bilen bagly ýüze çykýan hukuklaryň we borçlaryň biri hökmünde, eger-de jogapçy talap arza bildirilenden soňra, ýöne kazyýet tarapyndan iş seljerilmezinden öň, talapçynyň talabyny meýletin ýerine ýetiren bolsa, onda talapçynyň talaby bildirmek bilen bagly çykaran çykdajylaryny jogapçy gaýtarmaly edilse dogry bolardy.

## 4.2. Ykdysady işleri kazyýet seljerişine taýýarlamak

### 4.2.1. Işi kazyýet seljerişine taýýarlamaklyga düşünje we onuň ähmiýeti

Arbitraž iş ýöredişinde bu tapgyryň möhüm tejribe ähmiýeti bar. Gynansak-da, taýýarlyk işleri TAIÝK-da ýeterlik derejede düzgünleşdirilmeýär.

Iş gozgalandan soňra, ol seljerilmezinden we çözülmezinden öň ýörite tapgyry – kazyýet seljerişine taýýarlamak tapgyryny geçýär. Bu tapgyryň geçirilmegi hökmany bolup durýar, ýagny ol çylşyrymlylyk derejesine garamazdan ähli işler boýunça geçirilmelidir[315]. Taýýarlaýyş

[315] Арбитражный процесс: Учебник / Под ред. М.К.Треушникова. М.1994. S.12-13; Арбитражный процесс: Учебник / Под ред. М.К.Треушникова. М.: ООО «Городец-издат», 2003. S.326.; Арбитражный процесс. Под ред. В.В.Яркова.

tapgyrynyň göwnejaý guralmagy işiň birinji kazyýet mejlisinde hemmetaraplaýyn, doly we obýektiw seljerilmegi hem çözülmegi üçin ähli zerur şertleri döredýär[316].

Göwnejaý geçirilmedik taýýarlaýyş tapgyry bolsa şu islenilmeýän ýagdaýlaryň ýüze çykmagyna getirýär[317]:

işi seljermegiň başga bir güne geçirilmegi sebäpli oňa garamagyň möhletleriniň bozulmagyna;

kazyýetiň iş boýunça hakykaty ýüze çykarmak mümkinçilikleriniň çäklendirilmegine;

iş boýunça önümçiligiň bes edilmegine ýa-da talabyň garalman galdyrylmagyna;

nägilelik ýa-da gözegçilik tertibinde iş boýunça çözgüdiň esassyzlygy sebäpli ýatyrylmagyna we ş.m.

Işi kazyýet seljerişine taýýarlamak tapgyry talap arza (arza) önümçilige alnan pursadyndan başlanýar. Şol pursatdan başlap hem kazy işiň öz wagtynda we dogry çözülmegine gönükdirilen hereketleriň giň toplumyny amala aşyrýar.

Ol hereketleri şu aşakdaky umumylaşdyrylan toparlara bölmek bolar[318]:

---

Учебник.-4-е изд., перераб. и доп. М.:Инфотропик Медиа, 2010. S.209.; Шерстюк В.М. Арбитражный процесс в вопросах и ответах. Комментарии, рекомендации, предложения по применению АПК РФ. 4-е изд., доп. и перераб. – М.: Издательский Дом “Городец”, 2010. S. 177-178.

[316] Daşary ýurt tejribesinde raýat işleri boýunça taýýarlaýyş tapgyry kazyýet iş ýöredişiniň “esasy” tapgyry bolup durýar, sebäbi kazyýet seljerişine gozgalan işleriň juda az sanlysy baryp ýetýär. Mysal üçin, Angliýanyň kazyýetlerinde raýat işleriniň 94% taýýarlaýyş tapgyrynda öz çözgüdini tapýar (Seret: Кудрявцева Е.В. Подготовка дел к судебному разбирательству в России и Англии // Законодательство. 2008. №11. S.55.).
Käbir GDA döwletleriniň degişli iş ýörediş kodekslerine laýyklykda, taraplary ýaraşdyrmak boýunça çäreleri geçirmek kazyýetiň aýratyn wezipe borjy hasaplanýar. Seret: RF-iň AIÝK-sy (mad.133); ÖR-iň HIÝK-sy (mad.122); BR-iň HIÝK-sy (mad.170); Täj.R-iň YKÖK-sy (mad.132); AR-iň RIÝK-sy (mad.167); MR-iň RIÝK-sy (mad.185).

[317] Шерстюк В.М. Подготовка дела к судебному разбирательству в арбитражном суде // Законодательство. 2004. № 6. S.19.

[318] Бахарев П.В. Арбитражный процесс: Учебно-методический комплекс.-

**1.** Subut etmekligiň predmetini, ýagny kazyýet tarapyndan anyklanmaga degişli hakyky ýagdaýlary kesgitlemek.

Ilkinji nobatda kanunyň hukuk netijeleriniň ýüze çykmagyna getirip biljek hukuk ýagdaýlarynyň (taraplaryň talaplarynyň we nägilelikleriniň, beýleki möhüm ýagdaýlaryň) dogry kesgitlenilmegi zerurdyr. Şol bir wagtda-da kazy işiň ýagdaýlaryny düzgünleşdirýän kadalary hem kesgitlemelidir. Işiň ýagdaýlarynyň hukuk taýdan nädogry maddalaşdyrylmagy esassyz we bikanun çözgüdiň çykarylmagyna getirýär. Subut etmekligiň predmetiniň nädogry kesgitlenilmegi bolsa, işiň ýagdaýlarynyň hukuk taýdan ýalňyş maddalaşdyrylmagyna eltýär.

**2.** Işiň hakyky ýagdaýlaryny doly we dogry tassyklap biljek subutnamalary kesgitlemek.

Iş bilen bagly subutnamalary toplamak babatda çäreleri görmek. Kazy diňe bir işe gatnaşýan taraplardan däl-de, eýsem iş ýöredişiň gatnaşyjysy bolmadyk taraplardan hem zerur subutnamalary talap edip almaga haklydyr.

**3.** Şol iş boýunça işe gatnaşýan taraplary kesgitlemek.

Işde bähbidi bar taraplaryň ählisiniň iş ýöredişe gatnaşmaklaryny üpjün etmek üçin zerur çäreleri görmek, şeýle hem olary kazyýetiň önümçiliginde bar bolan işiň maglumatlary bilen tanyşdyrmak.

**4.** Işe gatnaşýan taraplary we iş ýöredişiň beýleki gatnaşyjylaryny kazyýet mejlisiniň geçirilýän güni barada habarly etmek we olary kazyýete çagyrmak.

Şu ýerde işi kazyýet seljerişine taýýarlamak bilen bagly işiň göwrüminiň we amala aşyrylýan hereketleriň häsiýetiniň her bir anyk işiň ýagdaýlaryna we çylşyrymlylygyna baglydygyny bellemek gerek.

Resmi taýdan işi kazyýet seljerişine taýýarlamak kazy tarapyndan, mazmunynda talap arzanyň kabul edilýändigi hem-de işi kazyýet seljerişine taýýarlamak üçin amala aşyrylmaly zerur hereketler barada beýan edilýän, işi önümçilige almak we kazyýet seljerişine taýýarlamak barada karar çykarylan pursadyndan başlanýar. Karar talap arza

---

М.:Изд.центр ЕАОИ, 2008, S.148.; Арбитражный процесс. Под ред. В.В.Яркова. Учебник.-4-е изд., перераб. и доп. М.:Инфотропик Медиа, 2010. S.209-210.

kabul edilen gününden başlap bäş günüň dowamynda çykarylýar we işe gatnaşýan taraplara ugradylýar[319].

Kazy işi gozgamak baradaky karary işe gatnaşýan taraplara ugratmak bilen, olaryň oňünde kararyň göçürmesini alan gününden başlap bäş günüň dowamynda kazyýete ýetmeýän materiallary we resminamalary bermek hakynda borç goýup bilýär. Kazyýetiň görkezmelerini ýerine ýetirmezlik degişli jogapkärçiligiň ýüze çykmagyna getirýär, ýöne kada bozana temmi çäresiniň ulanylmagy ony kazyýetiň görkezmesini ýerine ýetirmek borjundan boşatmaýar[320].

Işi kazyýet seljerişine taýýarlamak kazy tarapyndan, işiň resmi taýdan gozgalan gününden başlap iki hepde möhletde amala aşyrylýar. Işi kazyýet seljerişine taýýarlamak bilen bagly hereketleriň amala aşyrylmagyny esassyz uzaga çekdirmezlik üçin kanunyň şu maddasynda: “iki hepdä çenli möhletde” diýip kesgitlenilse dogry bolardy. Işiň ýagdaýlaryna baglylykda işi kazyýet seljerişine taýýarlamak, aýdalyň 5, 10 gün möhletde amala aşyrylyp bilner, ýöne onuň umumy möhleti iki hepdeden geçmeli däl.

Aýratyn halatlarda (has çylşyrymly işlerde) işi kazyýet seljerişine taýýarlamagyň möhleti bir aýa çenli uzaldylyp bilner[321].

### 4.2.2. Işi kazyýet seljerişine taýýarlamagyň dowamynda amala aşyrylýan hereketler

TAIÝK-na laýyklykda, iş kazyýet seljerişine taýýarlanylýan döwürde kazy şu hereketleri amala aşyrýar[322]:

**1.** Iş ýöredişe ähli bähbidi bar taraplary çekmek hakyndaky meseläni çözýär.

Iş kazyýet seljerişine taýýarlananda işde başga taraplaryň hem bähbidiniň bardygy ýüze çykarylyp bilner. Bähbit işe bilelikde

[319] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 81. Böl.1.
[320] Şol ýerde, mad.81, böl. 3,4.
[321] Şol ýerde, mad.81, böl. 2.
[322] Арбитражный процесс. Под ред. В.В.Яркова. Учебник.-4-е изд., перераб. и доп. М.:Инфотропик Медиа, 2010. S.211-213.

gatnaşmak (tarapdarlyk) sebäpli ýüze çykyp biler. Kazy işde bähbidi bolan ähli talapçylary gozgalan iş barada habarly etmäge borçludyr, işe gatnaşmak meselesini talapçylaryň özleri çözýär. Eger-de iş boýunça birnäçe borçly tarap bolup we talapçyda olaryň hemmesine talaby bildirmedik bolsa, kazy öz başlangyjy bilen ähli jogapçylary işe çekýär.

Ýuridik we fiziki şahslaryň bähbidi degişli däl tarapy çalyşmak bilen hem bagly bolup biler. Degişli däl jogapçy diýip iş gozgalan pursatynda belli bir şahsyň hukuk jogapkärçiligi barada dörän çaklamanyň aradan aýrylmagyna düşünilýär. Özi-de şu ýagdaýda talapçynyň bozulan hukugyny we kanuny bähbidini kazyýet tertibinde goramak zerurlygy baradaky çaklama güýjünde galýar[323].

Iş ýöredişe degişli däl jogapçynyň gatnaşýandygyny ýüze çykaran halatynda kazy iş ýöredişe degişli jogapçyny çekýär. Ýöne ol degişli däl jogapçyny degişli jogapçy bilen çalyşmagy amala aşyryp bilmeýär, sebäbi birinjiden, bu hereket kazyýet seljerişi tapgyrynda amala aşyrylýar, ikinjiden, munuň üçin talapçynyň razylygy zerur. Kazy jogapçyny işi kazyýet seljerişine taýýarlaýyş tapgyrynda iş ýöredişe çekmäge diňe bir ygtyýarly bolman, borçly hem. Eger-de talapçy razy bolsa, onda kazy jogapçyny çalyşýar. Eger-de muňa talapçynyň razylygy bolmasa, onda ol iş ýöredişe ikinji jogapçy hökmünde çekilýär.

Degişli talapçyny kazy iş ýöredişe çekip bilmeýär. Onuň borjy, degişli talapçyny kazyýetiň önümçiligindäki iş barada habarly etmek. Işiň kazyýet seljerişi tapgyrynda ilkibaşky talapçynyň özüni degişli talapçy bilen çalşylmagyna razylygynyň bardygyna ýa-da ýokdugyna baglylykda, kazy talapçylary çalyşýar ýa-da degişli talapçyny özbaşdak talap bildirýän üçünji tarap hökmünde işe gatnaşdyrýar[324].

[323] Арбитражный процесс: Учебник-3-е изд., перераб. и доп. / Под ред. М.К. Треушникова. М.: Издательский дом «Городец», 2007. S. 75.

[324] RF-iň AIÝK-synda talap arzany kabul etmekden ýüz döndermek instituty berkidilmänligi sebäpli, kazyýete ýüz tutýan talapçy islendik ýagdaýda-da degişli talapçy diýip hasaplanýar. Şonuň üçin hem ony çalyşmak meselesi döräp bilmeýär (Арбитражный процесс. Под ред. В.В.Яркова. Учебник.-4-е изд., перераб. и доп. М.:Инфотропик Медиа, 2010. S.78-79).

Işde taraplardan başga üçünji taraplaryň hem bähbidiniň bolmagy mümkin. Olar kazyýetiň çözgüdi çykmazyndan öň iş ýöredişe girip bilýärler. Olardan jedeliň predmeti babatda özbaşdak talap bildirýäni hakykat ýüzünde talapçy bolmak bilen talapçynyň ähli ygtyýarlyklaryna eýedir.

Özbaşdak talap bildirmeýän üçünji taraplar jedeliň predmeti babatda hiç hili dawa etmeýärler. Olaryň işdäki bähbidi kazyýetiň çözgüdiniň olaryň hukuklaryna we borçlaryna täsir edýänligi bilen düşündirilýär. Adatça, olar geljekde döräp biljek regress talapdan goranýarlar.

Kazyýet tejribesinde özbaşdak talap bildirmeýän üçünji taraplaryň işe çekilmeýänligi sebäpli kazyýet namalarynyň ýatyrylýan halatlary köp duş gelýär. Şoňa görä-de, ylmy edebiýatda özbaşdak talap bildirmeýän üçünji taraplary kazyýet mejlisine çekmeklik kazyýetiň hukugy däl-de, borjy bolup durýar diýip dogry bellenilýär[325]. Bu meseläniň iş ýöredişiň şu tapgyrynda çözülmegi kanuny we esaslandyrylan çözgüdiň ilkinji kazyýet mejlisinde çykarylmagynyň aýdyň kepilidir.

**2.** Belli bir hereketleri amala aşyrmaga, şol sanda jedeli çözmek üçin ähmiýeti bolan resminamalary bildirmäge taraplary, beýleki ýuridik we fiziki şahslary borçly edýär.

Subutnamalary talap etmegiň tertibi TAIÝK-da düzgünleşdirilýär[326]. Kazyýet işe gatnaşýan we gatnaşmaýan taraplardan ýazmaça we maddy subutnamalary talap edip almaga ygtyýarlydyr. Işe gatnaşýan ýa-da gatnaşmaýan taraplardan subutnamalary özbaşdak almaga mümkinçiligi bolmadyk tarap şol subutnamalaryň talap edilip alynmagy hakyndaky haýyşnama bilen kazyýete ýüz tutmaga haklydyr. Haýyşnamada iş üçin ähmiýeti bolan nähili ýagdaýlaryň şol subutnama arkaly anyklanylyp bilinjekdigi, subutnamanyň ady we onuň niredediginiň görkezilmelidir. Kazyýet, zerurlyk ýüze çykan halatynda,

[325] Комментарий к Арбитражному процессуальному кодексу Российской Федерации (постатейный) / Под ред. П.В. Крашенинникова. М.: Статут, 2007 (комментарий к ст.51).
[326] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 53.

işe gatnaşýan tarapa zerur subutnamany getirmek üçin resmi ýüztutma hatyny berýär. Kazyýet tarapyndan berilmegi talap edilýän subutnamany özünde saklaýan şahs ony gönüden-göni kazyýete iberýär ýa-da degişli resmi ýüztutma haty elinde bolan tarapa onuň subutnamany kazyýete eltip bermegi üçin gowşurýar.

Talap edilýän subutnamany bermek borjy kazyýet tarapyndan esassyz hasap edilen sebäplere görä ýerine ýetirilmedik halatynda, şol subutnamany özünde saklaýan şahs Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilige çekilýär. Ol babatda temmi çäresiniň ulanylmagy kadany bozany kazyýetiň talabyny berjaý etmek borjundan boşatmaýar.

**3.** Bilermen seljermelerini bellemek hakyndaky meseläni çözýär.

Bilermeniň netijenamasy kazyýet mejlisinde seljerilýär we oňa baha berilýär. Bilermen seljermesini işi kazyýet seljerişine taýýarlamak tapgyrynda bellemek bilen kazy işiň seljerilmeginiň esassyz uzaga çekdirilmeginiň öňüni alýar.

Eger-de bilermen aýry-aýry soraglara jogap bermedik bolsa ýa-da onuň jogaplary kazyýet üçin düşnüksiz bolsa, işi kazyýet seljerişine taýýarlamak tapgyrynda kazy goşmaça bilermen seljermesini hem belläp bilýär.

Ýöne bu tapgyrda kazy gaýtadan bilermen seljermesini belläp bilmeýär, sebäbi bilermeniň ilkibaşky netijenamasyny esassyz diýip bilmek işi düýp mazmuny boýunça seljerýän kazynyň (kazylaryň) ygtyýarlygyna degişli bolup durýar.

**4.** Işi kazyýet seljerişine taýýarlamak tapgyrynda taraplaryň wekilleriniň kazyýete gelmeginiň zerurlygy hakyndaky meseläni çözýär.

Biziň pikirimizçe, şu ýerde aýdyňlaşdyrylmaly bir mesele bar. Söhbetdeşlige taraplar (has anygy – işe gatnaşýan taraplar) çagyrylýar. Kazyýete taraplaryň özleri gelip bilýär ýa taýýarlyk söhbetdeşligine gatnaşmagy öz wekillerine tabşyryp bilýärler ýa-da bu çärä wekilleri bilen bilelikde gatnaşyp-da bilýärler. Onsoňam tarapyň wekili bolmanam biler, aýdalyň hususy telekeçiniň. Işi kazyýet seljerişine taýýarlamak tapgyrynda taraplar (wekiller) olaryň talaplarynyň we nägilelikleriniň esaslaryny anyklamak üçin çagyrylýar. Şu agzalan

takyklamany kanuna girizmek zerur. Mysal üçin, şuňa meňzeş kada RF-iň AIÝK-synda hem berkidilen. GDA döwletleriniň degişli iş ýörediş kodekslerine laýyklykda taýýarlaýyş tapgyrynda gürrüňdeşlige "taraplar[327]" ýa-da "işe gatnaşýan taraplar[328]" çagyrylýar. Şu ýagdaýda wekiliň gürrüňdeşlige gatnaşmaklygy taraplaryň we beýleki işe gatnaşýan taraplaryň özlerine bagly diýip düşünilmeli. Taýýarlaýyş tapgyrynda taraplary (olaryň wekillerini) gürrüňdeşlige çagyrmak kaza bagly bolup durýar, ýagny ol hökmany hereket däl[329].

Kazy talapçydan talabyň esaslaryny we predmetini anyklaýar, subutnamalaryň ýeterlikdigini barlaýar. Jogapçy bilen söhbetdeşligiň dowamynda kazy onuň talap babatda nähili nägilelikleriniň bardygyny we şol nägileliklerini haýsy subutnamalar bilen tassyklap biljekdigini anyklaýar. Zerurlyk ýüze çykan ýagdaýynda kazy taraplary goşmaça subutnamalary bildirmäge borçly etmäge haklydyr. Ondan başga-da taýýarlyk tapgyrynda taraplaryň dürli haýyşnamalary diňlenilýär. Eger-de işi taýýarlamagyň dowamynda taraplaryň garaýyşlary öňünden anyklanmasa, onda kazyýet mejlisinde işe garamagy subutnamalaryň ýeterlik däldigi sebäpli başga bir güne bellemek zerurlygy ýüze çykyp biler.

Taraplar bilen söhbetdeşlik kaza jedeli hukuk taýdan dogry maddalaşdyrmaga, subut etmekligiň predmetini we iş boýunça ýetmeýän subutnamalary kesgitlemäge, şeýle hem işiň netijesinde bähbidi bar bolan ähli taraplary anyklamaga mümkinçilik berýär. Onsoňam kazy söhbetdeşligiň dowamynda taraplary ýaraşdyrmak we olaryň arasynda barlyşyk ylalaşygyny baglaşdyrmak boýunça hem iş alyp barýar.

Kazy jogapçynyň talaba seslenmesini, kähalatda bolsa onuň garşylyklaýyn talap arzasyny öwrenmek bilen jogapçynyň iş boýunça garaýyşlaryna doly we hemmetaraplaýyn seljerme geçirip bilýär.

---

[327] AR-iň RIÝK-sy (mad.167); BR-iň HIÝK-sy (mad.170); MR-iň RIÝK-sy (mad.185); Gruz.RIÝK-sy (mad.203).

[328] ÖR-iň HIÝK-sy (mad.122); Täj.R-iň YKÖK-sy (mad.134, böl.1).

[329] Комментарий к Арбитражному процессуальному кодексу Российской Федерации (постатейный), 2-е издание, перераб. и допол. /Под ред. П.В. Крашенинникова. М., 2009. (Комментарий к ст.135).; Шерстюк В.М. Арбитражный процесс в вопросах и ответах. Комментарии, рекомендации, предложения по применению АПК РФ. 4-е изд., доп. и

TAIÝK-na laýyklykda, jogapçy iş boýunça önümçiligiň gozgalandygy hakyndaky karary alandan soň bäş günden gijä galman kazyýete talap arza seslenmesini hem-de talaba nägileliklerini tassyklaýan ähli resminamalary, talapça we beýleki işe gatnaşýan taraplara bolsa talaba seslenmesiniň nusgasyny iberýär[330].

Seslenmä ýuridik şahsyň ýolbaşçysy ýa-da onuň orunbasary, hususy telekeçi ýa-da olaryň wekilleri gol çekýär.

Seslenmede kanuna laýyklykda zerur maglumatlar beýan edilýär, şeýle hem jogapçynyň haýyşnamalary hem görkezilip bilner.

TAIÝK-na laýyklykda, jogapçy jedel boýunça çözgüt kabul edilýänçä ilkibaşky talap bilen bilelikde çözülmegi üçin talapça garşylyklaýyn talap bildirmäge haklydyr[331].

Garşylyklaýyn talap şu aşakdaky halatlarda kabul edilýär:

eger ol ilkibaşky talap boýunça hasaplaşyk geçirmeklige gönükdirilen bolsa;

eger garşylyklaýyn talabyň kanagatlandyrylmagy ilkibaşky talabyň kanagatlandyrylmagyny doly ýa-da bölekleýin aradan aýyrýan bolsa;

eger garşylyklaýyn we ilkibaşky talaplaryň arasynda özara baglanyşyk bar bolsa we olara bilelikde garamak jedeliň has çalt we dogry çözülmegine getirýän bolsa.

5. Işiň düýp mazmuny boýunça düşündiriş bermek üçin wezipeli adamlary we beýleki taraplary çagyrmak hakyndaky meseläni çözýär.

TAIÝK-na işe gatnaşýan taraplary we beýleki gatnaşyjylary kazyýet mejlisiniň ýa-da aýry-aýry hereketleriň geçiriljek ýeri we wagty barada habarly etmegiň tertibini düzgünleşdirmeýär. Muňa garamazdan TAIÝK-na laýyklykda işe gatnaşýan taraplar kazyýetiň çagyrmagy boýunça kazyýet mejlisine gelmäge hem-de talap edilýän materiallary bildirmäge borçly edilýär[332]. Egerde kanun işe gatnaşýan taraplary geçirilýän iş ýörediş hereketleri barada resmi habarly etmegiň tertibini, ol talaplaryň ýerine ýetirilmänligi üçin jogapkär-

[330] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 78.
[331] Şol ýerde, mad. 79.
[332] Şol ýerde, mad. 33. Böl.2.

çiligini kesgitlemeýän bolsa, ýokarda görkezilen jogapkärçilige nähili düşünmeli?

TRIÝK-nyň düzgünlerine laýyklykda, raýat iş ýöredişinde kazyýet mejlisiniň geçirilýän wagty we ýeri barada habarly edilmedik işe gatnaşýan taraplaryň gatnaşmazlygynda kazyýet tarapyndan seljerilen işler boýunça kabul edilen çözgütler nägilelik ýa-da gözegçilik tertibinde ýatyrylmaga degişlidir[333].

Iş ýöredişiň gatnaşyjysyny kazyýet mejlisi barada habarly etmek we oňa iş bilen bagly öz garaýyşlaryny beýan etmäge mümkinçilik bermek, dünýä tejribesinde adyl kazyýetligi amala aşyrmagyň esasy ýörelgeleriniň biri hasaplanýar[334]. Galyberse-de, işe gatnaşýan taraplary kazyýet mejlisiniň ýa-da aýry-aýry iş ýörediş hereketleriniň geçiriljek ýeri we wagty barada habarly etmek kazyýet önümçiliginiň bäsleşik hem-de taraplaryň kanunyň we kazyýetiň öňünde deňligi ýörelgeleriniň durmuşa geçirilmeginiň ygtybarly kepili hökmünde garalýar[335]. Şoňa görä-de, TAIÝK-da hem iş ýöredişe gatnaşyjylary kazyýet mejlisi we geçirilýän hereketler barada habarly etmegiň TRIÝK-daky we RF-iň AIÝK-syndaky[336] ýaly tertibini berkitmek zerur bolup durýar.

333 Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 1964. Mad. 310.

334 Конвенция о защите прав человека и основных свобод. Рим, 4 ноября 1950 г. (с изменениями от 21 сентября 1970 г., 20 декабря 1971 г., 1 января, 6 ноября 1990 г., 11 мая 1994 г.) ETS N 005. Mad.6.

335 Арбитражный процесс: Учебник-3-е изд., перераб. и доп. / Под ред. М.К. Треушникова. М.: Издательский дом «Городец», 2007. S. 166.

336 Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Bap.12.
Şu kodeksde 2010-njy ýylda işe gatnaşýan taraplary kazyýet mejlisi we aýry-aýry iş ýörediş hereketleriniň geçiriljek wagty hem-de ýeri barada habarly etmegiň tertibi has-da kämilleşdirildi. Mundan başga-da, 2009-2010-njy ýyllarda RF-iň AIÝK-syna işiň birinji kazyýet mejlisinde doly we hemmetaraplaýyn seljerilip, kanuny hem-de esaslandyrylan çözgüdiň çykarylmagyny üpjün etjek kadalar girizildi. Geljekde TAIÝK-na kämilleşdirilende şu oňyn tejribeden peýdalanylmagynyň özi şahslaryň kazyýet goragynyň ygtybarlygyny has-da güýçlendirer.
Şuňa meňzeş kada GDA döwletleriniň galanlarynyň hem arbitraž (hojalyk) iş ýörediş kodekslerinde duş gelýär. Seret: ÖR-iň HIÝK-sy (mad.124); BR-iň HIÝK-sy (bap13); Täj.R-iň YKÖK-sy (bap 12), şeýle hem GDA döwletleriniň ählisiniň

**6.** Beýleki kazyýetlere kazyýet tabşyryklaryny iberýär.

Dogry, näbelli sebäplere görä TAIÝK-da subutnamalary toplamak işinde kazyýete başga kazyýetiň kömeginden peýdalanmaga mümkinçilik berýän, “kazyýetiň tabşyrygy” diýen örän netijeli iş ýörediş hereketi berkidilmeýär. Bu hereket edil TRIÝK-da[337] bolşy ýaly, RF-iň AIÝK-synda[338] hem giňişleýin düzdünleşdirilýär. Şu iki kodeksiň oňyn tejribesinden ugur alyp, bu hereketiň mazmunyny açyp görkezeliň.

Işi seljerýän kazyýet zerur subutnamalar gözegçilik edýän çäginde ýerleşýän kazyýete şol subutnamalary toplamak boýunça tabşyryk berip bilýär. Mysal üçin, maddy we ýazmaça subutnamalary gözden geçirmek, bilermen seljermesini bellemek barada.

Tabşyrygy berjaý etmek kazyýet üçin hökmandyr. Tabşyryk işe gatnaşýan taraplary çagyrmak bilen kazyýet mejlisinde ýerine ýetirilmäge degişlidir. Kazyýet mejlisi barada teswirnama düzülýär we ol işi düýp mazmuny boýunça seljerýän kazyýete ugradylýar. Teswirnamanyň ýanyna ýazmaça subutnamalar, bilermenleriň netijenamalary, subutnamanyň ýerleşýän ýerinde gözden geçirmek teswirnamasy we ş.m. goşulyp bilner.

Görşümiz ýaly, bu hereket kazyýete iş boýunça aýanlygy ýüze çykarmaga uly mümkinçilik berýär. Şoňa görä-de, TAIÝK-da kazyýetiň tabşyrygyny ýerine ýetirmegiň tertibini ýörite kadada berkitmek zerurdyr.

**7.** Talaby üpjün etmek üçin çäreleri görýär.

Haçan-da kazyýetiň çözgüdini ýerine ýetirmegiň kyn boljakdygyny ýa-da düýbünden mümkin bolmajakdygyny görkezýän görnetin howply ýagdaýlar dörän halatynda talaby üpjün etmek üçin

---

ykdysady jedelleriň seljerilmegini düzgünleşdirýän raýat iş ýörediş kodekslerinde.

[337] Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 1964. Mad. . Bap.14.

[338] Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Mad.73.

Şuňa meňzeş kada GDA döwletleriniň beýlekileriniň hem arbitraž (hojalyk) iş ýörediş kodekslerinde berkidilen. Seret: ÖR-iň HIÝK-sy (mad.74,75); BR-iň HIÝK-sy (mad.111,112); Täj.R-iň YKÖK-sy (mad.72-73), şeýle hem GDA döwletleriniň ählisiniň ykdysady jedelleriň seljerilmegini düzgünleşdirýän raýat iş ýörediş kodekslerinde.

çäreler görülýär. Alymlaryň dogry bellemeklerine görä, talaby üpjün ediş instituty arbitraž kazyýet önümçiliginde hakykat ýüzünde raýat dolanyşygynyň subýektleriniň kazyýet goraglylygyny üpjün etmegiň düýpli kepillikleriniň biri bolup durýar[339].

TAIÝK-na laýyklykda, kazyýet iş ýöredişiň islendik tapgyrynda talaby üpjün etmek üçin çäreleri görmäge haklydyr[340]. Bu barada mesele taraplar ýa-da kazyýetiň özi tarapyndan gozgalyp bilner. Talaby üpjün etmek hakynda arza kazyýet tarapyndan ol gelip gowşandan soň bäş günüň dowamynda taraplary çagyrmazdan garalýar. Talaby üpjün ediş çäreleri kazyýetiň namasy ýerine ýetirilýänçä ýa-da kazyýet tarapyndan ýatyrylýança hereket edýär.

TAIÝK-nyň degişli maddasynda talaby üpjün etmek boýunça şu çäreler berkidilýär[341]:

jogapça degişli emlägi ýa-da pul serişdelerini gozgamasyz etmek;

jogapça belli bir hereketleri amala aşyrmagy gadagan etmek (mysal üçin, emlägi satmagy);

beýleki taraplara jedeliň predmeti bilen bagly hereketleri amala aşyrmagy gadagan etmek (mysal üçin, emlägi jogapça bermegi);

talapçy tarapyndan jedelli hasaplanýan ýerine ýetirijilik resminamasy ýa-da jedelsiz (akseptsiz) tertipde töleg geçirmäge esas berýän başga bir resminama boýunça töleg geçirmegi togtatmak;

emlägi gozgamasyz ýagdaýyndan boşatmak hakynda talap bildirilen halatynda şol emlägi ýerlemegi togtatmak.

TAIÝK-da talaby üpjün etmegiň çäreleriniň bildirilen talaba möçberi boýunça deň bolmalydygyny berkitmek zerurdyr.

Kanun jedel edilýän pul möçberiniň çäklerinde birnäçe üpjün ediş çäreleriniň ulanylmagyna rugsat berýär. Mysal üçin, jogapçynyň emlägini gozgamasyz etmek we oňa anyk hereketleri amala aşyrmagy gadagan etmek. Ondan başga-da talaby üpjün etmegiň bir çäresini başga bir çäre bilen çalyşmaklyga hem kanun ygtyýar berýär[342].

---

[339] Щукин А.И. Некоторые вопросы, возникающие при применении арбитражным судом обеспечительных мер // Вестник ВАС РФ. 2004. N 4. S. 132.

[340] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 83.

[341] Şol ýerde, mad. 84.

[342] Şol ýerde, mad. 85.

Eger-de kazyýetiň talaby üpjün etmek hakynda kesgitnamasy ýerine ýetirilmeýän bolsa, talapçy kazyýetiň talaplarynyň ýerine ýetirilmänligi üçin günäkär tarapdan özüne ýetirilen zyýanyň öwezini töletdirip almaga haklydyr.

Öz nobatynda talapçy hem eger-de kazyýet onuň talabyny kanagatlandyrmakdan ýüz dönderen halatynda, jogapça talaby üpjün etmek çäreleriniň amala aşyrylmagynyň netijesinde ýetirilen zyýanyň öwezini dolmaga borçludyr.

TAIÝK-na laýyklykda, talaby üpjün etmek hakyndaky kesgitnama kazyýet namalaryny ýerine ýetirmek üçin bellenilen tertipde haýal etmän ýerine ýetirilýär[343]. TAIÝK-da talaby üpjün etmek babatdaky çäreleri ýatyrmagyň tertibi kesgitlenýär[344]. Bu hereket talaby üpjün etmek hakynda çäreleri amala aşyrmak hakynda kesgitnamany çykaran kazyýet tarapyndan ýerine ýetirilýär. Talap kanagatlandyrylmadyk ýagdaýynda talaby üpjün etmek baradaky çäreler ýatyrylýar. Talabyň üpjün edilmegini ýatyrmak hakynda kazyýet çözgüdiň içinde görkezýär ýa-da ol kabul edilenden soňra kesgitnama çykaryp bilýär. Talaby üpjün etmek baradaky kesgitnamanyň ýerine ýetirilmezligi ýa-da onuň ýerine ýetirilmegine päsgelçilik döredilendigi üçin günäkär taraplar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilige çekilýär[345].

Görkezilenlerden başga-da kazy jedeliň öz wagtynda we dogry çözülmegini üpjün etmeklige gönükdirilen birnäçe hereketleri amala aşyrýar. TAIÝK-da berkidilen işi kazyýet seljerişine taýýarlamak çäreleri gutarnykly däldir[346]. Olardan başga-da kazy: ýazmaça we maddy subutnamalary ýerinde gözden geçirmek, subutnamalary üpjün etmek, kazyýet çykdajylaryny tölemekden boşatmak, döwlet pajyny yzyna gaýtarmak, talaplary birleşdirmek ýa-da olary biri-birinden bölüp aýyrmak ýaly dürli hereketleri amala aşyryp bilýär.

Bu hereketleriň käbiriniň üstünde durup geçeliň. Subutnamalary toplamagyň giňden ýaýran hereketleriniň biri-de subutnamalary üpjün etmek bolup durýar. Zerur subutnamalary bildirmek mümkin bolmaz

[343] Şol ýerde, mad.86.
[344] Şol ýerde, mad. 87.
[345] Şol ýerde, mad. 88.
[346] Şol ýerde, mad. 82.

ýa-da bu meselede kynçylyk dörär diýip howatyr edýän taraplar kazyýetden şol subutnamalary üpjün etmegi haýyş edip bilýärler[347].

Ýöne TAIÝK-da, TRIÝK-daky ýaly subutnamalary üpjün etmegiň tertibi doly berkidilmeýär[348]. Bu ýagdaý bolsa görkezilen iş ýörediş çäresini tejribede ulanmagy kynlaşdyrýar. Şoňa görä-de, TRIÝK-nyň oňyn tejribesinden TAIÝK-da peýdalanmak maksadalaýykdyr.

Talaplary birleşdirmegiň ýörelgeleri barada öňki baplarda durlup geçildi. Olary biri-birinden bölüp aýyrmak barada aýdylanda bolsa, eger-de talaplaryň aýry-aýrylykda seljerilmegi (mysal üçin, seljerilýän talaplaryň çylşyrymlylygyny, jedelde bähbidi bar taraplaryň sanynyň köplügini we ş.m. nazarda tutup) maksadalaýyk diýlen netijä gelinse, kazyýet bir ýa-da birnäçe birleşdirilen talaplary aýratyn önümçilige bölüp aýyrmaga haklydyr[349]. Bu mesele kazy tarapyndan işi kazyýet seljerişine taýýarlamak tapgyrynda öwrenilýär hem-de iş düýp mazmuny boýunça seljerilip başlanmanka, kesgitnama çykarmak bilen çözülýär[350].

TAIÝK-nyň degişli maddasyna laýyklykda, kazy iş ýeterlik derejede taýýarlanan diýip netijä gelenden soňra ony kazyýet mejlisinde seljermek barada kesgitnama çykarýar[351]. Kesgitnamada geçirilen taýýarlaýyş hereketleri barada görkezilýär we kazyýet mejlisiniň geçiriljek ýeri we wagty kesgitlenýär.

Ýokarda beýan edilenleri jemläp aýtsak, tejribede ykdysady adyl kazyýet amala aşyrylanda taýýarlaýyş tapgyry jedelleriň talaba laýyk çözülmeginde has wajyp ähmiýete eýe bolup başlady. Mysal üçin, soňky döwürde Russiýa Federasiýasynda ykdysady işler boýunça taýýarlaýyş tapgyryna uly üns berilýär. Käbir alymlaryň aýtmaklaryna görä, arbitraž kazyýetler wezipelerinden gelip çykýan işleriň esasy bölegini jedeliň düýp mazmuny boýunça çözülýän ýeri bolan kazyýet

---

[347] Şol ýerde, mad. 59.
[348] Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 1964. Mad. 37-39.
[349] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 74. Böl.2.
[350] Şol ýrde, mad. 74, böl.3.
[351] Şol ýrde, mad. 89, böl.1.

mejlisinde däl-de, taýýarlaýyş tapgyrynda berjaý edýärler. Köp derejede şu tapgyryň kömegi bilen her bir kesgitli işiň ýagdaýlarynyň doly we hemmetaraplaýyn anyklanmagy, kanuny we esaslandyrylan çözgüdiň çykarylmagy üpjün edilýär. Bular bolsa öz gezeginde taraplary özara düşünişmeklige, ahyrynda bolsa iki tarapy-da kanagatlandyrýan ýaraşygyň baglaşylmagyna iterýär[352].

Onsoňam häzirki döwürde daşary ýurtlaryň kazyýet tejribesinden görnüşine görä, ykdysady işler bilen bagly iş ýöredişiň esasy meselesi talaba laýyk çözgüt çykarmak däl-de, taraplary ýaraşdyrmak we jedelleri alternatiw usullary ulanmak ýoly bilen çözmek bolup durýar[353]. Biziň pikirimizçe, şu çemeleşmäniň uly geljegi bar. Ýurdumyzda ykdysady dolanyşygyň çalt depginlerde amala aşyrylýan döwründe jedelli meseleleri gysga möhletlerde we ýönekeýleşdirilen tertipde seljermek we çözmek aýratyn möhüm ähmiýete eýe bolýar.

# V BAP. YKDYSADY IŞLERIŇ KAZYÝETDE SELJERILIŞI

## 5.1. Iş ýöredişiň dispozitiwlik we bäsleşik ýörelgeleri

Ähli hukuk pudaklarynyň, şol sanda arbitraž iş ýörediş hukugynyň öz öňünde goýýan wezipeleriniň berjaý edilişi, esasan, onuň ýörelgeleriniň we hukuk kadalarynyň näderejede talaba laýyk durmuşa geçirilýändigine bagly bolup durýar. Hukugyň nazaryýetine laýyklykda, hukugyň umumy ýörelgeleri diýlende, jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirmeklige gönükdirilen hukuk kadalarynda berkidilen esasy ýol görkeziji kadalaryna, şeýle hem syýasy – aňyýet (ideologiýa) esaslaryna düşünilýär[354].

---

352 Ермошин Г.Т. Арбитражный процессуальный кодекс РФ 2002 г.: концепция, содержание, особенности применения // Актуальные проблемы применения российского законодательства. Материалы семинара в Российской академии правосудия, 19-20 декабря 2002г. М.,2002.S.2.

353 Комментарий к Арбитражному процессуальному кодексу Российской Федерации (постатейный), 2-е издание, перераб. и допол. /Под ред. П.В. Крашенинникова. М., 2009. (Комментарий к ст.152).

354 Бахарев П.В. Арбитражный процесс: Учебно-методический комплекс.-

Arbitraž iş ýorediş önümçiligi birnäçe ýörelgelere esaslanýar. Daşary ýurt tejribesinde iş ýöredişiň baş ýörelgeleri hökmünde önümçiligiň dispozitiwlik we bäsleşik ýörelgeleri ykrar edilýär. Ýurdumyzyň bazar gatnaşyklarynyň şertlerine laýyklykda özgerdilýän iş ýorediş kanunçylygynda bu ýörelgeler milli aýratynlyklarymyzdan ugur alnyp, halkara hukugynyň umumylykda ykrar edilen kadalary esasynda, özi-de ewolýusion ýol bilen tapgyrlaýyn ösdürilmelidir. Şu jähtden iş ýöredişiň dispozitiwlik we bäsleşik ýörelgeleriniň manymazmunyny gysgajyk häsiýetlendirmäge synanyşalyň.

### 5.1.1. Iş ýöredişiň dispozitiwlik[355] ýörelgesi

Dispozitiwlik ýörelgesi – bu arbitraž iş ýorediş hukugynyň kadalarynda göz öňünde tutulan kazyýet önümçiliginiň esasy düzgüni bolup, şoňa laýyklykda işde bähbidi bar taraplar iş ýöredişiň hereketine, jedeliň predmetine hem-de işi gozgamak, dowam etdirmek we bes etmek bilen bagly kanunda berkidilen hukuklaryna erk etmek bilen täsir edip bilýärler[356]. Şol sebäpli hem bu ýörelgäni iş ýöredişiň hereketlendiriji başlangyjy diýip ir wagtdan bäri atlandyrýarlar[357] we ol häzirki döwürde hem öz wajyplygyny ýitirenok[358].

Emma ylmy edebiýatda dispozitiwlik ýörelgesiniň kesgitlemesi (düşünjesi) babatda alymlaryň arasynda şu günki günde bir meňzeş

М.:Изд.центр ЕАОИ, 2008, S.15.; Ефимова В.В. Арбитражное процессуальное право. Учебное пособие. Саратов. 2009. S.18.; Арбитражный процесс. Под ред. В.В.Яркова. Учебник.-4-е изд., перераб. и доп. М.:Инфотропик Медиа, 2010. S.31-32.

355 Dispozitiw – “dispono – ygtyýar edýärin, ýerleýärin” diýen latyn sözünden gelip çykyp, raýat we arbitraž iş ýöredişiniň demokratik ýörelgeleriniň esaslarynyň biri bolup, kazyýetiň (kazynyň) kömegi bilen işe gatnaşýan taraplaryň özleriniň iş ýorediş we maddy hukuklaryndan erkin peýdalanmaklaryny aňladýar.

356 Шерстюк В.М. Развитие принципа диспозитивности в арбитражном судопроизводстве // Арбитражная практика. 2002. №4. S.86.

357 Советское гражданское процессуальное право. Под ред. М.А. Гурвича. М., 1957. S.39.

358 Арбитражный процесс: Учебник-3-е изд., перераб. и доп. / Под ред. М.К. Треушникова. М.: Издательский дом «Городец», 2007. S.43-44.; Арбитражный процесс. Учебник. / Под ред. В.В. Яркова. М.:Юрист. 2002. S.51-52.

garaýyş ýok. Umuman alnanda, dispozitiwlik ýörelgesine taraplaryň öz iş ýörediş hukuklaryna özbaşdak erk etmekligi diýip düşünilýär. Ýöne onuň mazmunyny düzýän ygtyýarlyklar hem-de olaryň tejribede ýüze çykyşy barada ylmy edebiýatlarda dürli pikirler aýdylýar[359].

Deňeşdirmek üçin dispozitiwlik ýörelgesiniň Ýewropa döwletleriniň kazyýet tejribesinde ýüze çykmalaryna syn edip göreliň. Günbataryň iş ýöredişinde kazyýet önümçiligini diňe taraplaryň özleri gozgap bilýär. Biziň ýurdumyzda bu hukuk, kanunda göz öňünde tutulan halatlarynda, prokurora we beýleki ygtyýarly edilen taraplara hem berilýär. Olar öz gezeginde kazyýet namalaryna şikaýat bildirip ýa-da teklipnama (garşylyknama) getirip bilýärler. Günbataryň ölçeglerine görä, kazyýetiň we prokuraturanyň wezipeli adamlarynyň başlangyçlary bilen gözegçilik önümçiliginiň gozgalmagy, dispozitiwlik ýörelgesine garşy gelýär[360].

Mundan başga-da, Günbatarda hiç kim goşulmazdan kazyýet goraglylygynyň möçberi (anyk talap we onuň möçberi) kesgitlenilýär. Taraplar islän wagty barlyşyk ylalaşygyny baglaşyp bilýärler. Talapçy öz talabyndan ýüz dönderip bilýär, jogapçy bolsa – bildirilen talaby ykrar edip bilýär.

Bilşimiz ýaly, Günbatarda bazar ykdysadyýetiniň özenini hususy eýeçilik düzýär. Biziň ýurdumyzda ykdysadyýetiň agramly bölegi döwlet eýeçiliginde bolup durýar. Şonuň üçin hem şu döwürde kazyýet önümçiliginde "çäklendirilmedik dispozitiwlik" ýörelgesiniň girizilmegi döwletiň we onuň edara düzümleriniň bähbitlerine ters gelýär diýip hasaplaýarys. Degişli döwlet edaralary, ilkinji nobatda hem prokuratura edaralary, kazyýet önümçiliginde döwlet bähbitleriniň goragynda bolmalydyrlar.

Hususy eýeçilikde dispozitiwlik babatda çäklendirmeler bolmaly däl, ol diňe hususy eýeçilikdäkileriň erk-islegine baglylykda ýüze

---

[359] Моисеев С.В. Принцип диспозитивности арбитражного процесса: Автореф. дис. ... канд. юрид. наук. М., 2001. S.10.

[360] Книпер Р. Основные вопросы гражданско-процессуального права. В кн.: Право. Экономика. Благосостояние. Актуальные вопросы правовой реформы в Туркменистане. Ашгабат, 2010. S.39.; Şol ýerde, Книпер Р., Деппе Й., Чантурия Л. Основные вопросы реформы гражданско-процессуального права Туркменистана. S.313.

çykyp biler[361]. Biziň döwletimizde hususy eýeçilikdäkileriň hem kazyýet goraglylygy döwlet tarapyndan deň derejede amala aşyrylýar. Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly: "Hususy eýeçilik eldegrilmesizlik bilen üpjün edilmelidir, baglaşylan hususy şertnamalaryň berjaý edilmegi we býurokratlaryň eden-etdiliginden raýatlaryň goragy kepillendirilmelidir[362]".

Ýokarda beýan edilenlerden ugur alyp, biziň ýurdumyzyň arbitraž iş ýörediş kanunçylygyna laýyklykda, kazyýet talapdan ýüz döndermekligi, talabyň möçberiniň azaldylmagyny ýa-da bildirilen talabyň ykrar edilmegini kabul etmeýär, şeýle hem taraplaryň ylalaşygyny tassyklamaýar, eger-de olar kanuna garşy gelýän bolsa ýa-da başga biriniň kanun tarapyndan goralýan hukuklaryny we kanuny bähbitlerini bozýan bolsa. Şu ýagdaýlarda iş düýp mazmuny boýunça garalýar[363]. Şeýlelikde, arbitraž kazyýet önümçiliginde hususy we jemagat bähbitleriniň deňagramlylygy üpjün edilýär. Bu bolsa öz gezeginde agzalan ölçegleriň raýat dolanyşygynda hem zerur kybapdaşlygyny emele getirýär[364].

Elbetde, bu kada döwrebap özgerdilmäge degişli. Şu ýerde kazyýetiň ykrar edýän ýa-da tassyklaýan hereketleri bilen bagly Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň raýat işleri boýunça käbir kararlaryny seljerip göreliň.

Haçan-da kazyýet (kazy) işiň ýagdaýlaryna garap, döwlet edara düzümleriniň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, şeýle hem raýatlaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak üçin olaryň bildiren talaplarynyň çäginden çykmaly diýen netijä gelse, oňa TRIÝK-nyň 197-nji maddasyna laýyklykda ygtyýar berilýär[365]. Raýatlar babatda, ýagny bazar gatnaşyklarynyň şertlerinde hususy eýeçilik bilen bagly işler boýunça bu garaýşy dogry diýip aýdyp bolmaz.

[361] Seret: Bap I, bölüm 4.
[362] Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010. 1-nji tom. S.32.
[363] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 37.
[364] Арбитражный процесс. Учебник. / Под ред. В.В. Яркова. М.:Юрист. 2002. S.52.
[365] "Kazyýet çözgüdi hakynda" Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň 1993-nji ýylyň 13-nji iýulynda kabul eden kararynyň 7-nji bendi. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň kararlarynyň ýygyndysy. Aşgabat, 2007. S. 49.

Kazyýet jogapçynyň talaby ykrar etmegini kabul etmeýär, eger ol bu hereket kanuna garşy gelýär ýa-da kimdir biriniň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini kemsidýär diýen netijä gelse[366]. Başga bir kararda şuňa meňzeş görkezme nägilelik şikaýatdan ýüz döndermek bilen baglanyşdyrylýar[367]. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň hiç bir kararynda hem şular ýaly halatda "kanuna ýa-da başga biriniň hukuklaryna ýa bolmasa kanuny bähbitlerine ters gelýän" diýlip atlandyrylýan hereketleriň nämäni aňladýandygy düşündirilmeýär. Şona görä-de, kazyýet iş ýöredişinde agzalan hereketler ýüze çykanda kazylaryň nämä esaslanýandyklary belli däl. Bazar ykdysadyýetiniň hukuk mentalitetinden ugur alnanda, şahsyýetiň öz hukuklaryna erk etmek ygtyýarlyklarynyň onuň islegine garamazdan çäklendirilmegi hiç babatda hem dogry däl bolsa gerek.

### 5.1.2. Iş ýöredişiň bäsleşik ýörelgesi

Asyl manysynda daşary ýurt tejtibesinde (esasan, anglosakson hukuk ulgamynda) iş ýöredişiň dowamynda taraplaryň bäsleşigine kazyýetiň goşulmagyna ýol berilmeýär. Çözgüt taraplaryň kazyýete bildiren subutnamalarynyň esasynda kabul edilýär. Has takygy, iş boýunça haýsy ýagdaýlary anyklamalydygyny we haýsy serişdeleriň esasynda subut edilmelidigini taraplaryň özleri kesgitleýär. Şol subutnamalary haýsy ýollar bilen kazyýete bildirmek meselesi taraplaryň öz aladasy bolup durýar. Subutnamalary ýüze çykarmaklyga we olary toplamaklyga kazyýet asla gatnaşmaýar[368].

---

[366] Şol ýerde, kararyň 4-nji bendi. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň kararlarynyň ýygyndysy. Aşgabat, 2007. S. 48.

[367] "Kazyýetler tarapyndan raýat işlerine nägilelik tertipde garamaklygyň iş ýörelgeleri hakynda" Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň 1997-nji ýylyň 28-nji aprelinde kabul eden kararynyň 9-njі bendi. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň kararlarynyň ýygyndysy. Aşgabat, 2007. S. 109.

[368] Книпер Р., Деппе Й., Чантурия Л. Основные вопросы реформы гражданско-процессуального права Туркменистана. В кн.: Право. Экономика. Благосостояние. Актуальные вопросы правовой реформы в Туркменистане. Ашгабат, 2010. S.311.

Dünýäde globalizasiýa bilen bagly bolup geçýän köpugurly özgertmeleriň kazyýet önümçiligine hem täsiri ýetýär. Kontinental[369] hukuk ulgamynda subutnamalary toplamakda, taryhdan belli bolşuna görä, işjeňlik kazyýete, anglosakson hukuk ulgamynda taraplara degişli bolan bolsa, häzirki döwürde bu meselede olaryň ikisinde hem "deňagramlylyga" ýykgyn edilýär[370]. Mysal üçin, RF-iň AIYK-syndan tapawutlylykda, bu döwletiň raýat iş ýörediş kanunçylygynda subutnamalary toplamakda hiç bir kazyýet ulgamynda deňi (analogy) bolmadyk deňagramlyk tapyldy diýlip hasaplanylýar, ýagny subutnamalary taraplar bildirýärler, kazyýet bolsa, işe gatnaşýan taraplaryň haýyşy boýunça subutnamalary özbaşdak talap edip alyp bilýär[371]. Ylmy edebiýatda raýat iş ýöredişinde kazyýetiň işjeňligini we jogapkärçiligini has-da artdyrmaklyk teklip edilýär[372].

Belläp geçişimiz ýaly, Russiýa Federasiýasynda 1995-nji ýylyň hukuk özgertmelerinden soň kazyýet arbitraž iş ýöredişinde diňe taraplaryň bildiren subutnamalaryny derňeýär we subut etmeklik işine goşulmaýar. Özi-de taraplar subutnamalary diňe bir özbaşdak toplamaga däl-de, eýsem olary işe gatnaşýan beýleki taraplara deslapdan açyp görkezmäge hem borçludyrlar. Dogry, her tarapyň subut etmeli ýagdaýlaryny kazyýet olara aýratynlykda düşündirmelidir[373].

---

[369] Russiýa Federasiýasy, şonuň ýaly-da Türkmenistan hem kontinental ýa-da roman-german hukuk ulgamyna degişli hasaplanýar.

[370] Agzalan iki ulgamda mese-mälim ýakynlaşmalaryň üznüksiz bolup geçýändigini 2009-njy ýylda Kanadanyň Toronta şäherinde geçen "Iş ýörediş hukugynyň" Halkara assosiasiýasynyň materiallaryndan hem aýdyň görmek bolýar (Seret: Бевзенко Р.С., Бочарова Н.С., Малешин Д.Я., Решетникова И.В. Сближение романо-германской и англосаксонской процессуальных систем. По материалам конференции Международной ассоциации по процессуальному праву в Торонто, 2009г. //Вестник ВАС РФ. 2009. №8. S.58-77).

[371] Малешин Д.Я. «Ограниченная активность» суда в процессе собирания доказательств как самобытная черта российского гражданского процесса //Законодательство. 2009. №2. S.77-78.

[372] Seret: Царегородцева Е.А. Способы оптимизации гражданского судопроизводства: Автореф. дис. ...канд. юрид. наук. Екатеринбург, 2006. S.17.

[373] Арбитражный процесс. Под ред. В.В.Яркова. Учебник.-4-е изд., перераб. и доп. М.:Инфотропик Медиа, 2010. S.50.

Bäsleşik ýörerlgesi kazyýeti subutnamalary toplamak işinden doly çetleşdirmekligi, şeýle hem kazyýetiň iş boýunça aýanlygy ýüze çykarmak mümkinçiliklerini çäklendirilmekligi aňlatmaýar. Zerurlygyna görä kazyýet taraplardan goşmaça subutnamalary talap edip alyp bilýär ýa-da käbir halatlarda öz başlangyjy bilen olary toplaýar[374]. W.M. Şerstýuk dogry belläp geçýär, jedeli dogry we adalatly çözmek üçin, käbir ýagdaýlarda kazyýete subutnamalary öz başlangyjy bilen toplamaga mümkinçilik bermeli[375]. Onsoňam işe gatnaşýan taraplaryň "deslapdan açylyp görkezilmedik" subutnamalaryny hem kazy kabul etmelidir. Başgaça bolanda kazyýetiň çözgüdinde anyklanan ýagdaýlar doly subut edilmedik diýip netije çykarylmagy ähtimal[376].

Milli iş ýörediş kanunçylygymyza laýyklykda, kazyýet iş ýöredişiniň ähli görnüşlerinde subutnamalary toplamak bilen meşgullanýar[377]. Sebäbi bu olaryň gönüden-göni wezipe borjy bolup durýar. Kazyýeti subutnamalary toplamak işinden doly çetleşdirmek ýalňyş diýip hasaplaýarys. Başgaça bolanda iş boýunça aýanlygy ýüze

---

[374] Шамшурин Л. О диспозитивности и злоупотреблении процессуальными правами в состязательном процессе в сфере гражданской юрисдикции: вопросы теории и практики //Арбитражный и гражданский процесс. 2009. №12. S.17.

[375] Шерстюк В.М. Новые положения третьего Арбитражного процессуального кодекса Российской Федерации. М., 2003. S.18.

[376] Комментарий к Арбитражному процессуальному кодексу Российской Федерации (постатейный), 2-е издание, перераб. и допол. /Под ред. П.В. Крашенинникова. М., 2009. (Комментарий к ст.135).; Шерстюк В.М. Арбитражный процесс в вопросах и ответах. Комментарии, рекомендации, предложения по применению АПК РФ. 4-е изд., доп. и перераб. – М.: Издательский Дом "Городец", 2010. S. 204.

[377] Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň kararynda raýat işleri bilen bagly şeýle bellenýär: "RIÝK-nyň 14-nji maddasynyň talabyna görä, kazyýetler berlen maglumatlar we düşündirişler bilen çäklenmän, işiň ýagdaýlaryny, taraplaryň hukuklaryny we borçlaryny hemmetaraplaýyn doly we tarapgöýsizlikli aýdyňlaşdyrmalydyrlar, işe gatnaşýan adamlaryň getirýän delillerini çintgäp barlamalydyrlar"- "Birinji basgançakly kazyýetde raýat işlerine seredilende iş ýörediş kanunçylygynyň ulanylyşy hakynda" Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň 1993-nji ýylyň 13-nji iýulynda kabul eden kararynyň 10-njy bendi. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň kararlarynyň ýygyndysy. Aşgabat, 2007. S. 55.

çykarmak hem-de esaslandyrylan kanuny çözgüdi çykarmak mümkin däl. Şoňa görä-de, kazyýet önümçiligini düzgünleşdirýän kanunçylyk özgerdilende “bäsleşik” we “derňew” (inkwizision) häsiýetli iş ýörediş usullarynyň netijeli arabaglanyşygyny hem-de aragatnaşygyny tapmak zerur[378]. Ylmy edebiýatda bozulan ýa-da jedelli hukuklary, azatlyklary we kanuny bähbitleri goramak, kazyýet önümçiligini açyk ýagdaýda adalatly guramak, kanunylygy üpjün etmek kazyýetiň esasy wezipeleri bolup durýar, olary ýerine ýetirmek bolsa, iş boýunça aýanlygy ýüze çykarmazdan mümkin däl diýip dogry pikir aýdylýar[379]. Kazyýet bilen bagly agzalyp geçilen wezipeler TAIÝK-da hem doly bolmasa-da, ýeterlik derejede düzgünleşdirilen[380]. Diýmek, Türkmenistanda ykdysady adyl kazyýetlik amala aşyrylanda hem bu kada möhüm ähmiýete eýedir.

Biziň pikirimizçe, şu mesele babatda hukuk özgertmelerinde işe gatnaşýan taraplaryň we kazyýetiň netijeli işjeňligi bilen derňew-bäsleşik häsiýetli kazyýet önümçiliginde aýanlygy doly we hemmetaraplaýyn anyklamagy, şeýle hem esaslandyrylan kanuny çözgüdi çykarmagy göz öňünde tutmak gerek. Esasy mesele işiň ýagdaýlary doly we dogry kesgitlenmeli, ýogsam kanuny we esaslandyrylan çözgüdi çykarmak mümkin däl. Eger-de taraplaryň subutnamalary bildirmäge mümkinçilikleri ýok bolsa, kazyýetiň hem olary öz başlangyjy bilen toplamaga ygtyýary bolmasa, onda iş boýunça aýanlygy ýüze çykaryp bolmaz. Monografiýanyň şu we beýleki baplarynda bu babatda anyk pikirler aýdylýar hem-de teklipler girizilýär.

---

[378] Хрестоматия: учеб. пособие. 2-е изд. перер. и доп. / Под ред. проф. М.К.Треушникова. М. :ОАО “Издательский Дом “Городец”, 2005. S. 213.; Лим А.А. Распределение обязанности доказывания в арбитражном процессе по российскому законодательству: Автореф. дис. ... канд. юрид. наук. М., 2008. S. 23.

[379] Шамшурин Л.Л. Принципы гражданского (арбитражного) процессуального права: проблемы понятия, классификации, значение в совершенствовании законодательства и отправлении правосудия //Арбитражный и гражданский процесс. 2010. № 8. S.4.; Лим А.А. Распределение обязанности доказывания в арбитражном процессе по российскому законодательству: Автореф. дис. ... канд. юрид. наук. М., 2008. S. 23.

[380] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 2.

Türkmenistanyň kazyýet önümçiliginde taraplar, bäsleşik ýörelgesiniň esasynda, islendik is boýunça özleriniň talaplaryny we garşylyklaryny esaslandyrmaga borçludyrlar. Bu işe kazyýet we prokuror işjeň gatnaşýarlar. Her tarap kanunda göz öňünde tutulan ähli serişdeleriň üsti bilen öz talabynyň ýa-da garşylygynyň kanunylygyny we esaslandyrylanlygyny subut etmäge, şonuň ýaly-da gerek bolan halatynda, işiň gidişinde öz delillerini getirmäge hem-de iş boýunça pikirini aýtmaga, şeýle hem haýyşnama bildirmäge we düşündiriş bermäge haklydyr[381].

Kazyýet öz gezeginde taraplara olaryň hukuklaryny we borçlaryny düşündirýär, hem-de şol hukuklaryň durmuşa geçirilmegine ýardam berýär, şonuň ýaly-da ol ýa-da beýleki hereketleriň edilmegi ýa-da edilmezligi nähili netijelere getirip biljekdigi barada duýdurýar, işiň hakyky ýagdaýlaryny anyklamak we subut etmek üçin ähli şertleri döredýär, şeýle hem jedeli düzgünleşdirýän degişli kanunyň dogry ulanylmagyny üpjün edýär.

Iş ýörediş kanunçylygy taraplara öz bähbitlerini talaba laýyk goramaklary üçin deň derejede ygtyýarlyklary berýär. Eger şeýle edilmese, iş ýöredişiň bäsleşik ýörelgesini üpjün etmek mümkin däl. Ýöne taraplar üçin deň şertleriň döredilmegi, olara şol bir meňzeş hukuklaryň berilmegini aňlatmaýar. Aýdalyň, jogapçy talabyň üpjün edilmegini kazyýetden talap edip bilmeýär[382]. Esasy zat taraplarda kybapdaş gorag çäreleriniň bolmagydyr. Mysal üçin, talapçy talap arza bilen kazyýete ýüz tutmaga hukugy bar bolsa, onda kanunda hökman jogapçynyň kazyýete garşylyklaýyn talap bildirmäge bolan hukugy berkidilmeli. Iki tarapa hem subutnamalary bildirmäge, olaryň derňewine gatnaşmaga, dil üstünden ýa-da ýazmaça görnüşde düşündiriş bermäge, haýyş etmäge, iş boýunça delillerini bildirmäge we pikirini aýtmaga doly mümkinçilik berilmelidir.

---

[381] Бахарев П.В. Арбитражный процесс: Учебно-методический комплекс.-М.:Изд.центр ЕАОИ, 2008, S.16.; Арбитражный процесс. Под ред. В.В.Яркова. Учебник.-4-е изд., перераб. и доп. М.:Инфотропик Медиа, 2010. S.47-48.

[382] Шерстюк В.М. Новые положения третьего Арбитражного процессуального кодекса Российской Федерации. М., 2003. S.32.

Adam hukuklaryny we onuň esasy azatlyklaryny goramak baradaky Ýewropa konwensiýasynda “işi adalatly seljermek” ýörelgesi berkidilen. Resminama laýyklykda jedelleşýän taraplara öz bähbitlerini goramak üçin, deň şertleriň döredilmelidigi barada aýdylýar[383]. Şeýlelikde, taraplaryň hiç birisine hem bäsleşikli iş ýöredişde artykmaçlyklar berilmeli däldir. Diňe şu şertlerde iş boýunça aýanlygy ýüze çykarmak, şeýle hem kanuny we esaslandyrylan kazyýet çözgüdini çykarmak mümkindir.

## 5.2. Ykdysady işleri kazyýetde seljermegiň umumy düzgünleri we tertibi

Iş ýöredişiň kazyýet seljerilişinden öňki we soňky tapgyrlary şu tapgyra hyzmat edýärler. Kazyýet seljerişinden öňki tapgyrlarda – iş gozgalýar we kazyýet seljerişine taýýarlanýar, soňky tapgyrlarda bolsa, kazyýetiň çözgüdi ýerine ýetirilýär ýa-da kazyýetiň ýalňyşlyklary ýüze çykarylýar we düzedilýär. Ýöne öňki we soňky tapgyrlaryň hiç haýsynda hem jedel düýp mazmuny boýunça çözülmeýär[384].

TAIÝK-da kazyýet seljerişini alyp barmagyň umumy düzgünleri we tertibi berkidilýär[385].

TAIÝK-na laýyklykda işler talap arza gelip gowşandan soňra iki aýdan köp bolmadyk möhletiň dowamynda seljerilmäge degişlidir[386]. Taraplaryň biri Türkmenistanyň çäginden daşarda bolanda işlere üç aýdan köp bolmadyk möhletde garalýar. Iňňän aýratyn halatlarda

383 Нешатаева Т.Н., Старженецкий В.В. Право на справедливое разбирательство дела // Вестник ВАС РФ. 1999. N 11.S. 124-125.

384 Арбитражный процесс: Учебник-3-е изд., перераб. и доп. / Под ред. М.К. Треушникова. М.: Издательский дом «Городец», 2007. S. 190.; Отческая Т.И., Власов А.А., Шилов А.В., Сметанников А.Е. Арбитражный процесс: Учебное пособие. Тюмень: Издательство Тюменского государственного университета. 2008. S.257.; Ефимова В.В. Арбитражное процессуальное право. Учебное пособие. Саратов. 2009. S.88.; Арбитражный процесс. Под ред. В.В.Яркова. Учебник.-4-е изд., перераб. и доп. М.:Инфотропик Медиа, 2010. S.231.

385 Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 90.

386 Şol ýerde, mad.89, böl.2.

bolsa Arbitraž kazyýetiň başlygy işe garamagyň möhletini alty aýdan köp bolmadyk möhlete uzaltmaga haklydyr[387].

Işiň seljerilişi kazyýet mejlisine taraplaryň we işe gatnaşýan beýleki taraplaryň gatnaşmagynda geçirilýär. Öňki baplarda ýokarda görkezilen hereketlere taraplaryň wekilleriniň däl-de, olaryň özleriniň we işe gatnaşýan beýleki taraplaryň gatnaşmaklary barada bellenip geçilipdi. Munuň başgaça bolmagy kada laýyk gelmeýär. Hakykat ýüzünde iş ýöredişe işe gatnaşýan tarapyň özi gatnaşýarmy ýa-da onuň wekili, bu başga mesele. Şu netijäniň dogrulygyny TAIÝK-da subut ediş serişdesi hökmünde taraplaryň we beýleki işe gatnaşýan taraplaryň düşündirişleriniň berkidilmegi hem tassyklaýar[388].

Ylmy edebiýatda işe gatnaşýan taraplaryň wekilleriniň düşündirişlerini hem subut ediş serişdesi hökmünde kanuna girizmekligi teklip edýärler[389]. Bu pikir bilen ylalaşman bolmaz, sebäbi haçanda iş ýöredişe tarap we onuň wekili bile gatnaşanlarynda wekiliň düşündirişleriniň hukuk ýagdaýy düşnüksiz bolup galýar, çünki olaryň düşündirişlerine çözgütde näme esasynda salgylanyp bolýanlygy kanunda düzgünleşdirilmeýär.

TAIÝK-da kazyýet mejlisini alyp barmagyň tertibini mejlise başlyklyk ediji kesgitleýär diýip bellenilýär[390]. Şol sebäpli-de, raýat iş ýöredişinden tapawutlylykda arbitraž önümçiliginde amala aşyrylýan hereketler, esasan hem subutnamalary derňemek bilen bagly hereketler, ýeterlik derejede doly düzgünleşdirilmeýär. Biziň pikirimizçe, işiň ýagdaýlaryny doly we hemmetaraplaýyn anyklamak, taraplaryň hukuklaryny hem-de borçlaryny dogry kesgitlemek, kanuny we

---

[387] Şol ýerde, mad. 89. Böl.3,4.

[388] Şol ýerde, mad.46. böl.2.

Şuňa meňzeş kada GDA döwletleriniň içinde Ukrainadan beýlekileriniň arbitraž (hojalyk, raýat) iş ýörediş kodekslerinde berkidilen. Ukraina döwletiniň adybir kodeksinde subut ediş serişdesi hökmünde işe gatnaşýan taraplaryň wekilleriniň düşündirişleri göz öňünde tutulan (mad.32). Biziň pikirimizçe, “wekilleriň düşündirişleri” goşmaça subut ediş serişdesi hökmünde kabul edilip bilner.

[389] Гунько Е.В. Средства доказывания в гражданском и арбитражном процессах: проблемные вопросы и пути их решения // Арбитражная практика. 2008. №6. S.29.

[390] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad.90. böl.2.

esaslandyrylan çözgüdiň çykarylmagyny üpjün etmek üçin arbitraž iş ýöredişinde ýüze çykýan zerur hereketler kanunda anyk berkidilse dogry bolardy.

Mysal üçin, RF-iň AIÝK-synda kazyýet mejlisiniň iş ýörediş hereketleri Türkmenistanyň arbitraž kanunçylygyna garanyňda has giňişleýin düzgünleşdirilýär[391]. Şeýle-de bolsa, bu döwletde hem onuň raýat we jenaýat iş ýörediş kodekslerinden tapawutlylykda kazyýet mejlisini geçirmegiň tertibi doly we hemmetaraplaýyn düzgünleşdirilmeýär[392]. Hukuk edebiýatlarynda arbitraž iş ýörediş kanunçylygynda doly açylyp görkezilmedik hereketleriň haýsy tertipde amala aşyrylmalydygy barada teklipler edilýär[393]. Onsoňam bu döwletde kazyýet we prokuratura edaralarynyň ygtyýarly düzüm birlikleri tarapyndan derwaýys hereketleri amala aşyrmak boýunça möhüm resmi ugrukdyryjy düşündirişler hem-de görkezmeler yzygiderli berlip durulýar.

Biziň pikirimizçe, arbitraž kazyýet önümçiliginde bir bitewi hukuk syýasatyny alyp barmak hem-de iş ýöredişi dürs ýola goýmak üçin, kanuna käbir goşmaçalary we üýtgetmeleri girizmek, şonuň ýalyda kazyýet mejlisini talaba laýyk guramak boýunça Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň ugrukdyryjy düşündirişleri berýän ýörite kararyny kabul etmek zerur bolup durýar. Geljekde bolsa şol ugrukdyryjy düşündirişleriň sünnälenip kanunyň kadalaryna öwrülmegini üpjün etmeli.

---

391 GDA döwletleriniň galanlarynyň hem arbitraž (hojalyk) iş ýörediş kodekslerinde kazyýet mejlisiniň hereketleri doly düzgünleşdirilýär. Seret: ÖR-iň HIÝK-sy (bap 17); BR-iň HIÝK-sy (bap 20); Täj.R-iň YKÖK-sy (bap 19).

392 Комментарий к Арбитражному процессуальному кодексу Российской Федерации (постатейный), 2-е издание, перераб. и допол. /Под ред. П.В. Крашенинникова. М., 2009. (Комментарий к ст.153).

393 Отческая Т.И., Власов А.А., Шилов А.В., Сметанников А.Е. Арбитражный процесс: Учебное пособие. Тюмень: Издательство Тюменского государственного университета. 2008. S.281-286.; Ефимова В.В. Арбитражное процессуальное право. Учебное пособие. Саратов. 2009. S.88-95.; Арбитражный процесс. Под ред. В.В.Яркова. Учебник.-4-е изд., перераб. и доп. М.:Инфотропик Медиа, 2010. S.234-241.

Kazy kazyýet mejlisini açýar we haýsy işiň seljerilýändigini (kimiň kime we näme babatda talap bildirýändigini) yglan edýär.

Kazy işe gatnaşýan taraplaryň, olaryň wekilleriniň we beýleki gatnaşyjylaryň kazyýet mejlisine gelendiklerini barlaýar, olaryň şahsyýetlerini anyklaýar hem-de ygtyýarlyklaryny barlaýar. Kazyýet mejlisine gelmedik taraplaryň bellenilen tertipde kazyýet mejlisiniň geçirilýän ýeri we wagty barada habarly edilendiklerini, şeýle hem olaryň näme sebäpden kazyýet mejlisine gelmändiklerini anyklaýar.

Kazy kazyýetiň düzümini (işe ýekelikde garalanda – işi alyp barjak kazyny) yglan edýär, prokuror, bilermen, terjimeçi hökmünde kimleriň gatnaşýandygyny habar berýär we işe gatnaşýan taraplara olaryň kimlere ynam bildirmezlige hukuklarynyň bardygyny düşündirýär.

TAIÝK-na laýyklykda[394], şu Kodeksiň degişli maddalarynda görkezilen ýagdaýlar ýüze çykarylan halatynda, kanunda kesgitlenen taraplar öz-özlerine ynam bildirmezlik barada mesele goýmaga borçludyrlar[395]. Şol esaslar boýunça ynam bildirmezlik işe gatnaşýan taraplar tarapyndan hem bildirilip bilner. Şeýle ýagdaýlarda öz-özüne ýa-da başgalara ynam bildirmezlik delillendirilen bolmaly (adyl kazyýetligi amala aşyrmakdan esaslandyrylman ýüz döndermeklige ýol berilmeýär) we iş boýunça kazyýet namasy kabul edilýänçä bildirilmeli.

Raýat kazyýet önümçiliginiň[396] we Russiýa Federasiýasynyň arbitraž iş ýöredişiniň[397] düzgünlerine laýyklykda, öz-özüne ýa-da başgalara ynam bildirmezlik iş düýp mazmuny boýunça seljerilip başlanmazyndan öň bildirilmäge degişli. Işiň seljerilişiniň dowamynda öz-özüne ýa-da başgalara ynam bildirmezlik, eger-de şol hereketi amala aşyrýan tarap oňa esas bolan ýagdaýlar barada iş düýp mazmuny boýunça seljerilip başlanandan soňra bilen bolsa, diňe şonda ýol berilýär. Özi-de bu meseläni gozgaýan tarap munuň şeýledigini subut etmäge borçludyr. Bu kada iş ýöredişi guramaçylykly geçirmek we kazyýetiň hem beýleki gatnaşyjylaryň wagtynyň netijesiz

[394] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 19.

[395] Şol ýerde, mad.16,17.

[396] Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 1964. Mad. 310.

[397] Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Mad.24. Böl.2.

ulanylmagynyň öňüni almak üçin göz öňünde tutulandyr. Şonuň üçin hem agzalýan kada TAIÝK-da berkidilse dogry bolardy.

TAIÝK-na ynam bildirilmedik ýagdaýynda kazyýetiň işe gatnaşýan taraplaryň pikirini, eger-de ynam bildirilmedik düşündiriş bermek islese ony hem diňlemäge borçludygyny kesgitleýär[398].

Işe ýekelikde garaýan kazy babatda ynam bildirilmese, bu mesele degişli kazyýetiň başlygy tarapyndan çözülýär.

Işe bilelikde garalanda bir kaza ynam bildirilmese, bu meselä kazyýetiň tutuş düzümi tarapyndan ynam bildirilmedik kazynyň gatnaşmazlygynda garalýar. Berlen sesler deň bolan halatynda kazy işe garamakdan çetleşdirilýär.

Birnäçe kazy ýa-da kazyýetiň tutuş düzümi babatda ynam bildirilmese, bu meselä işi seljerýän kazyýetiň doly düzümi garaýar.

Prokuror, terjimeçi, bilermen babatda ynam bildirilmese, bu meselä işi seljerýän kazyýetiň doly düzümi garaýar.

Kazy işe gatnaşýan taraplara, olaryň wekillerine we iş ýöredişiň beýleki gatnaşyjylaryna olaryň hukuklaryny we borçlaryny düşündirýär.

Işe gatnaşýan taraplaryň umumy hukuklary we borçlary TAIÝK-da berkidilendir[399]. Işe gatnaşýan taraplaryň işiň materiallary bilen tanyşmaga, olardan göçürmeleri, nusgalary almaga, ynam bildirmezlige, subutnamalary bildirmäge we olary derňemäge gatnaşmaga, işe gatnaşyjylara sowallary bermäge, haýyşnamalary bildirmäge, kazyýete dilden we ýazmaça düşündirişleri bermäge, işiň barşynda ýüze çykýan ähli meseleler boýunça öz delillerini getirmäge, işe gatnaşýan beýleki taraplaryň haýyşnamalaryna, delillerine garşy çykmaga, çözgüde täzeden garamak hakyndaky arza bilen ýüz tutmaga we TAIÝK-da berkidilen beýleki hukuklardan peýdalanmaga haklydyr.

Işe gatnaşýan taraplar kazyýetiň çagyrmagy boýunça kazyýet mejlisine gelmäge, kazyýetiň talaby boýunça zerur maglumatlary bildirmäge, çözülýän jedeliň düýp mazmuny boýunça kazyýete dilden we ýazmaça düşündirişleri bermäge hem-de TAIÝK-da göz öňünde

---

398 Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 20.

399 Şol ýerde, mad. 33.

tutulan beýleki talaplary berjaý etmäge borçludyrlar. Işe gatnaşýan taraplar özlerine degişli ähli hukuklaryndan ynsaply peýdalanmalydyrlar.

Talabyň esasyny ýa-da predmetini, möçberini üýtgetmek, talapdan ýüz döndermek, talaby ykrar etmek we barlyşyk ylalaşygyny baglaşmak bilen bagly taraplaryň ýörite hukuklary TAIÝK-da berkidilýär[400].

Üçünji taraplaryň, bilermeniň, terjimeçiniň we kazyýet wekiliniň hukuk ýagdaýy TAIÝK-nyň degişli maddalarynda kesgitlenilýär[401].

Iş ýörediş hukuklaryny we borçlaryny düşündirenden soňra kazy işe gatnaşýan taraplaryň arzalaryna we haýyşnamalaryna (subutnamalary talap edip almak, bilermen seljermesini bellemek, degişli däl tarapy çalyşmak we ş.m. barada) garaýar.

TAIÝK-na laýyklykda, bu hereketler işe gatnaşýan taraplar tarapyndan ýazmaça görnüşde resmileşdirilýär we işe gatnaşýan beýleki taraplaryň pikiri diňlenenden soňra kazyýet tarapyndan çözülýär[402]. Salgylanylan maddanyň tekstinde ýalňyşlyk bilen "iş ýöredişine gatnaşyjy" diýen düşünje ulanylýar. Bu ýerde diňe iş ýöredişde bähbidi bar taraplar barada gürrüň gidýär. Şoňa görä-de, maddanyň tekstinde "işe gatnaşýan taraplar" diýen düşünje ulanylmaga degişli.

Şu zeýilli säwlikler arbitraž kazyýet iş ýöredişinde hem duş gelýär. Mysal üçin, "Türkmenistanyň kazyýetleri tarapyndan daşary ýurtly düzgünnamaly şahslaryň we telekeçileriň gatnaşmaklary bilen baglanyşykly jedellere seretmekde Türkmenistanyň kanunçylygynyň berjaý edilişi boýunça kazyýet iş ýörelgeleri hakynda" Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň 2008-nji ýylyň 25-nji ýanwarynda kabul eden 2-nji belgili kararynyň 8-nji bendinde işde bähbidi bar taraplar babatda hem "Işe gatnaşyjylar" diýen düşünje ulanylýar.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň ykdysady işler bilen bagly diňe bir sany karary kabul edilipdir. Şoňa görä-de, ýokarda agzalan aňlatmanyň kazyýet iş ýöredişinde ulanylyşyna käbir raýat we jenaýat işleriniň mysalynda hem seljerme geçirip göreliň.

[400] Şol ýerde, mad. 37.
[401] Şol ýerde, mad.38, 42, 43, 45.
[402] Şol ýerde, mad.92.

90-njy ýyllaryň kazyýet iş ýöredişine ser salsaň, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň birnäçe kararlarynda "Işe gatnaşýan adam[403]" diýen düşünje ulanylýar. Ýöne kazyýet iş ýöredişine "adam" gatnaşanok. Kazyýet önümçiligine gatnaşýan her bir adam anyk bir iş ýöredişiň subýektiniň ornunda çykyş edýär. Şoňa laýyklykda hem kanunda her bir işe gatnaşyjynyň hukuklary we borçlary kesgitlenilýär. "Adam" garalýan işe däl-de, kazyýet önümçiliginiň aýanlyk ýörelgesine laýyklykda diňe kazyýetiň mejlisine gatnaşyjy bolup biler.

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň jenaýat işleri bilen bagly bir kararynda: "Kazyýet mejlisine gatnaşyjylara kazyýet çözgütleriniň nusgalaryny gowşurmagyň ...[404]" gürrüňi gidýär. Dogrusy bu karar şu günki gün hukuk güýjüni ýitirdi[405]. Kanuna laýyklykda "bilermenem", "terjimeçem" işe gatnaşyjy bolup durýar. Ýöne olara çözgüdiň nusgasy gowşurylmaýar, sebäbi agzalan gatnaşyjylaryň iş bilen bagly hiç hili bähbitleri ýok. Şoňa görä-de, kanunda-da, kazyýet tejribesinde-de her bir iş ýöredişe gatnaşyjynyň hukuk ýagdaýyny dogry kesgitleýän adalga ulanylmaga degişlidir.

Işe gatnaşýan taraplar arza we haýyşnamalar bilen iş boýunça kazyýet seljerişiniň dowamynda hem ýüz tutup bilýärler.

Kazy işe gatnaşýan taraplar, olaryň wekilleri we iş ýöredişiň beýleki gatnaşyjylary kazyýet mejlisine gelmedik ýagdaýynda iş boýunça seljerişi geçirip boljakdygyny ýa-da bolmajakdygyny kesgitleýär.

---

[403] "Birinji basgançakly kazyýetde raýat işlerine seredilende iş ýörediş kanunçylygynyň ulanylyşy hakynda" Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň 1993-nji ýylyň 13-nji iýulynda kabul eden kararynyň 5-nji bendi. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň kararlarynyň ýygyndysy. Aşgabat, 2007. S. 53.

[404] "Birinji basgançakly kazyýetiň hökümlerine we beýleki çözgütlerine nägilelik tertibinde şikaýat we garşylyknama getirmegiň käbir meseleleri hakynda" Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň 1995-nji ýylyň 20-nji oktýabrynda kabul eden kararynyň 1-nji bendi. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň kararlarynyň ýygyndysy. Aşgabat, 2007. S. 68.

[405] "Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň käbir kararlaryna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda" Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň 2010-njy ýylyň 18-nji dekabrynda kabul eden 6-njy belgili kararynyň 4-nji bendi.

TAIÝK-na laýyklykda, işe gatnaşýan taraplar kazyýetiň çagyrmagy boýunça kazyýet mejlisine gelmäge hem-de zerur materiallary bermäge borçludyrlar[406].

TAIÝK-nyň degişli maddasynda bolsa, eger-de talapçy esasly sebäpler bolmazdan, kazyýet mejlisine gelmese, jedeli çözmek üçin zerur bolan talap edilen materiallary bermese, talabyň garalman galdyrylýandygy bellenilýär[407].

TAIÝK-nyň ýokarda agzalan maddalarynda göz öňünde tutulan hereketler, ol maddalaryň redaksiýasyndan gelip çykyşyna görä, hökmany (imperatiw) häsiýete eýedir, ýagny olary berjaý etmek işe gatnaşýan taraplaryň we kazyýetiň borjy bolup durýar[408].

Näme üçindir TAIÝK-nyň 104-nji maddasynyň 3-nji bendindäki çäre beýleki işe gatnaşýan taraplar bilen baglanyşdyrylmaýar. Onsoňam şu çäräniň arbitraž iş ýöredişinde ulanylmagy tejribe nukdaýnazaryndan maksadalaýyk däl, sebäbi raýat kazyýet önümçiliginden tapawutlylykda, bu ýerde esasy subutnama hökmünde ýazmaça subutnama ykrar edilýär. Mysal üçin, RF-iň AIÝK-synda kazyýet mejlisine esasly sebäpler bolmazdan gelmänligi üçin ýokarda agzalýan çäre diňe bilermen, şaýatlar we terjimeçi bilen bagly ulanylýar[409]. Şu çemeleşmäni biz dogry hasaplaýarys.

Hereket edýän TAIÝK-da wekil, bilermen we terjimeçi kazyýet mejlisine gelmedik halatynda işe garamak meselesi düzgünleşdirilmeýär. Diýmek, bularyň kazyýet mejlisine gelmedik halatynda kazyýetiň islendik hereketiniň hem hukuk esasy ýok bolýar. Munuň özi adyl kazyýetligi talaba laýyk guramaklygy çylşyrymlaşdyrýar.

Kazy terjimeçä görnetin ýalan terjime edilmegi, bilermene bolsa görnetin ýalan netijenama berilmegi bilen bagly jenaýat jogapkärçiligi barada duýdurýar.

---

[406] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 33. Böl.2.

[407] Şol ýerde, mad.104.

[408] Şol ýerde, mad.33, böl.2, mad.104.

[409] Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Mad.157.

Kazy, işe gatnaşýan taraplaryň pikirini göz öňünde tutmak bilen, kazyýet subutnamalarynyň seljerilişiniň we meýilleşdirilýän iş ýörediş hereketleriniň geçirilişiniň tertibini kesgitleýär.

TAIÝK-na laýyklykda, kazyýet işi seljerende, iş boýunça subutnamalary derňeýär: işe gatnaşýan taraplaryň düşündirişlerini we bilermenleriň netijenamalaryny diňleýär, ýazmaça subutnamalar bilen tanyşýar, maddy subutnamalary gözden geçirýär we başga zerur bolan hereketleri amala aşyrýar, şeýle hem mejlisde teswirnamalary (subutnamalary gözden geçirmek, kazyýet tabşyrygynyň berjaý edilişi barada), ýazmaça görnüşdäki düşündirişleri we netijenamalary yglan edýär[410].

Kazy, işiň ýagdaýlarynyň doly we hemmetaraplaýyn anyklanmagy, subutnamalaryň derňelmegi üçin ähli şertleri, taraplaryň her birine jedele garamak bilen bagly zerur bolan subutnamalary bildirmäge deň mümkinçilikleri döredýär we taraplaryň arasynda ylalaşygyň gazanylmagyna ýardam edýär[411].

Şu ýerde arbitraž kazyýet önümçiligini alyp barmagyň dili bilen bagly bellemeli bir möhüm mesele bar. Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda, kazyỳet önümçiligi döwlet dilinde ýöredilýär, işe gatnaşýan taraplar kazyỳet önümçiliginiň dilini bilmeýän halatynda terjimeçiniň kömeginden peýdalanýarlar, işiň materiallary we resminamalary bilen tanyşmak hem-de kazyỳet hereketlerine gatnaşmak, şonuň ýaly-da kazyỳet mejlisinde ene dilinde çykyş etmek hukugy bilen üpjün edilýär[412].

TAIÝK-da "işe gatnaşyjylaryň" ähli si terjimeçiniň kömeginden peýdalanýarlar diýlip bellenilýär[413]. GDA döwletlerinde hem şu

[410] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 91. Böl.1. Daşary ýurt tejribesinde garşydaş taraplara öz garaýyşlaryny has ygtybarly goramaga mümkinçilik berýän kada hökmünde şuny görkezmek bolar. RF-iň AIÝK-syna laýyklykda, işe gatnaşýan taraplar kazyýet mejlisinde diňe beýleki işe gatnaşýan taraplar "deslapdan" tanyşdyrylan subutnamalara salgylanyp bilýärler, ýöne kazyýete goşmaça subutnama hökmünde başga subutnamalary hem bildirmäge haklydyrlar (Приходько И. Арбитражный процессуальный кодекс РФ: обзор изменений, внесенных в 2010 году //Хозяйство и право. 2010. №10. S.33-34.).

[411] Şol ýerde, mad.90, böl.4,5.

[412] Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2008. Mad.3106.

[413] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 7. Böl.2.

tejribe duş gelýär. Mysal üçin, ÖR-yň HIÝK-nyň 10-njy maddasy. Emma tejribede bu hukuk işe gatnaşyjylaryň hemmesine berilmeýär. TRIÝK-na laýyklykda, diňe "işde bähbidi bar taraplar" terjimeçiniň kömeginden peýdalanyp bilýärler[414]. Şonuň üçin hem agzalýan maddada "işe gatnaşyjylar" diýen düşünjäniň deregine "işe gatnaşýan taraplar" diýip görkezilse dogry bolardy. Bulardan başga-da kanunda işe gatnaşýan taraplaryň kazyýet önümçiliginde öz ene dilinde çykyş etmäge bolan konstitusion hukugyny hem görkezmek maksadalaýykdyr. Işe gatnaşýan taraplaryň bu hukugy "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň kanunynda hem berkidilendir[415].

TAIÝK-na laýyklykda, talap arza seslenme ýa-da goşmaça subutnamalar bildirilmedik mahaly, iş bar bolan materiallar esasynda seljerilip bilner[416].

TAIÝK-na laýyklykda, kazyýet mejlisiniň dowamynda tertip bozulan halatynda kazyýet (kazy) TRIÝK-da göz öňünde tutulan çäreleri ulanýar[417].

Kazyýet mejlisinde tertibi bozýan ýa-da başlyklyk edijiniň kanuny görkezmelerine tabyn bolmaýan tarap kazyýet mejlisiniň otagyndan çykarylyp bilner.

Ondan başga-da kazyýete hormat goýmazlygyň başlyklyk edijiniň görkezmelerine tabyn bolmazlyk görnüşinde aňladylmagy, kazyýet mejlisiniň dowamynda düzgün-tertibiň bozulmagy, şeýle hem kimdir biri tarapyndan kazyýetiň ýa-da kazyýet tarapyndan kesgitlenen düzgünleriň aç-açan äsgerilmezligini aňladýan haýsydyr bir hereketleriň edilmegi üçin kazyýet düzgün bozýanlary Türkmenistanyň Dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalary hakynda kodeksine laýyklykda jogapkärçilige çekmäge ygtyýarlydyr[418].

TAIÝK-da kazyýet çykyp geplemeleri göz öňünde tutulan däldir. Biz bu hereketi zerur diýip hasaplaýarys, sebäbi onuň üsti bilen işe

---

[414] Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 1964. Mad.8.
[415] "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2009. Mad. 9.
[416] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 93. Böl.1.
[417] Şol ýerde, mad.90, böl.6.
[418] Türkmenistanyň Dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky kodeksi. Aşgabat. 1984. Mad.177-2.

gatnaşýan taraplaryň işiň çözgüdi boýunça gelen gutarnykly pikirleri ýüze çykarylýar. Kazyýet çykyp geplemeleri kazyýet mejlisiniň bir bölegi bolup, onuň maksady subutnamalary derňemek bilen bagly geçirilen işleri jemlemekdir[419]. Mysal üçin, RF-iň AIÝK-synda şeýle kada öňden hereket edýär[420].

Ähli subutnamalar derňelenden soňra we işe gatnaşýan taraplarda iş boýunça goşmaça arzalar, haýyşnamalar we materiallar bolmadyk halatynda kazyýet çözgüt çykarýar[421].

Subutnamalar we subut etmekligiň predmeti bilen bagly käbir tejribe ähmiýetli iş ýörediş kadalarynyň üstünde durup geçmekligi maksadalaýyk hasaplaýarys.

TAIÝK-na laýyklykda her bir tarap özüniň talaplarynyň we nägilelikleriniň esaslaryny subut etmäge borçludyr[422]. Şoňa meňzeş kada TRIÝK-da hem berkidilen[423]. Jenaýat iş ýöredişinde "günäsizlik çaklamasy (prezumsiýasy)" ýörelgesine laýyklykda aýyplanýanyň günäsini subut etmek borjy tutuşlygyna hukuk goraýjy edaralara (anyklaýyş we deslapky derňew edaralaryna, prokuratura, kazyýete) degişli edilýär.

Eger-de kanunda berkidilen kadadan takyk ugur alynsa, arbitraž we raýat iş ýöredişinde subut etmek borjy diňe taraplara degişli edilen, tejribede bolsa bu borç işe gatnaşýan taraplaryň ählisine ýüklenilýär. Şonuň üçin hem şeýle borjy işe gatnaşýan ähli taraplara degişli edýän RF-iň AIÝK-synyň tejribesinden ugur alynsa maksadalaýyk bolardy[424].

---

419 Шерстюк В. Разбирательство дела арбитражным судом первой инстанции // Хозяйство и право. 2009. №11. S.18-19.

420 Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Mad.164.
GDA döwletleriniň beýlekilerinde hem kazyýet çykyp geplemeleri olaryň arbitraž (hojalyk) iş ýörediş kanunçylyklarynda berkidilen. Seret: BR-iň HIÝK-sy (mad.187); Täj.R-iň YKÖK-sy (mad.162), şeýle hem GDA döwletleriniň ählisiniň ykdysady jedelleriň seljerilmegini düzgünleşdirýän raýat iş ýörediş kodekslerinde.

421 Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad.95.

422 Şol ýerde, mad. 47. Böl.1.

423 Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 1964. Mad.30.

424 Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Mad.65. Böl.1.

TAIÝK-da işiň ýagdaýlary, şol sanda ýazmaça "ýa-da" maddy subutnamalar, şeýle hem "iş ýöredişe gatnaşyjylaryň" düşündirişleri bilen anyklanýar diýlip, ýalňyş kada berkidilen[425]. Hakykat ýüzünde işiň ýagdaýlary şol bir wagtda ýazmaça hem maddy subutnamalar bilen subut edilýär. Şoňa görä-de, "ýa-da" diýen sözi "we" diýen baglaýjy kömekçi bilen çalyşmaly. Arbitraž iş ýöredişinde düşündirişleri diňe işe gatnaşýan, ýagny işde bähbidi bar taraplar berýär. Şol sebäpli "iş ýöredişe gatnaşyjylar" diýen düşünje "işe gatnaşýan taraplar" diýlip düzedilmeli.

TAIÝK-na laýyklykda, işde bolan resminamalaryň asyl nusgalary, şeýle hem kazyýetde saklanýan maddy subutnamalar jedel çözülenden soň fiziki we ýuridik şahslaryň haýyşnamalary boýunça olara gaýtarylyp berilýär[426]. Kanunyň subutnamalaryň gaýtarylyp berilmegini jedeliň çözülmeginiň tamamlanmagy bilen baglanyşdyrmagy maksadalaýyk däldir.

Şu ýagdaýda TRIÝK-da ulanylýan kada has dogry we netijelidir. TRIÝK-na laýyklykda, resminamalaryň asyl nusgalary bähbidi bar taraplara diňe çözgüt kanuny güýjüne girenden soňra gaýtarylyp berilýär[427]. Bu hereket, eger-de nägilelik kazyýeti tarapyndan çözgüt ýatyrylan halatynda, işe täzeden garaýan kazyýetiň ygtyýarlygynda resminamalaryň asyl nusgalarynyň bolmagyny üpjün etmek üçin edilýär. Resminamalar yzyna gaýtarylanda işde olaryň tassyklanan göçürmeleri galdyrylýar.

Şu meseläniň düzgünleşdirilmegine RF-iň AIÝK-synda hem TRIÝK-daky ýaly çemeleşilýär. Ýöne, eger-de arbitraž kazyýet resminamalaryň asyl nusgasynyň gaýtarylyp berilmegi işiň talaba laýyk seljerilmegine zelel ýetirmez diýen netijä gelse, onda olar iş boýunça seljerişiň dowamynda, kazyýetiň namasy kanuny güýjüne girmezinden öň hem yzyna gaýtarylyp berlip bilner[428].

Şuňa meňzeş kada GDA döwletleriniň beýlekileriniň hem arbitraž (hojalyk, raýat) iş ýörediş kanunçylyklarynda berkidilen. Seret: BR-iň HIÝK-sy (mad.100); Täj.R-iň YKÖK-sy (mad.64); ÖR-iň HIÝK-sy (mad.55); Gyr.R-iň RIÝK-sy (mad.60); ER-iň RIÝK-sy (mad.48).

425 Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 46. Böl.2.

426 Şol ýerde, mad.55.

427 Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 1964. Mad.48.

428 Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006.

Görkezilenlerden başga-da RF-iň AIÝK-synda kazyýete daşary ýurt dilinde bildirilen resminamalary terjime etmek baradaky, şeýle hem daşary ýurtlaryň resminamalaryny kanunlaşdyrmak (legalizasiýa) hakynda meseleler hem örän ýerlikli çözülipdir[429]. Maddy subutnamalar babatda-da TRIÝK-da we RF-iň AIÝK-synda, şu mesele bilen bagly takmynan şol bir kadalar ulanylýar. Bu oňyn tejribäni ýurdumyzyň kanun çykaryjylyk tejribesinde ulanmak möhümdir.

TRIÝK-na laýyklykda, sypatlary, häsiýetleri bilen ýa-da özleriniň barlygy bilen iş üçin ähmiýeti bolan ýagdaýlary anyklamak serişdesi bolup hyzmat edip biljek zatlar maddy subutnamalar hasaplanylýar[430].

TAIÝK-da bolsa, "jedeli dürs çözmek üçin ähmiýeti bolan ýagdaýlary anyklamagyň serişdesi bolup hyzmat edip biljek zatlar maddy subutnamalar bolup durýar" diýlip kesgitlenilýär[431]. Ýöne kanunyň bu maddasynda subutnamalaryň häsiýetli alamatlary barada hiç zat aýdylmaýar.

Biziň pikirimizçe, TAIÝK-da ulanylan usul tejribä has laýyk gelýär. Sebäbi kanunda maddy subutnamalara mahsus bolan ähli häsiýetleri berkitmek mümkin däl. Ýöne kanunda maddy subutnamalara mahsus bolan käbir häsiýetli aýratynlyklar barada agzalyp geçilse hem artykmaç bolmaz. Şol bir wagtda hem kanunda maddy subutnamalaryň başga-da alamatlarynyň bolup biljekdigini görkezmek welin zerurdyr.

TAIÝK-da maddy we ýazmaça subutnamalary kazyýete bildirmek mümkin däl ýa-da kyn bolan halatynda olary ýerleşýän ýerinde gözden geçirmek we derňemek mümkinçiligi hem berkidilýär[432].

Ýerinde gözden geçirmegi we derňemegi işe garaýan kazyýetiň düzümi amala aşyrýar. Gözden geçirmegiň we derňemegiň wagty we ýeri hakynda işe gatnaşýan taraplara habar edilýär, ýöne olaryň

---

Mad.75. Böl.11.

[429] Şol ýerde, mad.75, böl.5-7.

[430] Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 1964. Mad. 49.

[431] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 52.

[432] Şol ýerde, mad.54.

gelmezligi gözden geçirmegi we derňemegi amala aşyrmaga päsgelçilik döretmeýär. Zerur bolan ýagdaýynda bu işe bilermenler hem çagyrylýar. Subutnamalary gözden geçirmek we derňemek barada teswirnama düzülýär. Teswirnamanyň ýanyna zerur maglumatlar we resminamalar (çyzgylar, wideoýazgylar, meýilnamalaýyn çyzgylar we ş.m.) goşulyp bilner.

Ýokarda salgylanylan maddanyň adyndan we mazmunyndan haýsy görnüşdäki subutnamalary gözden geçirmegiň we derňemegiň göz öňünde tutulýandygy görünmeýär. Hakykat ýüzünde şol hereketler diňe ýazmaça we maddy subutnamalar babatda geçirilip bilinýär. Şonuň üçin hem TAIÝK-nyň 54-nji maddasynyň adynda we mazmunynda bu ýagdaýyň görkezilmegi maksadalaýykdyr.

Mundan başga-da, TAIÝK-da maddy subutnamalary saklamak, şeýle hem çalt zaýalanýan maddy subutnamalary gözden geçirmek we derňemek barada kadalar berkidilmeýär. Şeýle hereketleri amala aşyrmak zerurlygynyň tejribede ýüze çykyp bilmejekdigine güwä geçip bolmaz. Şonuň üçin, bu hereketler kanunçylykda düzgünleşdirilmäge degişli. Şeýle hereketleriň amala aşyrylmagy barada düzgünler TRIÝK-da[433], şonuň ýaly-da RF-iň AIÝK-synda[434] hem bardyr.

Hakyky maglumatlar taraplaryň we üçünji taraplaryň düşündirişlerinden, ýazmaça we maddy subutnamalardan hem-de bilermenleriň seljermelerinden alynmaga degişlidir. Tejribede köp ýagdaýlarda elektron göterijilerdäki, audio, wideo ýazgylary we ş.m. maglumatlary ulanmak zerurlygy ýüze çykýar. Şoňa görä-de, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň kararynda raýat işleri bilen baglanyşykly şeýle bellenilýär: ”Zerur halatlarda elektron-hasaplaýyş tehnikasynyň kömegi bilen alnan resminamalar hem kazyýet tarapyndan ýazmaça subutnama hökmünde kabul edilip bilner. Şeýle hem kazyýet iže gatnaşýan adamlaryň pikirini nazara alyp, kazyýete berlen ses we wideo ýazgylary derňäp biler. Bu maglumatlara beýleki subutnamalar bilen bilelikde baha berilýär[435]”.

---

[433] Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 1964. Mad.53.

[434] Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Mad.79.

[435] “Birinji basgançakly kazyýetde raýat işlerine seredilende iş ýörediş

GDA döwletleriniň käbirinde şu mesele kanunyň derejesinde çözülen. Mysal üçin, RF-iň AIÝK-sy bellenen tertipde talap edilip alnan ýa-da bildirilen surat (foto), kino, audio, wideo ýazgylaryny we beýleki maglumat göterijilerini subut ediş serişdesi hökmünde kesgitleýän ýörite hukuk kadasyny berkidýär[436]. Mundan başga-da ýokarda agzalan kodeksde faksimil, elektron, aragatnaşygyň beýleki görnüşleriniň, şol sanda maglumat-telekommunikasiýa "Internet" ulgamynyň kömegi bilen alnan resminamalaryň, şeýle hem elektron ýa-da başga tapawutly görnüşde şahsy gol çekilen resminamalaryň ýazmaça subutnama hökmünde ulanylyp bilinýänligi berkidilen[437]. Biziň pikirimizçe, bu oňyn tejribäniň subut etmek işindäki ähmiýetini we subutnamalary giňden ulanmakda wajyplygyny nazarda tutmak bilen, ony Türkmenistanyň kanun döredijilik işinde, tutuş kazyýet iş ýörediž hukugy çygrynda peýdalanylmagy maksadalaýykdyr.

RF-iň AIÝK-synyň ýokarda agzalan kadasynyň tejribede ýüze çykyşy bilen şulary belläp geçmek gerek. Häzirki döwürde arbitraž kazyýetlerde elektron resminamalar we aragatnaşygyň beýleki görnüşleri bilen alynýan resminamalar giňden ulanylmaýar, onuň düýp sebäbi-de bu resminamalaryň ýeterlik derejede kanunçylyk binýady, şeýle hem talaba laýyk ýola goýlan kazyýet iş ýöredişi döredilmedi[438]. Ýöne innowasion tehnologiýalaryň eýýamynda bazar ykdysadyýetiniň çalt

---

kanunçylygynyň ulanylyşy hakynda" Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň 1993-nji ýylyň 13-nji iýulynda kabul eden kararynyň 11-nji bendi. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň kararlarynyň ýygyndysy. Aşgabat, 2007. S. 55.

436 Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Mad.89.

Şuňa meňzeş kada GDA döwletleriniň beýlekileriniň hem hojalyk we raýat iş ýörediş kanunçylyklarynda duş gelýär. Seret: BR-iň HIÝK-sy (mad.90); AR-iň RIÝK-sy (mad.95); MR-iň RIÝK-sy (mad.117); Täj.R-iň YKÖK-sy (mad.63).

437 Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Mad.75.

438 Seret: Митрофанова М. Достоверность электронных доказательств в арбитражном процессе //Право и экономика. 2008. №10. S.110.; Балашов А., Лейканд Е. Проблемы использования электронных доказательств в арбитражном и гражданском судопроизводствах //Арбитражный и гражданский процесс. 2009. №6. S.30-33.

depginlerde ösmegini üpjün etmekde kazyýet önümçiliginde geljek elektron resminamalara (elektron geleşiklere) degişlidir. Şoňa görä-de, TAIÝK-da elektron resminamalar subut ediş serişdesi hökmünde hökman berkidilmeli hem-de daşary ýurt döwletleriniň bu subutnamalary ulanmakda kazyýet iş ýöredişini yzygiderli umumylaşdyryp durmaly.

Degişli bilermen seljermesini bellemek barada mesele işe gatnaşýan taraplar tarapyndan goýlup bilner. Zerurlyk ýüze çykanda bilermen seljermesi kazyýetiň başlangyjy bilen hem bellenip bilner. Şu mesele RF-iň AIÝK-synda düzgünleşdirilişi ýaly[439], milli kanunçylygymyzda hem berkidilse dogry bolardy.

Raýat iş ýöredişinde bilermenler bellenilende kazyýet işe gatnaşýan taraplaryň pikirini göz öňünde tutýar, ýöne olar boýunça gutarnykly netijä onuň özi gelýär[440]. Şeýle tejribe RF-iň AIÝK-synda hem ulanylýar[441].

TAIÝK-na laýyklykda, işe gatnaşýan taraplar kazyýet mejlisinde bilermen tarapyndan düşündirilmeli bolan soraglary kazyýete bildirmäge haklydyrlar[442]. Bilermeniň netijenamasy üçin zerur bolan soraglaryň gutarnykly sanawy kazyýet tarapyndan kesgitlenilýär.

Arbitraž iş ýöredişinden tapawutlylykda, TRIÝK-a işe gatnaşýan taraplar tarapyndan hödürlenilen soraglaryň kabul edilmezligini kazyýetiň delillendirmäge borçludygyny belleýär[443].

Düzgün bolşuna görä, bilermen seljermesi işi kazyýet seljerişine taýýarlamak tapgyrynda bellenilýär. Şol tapgyrda-da, eger-de bilermen öz öňünde goýlan sowallara doly jogap bermedik bolsa ýa-da onuň jogaplary düşnüksiz bolsa, kazyýet tarapyndan goşmaça bilermen seljermesi bellenilip bilner[444].

---

[439] Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Mad.82. Böl.1.

[440] Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 1964. Mad. 55. Böl.2.

[441] Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Mad.82. Böl.3.

[442] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 56.

[443] Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 1964. Mad. 55. Böl.3.

[444] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 57. Böl.3.

TAIÝK-na laýyklykda, “zerur halatda” kazyýet bilermen seljermesini gaýtadan belläp bilýär[445]. Salgylanylan kadanyň manysyndan ugur alnanda, her bir anyk ýagdaýda bilermen seljermesini bellemäge esasyň bardygy ýa-da ýokdugy kazyýet tarapyndan kesgitlenilýär diýen netije gelip çykýar. Biziň pikirimizçe, bu kada gaýtadan bilermen seljermesini bellemek zerurlygy ýüze çykan halatynda kazy üçin käbir kynçylyklary döredip biler, şeýle hem ol kazyýet ýalňyşlyklarynyň ýüze çykmagyndan-da goramaýar. Şoňa görä-de, şu ýerde raýat iş ýörediş kanunçylygynyň tejribesinden peýdalanmak gerek. TRIÝK-da gaýtadan seljerme bellemek üçin iki sany esas görkezilýär[446]:

kazyýet bilermeniň netijenamasy esassyz diýen netijä gelse;

seljermäniň netijenamasy babatda bilermenleriň arasynda gapma-garşylyk ýüze çyksa.

Gaýtadan seljerme geçirmek öňki seljermäni geçiren bilermene däl-de başga bilermene ýa-da bilermenlere tabşyrylýar. Bu mesele RF-iň AIÝK-synda hem şuňa meňzeş düzgünleşdirilýär[447].

Bilermen seljermesi kazyýet seljerişi tapgyrynda hem bellenip bilner. Hususan-da gaýtadan seljerme geçirmekligi iş ýöredişiň diňe şol tapgyrynda belläp bolýar, sebäbi ilkinji netijenamany diňe kazyýet esassyz diýip bilýär. Şonuň ýaly-da ýörite bilimleri talap edýän soraglar nägilelik we gözegçilik önümçiliginde-de ýüze çykyp biler. Ýöne bu kazyýetlerde bilermen seljermesi bellenilmeýär. Seljerme bellemek diňe birinji basgançakly kazyýetiň ygtyýarlygyna degişlidir.

Çylşyrymly soraglar boýunça ýa-da gaýtadan seljerme geçirmek üçin bir hünär ugurly birnäçe bilermen (iki ýa-da ondan-da köp) bellenilýär. Şeýle seljerme toparlaýyn seljerme diýlip atlandyrylýar. Bilermenler tarapyndan ýeke-täk netijenama düzülýär. Eger-de bilermenler özara ylalaşmadyk ýagdaýlarynda olaryň her haýsy özbaşdak netijenama düzýär.

---

[445] Şol ýerde, mad.57, böl.4.

[446] Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 1964. Mad. 183.

[447] Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Mad.87. Böl.2.

Kähalatlarda ýüze çykan soragy çözmek üçin dürli ugurlardaky bilimler gerek bolýar. Şeýle ýagdaýlarda toplumlaýyn seljerme bellenilýär (iki we ondan-da köp bilermen bellenilýär). Her bilermen netijenamanyň diňe özüniň geçiren seljermeleriniň beýanyny özünde jemleýän bölegine gol çekýär we şol gol çeken bölegi üçin hem jogap berýär. Toplumlaýyn seljermäniň esasynda bir netijenama düzülýär. Eger-de bilermenler özara ylalaşmadyk ýagdaýlarynda, edil toparlaýyn seljermedäki ýaly, olaryň her haýsy özbaşdak netijenama düzýär.

TAIÝK-na laýyklykda, seljermäni geçirmegi edaralaryň, kärhanalaryň we guramalaryň ýeterlik derejede zerur bilimleri bolan hünärmenlerine tabşyrylýar[448].

Biziň pikirimizçe, şu maddanyň beýan edilişinde düzedilmäge degişli käbir ýalňyşlyklar goýberilipdir. Düzgün bolşuna görä, kazyýet bilermen seljermeleri döwlet edaralarynyň bilermenleri tarapyndan geçirilýär. Ýöriteleşdirilen seljerme geçirýän edaralar bolmadyk ýagdaýynda bilermen seljermelerini geçirmek başga edara-kärhanalarda we guramalarda işleýän hünärmenlere tabşyrylýar. Bu ýagdaýlar edil TRIÝK-da[449] we RF-iň AIÝK-synda[450] berkidilişi ýaly, TAIÝK-da hem berk düzgünleşdirilmäge degişli.

Zerurlyk ýüze çykan halatynda, eger-de şeýle edilmegi seljermäniň talaba laýyk geçirilmegine päsgel bermeýän bolsa, olaryň geçirilişine işe gatnaşýan taraplar hem gatnaşyp bilýär.

TAIÝK-nyň 42-nji maddasynda we TRIÝK-nyň 57-nji maddasynda bilermeniň bilkastlaýyn ýalňyş netijenama berendigi üçin jenaýat jogapkärçiliginiň göz öňünde tutulýandygy kesgitlenilýär (Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 201-nji maddasy). Şeýle kada RF-iň AIÝK-synda hem berkidilýär[451]. Ýöne nädogry netijenama bilermeniň ýalňyşlygy ýa-da ýeterlik hünär derejesiniň bolmanlygy sebäpli berlen bolsa, onda ony jogapkärçilige çekmek bolmaýar.

---

448 Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 56. Böl.3.

449 Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 1964. Mad. 56. Böl.1.

450 Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Mad.83. Böl.1.

451 Şol ýerde, mad.82, böl.4.

TAIÝK-da bilermeniň netijenamasynyň mazmunynda bolmaly düzüm bölekleri berkidilýär[452]. Bilermeniň netijenamasy geçirilen barlaglaryň jikme-jik teswirini, şeýle barlaglaryň esasynda çykarylan netijeleri we kazyýet tarapyndan orta atylan sowallara esaslandyrylan jogaplary öz içine almalydyr. Netijenama kazyýete ýazmaça görnüşde berilýär. Eger-de seljerme geçirilen mahaly jedeli dogry çözmek üçin ähmiýeti bolan, ýöne kazyýet tarapyndan soralmadyk ýagdaýlar anyklansa, bilermen netijenamada şol ýagdaýlar boýunça çykarylan netijeleri hem beýan edýär.

Şu ýerde TRIÝK-nyň[453] we RF-iň AIÝK-synyň[454] degişli maddalaryna laýyklykda, barlagyň dowamynda kazyýetiň goýan soraglaryndan başga ýüze çykan soraglara jogap bermegiň bilermeniň borjy däl-de hukugydygyny bellemek gerek. TAIÝK-nyň degişli maddasyndan hem şular ýaly netije gelip çykýar[455]. Bilermeniň netijenamasyna beýleki ähli subutnamalar bilen bilelikde baha berilmelidir. Eger-de ol beýleki anyklanan subutnamalara garşy gelýän bolsa, onda bilermeniň netijenamasy kabul edilmeýär.

## 5.3. Kazyýet mejlisiniň kadaly hereketine päsgel berýän ýagdaýlary aradan aýyrmak

Kazyýet mejlisiniň barşynda işiň kadaly dowam etmegine päsgel berýän dürli ýagdaýlar ýüze çykyp bilýär. Şeýle halatlarda, şol ýüze çykan ýagdaýlaryň çylşyrymlylygyna baglylykda kazyýet mejlisde arakesme yglan edýär, işiň seljerilişini başga bir güne belleýär ýa-da iş boýunça önümçiligi togtadýar.

### Kazyýet mejlisinde arakesme

TAIÝK-da aýratyn çylşyrymly işler çözülen mahaly kazynyň mejlisde üç günden köp bolmadyk möhlete arakesme yglan edip, bu

[452] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 57.
[453] Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 1964. Mad. 59.
[454] Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Mad.86. Böl.2.
[455] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 57. Böl.2.

barada soňra çözgütde görkezmäge hakynyň bardygy bellenilýär[456]. Kazyýet mejlisinde arakesme birnäçe gezek yglan edilip bilner, ýöne onuň umumy möhleti üç günden geçmeli däldir. Möhlet üç günden geçjek bolsa, onda işi seljermekligi başga bir güne bellemeli.

Maslahat otagyna gidilmeziniň öň ýanynda arakesme yglan etmeklige ýol bermeli däl, sebäbi munuň özi kazylaryň garaşsyzlyk ýörelgesiniň üpjün edilmegine ters gelýär, galyberse-de kazyýet tarapyndan hakykata doly gabat gelýän çözgüdiň çykaryljakdygyna şübhe döredýär[457].

Arbitraž kazyýet önümçiliginiň arakesmesini raýat iş ýörediş kanunçylygynda berkidilen arakesme bilen bulaşdyrmaly däl[458]. TRIÝK-da arakesmäniň dowamlylygy görkezilmeýär. Onsoňam raýat işine garaýan kazyýet seljerýän işini tamamlaýança ýa-da işe garamagy başga bir güne belläýänçä, başga bir işe garamaga haky ýokdur. Şu kadanyň özi arbitraž kazyýetlerde işlere çalt garamakda bökdençlik döredýänligi sebäpli RF-iň AIÝK-syndan aýryldy[459]. Hakykatdan hem arakesme jedeliň haýal çözülmegine getirýär, ýöne şol bir wagtda hem ol jedeli çözmegiň hiline we kazyýetiň abraýynyň artmagyna gös-göni oňaýly täsir edýär. Şonuň üçin hem W.M. Şerstýuk bu ýörelgäni kada hökmünde kanunda täzeden berkitmeli diýip dogry belleýär[460].

Arakesme yglan etmek baradaky meseläni kazy çözýär. Kanunda göni berkidilmese-de, işe gatnaşýan taraplaryň hem şu zeýilli haýyş bilen kazyýete ýüz tutmaga hukuklary bolmaly. Arakesme tamamlanandan soňra kazyýet mejlisi dowam edýär, ýagny arakesmeden öň seljerilen subutnamalar gaýtadan derňelmeýär.

---

[456] Şol ýerde, mad.94, böl.3.

[457] Решетникова И.В., Семенова А.В., Царегородцева Е.А. Комментарий судебных ошибок в практике применения АПК РФ /Под ред. И.В.Решетниковой. М.: Норма, 2006. S.106.

[458] Бахарев П.В. Арбитражный процесс: Учебно-методический комплекс.- М.:Изд.центр ЕАОИ, 2008, S.169.

[459] Шерстюк В.М. Развитие принципов арбитражного процессуального права. М., 2004. S.8-10.

[460] Шерстюк В.М. Арбитражный процесс в вопросах и ответах. Комментарии, рекомендации, предложения по применению АПК РФ. 4-е изд., доп. и перераб. – М.: Издательский Дом “Городец”, 2010. S. 4-5.

## Işiň seljerilişini başga bir güne bellemek

TAIÝK-na laýyklykda, iş şol mejlisde çözülip bilinmejek bolsa (işe gatnaşýan taraplaryň kazyýet mejlisine gelmezlikleri, garşylyklaýyn talabyň bildirilmegi, täze subutnamalaryň talap edilip alynmagy, kaza ynam bildirilmezligi we ş.m.), kazyýet işe garamagy başga bir güne belläp bilýär[461].

Kazyýet işiň seljerilişini başga bir güne bellände işe gatnaşýan taraplary çagyrmak, subutnamalary talap etmek ýa-da başga hereketleri geçirmek üçin zerur bolan möhleti nazara almak bilen kazyýet mejlisiniň geçiriljek gününi kesgitleýär.

Işe garamaklygy başga bir güne bellemek barada kazyýet kesgitnama çykarýar we onda indiki mejlisiň geçiriljek wagtyny hem ýerini belleýär. Bellenen günde kazyýet seljerişi täzeden başlanýar. Bu kada kazyýet mejlisiniň gönüden-göni we üznüksiz dowam etdirilmegi ýörelgesine esaslanýar.

Seljerilýän kada kazyýet iş ýöredişiniň bäsleşik, dispozitiwlik we taraplaryň deňligi ýörelgeleriniň durmuşa geçirilmeginiň kepili bolup durýar, şol bir wagtda hem işe garamagyň möhletleriniň bozulmagyna we kazyýet önümçiliginiň yza çekilmegine, kähalatlarda bolsa, esassyz süýrenjeňlige hem getirýär[462].

Daşary ýurt tejribesinde bu babatda tapawutly kada duş gelýär. Mysal üçin, RF-iň AIÝK-syna laýyklykda işe garamaklygy başga bir güne bellemek has kän esaslar boýunça amala aşyrylýar we olar kanunda anyk agzalyp geçilýär. Kodeksde işi başga bir güne bellemegiň umumy möhleti 1 aýa çenli we taraplary ýaraşdyrmak boýunça araçylyk çärelerini ulanmak üçin bolsa, 2 aýa çenli ýörite möhlet kesgitlenen. Möhlet tamamlanandan soň önümçilik başga bir güne bellenen pursatyndan dowam etdirilýär we subutnamalar täzeden derňelmeýär[463]. Görşümiz ýaly, bu hereket iş ýörediş maksady boýun-

[461] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 94. Böl.1.
[462] Шерстюк В. Разбирательство дела арбитражным судом первой инстанции // Хозяйство и право. 2009. №11. S.20.
[463] Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Mad.158.
Şuňa meňzeş kada Täj.R-iň YKÖK-synda (mad.157, böl.10) hem göz öňünde tutulan.

ça kazyýet mejlisinde arakesme yglan etmek hereketinden känbir tapawutlanmaýar.

Biziň pikirimizçe, tejribe nukdaýnazardan iş başga bir güne bellenende ony täzeden başlamagyň we derňelen subutnamalary gaýtadan derňemegiň möhüm ähmiýeti bar. W.M.Şerstýugyň pikirine görä, RF-iň AIÝK-syna girizilen şu täzelik kazyýetiň subutnamalary gönüden-göni derňemek we bäsleşik ýörelgelerine ters gelýär, sebäbi ol işe gatnaşýan taraplaryň hukuklarynyň bozulmagyna, şeýle hem bikanun we esaslandyrylmadyk çözgüdiň çykarylmagyna getirip biler[464]. Şoňa görä-de, bu täzeçillik oňlanylmaga degişli däl diýip hasaplaýarys.

**Iş boýunça önümçiligi togtatmak**

Kazyýet mejlisinde işiň seljerilmegine we çözülmegine päsgel berýän obýektiw ýagdaýlar diňe bir işiň seljerişiniň başga bir güne geçirilmegine getirmän, kähalatlarda olar iş boýunça önümçiligi togtatmak üçin hem esas bolup durýar.

Iş boýunça önümçiligi togtatmak – bu haçan aradan aýryljakdygy belli däl, özi-de kazyýete we taraplara bagly bolmadyk, obýektiw ýagdaýlar sebäpli ýüze çykan iş ýöredişiň hereketiniň wagtlaýyn arasynyň kesilmesidir[465]. Bu institut hem edil iş başga bir güne bellenende bolşy ýaly, işe garamagyň möhletleriniň mese-mälim yza çekilmegine getirýär. Şeýle-de bolsa, ol bäsleşik, dispozitiwlik, kazyýetiň subutnamalary gönüden-göni derňemek we kazyýet önümçiliginiň beýleki ýörelgeleriniň amala aşyrylmagynyň hem-de kanuny we esaslandyrylan çözgüdiň çykarylmagynyň kepili bolup durýar[466].

TAIÝK-na laýyklykda kazyýet iş boýunça önümçiligi şu ýagdaýlarda togtatmaga borçludyr[467]:

---

[464] Шерстюк В. Разбирательство дела арбитражным судом первой инстанции // Хозяйство и право. 2009. №11. S.23.

[465] Бахарев П.В. Арбитражный процесс: Учебно-методический комплекс.- М.:Изд.центр ЕАОИ, 2008, S.155.;

[466] Шерстюк В. Разбирательство дела арбитражным судом первой инстанции // Хозяйство и право. 2009. №11. S.23.

[467] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 96.

1. Onuň bilen bagly beýleki işler çözülmezden ol işi şeljermek mümkin däl bolsa. Iş bilen bagly raýat, jenaýat ýa-da dolandyryş tertibinde seljerilýän iş bar bolsa, ol boýunça anyk netije çykarylýança ykdysady iş boýunça önümçilik togtadylýar. Sebäbi kazyýet ýa-da dolandyryş tertibinde togtadylan iş üçin preýudisial ähmiýeti bolan hakyky ýagdaýlaryň kesgitlenmegi zerur.

2. Seljerilýän iş bilen bagly derňew edaralary tarapyndan maglumatlar barlanýan bolsa. Iş geçirilýän derňew gutarýança togtadylýar. Sebäbi derňewiň netijesi iş boýunça kabul ediljek çözgüde täsir etmegi mümkin.

3. Bilermen seljermesi bellenilse. Iş bilermen seljermesi tamamlanyp, netijenamasy taýýar bolýança togtadylýar. Bu ýerde iş boýunça önümçiligi togtatmagyň esasy maksady bilermen seljermesini geçirmek üçin zerur bolan wagty işi seljermegiň möhletinden aýyrmak bolup durýar. Şeýlelikde, eger-de bilermen seljermesiniň geçirilmegi işe garamagyň möhletiniň bozulmagyna getirjek bolsa, onda kazyýetiň iş boýunça önümçiligi togtatmagy zerur.

4. Fiziki şahsyň aradan çykmagy, eger-de jedelli hukuk gatnaşygy hukuk oruntutarlyga ýol berýän bolsa. Iş ýöredişe hukuk oruntutar girýänçä iş boýunça önümçilik togtadylýar. Eger-de hususy telekeçi aradan çykandan soňra hukuk oruntutarlyga ýol berilmeýän bolsa, onda iş boýunça önümçilik ýatyrylýar.

5. Fiziki şahs kämillik ukybyny ýitirse. Iş ýöredişe kanuny wekil girýänçä iş boýunça önümçilik togtadylýar.

Iş boýunça önümçiligi togtatmagyň goşmaça (fakultatiw) esaslary TAIÝK-da berkidilýär[468]. Olar şu aşakdakylardyr:

1. Ýuridik şahsyň üýtgedilip guralmagy ýa-da ýatyrylmagy. Iş ýöredişe hukuk oruntutar girýänçä iş boýunça önümçilik togtadylýar.

2. Fiziki şahsyň uzak wagtyň içinde kesel bolmagy we onuň başga esasly sebäplere görä iş ýöredişe gatnaşyp bilmezligi. Şu ýerde “we” diýen baglaýjy kömekçiniň deregine “ýa-da” diýen söz ulanylsa dogry bolardy. Hususy telekeçiniň saglyk ýagdaýy gowulaşýança ýa-

[468] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 97.

da işiň togtadylmagyna getiren beýleki ýagdaýlar aradan aýrylýança iş boýunça önümçilik togtadylýar.

3. Kazyýet tarapyndan esasly diýlip bilnen başga ýagdaýlar ýüze çykanda. Şeýle halatlarda kazyýet nähili ýagdaýlary esasly diýip bilmek meselesini özbaşdak çözýär. TAIÝK-nyň ýokarda görkezilen maddasynda agzalýan ýagdaýlar ýüze çykanda iş boýunça önümçiligi togtatmak meselesini diňe kazyýet çözýär. Eger-de iş boýunça ähli zerur subutnamalar toplanan bolsa, aýdalyň, ýarawsyz işe gatnaşýan tarapyň düşündirişini aljak bolmak gerekmi? Onsoňam onuň wekiliniň gatnaşmagy mümkin. Şoňa görä-de, kazy önümçiligi togtatmaklyga her bir aýratyn halatda juda oýlanyşykly çemeleşmeli.

Iş boýunça önümçiligi togtatmak we ony dowam etdirmek barada kazyýet kesgitnama çykarýar we ol kesgitnama bellenen tertipde şikaýat (teklipnama) getirilip bilner[469].

## 5.4. Kazyýet çözgüdini çykarmazdan işi tamamlamak

Käbir işler kazyýet çözgüdi çykarylman tamamlanýar. Kazyýet mejlisiniň dowamynda ýüze çykarylan ýa-da emele gelen ýagdaýlar iş ýöredişiň dowam etmegine ýol bermeýär ýa-da jedel öz-özünden möhümligini ýitirýär. Mysal üçin, talapçy talapdan ýüz dönderýär, taraplar barlyşyk ylalaşygyny baglaşýar, tarap aradan çykýar hem-de bu ýagdaýda kanun hukuk oruntutarlyga ýol bermeýär we ş.m.

Elbetde, aýry-aýry ýagdaýlary taraplaryň özleri hem aradan aýryp bilýärler. Şeýle halatda talap garalman galdyrylýar. Talabyň garalman galdyrylmagyna esas bolan ýagdaýlar aradan aýrylanda talapçy umumy esaslarda şol talap bilen ýene-de kazyýete ýüz tutup bilýär[470].

Galan ýagdaýlarda iş boýunça önümçilik bes edilýär hem-de şol bir taraplaryň arasyndaky jedel boýunça, şol bir predmete we şol bir esaslara salgylanyp talap bilen kazyýete gaýtadan ýüz tutmaklyga ýol berilmeýär [471].

[469] Şol ýerde, mad. 99.
[470] Şol ýerde, mad. 105, böl.3.
[471] Şol ýerde, mad. 103, böl.2.

## Iş boýunça önümçiligi bes etmek

Iş boýunça önümçiligi bes etmek, şonuň ýaly-da talaba garaman galdyrmak işi gozgamak tapgyrynda goýberilen ýalňyşlyklary aradan aýyrmaklyga gönükdirilendir[472].

TAIÝK-na laýyklykda, kazyýet şu aşakdaky halatlarda iş boýunça önümçiligi bes edýär[473]:

eger iş kazyýetde çözülmäge degişli däl bolsa; Şu ýerde “çözülmäge” däl-de, “garalmaga” diýen söz ulanylmaly.

eger şol bir talaplaryň arasynda jedel boýunça şol bir predmet we şol bir esaslar bilen bagly kazyýetiň (kanuny güýjüne giren diýip düzetmeli) çözgüdi bar bolsa;

Türkmenistanyň kanunçylygynda ýa-da şertnamada göz öňünde tutulan halatlarda talapçy jogapçy bilen özara gatnaşyklary kazyýete çenli düzgünleşdirmek üçin çäreleri görmedik bolsa we seýle mümkinçilik ýitirilen bolsa;

eger talapçy talabyndan ýüz dönderen bolsa we kazyýet bu ýüz döndermäni kabul eden bolsa;

eger taraplar barlyşyk ylalaşygyny baglaşan bolsa we kazyýet ony tassyklan bolsa;

eger iş boýunça tarap bolan ýuridik şahsyň hukuk oruntutary kesgitlenilmän ýatyrylan bolsa;

eger fiziki şahs aradan çykandan soňra jedelli hukuk gatnaşygy hukuk oruntutarlyga ýol bermeýän bolsa.

Biziň pikirimizçe, ýokarda görkezilen madda ýene-de bir ýagdaýy: “ eger taraplaryň arasynda jedeli bitarap kazyýetine geçirmek barada ylalaşyk baglaşylan bolsa” diýen görnüşde, goşmaça esas hökmünde girizmek zerur.

TAIÝK-da taraplaryň kazyýet çözgüdi kabul edilmezinden öň jedeli bitaraplar kazyýetine geçirmäge bolan hukuklary berkidilýär[474]. Biziň pikirimizçe, şeýle ylalaşyk baglaşylan halatynda kazyýetiň

[472] Комментарий к Арбитражному процессуальному кодексу Российской Федерации (постатейный), 2-е издание, перераб. и допол. /Под ред. П.В. Крашенинникова. М., 2009. (Комментарий к ст.148).

[473] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 100.

[474] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 23.

önümçiliginde bolan iş ýatyrylmaga degişli. Şuňa meňzeş tejribe TRIÝK-da[475] hem berkidilen. Bu kadany TAIÝK-da hem göz öňünde tutmak gerek.

Talapçynyň (arza bilen ýüz tutanyň) kazyýet goragyndan peýdalanmaga hukugy bolmadyk halatynda, iş boýunça önümçilik bes edilýär we şol işi kazyýetde gaýtadan gozgamaga ýol berilmeýär[476]. Elbetde, aýdylanlar umumy kada hökmünde garalýar.

**Taraplaryň barlyşyk ylalaşygy**

Barlyşyk ylalaşygynyň hukuk tebigaty we mazmuny barada ylmy edebiýatda birnäçe aýratyn pikirler aýdylýar. Umuman alanyňda, alymlar barlyşyk ylalaşygynyň hukuk dolanyşygynda özbaşdak ähmiýetini bellemek bilen, onuň taraplaryň dispozitiw hukuklaryna erk etmeklerinde esasy institut hökmünde ykrar edýärler[477].

Arbitraž kazyýet önümçiliginiň esasy tapawutly aýratynlygy kazyýetiň (kazynyň) taraplaryň arasynda ylalaşyk gazanylmagyna ýardam bermek wezipesinden ybaratdyr[478]. Taraplaryň ýaraşygyny gazanmak wezipesi kanunda gös-göni berkidilmänligi sebäpli, ony Russiýa Federasiýasynyň arbitraž kazyýetleriniň kazyýet önümçiliginiň wezipesi hökmünde RF-iň AIÝK-synda ýörite görkezmek teklip edilýär[479]. Teklip edilýän kada häzirki wagtda BR-iň HIÝK-synda hereket edýär. Şu kadanyň TAIÝK-da hem berkidilmegi örän möhümdir, sebäbi kazyýetiň esasy wezipesi taraplary ýaraşdyrmaklyga we olaryň arasynda barlyşyk ylalaşygyny baglaşdyrmaklyga gönükdirilen bolmalydyr.

---

[475] Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 1964. Mad. 221.

[476] Шерстюк В. Разбирательство дела арбитражным судом первой инстанции // Хозяйство и право. 2009. №11. S.28.

[477] Рожкова М.А. Мировое соглашение в процедуре банкротства // Законодательство. 2004. N 2. S. 22.; Ясеновед И.А. Мировое соглашение в арбитражном процессе: актуальные проблемы теории и практики: Автореф. дис. ... канд. юрид. наук. М., 2002. S.9.

[478] Отческая Т.И., Власов А.А., Шилов А.В., Сметанников А.Е. Арбитражный процесс: Учебное пособие. Тюмень: Издательство Тюменского государственного университета. 2008. S.259.

[479] Солохин А. Некоторые проблемы понятия «примирение» в науке арбитражного процесса и практике арбитражных судов //Арбитражный и гражданский процесс. 2009. №7. S.15.

TAIÝK-na laýyklykda barlyşyk ylalaşygy jedeliň predmetini doly içine alan ýagdaýynda baglaşylýar. Eger-de taraplar özara ylalaşan bolsalar, jedeliň predmetiniň bir bölegi boýunça barlyşyk ylalaşygy baglaşylyp bilnermi? Şu meselede nähili kanuny päsgelçilik bolup ýa-da şol päsgelçilik näme esasynda ýüze çykyp biler? Munuň özi taraplaryň dispozitiw hukuklaryny çäklendirmek bolmazmy?

Ylmy edebiýatda jedeliň predmetiniň bir bölegi boýunça-da taraplaryň barlyşyk ylalaşygyny baglaşmaga hukuklarynyň bardygyny kanunda berkitmek teklip edilýär. Awtoryň dogry bellemegine görä, şu ýagdaýda kazyýet taraplaryň arasynda jedeliň predmetiniň bir bölegi bilen bagly barlyşyk ylalaşygyny bellenen tertipde tassyklap, talabyň galan bölegi babatda kazyýet mejlisini dowam etdirmeli we çözgüt çykarmaly[480].

Iş ýöredişiň her bir tapgyrynda we islendik kazyýet basgançagynda barlyşyk ylalaşygyny baglaşmaklyga rugsat berilýär[481]. TAIÝK-nyň 101-nji maddasynyň 1-nji böleginden, şeýle hem 102-nji maddasynyň 1-nji böleginden "islendik kazyýet basgançagyndan" diýen sözler aýrylmaga degişli, sebäbi "iş ýöredişiň tapgyrlary" diýen düşünje "kazyýet basgançaklary" diýen düşünjäni hem öz içine alýar.

Barlyşyk ylalaşygy ýazmaça resmileşdirilýär we ol kazyýet tarapyndan tassyklanylýar. Bu barada kesgitnama çykarylýar, onda iş boýunça önümçiligiň ýatyrylýandygy görkezilýär ( 101-nji maddanyň 2-nji bölegi).

Eger-de taraplar nägilelik ýa-da gözegçilik kazyýetlerde barlyşyk ylalaşygyny baglaşan bolsalar, öň çykarylan kazyýet namalary we iş boýunça önümçilik ýatyrylýar ( 101-nji maddanyň 3-nji bölegi).

Barlyşyk ylalaşygy çözgüdiň ýerine ýetirilýän döwründe gazanylan bolsa, onda kazyýet çözgüdi ýerine ýetirmek boýunça önümçiligi ýatyrmak hakynda kesgitnama çykarýar ( 101-nji maddanyň 4-nji bölegi).

Eger barlyşyk ylalaşygy kanuna ters gelýän ýa-da kimdir biriniň hukuklaryny we kanun tarapyndan goralýan bähbitlerini bozýan bolsa, ol kazyýet tarapyndan tassyklanylmaýar ( 101-nji maddanyň 5-nji bölegi).

---

480 Мдиванян Э.К. Актуальные вопросы утверждения мирового соглашения в арбитражном процессе //Закон и право. №2010. №7. S.113.

481 Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad.101, böl.1.

Barlyşyk ylalaşygynyň baglaşylmagynyň netijesinde, adatça, talapçy talabyny üýtgedýär, ýagny ol käbir eglişiklere gidýär, olar bilen bolsa jogapçy ylalaşýar. Şeýlelikde, iki tarapyň hem bähbitleri goralýar we iş boýunça önümçilik ýatyrylýar[482].

TAIÝK-da aýratyn hereket hökmünde barlyşyk ylalaşygynyň mazmunynda haýsy maglumatlaryň bolmalydygy berkidilse we onuň kazyýet tarapyndan tassyklanylmagynyň tertibi hem usuly kesgitlenilse maksadalaýyk bolardy.

## Talapdan ýüz döndermek

TAIÝK-da talapçynyň talapdan ýüz döndermäge bolan hukugy berkidilýär[483]. Şol Kodeksiň degişli maddasynda talapdan ýüz döndermegiň tertibi we netijeleri düzgünleşdirilýär[484]. Talapdan ýüz döndermeklige iş ýöredişiň islendik tapgyrynda ýol berilýär.

Talapdan ýüz döndermek talapçy tarapyndan ýazmaça görnüşde resmileşdirilýär. Talapdan ýüz döndermek kabul edilen ýagdaýynda kazyýet iş boýunça önümçiligi bes etmek barada kesgitnama çykarýar.

Nägilelik ýa-da gözegçilik kazyýetlerinde talapdan ýüz döndermek kabul edilen halatynda kazyýet öň çykarylan kazyýet namalaryny ýatyrýar we iş boýunça önümçiligi bes edýär.

Edil barlyşyk ylalaşygy baglaşylanda bolşy ýaly, kazyýet talapdan ýüz döndermek kanuna ters gelýän ýa-da kimdir biriniň hukuklaryny we kanun tarapyndan goralýan bähbitlerini bozýan bolsa, ony kabul etmeýär.

## Talaby garaman galdyrmak

Haçan-da işe seljermegiň dowamynda käbir ýagdaýlar ýüze çykyp, olar işiň düýp mazmuny boýunça garalmagyna päsgelçilik döredýän bolsa, özlerini-de aradan aýyrmak mümkinçiligi bar bolsa, onda talap garalman galdyrylýar[485]. TAIÝK-na laýyklykda şu aşakdaky ýagdaýlarda kazyýet talaby garaman galdyrýar[486]:

---

[482] Хубиева М.Р. Особенности заключения мирового соглашения в гражданском и арбитражном судопроизводстве //Юридические науки. 2010. №5. S. 59.

[483] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 37. Böl.1.

[484] Şol ýerde, mad.102.

[485] Бахарев П.В. Арбитражный процесс: Учебно-методический комплекс.-М.:Изд.центр ЕАОИ, 2008, S.157.

[486] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad.104.

eger şol bir taraplaryň arasynda, şol bir predmet we şol bir esaslar bilen bagly kazyýetiň önümçiliginde jedelli iş bar bolsa;

eger Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bergi bankyň üsti bilen alynmaly halatda talapçy jogapçydan algysyny almak üçin banka ýüz tutmadyk bolsa;

eger talapçy esasly sebäpler bolmazdan, kazyýet mejlisine gelmedik bolsa, jedeli çözmek üçin zerur bolan talap edilen maglumatlary bildirmedik bolsa;

eger Türkmenistanyň kanunçylygynda ýa-da şertnamada göz öňünde tutulan halatlarda talapçy jedeli kazyýete çenli düzgünleşdirmek çärelerini görmedik bolsa we şeýle mümkinçilik ýitirilmedik bolsa;

eger talap arza gol çekilmedik bolsa ýa-da oňa gol çekmäge hukugy ýok tarap, ýa-da wezipe ýagdaýy görkezilmedik şahs tarapyndan gol çekilen bolsa.

Şu ýagdaý talaby garaman galdyrmak üçin goşmaça esas hökmünde görkezmek teklip edilýär:” eger wekiliň ygtyýarlyklary bellenen tertipde resmileşdirilmedik bolsa”.

Haçan-da kazyýet ýalňyşlyk bilen iş ýöredişe degişli ygtyýarlyklary bolmadyk wekili goýberse, talap garalman galdyrmaklyga degişli bolup durýar. Kazyýet önümçiliginiň şol wekiliň gatnaşmagynda dowam etdirilmegi diňe ol bellenen tertipde resmileşdirilen ynanç hatyny kazyýete getiren ýagdaýynda mümkindir.

TAIÝK-nyň degişli maddalaryna laýyklykda iş boýunça önümçiligi bes etmek hem-de talaby garaman galdyrmak hakynda kesgitnamalarda taraplaryň arasynda kazyýet çykdajylaryny paýlamak, şeýle-de döwlet pajyny yzyna gaýtarmak ýaly meseleler hem çözülip bilner[487]. Görkezilen kesgitnamalar babatda bellenilen tertipde şikaýat (teklipnama) getirilip bilner.

Haçan-da talapçynyň (arza bilen ýüz tutanyň) kazyýet goragyndan peýdalanmaga hukugy bolup, ýöne ony amala aşyrmagyň şertleri berjaý edilmedik bolsa, onda talap garalman galdyrylýar. Päsgelçilikler aradan aýrylan halatynda, şol talap bilen umumy esaslarda kazyýete täzeden ýüz tutup bolýar[488].

[487] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 103,105.

[488] Шерстюк В. Разбирательство дела арбитражным судом первой инстанции //

## 5.5. Birinji basgançakly kazyýetiň kazyýet namalary

Birinji basgançakly kazyýetiň kazyýet namalary – bu çözgüt we kesgitnamadyr. Aýratyn halatlarda kazyýet karar hem çykarýar. Mysal üçin, ykdysady işi gozgamak we kazyýet seljerişine taýýarlamak[489].

Çözgüt – maddy we iş ýörediş kanunçylygynyň kadalaryna laýyklykda işiň ýagdaýlaryny doly anyklap, jedeli düýp mazmuny boýunça çözmek üçin kabul edilýär[490]. Ol döwletiň adyndan çykarylýar we onuň bilen işiň birinji basgançakly kazyýetde seljerilişi tamamlanýar.

Kesgitnama – iş seljerilende ýüze çykýan käbir hususy meseleleri çözmek, kazyýet önümçiligini dowam etdirmek ýa-da ýatyrmak bilen bagly meseleler boýunça çykarylýar[491]. Käbir ýagdaýlarda kesgitnama çykarmak bilen iş boýunça önümçilik tamamlanýar, ýöne, adatça, taraplaryň arasyndaky jedel çözülmeýär.

Kesgitnama işe gatnaşýan taraplaryň haýyşy boýunça ýa-da kazyýetiň başlangyjy bilen kazynyň bir özi ýa-da kazyýetiň işe garaýan düzümi tarapyndan kazyýetiň adyndan çykarylýar.

Ylmy edebiýatda kazyýet çözgüdiniň ähmiýetini, şeýle hem ol taýýarlananda we kabul edilende birnäçe möhüm hereketleriň amala aşyrylýanlygyny nazara alyp, ony iş ýöredişiň özbaşdak tapgyry hökmünde ykrar etmekligi teklip edýärler[492]. Bu mesele ykdysady we raýat işleri boýunça geljekde çuňňur öwrenilmäge mynasypdyr.

TAIÝK-na laýyklykda kazyýet çözgüt kabul edende:

subutnamalara baha berýär („derňelen subutnamalara” diýilse has anyk bolýar);

iş üçin ähmiýeti bolan haýsy ýagdaýlaryň anyklanandygyny, haýsylarynyň bolsa anyklanmandygyny kesgitleýär;

Хозяйство и право. 2009. №11. S.28.

489 Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 81. Böl.1.

490 Ефимова В.В. Арбитражное процессуальное право. Учебное пособие. Саратов. 2009. S.106.; Арбитражный процесс. Под ред. В.В.Яркова. Учебник.- 4-е изд., перераб. и доп. М.:Инфотропик Медиа, 2010. S.253.

491 Арбитражный процесс: Учебник для вузов / Под ред. М.К. Треушникова. М.: ООО “Городец-Издат”, 2003.S.189.; Арбитражный процесс. Под ред. В.В.Яркова. Учебник.-4-е изд., перераб. и доп. М.:Инфотропик Медиа, 2010. S.253.

492 Лебедь К.А. Решение арбитражного суда. М., 2005. S.40.

şol iş boýunça ulanylmaga degişli kadalaşdyryjy hukuk namalary kesgitleýär;

talabyň kanagatlandyrylmaga degişlidigini ýa-da däldigini çözýär[493].

Biziň pikirimizçe, çözgüt kabul edilende käbir başga ýagdaýlar, hususan-da, işe gatnaşýan taraplaryň hukuklaryny we borçlaryny kesgitlemek, kazyýet çykdajylaryny paýlamak ýaly meseleler hem ara alnyp maslahatlaşylmaga degişli. Görkezilenlerden başga öň bellenilen üpjün ediş çäreleri babatda nähili hereket etmelidigi, maddy subutnamalary näme etmelidigi, kazyýetiň çözgüdiniň berjaý edilmegini üpjün etmek zerurlygy, çözgüdiň ýerine ýetirilmeginiň ýörite tertibini we möhletlerini kesgitlemegiň gerekligi hakyndaky meseleler goşmaça ara alnyp maslahatlaşylyp bilner.

TAIÝK-na laýyklykda çözgüt ýazmaça görnüşinde resmileşdirilýär we oňa kazy tarapyndan gol çekilýär[494]. Jedel kazylar tarapyndan bileleşip garalan halatynda çözgüt sesleriň köplügi bilen kabul edilýär we oňa kazyýet mejlisine gatnaşan ähli kazylar tarapyndan gol çekilýär. Başlyklyk ediji hemişe iň soňundan ses berýär diýip kanunda berkidilse dogry bolardy. Çözgüt bilen ylalaşmaýan kazy oňa gol çekmäge borçludyr, ýöne ol özüniň aýratyn pikirini ýazmaça görnüşde beýan edip bilýär. Çözgüt yglan edilende kazynyň aýratyn pikiri okalmaýar, ýöne taraplar onuň bilen çözgüt çykandan soň tanşyp bilýärler.

Çözgüt kazyýet mejlisi tamamlanandan soňra kabul edilýär. Kadadan çykma hökmünde, aýratyn çylşyrymly işler boýunça çözgüdiň kabul edilmegi bäş gün möhlete çenli gaýra goýlup bilner. TAIÝK-na laýyklykda, kazyýetiň çözgüdi elmydama, şol sanda iş ýapyk kazyýet mejlisinde seljerilende bolsa, açyk ýagdaýda yglan edilýär[495].

Kazy çözgüdiň diňe netije bölümini yglan etmäge haklydyr. Şu ýerde “hemme kazylar tarapyndan gol çekilen” diýen takyklamany girizmek zerur. Şeýle halatda kanunda haýsy möhletde çözgüdiň gu-

[493] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 107.

[494] Şol ýerde, mad.106.

[495] Şol ýerde, mad. 109.

tarnykly görnüşiniň taýýar bolýandygyny kesgitlemek gerek, sebäbi diňe şondan soňra çözgüt kabul edilen diýlip hasaplanýar we şol pursatdan oňa işe gatnaşýan taraplar şikaýat bildirip bilýärler.

Işe gatnaşýan taraplara çözgüt barada şikaýat bildirmegiň (teklipnama getirmegiň) tertibi we möhleti düşündirilýär.

TAIÝK-na laýyklykda, kazyýetiň çözgüdi işe gatnaşýan taraplara kabul edilen gününden başlap bäş gün möhletde iberilýär ýa-da olara gol çekdirilip gowşurylýar[496].

Kazyýet seljerilen subutnamalary we iş üçin ähmiýeti bolan anyklanan hakyky ýagdaýlary nazarda tutmak bilen goşmaça çözgüt çykarýar. TAIÝK-na laýyklykda, goşmaça çözgüt işe gatnaşýan taraplaryň haýyşy boýunça ýa-da kazyýetiň başlangyjy bilen şu aşakdaky ýagdaýlarda çykarylyp bilner[497]:

eger-de talap arzada beýan edilen talaplaryň haýsy-da bolsa biri boýunça çözgüt çykarylmadyk bolsa;

eger-de kazyýet çykdajylary paýlamak barada meseläni öň çözmedik bolsa;

eger-de kazyýet hukuk hakynda meseläni çözüp, alynmaga degişli edilen pul möçberini, berilmäge degişli emlägi ýa-da jogapçynyň amala aşyrmaga borçly edilen hereketini görkezmedik bolsa.

Bu maddanyň birinji bendine takyklama girizmek zerur. Sebäbi öz bildiren talaplaryna laýyklykda işe gatnaşýan taraplar zerur subutnamalary bildiren bolsalar we olar kazyýet tarapyndan seljerilen bolsa, diňe şeýle işler boýunça goşmaça çözgüt çykarmaga rugsat berilýär.

Agzalan maddaýň ikinji bendini açyp görkezmek zerur. TAIÝK-na laýyklykda, kazyýet çykdajylaryna şu aşakdakylar degişlidir[498]:

bilermenlere we terjimeçilere tölenilmeli pul möçberleri;

kazyýet namalarynyň ýerine ýetirilmegi bilen bagly beýleki çykdajylar.

Biziň pikirimizçe, bu madda giň manyda düşünilmäge degişli. Bu ýerde işe gatnaşýan taraplaryň işiň kazyýetde seljerilmegi bilen

[496] Şol ýerde, mad.112.
[497] Şol ýerde, mad.113, böl.1.
[498] Şol ýerde, mad. 60.

baglanyşykly beýleki çykdajylary hem göz öňünde tutulmalydyr. Mysal üçin, adwokatyň hyzmatlarynyň tölegi.

TAIÝK-na laýyklykda, bilermenlere we terjimeçilere kazyýete gelmek bilen baglanyşykly ýol we ýaşaýyş jaýyny kireýine almak boýunça eden çykdajylarynyň öwezi dolunýar hem-de Türkmenistanyň gulluk iş saparlary hakyndaky kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen bellenilen möçberlerde gündelik harç tölenilýär[499]. Ondan başga-da bilermenler we terjimeçiler kazyýetiň tabşyrmagy boýunça özleriniň ýerine ýetiren işi üçin, eger şol işler olaryň gulluk borçlaryna girmeýän bolsa, hak-heşdek alýarlar.

TAIÝK-na kazyýet çykdajylaryny taraplaryň arasynda paýlamagyň tertibini kesgitleýär[500]. Iş ýöredişde utulan tarap kazyýet çykdajylaryny töleýär. Eger-de talap bölekleýin kanagatlandyrylan bolsa, kazyýet çykdajylary kanagatlandyrylan talaplaryň möçberine deňlikde taraplaryň arasynda paýlanylýar. Haçan-da taraplaryň özleri kazyýet çykdajylaryny paýlaşmak barada ikitaraplaýyn ylalaşyga gelen bolsalar, kazyýet çykdajylary şol ylalaşyga görä paýlanylýar.

Eger-de iş tarapyň jedeli kazyýete çenli düzgünleşdirmegiň tertibini bozmagy (nägilelik hatyny jogapsyz goýmak, talap edilen resminamalary bermezlik) sebäpli dörän bolsa, kazyýet işiň nähili çözülendigine garamazdan, kazyýet çykdajylaryny tölemäge şol tarapy borçly etmäge ygtyýarlydyr.

Kazyýet namasyna täzeden garamak barada arza bermek bilen bagly taraplaryň kazyýet çykdajylary hem TAIÝK-nyň degişli maddasynyň talaplaryna laýyklykda taraplaryň arasynda paýlanylýar[501]. Eger-de bellenilen tertipde talapçy döwlet pajyny tölemekden boşadylan bolsa, jogapçy-da ondan boşadylmadyk bolsa, döwlet pajy talabyň kanagatlandyrylan böleginiň möçberine degişlilikde jogapçydan tutulyp alynýar.

Kazyýet çykdajylary TRIÝK-da has doly we hemmetaraplaýyn düzgünleşdirilýär[502]. Şonuň üçin hem onuň käbir maddalaryny,

[499] Şol ýerde, mad.65.

[500] Şol ýerde, mad.66.

[501] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad. 66.

[502] Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 1964. Bap.5.

olardaky arbitraž iş ýöredişi üçin ähmiýeti bolmadyk kadalaryny gysgaldyp hem-de käbir düzedişleri girizip, TAIÝK-da peýdalanmak maksadalaýykdyr.

TAIÝK-na laýyklykda, goşmaça çözgüt çykarmak hakyndaky mesele işe nägilelik tertibinde garalmazyndan öň gozgalyp bilner[503].

Şu ýerde ähli işler boýunça çözgütlere nägilelik tertibinde şikaýat (teklipnama) getirilmeýändigini bellemek zerur. Şeýlelikde, goşmaça çözgüdiň çykarylmagyny işiň nägilelik tertibinde seljerilmegi bilen baglanyşdyrylmagy ýalňyşdyr. Mysal üçin, RF-iň AIÝK-synyň tejribesini nazarda tutmak bilen, görkezilen hereketiň durmuşa geçirilmegini kazyýetiň çözgüdiniň kanuny güýjüne girmegi bilen baglanyşdyrmak dogry bolardy[504]. Başgaça aýdylanda, nägilelik tertibinde şikaýat (teklipnama) getirmegiň möhleti geçýänçä ýa-da kazyýet tarapyndan nägilelik tertibinde bildirilen şikaýat (teklipnama) boýunça kazyýet namasy çykarylýança kazyýet tarapyndan goşmaça çözgüt çykarylyp bilner.

TAIÝK-da kazyýet tarapyndan goýberilen hat-ýazuw ýalňyşlyklaryny (mysal üçin, taraplaryň atlarynyň nädogry ýazylmagy) we san ýalňyşlyklaryny (mysal üçin, talap edilýän pul möçberiniň hasabynyň nädogry çykarylmagy) düzetmegiň hem-de kazyýet namalaryny düşündirmegiň (eger-de olar işe gatnaşýan taraplar üçin düşnüksiz bolsa) tertibi berkidilýär[505].

Görkezilen hereketler işe gatnaşýan taraplaryň başlangyjy bilen gozgalyp bilner. Şonuň ýaly-da bu mesele kazyýet tarapyndan hem goýlup bilner. Bu meseleleriň ikisi-de işe gatnaşýan taraplaryň gatnaşmagynda, kazyýet mejlisinde çözgüdiň mazmunyny üýtgetmezden garalýar. Meselelere garamagyň netijesi kesgitnama görnüşinde resmileşdirilýär we olar babatda bellenilen tertipde şikaýat (teklipnama) getirilip bilner.

---

503 Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad.113. Böl.2.

504 Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Mad.178. Böl.1.

505 Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad.114.

Çözgüde düşündiriş bermek meselesinde kanunda ýörite çäklendirmeleri göz öňünde tutmak gerek. TRIÝK-a[506] we RF-iň AIÝK-sy[507] boýunça çözgüde düşündiriş bermeklige, eger-de ol heniz ýerine ýetirilmedik we onuň mejbury ýerine ýetirilmegi üçin bellenilen möhlet geçmedik bolsa ýol berilýär. TAIÝK- da hem şu kada hökman berkidilmäge degişli.

Kazyýetiň çözgüdi kanuny we esaslandyrylan bolmaly[508]. Çözgüdiň kanunylygy çözgütde iş ýörediş we maddy-hukuk kadalarynyň dogry ulanylmagyny, zerurlyk ýüze çykan halatynda bolsa maddy kanunyň we hukugyň meňzeşligini (analogiýasyny) ulanmaga mümkinçiligini aňladýar. Çözgüdiň esaslylygy iş üçin ähmiýeti bolan hakyky ýagdaýlaryň dogry anyklananlygyny we olaryň subutnamalaryň işe degişliligini hem şol iş boýunça ulanyp bolýanlygyny kesgitleýän kadalary nazarda tutmak bilen subut edilenligini aňladýar[509].

Kazyýet çözgüdiniň kanuny güýji diýlende nämä düşünilýär? Çözgüde kanunyň güýji berilýär, emma onuň güýji kanunyň güýji bilen deň däldir. Sebäbi çözgüt diňe anyk gatnaşyklar üçin kanuna öwrülýär we ol diňe şol gatnaşyklaryň subýektleriniň hukuklaryny we borçlaryny düzgünleşdirýär.

Çözgüdiň obýektiw çäkleri diňe iş seljerilende anyklanan hukuk gatnaşyklaryna we hukuk ýagdaýlaryna degişlidir. Çözgüdiň subýektiw çäkleri diňe işe gatnaşýan taraplara we olaryň hukuk oruntutarlaryna degişlidir.

Çözgüdiň kanuny güýjüne onuň Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän ähli edara düzümler, wezipeli adamlar we raýatlar üçin hökmanydygy we olar tarapyndan ýerine ýetirilmäge degişlidigi hökmünde düşünmek gerek[510].

---

[506] Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 1964. Mad.207.

[507] Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Mad.179. Böl.2.

[508] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad.106. Böl.4.

[509] Ефимова В.В. Арбитражное процессуальное право. Учебное пособие. Саратов. 2009. S.108-109.

[510] Комментарий к Арбитражному процессуальному кодексу Российской Федерации / Под ред. Г.А.Жилина. М.: ООО «ТК Велби», 2003. S.101.

Döwlet edaralary we wezipelei adamlar kazyýetiň kanuny güýjüne giren çözgütlerinde kesgitlenen hukuklary resmileşdirmek hem-de bellige almak üçin zerur hereketleriň ählisini amala aşyrmaga borçludyrlar.

Çözgüt bilen bagly meseläni jemläp, onuň preýudisial ähmiýeti barada şulary bellemek zerur. TAIÝK-na laýyklykda, anyk bir jedel boýunça kazyýetiň kanuny güýjüne giren çözgüdi bilen ykrar edilen ýagdaýlar beýleki ykdysady jedel çözülen mahaly täzeden subut edilmeýär[511]. Kanunyň bu kadasyna "eger-de şol işlerde şol taraplar ýa-da olaryň hukuk oruntutarlary gatnaşýan bolsalar" diýen takyklamany girizmek zerur. Sebäbi ýokarda agzalan hukuk kadasyny ähli işlere täsir edýän kada hökmünde kesgitlemek ýalňyş bolardy. Teklip edilýäne meňzeş kada TRIÝK-da[512], şeýle-de RF-iň AIÝK-synda[513] hem bar. Bu ýerde islendik regress talap adaty mysal hökmünde çykyş edip biler.

TAIÝK-na laýyklykda, jenaýat işi boýunça kazyýetiň kanuny güýjüne giren hökümi belli bir hereketleriň edilenligi we kim tarapyndan edilenligi hakyndaky meseleler babatda ykdysady işi seljerýän kazyýet üçin hökmanydyr[514]. Bu ýerde diňe iki sany hakyky ýagdaýyň preýudisial ähmiýeti bardyr:

şeýle hereket edilipmi?

şol hereket şu tarap tarapyndan amala aşyrylypmy?

TAIÝK-nyň degişli maddasynda berkidilişine görä, öň çözülen raýat işi boýunça kazyýetiň kanuny güýjüne giren çözgüdiniň ykdysady jedeli seljerýän kazyýet üçin ähmiýeti bolan ýagdaýlary hökmanydyr[515].Ýokarda bellenilişi ýaly, bu ýerde hem anyklanylýan ýagdaýlar diňe öňki işe gatnaşan taraplar bilen baglanyşdyrylmalydyr.

Preýudisiýalar hakynda kadanyň tejribede örän uly ähmiýeti bar. Sebäbi, birinjiden, olar kazyýetiň we iş ýöredişine gatnaşyjylaryň

---

511 Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad.106. Böl.49. Böl.2.

512 Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 1964. Mad.35. Böl.2.

513 Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Mad.69. Böl.2.

514 Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad.106. Böl.49. Böl.3.

515 Şol ýerde, mad.49, böl.4.

wagtynyň hem serişdeleriniň tygşytlanmagyny üpjün edýärler, ikinjiden, biri-birine gapma-garşy gelýän kazyýet çözgütleriniň çykarylmagynyň öňüni alýarlar.

## KAZYÝET NAMALARYNA TÄZEDEN GARAMAK

Monografiýanyň nägilelik we gözegçilik önümçiliklerine bagyşlanan baplarynda esasan ylmy işler däl-de, kanunyň çeşmeleri we kazyýet tejribesi seljerilýär. Öň belläp geçişimiz ýaly, 1995-nji ýylda RF-iň AIÝK-sy ikinji gezek kabul edildi. Şonda hem, esasan, şu günki günde hereket edýän kazyýet önümçiliginiň düýbi tutuldy hem-de 2002-nji ýylyň kodeksinde ol gutarnykly umumylaşdyrylyp jemlenildi. Dogry, bu iş hazir hem zerurlygyna görä dowam etdirilýär. Deňeşdirilýän kodeks Türkmenistanyň bu meseleleri düzgünleşdirýän kanunçylygyndan düýpli tapawut edýär. Düşnükli sebäplere görä, Russiýa Federasiýasynda şol döwürden soň ýazylan ylmy işleri derňelýän meseleler bilen bagly peýdalanmakda bökdençlikler döreýär.

Ýokarda agzalan baplarda birinji basgançakly kazyýetiň namalaryna nägilelik we gözegçilik tertibinde, şeýle hem täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça täzeden garamagyň möhüm meseleleri bilen bagly hereket edýän arbitraž iş ýörediş kanunçylygynyň çygrynda ylmy-tejribe nukdaýnazardan esaslandyrylan doktrinal düşündirişler berilýär. Kanunyň kadalary giňişleýin beýan edilýär, zerurlygyna görä olary döwrebap ösdürmek we kämilleşdirmek boýunça teklipler girizilýär. Ilkinji nobatda aýdylanlar gözegçilik kazyýetine degişli bolup durýar, sebäbi kanunda bu önümçilik juda ýüzleý düzgünleşdirilen. Ylmy seljermäniň netijeleri kazyýet namalarynyň talaba laýyk, ýagny kanuny we esaslandyrylan bolmagyna hem-de ýurt derejesinde bir bitewi kazyýet iş ýöredişiniň amala aşyrylmagyny üpjün etmekde ýardam berer diýen umydymyz bar. Şu ýerde, esasan, TRIÝK-nyň hem-de GDA döwletleriniň, ilkinji nobatda hem RF-iň AIÝK-synyň kanun çykaryjylyk tejribesinden ugur alnyp, kazyýet namalaryna täzeden garamaklygyň käbir ýetmezçiliklerini, şeýle hem näsazlyklaryny

aradan aýyrmak boýunça esaslandyrylan pikirler, tejribe jähtden derwaýys teklipler aýdylýar.

## Apellýasion we kassasion kazyýetleriň hukuk ýagdaýy barada düşünje

Kazyýet namalaryna täzeden garamagyň daşary ýurt tejribesinde nähili tertipde ýüze çykýandygyna gysgajyk görnüşde derňew geçireliň. Bu seljerme Türkmenistanyň kazyýet ulgamynda hereket edýän nägilelik we gözegçilik kazyýet önümçiliklerini düzgünleşdirmegi kämilleşdirmekde zerur bolup durýar. Mälim bolşuna görä, daşary ýurt tejribesinde şikaýat etmegiň, esasan, iki görnüşi hereket edýär[516]:

apellýasiýa – ikinji basgançakly kazyýet;

kassasiýa – üçünji basgançakly kazyýet.

Apellýasion kazyýetleriň hukuk ýagdaýy aýry-aýry döwletlerde tapawutlydyr. Adatça, apellýasiýanyň wezipesi işiň apellýasion kazyýet tarapyndan düýp mazmuny boýunça has tejribeli kazylaryň gatnaşmagynda ikinji gezek garalyp, çözgüt çykarylmagyndan ybaratdyr. Apellýasion kazyýetde birinji basgançakly kazyýetiň çözgüdi doly möçberde gaýtadan seljerilýär, ýagny subutnamalaryň tutuş toplumy täzeden derňelýär we olara baha berlip, iş üçin ähmiýeti bar bolan hakyky ýagdaýlar barada netije çykarylýar. Işe gatnaşýan taraplar apellýasion kazyýete täze subutnamalary bildirip, şeýle hem ondan täze hukuk ähmiýetli ýagdaýlary anyklamaklygy talap edip bilýärler. Dogry, apellýasion kazyýetler hukuk ulgamynda hereket edýän döwletleriň hemmesinde ýagdaý beýle däl. Käbir döwletlerde kazyýet tarapyndan köplenç halatda öň bildirilen subutnamalar derňelýär. Ýene-de bir bellemeli möhüm mesele, ol hem apellýasion kazyýet, adatça, çözgüdiň diňe şikaýat bildirilen we şikaýat eden taraplar bilen bagly bölegine täzeden garaýar.

Apellýasion kazyýetiň artyk taraplary hökmünde şulary görkezmek bolar. Apellýasiýa instituty işde bähbidi bar taraplarda işiň hakyky ýagdaýlary tejribeli kazylar tarapyndan dogry anyklanyp, kanuny we esaslandyrylan çözgüt çykarylar diýen umyt döredýär. Şonuň üçin hem

---

[516] Арбитражный процесс. Учебник. / Под ред. В.В. Яркова. М.:Юрист. 2002. S.341.

apellýasion kazyýet jedeliň adyl çözülmeginde esasy “göreş meýdançasy” hasaplanylýar[517]. Bu kazyýetiň “ýokary mekdep” hökmünde birinji basgançakly kazyýetleriň kazylarynyň hünär derejesini ýokarlandyrmakda hem ähmiýeti uludyr. Apellýasion kazyýetiň kemçiligi diýip kazyýet seljerişiniň uzak dowam edýänligi görkezilýär[518], sebäbi subutnamalar kazyýet tarapyndan täzeden doly we hemmetaraplaýyn derňelýär.

Kassasion kazyýete birinji basgançakly kazyýetiň we apellýasion kazyýetiň kanuny güýjüne giren namalaryna şikaýat bildirilýär. Kassasion kazyýet işe düýp mazmuny boýunça garamaýar. Ol diňe birinji basgançakly we apellýasion kazyýetler tarapyndan maddy we iş ýörediş kanunçylygynyň dogry ulanylyşyny barlaýar. Kassasion kazyýet subutnamary derňäp täze ýagdaýlary anyklamaýar, sebäbi bu wezipäni diňe birinji basgançakly we apellýasion kazyýetler amala aşyryp bilýär. Şonuň üçin hem kazyýet namasy ýatyrylan halatynda, iş täzeden garamak üçin birinji basgançakly kazyýete ýa-da apellýasion kazyýete ugradylýar. Dogry, kassasion kazyýetiň öň anyklanan ýagdaýlaryň esasynda iş boýunça çözgüt çykarmaga ygtyýary bardyr. Edil apellýasion kazyýet ýaly kassasion kazyýet hem dispozitiwlik ýörelgesine laýyklykda kassasion şikaýatyň çäkleri bilen baglydyr, ýagny ol hem kazyýet namasynyň diňe şikaýat bildirilen bölegine we şikaýat eden taraplar bilen bagly täzeden garap bilýär[519].

Russiýa Federasiýasynyň arbitraž kazyýet ulgamynda kassasion kazyýetlerden başga-da gözegçilik basgançakly kazyýet önümçiligi göz öňünde tutulandyr[520]. GDA döwletleriniň ählisinde ýewpora ülňülerine laýyklykda kazyýet namalaryna täzeden garamak apellýasion we kassasion kazyýetleri tarapyndan amala aşyrylýar. Russiýa Federasiýasynda bolşy ýaly, GDA döwletleriniň birnäçesinde (Bela-

---

517 Russiýa Federasiýasynda 2006-2009-njy ýyllarda kazyýet ýalňyşlyklary esasan apellýasion kazyýetlerde düzedildi (Арбитражный процесс. Под ред. В.В.Яркова. Учебник.-4-е изд., перераб. и доп. М.:Инфотропик Медиа, 2010. S.392-393 ).

518 Ефимова В.В. Арбитражное процессуальное право. Учебное пособие. Саратов. 2009. S.182-184.

519 Şol ýerde, S.191-205.

520 Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Bap.36.

rus, Gyrgyzstan, Täjigistan, Ukraina, Özbegistan) gözegçilik kazyýeti göz öňünde tutulan we onuň ygtyýarlyklary bu döwletleriň Ýokary kazyýet edaralaryna, has anygy olaryň Giňişleýin mejlisine berlen.

Bu döwletlerde gözegçilik önümçiligine ýuridik şahslaryň we hususy telekeçileriň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramakda goşmaça kepillendirme hökmünde garalýar. Gözegçilik basgançakly kazyýetiň esasy wezipesi arbitraž kazyýetleri tarapyndan hukuk kadalarynyň birmeňzeş düşünilmegini we ulanylmagyny hem-de adyl kazyýetligi amala aşyrmagyň ýokary hilini üpjün etmek bolup durýar. Gözegçilik basgançakly kazyýet önümçiliginde Russiýa Federasiýasynyň subýektleriniň arbitraž kazyýetleriniň kanuny güýjüne giren çözgütleridir kararlary täzeden garalýar[521]. Gözegçilik tertibinde kazyýet namalary olaryň kanunylygyny we esaslylygyny ýüze çykarmak üçin täzeden garalmaýar. Bu kazyýetiň wezipesi seljerilýän kazyýet namasynda kanunyň kadalarynyň bozulanlygyny anyklamak bolup durýar, özide kanunyň düýpli bozulmalary barada gürrüň gidýär.

Russiýa Federasiýasynyň Ýokary Arbitraž Kazyýetiniň birinji basgançakly kazyýet hökmünde çykaran çözgütlerine apellýasiýon we kassasion tertipde şikaýat bildirip bolmaýar, sebäbi onuň çözgütleri yglan edilen pursadyndan kanuny güýjüne girýär. Onsoňam Russiýa Federasiýasynyň Ýokary Arbitraž Kazyýeti kassasion kazyýetler üçin iň ýokary kazyýet basgançagy bolup durýar, şonuň üçin hem onuň namalaryna kassasion tertipde şikaýat bildirip bolmaýar. Bu kazyýetiň çözgütleri diňe gözegçilik we täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça onuň özi tarapyndan täzeden garalyp bilner[522].

Apellýasion we kassasion kazyýetler kazyýet gurluşynda bolan döwletlerde, adatça, gözegçilik basgançakly kazyýetler bolmaýar[523]. Russiýa Federasiýasynda hem gözegçilik basgançakly kazyýetde geljekde zerurlyk bolmaz, sebäbi apellýasiýon we kassasion kazyýetler

---

[521] Ефимова В.В. Арбитражное процессуальное право. Учебное пособие. Саратов. 2009. S.205-207.

[522] Арбитражный процесс. Под ред. В.В.Яркова. Учебник.-4-е изд., перераб. и доп. М.:Инфотропик Медиа, 2010. S.265-266.

[523] GDA döwletleriniň içinde şu kazyýet gurluşy Gruziýada, Gazagystanda, Ermenistanda, Moldowada we Azerbaýjanda hereket edýär.

bähbidi bar taraplaryň kazyýet goraglylygyny doly üpjün eder diýen garaýyş bar[524]. Russiýa Federasiýasynyň Ýokary Kazyýetiniň başlygy W.M. Lebedýewiň pikirine görä, döwletiň hereket edýän AIÝK-sy doly kämil däl, sebäbi Russiýa Federasiýasynda kazyýet ulgamyny özgetrmegiň Konsepsiýasynda (Kazylaryň nobatdan daşary III Bütinrussiýa gurultaýy. 26.03.94.) göz öňünde tutulan meýilnamalaryň hemmesi onda doly durmuşa geçirilmedik, ilkinji nobatda hem aýdylanlar kazyýet gurluşyna, ýagny üç basgançakdan ybarat bolan kazyýet gurluşyny döretmek meselesine degişli bolup durýar. Awtor hereket edýän "gözegçilik kazyýeti" aýrylmaly we döwletiň kazyýet gurluşy Ýewropanyň ülňülerine gabat getirilmeli diýip hasaplaýar. Şonuň üçin hem W.M. Lebedew 2002-nji ýylyň kazyýet özgertmelerini "bölekleýin we gutarylmadyk" diýen netijä gelýär[525].

Şeýlelikde, daşary ýurtlaryň aglabasynyň kazyýet gurluşynda kazyýet namalaryna bildirilýän şikaýatlary barlamagyň şu iki görnüşi hereket edýär, ýagny apellýasiýa we kassasiýa. Apellýasiýanyň obýekti hökmünde kanuny güýjüne girmedik, kassasiýanyň obýekti hökmünde bolsa, kazyýetiň kanuny güýjüne giren namalary çykyş edýär. Biziň pikirimizçe, Türkmenistanyň arbitraž kanunçylygyny bu babatda kämil hukuk ulgamly döwletleriň derejesine ýetirmek üçin, ýokarda beýan edilen tertibiň ýurdumyzyň kanunçylygyna, umuman, Russiýa Federasiýasynda hereket edýän görnüşinde ornaşdyrylmagy maksadalaýykdyr.

---

524 Андреева Т.К. Защита прав взыскателя, должника и других лиц в арбитражном процессе / Хозяйство и право. 1999. №1. С.12.; Терехова Л.А. Система пересмотра судебных актов в механизме судебной защиты. М., 2007. S. 294-300.

525 Интернет-конференция Председателя Верховного Суда Российской Федерации В.М Лебедева «Реформирование процессуального законодательства в Российской Федерации» //Законодательство. 2003. №3.
Gözegçilik kazyýet basgançagy Russiýa Federasiýasynyň Konstitusiýasynda berkidilenligi sebäpli, ony döwletiň kazyýet gurluşynda hökman saklap galmaly diýen pikir hem ylmy edebiýatda duş gelýär ( Seret: Григорьева Т.А. Процессуальный порядок деятельности арбитражных судов как один из признаков судебной власти // Актуальные проблемы гражданского права и процесса: сборник материалов Международной научно-практической конференции (12-13 октября 2006 года). Казань: Статут. 2006. S.145).

Şu ýerde GDA döwletlerinde hereket edýän kazyýet gurluşyny ýörite tablisada synlalyň.

**GDA döwletleriniň kazyýet gurluşy**[526]

Tablisa 6.1.

| **Apellýasion we kassasion kazyýetler** | **Apellýasion,kassasion we gözegçilik kazyýetler** | **Sowet kazyýet gurluşynyň kassasion we gözegçilik kazyýetleri** |
|---|---|---|
| Azerbaýjan<br>Ermenistan<br>Gruziýa<br>Gazagystan<br>Moldowa | Gyrgyzystan<br>Täjigistan<br>Özbegistan<br>Belarus<br>Ukraina<br>Russiýa Federasiýasy | Türkmenistan |

Tablisadan görnüşine görä, Türkmenistanyň kazyýet ulgamynda hereket edýän gözegçilik kazyýetleri, umuman alnanda, daşary ýurtlaryň kassasion kazyýetleriniň wezipelerini ýerine ýetirýärler we olaryň ygtyýarlyklaryna eýedirler. Biziň pikirimizçe, ýurdumyzyň kazyýet gurluşyny daşary ýyrt döwletleriniň kazyýet gurluşyna laýyk getirmek meselesi şu döwürde möhüm ähmiýete eýedir. Özide kazyýet özgertmeleri belli bir ugur boýunça däl-de, eýsem bütin Türkmenistanyň kazyýet ulgamyny öz içine almalydyr, ýagny ol bir nusga getirilmelidir (unifisirlenmelidir), sebäbi döwlet derejesinde ähli işler babatda (raýat, ykdysady, jenaýat) bir bitewi kazyýet hukuk syýasaty ýöredilmelidir. Onsoňam özgertmeler kazyýet gurluşynda we önümçiliginde olaryň özara arabaglanyşygyny nazara alyp, bir wagtda geçirilmelidir. Diňe şeýle edilende kazyýet özgertmeleri ulgamlaýyn we netijeli hasaplanyp bilner.

Biziň pikirimizçe, munuň üçin döwletiň kazyýet ulgamyny özgertmegiň strategiýasynyň Maksatnamasy işlenip düzülmeli. Işlenilmeli Maksatnama tapgyrlaýyn bolup bütin kazyýet hukugyny (arbitraž, raýat we jenaýat iş ýörediş hukuklaryny), şol sanda kazyýet gurluşyny hem doly göz öňünde tutmaly. Aýdylanlardan ugur alyp,

[526] Kassasiýanyň aýratyn görnüşleri Azerbaýjanda (goşmaça kassasion önümçilik) we Moldowada (derňew (rewizion) kazyýet) hereket edýär.

agzalýan Maksatnama kabul edilenden soň seljerilýän hukuk institullary bilen bagly çuňňur öwrenilen anyk teklipler öňe sürülse dogry bolardy.

Şu günki günde Türkmenistanda şu mesele bilen bagly hereket edýän kanunçylygyň esasy ýetmezçiligi, ol hem kazyýet namalaryna gözegçilik tertibinde birnäçe gezek täzeden garamak mümkinçiliginiň kanunda saklanylmagydyr, ýagny "üznüksiz barlag" geçirmek mümkinçiliginiň bolmagydyr. Özi-de bu mümkinçilik asla hiç bir möhlet bilen hem çäklendirilmeýär. Şol bir işiň birnäçe derejelerde köp seljerilmegi kazyýet namasynyň hiline oňaýly täsir etjekligini, ýagny onuň ygtybarlylygynyň ýokary boljaklygyny aňlatmaýar. Kazyýet namasynyň kanuny we esasly bolmagy köp halatda kanunlaryň kämilligine we kazylaryň hünär derejesine bagly bolup durýar.

Elbetde, kazyýet önümçiligi diňe bir görnüş taýdan bolman, eýsem mazmun babatda hem özgerdilmeli. Ýöne köp iş ýörediş hereketleriniň mazmun taýdan Ýewropanyň we Türkmenistanyň kazyýet ulgamlarynda bir meňzeş ýüze çykýandyklaryny hem belläp geçmeli. Şoňa görä-de, monografiýanyň VI we VII baplarynda ýurdumyzyň arbitraž iş ýörediş kanunçylygy öz hereket edýän çygrynda seljerildi we umumylaşdyryldy.

# VI BAP. KANUNY GÜÝJÜNE GIRMEDIK KAZYÝET ÇÖZGÜTLERINE WE KESGITNAMALARYNA ŞIKAÝAT BILDIRMEK (TEKLIPNAMA GETIRMEK) HEM-DE OLARY BARLAMAK

## 6.1. Nägilelik önümçiligine düşünje hem-de nägilelik tertibinde şikaýat (teklipnama) getirmäge bolan hukugy amala aşyrmagyň şertleri we tertibi

Arbitraž kazyýetiň çözgütleri (kesgitnamalary) ýuridik şahslaryň we hususy telekeçileriň hukuklaryna we kanuny bähbitlerine täsir

edýär. Arbitraž iş ýöredişiň şu tapgyry her bir şahsyň kazyýet goragyna bolan konstitusion hukugynyň amala aşyrylmagynyň we kazyýet tarapyndan kanuny hem esaslandyrylan çözgütleriň çykarylmagynyň kepili bolup durýar.

Birinji basgançakly kazyýetiň ýalňyşlyklary şu tertipde düzedilýär:

kanuny güýjüne girmedik kazyýet çozgütleriniň (kesgitnamalarynyň) kanunylygyny we esaslylygyny barlamak;

kazyýet namalaryna gözegçilik tertibinde täzeden garamak;

täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça çözgütlere (kesgitnamalara) täzeden garamak.

Kazyýet çözgütleriniň (kesgitnamalarynyň) kanunylygyna gözegçilik etmegiň ýokarda görkezilen üç görnüşinden giňden ýaýrany nägilelik tertibindäki barlag bolup durýar.

Nägilelik kazyýeti diňe bir çözgütdäki (kesgitnamadaky) ýalňyşlyklary ýüze çykarmak bilen çäklenmän, eýsem olary düzetmegiň we aradan aýyrmagyň ýollaryny-da görkezýär. Şeýle etmek bilen nägilelik kazyýeti iş ýörediş we maddy kanunçylygyna dogry düşünilmegine we ulanylmagyna, işiň hakyky ýagdaýlarynyň hem-de subutnamalaryň doly, hemmetaraplaýyn seljerilmegine we anyklanmagyna ýardam edýär.

Netijede, nägilelik önümçiliginiň maksady diňe bir kazyýet çözgütleriniň (kesgitnamalarynyň) kanunylygyny we esaslylygyny barlamak bolup durman, eýsem birinji basgançakly kazyýetleriň işine hakykat ýüzünde ýolbaşçylyk we gözegçilik etmekden hem ybaratdyr.

Ykdysady işler boýunça kazyýetiň kazyýet namalaryna nägilelik tertibinde Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasynda garalýar.

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, birinji basgançakly kazyýetiň kanuny güýjüne girmedik çözgütleri (kesgitnamalary) nägilelik tertibinde şikaýat bildirmegiň, teklipnama getirmegiň (mundan beýläk - şikaýat (teklipnama) getirmek) obýekti bolup durýar.

Çözgüde dolulygyna ýa-da bölekleýin şikaýat (teklipnama) getirip bolýar. Eger-de çözgüde bölekleýin şikaýat (teklipnama) getirilen bolsa, onuň şikaýat bildirilmedik bölegi-de kanuny güýjüne

girmeýär. Nägilelik kazyýeti çözgüdiň şikaýat bildirilen we bildirilmedik bölegini-de hem-de şikaýat bildirmedik taraplar bilen bagly-da barlaýar.

Işe gatnaşýan taraplar diňe bir çözgüdiň ahyrky netijesine däl-de, eýsem kazyýetiň kazyýet çykdajylaryny paýlamak, çözgüdi ýerine ýetirmegiň tertibi we möhletleri bilen bagly netijelerine-de şikaýat bildirmäge haklydyrlar. Şonuň ýaly-da çözgüdiň diňe bir netije bölegine bolman, eýsem delillendiriş bölegine-de, ýagny kazyýetiň işiň hakyky ýagdaýlary, taraplaryň hukuklary we borçlary bilen bagly netijelerine-de şikaýat bildirilip bilner.

Şikaýat bildirmäge hukugyň subýektleri hökmünde işe gatnaşýan taraplar, olaryň hukuk oruntutarlary, şeýle hem degişli ygtyýarlyklary bolan wekilleri çykyş edýärler. Işe gatnaşýan beýleki taraplardan tapawutlylykda prokuror kazyýetiň bikanun we esassyz çözgütlerine teklipnama getirmäge diňe bir ygtyýarly bolman, eýsem borçly hem bolup durýar.

Nägilelik tertibinde şikaýat (teklipnama) getirmäge bolan hukugy amala aşyrmagyň şertlerini we tertibini tejribe nukdaýnazardan seljerip, onuň möhüm taraplaryny belläp geçeliň.

Şikaýat bildirmäge bolan hukugyň ýüze çykmagyna getirýän esaslar (onuň subýektleriniň işe gatnaşýan taraplara degişli bolmagy we kanuny güýjüne girmedik çözgüdiň bolmagy) bolan ýagdaýynda, şonuň bilen birlikde kazyýete şikaýat (teklipnama) bilen ýüz tutmagyň bellenilen tertibiniň berjaý edilmegi hem zerurdyr. Olar bolsa şu aşakdakylardyr:

Çözgüde şikaýat bildirýän tarapyň hukuk ukyplylygy. Öň bellenilip geçilişi ýaly, bu şert birinji basgançakly kazyýete talap arza bilen ýüz tutulanda hem talap edilýär;

Şikaýat (teklipnama) getirmegiň kanunda bellenilen möhletde berjaý edilmegi. Esasly sebäplere görä geçirilen möhlet bellenilen tertipde dikeldilip hem bilner;

Nägilelik şikaýatynyň (teklipnamanyň) mazmuny we görnüşi bilen bagly talaplaryň berjaý edilmegi;

Döwlet pajynyň tölenilmegi.

Nägilelik şikaýatynyň (teklipnamasynyň) mazmuny TAIÝK-nyň talaplaryna laýyk gelmelidir[527]. Nägilelik şikaýatynda (teklipnamasynda) görkezilmeli maglumatlar:

Nägilelik kazyýetiniň ady;

Şikaýaty (teklipnamany) getirýän tarapyň we işe gatnaşýan taraplaryň atlary (familiýasy, ady, atasynyň ady);

Işiň tertip sany we kazyýet namasynyň kabul edilen senesi, jedeliň predmeti;

Şikaýat (teklipnama) getiren tarapyň talaplary hem-de kadalaşdyryjy hukuk namalaryna we işiň maglumatlaryna salgylanmak bilen, ýüzlenýäniň kazyýetiň namasyny nädogry diýip hasaplamagynyň esaslary;

Şu ýerde kazyýetiň kanuny ulanmakda, subutnamalary seljermekde we işiň hakyky ýagdaýlaryny anyklamakda goýberen ýalňyşlyklaryny jikme-jik beýan etmek we TAIÝK-nyň degişli maddasyna laýyklykda görkezilen ýalňyşlyklaryň çäklerinde bildirilýän talaplary görkezmek zerurdyr[528]. Şikaýata (teklipnama) gosulýan resminamalaryň sanawy.

Şikaýata ony bildiren tarap ýa-da onuň wekili, teklipnama bolsa degişli prokuror gol çekýär.

Wekil tarapyndan gol çekilen şikaýata onuň kazyýet namalaryna şikaýat bildirmek üçin ygtyýarlyklaryny tassyklaýan ynanç haty hem goşulýar, eger-de ol öň bildirilmedik bolsa.

Prokuroryň nägilelik kazyýet önümçiligini gozgamagy bilen bagly şulary belläp geçmek zerur. Işiň kim tarapyndan gozgalandygyna garamazdan, prokuror çözgüt çykarylandan soň 10 günüň dowamynda ýokarda durýan kazyýete nägilelik teklipnamasyny getirmäge ygtyýarlydyr. Bölümleriň we müdirlikleriň prokurorlary diňe özleriniň gatnaşan işleri boýunça nägilelik tertibinde teklipnama (gözegçilik tertibinde garşylyknama) getirip bilýärler.

Çözgüdiň bikanunlygyny ýa-da esassyzlygyny ýüze çykarandan soňra prokuror, şol işiň seljerilişine gatnaşandygyna ýa-da

[527] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad.122.

[528] Şol ýerde, mad.128.

gatnaşmandygyna, şol çözgüt babatda nägilelik tertibinde şikaýatyň bildirilendigine ýa-da bildirilmändigine garamazdan, kazyýete teklipnama getirmäge borçludyr. Şonuň üçin hem prokuror bellenen möhletlerde, özleriniň gatnaşmazlygynda garalan ähli ykdysady işler boýunça çykarylan kazyýet namalarynyň kanunylygyny we esaslylygyny barlamaga borçludyr[529].

Prokuratura edaralarynyň merkezleşdirme ýörelgesiniň esasynda nägilelik tertibindäki teklipnamalary ýokarda durýan prokuror hem getirip bilýär. Kazyýet seljerişi başlanmazyndan öň prokuror öz teklipnamasyny yzyna çagyrmaga ygtyýarlydyr. Ýokarda durýan prokuror hem şeýle ygtyýarlyga eýedir.

Şikaýata döwlet pajynyň tölenilendiginiň we onuň nusgasynyň beýleki işe gatnaşýan taraplara iberilendiginiň subutnamalary-da goşulýar. Şikaýaty (teklipnamany) getirýän tarap beýleki işe gatnaşýan taraplara şikaýatyň (teklipnamanyň) we oňa goşulan, şol taraplarda bolmadyk resminamalaryň nusgalaryny iberýär.

TAIÝK-da, işe gatnaşýan tarap şikaýatyň (teklipnamanyň) nusgasyny alandan soň, oňa seslenmäni we seslenmäniň nusgalaryny beýleki işe gatnaşýan taraplara iberilendiginiň subutnamalaryny, birinji ýa-da nägilelik basgançakly kazyýete şikaýata (teklipnama) garaljak güne çenli seslenmäniň gowuşmagyny üpjün edýän möhletde ibermäge haklydyr[530].

Seslenmä ýuridik şahsyň ýolbaşçysy, hususy telekeçi ýa-da olaryň wekilleri gol çekýär. Wekil tarapyndan gol çekilen seslenmä onuň işi alyp barmak üçin ygtyýarlygyny tassyklaýan ynanç haty goşulýar.

Seslenmä öň kazyýete bildirilmedik resminamalar goşulyp bilner. Şeýle ýagdaýda beýleki işe gatnaşýan taraplarda bolmadyk resminamalaryň nusgalarynyň olara iberilendiginiň subutnamalary hem seslenmä goşulýar.

---

[529] "Raýat we araçy jedeller baradaky kazyýetiň çözgütleriniň kanunylygyna prokuror gözegçiligi hakynda" Türkmenistanyň Baş prokurorynyň 2001- nji ýylyň 30-njy iýunynda çykaran 11-nji belgili buýrugynyň 6-njy bendi. Türkmenistanyň Baş prokurorynyň Buýruklarynyň we görkezmeleriniň ýygyndysy. 2-nji goýberiş. Aşgabat, 2005. S.192.

[530] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad.123.

Işe gatnaşýan taraplaryň seslenmeleri kazyýetiň çözgüdini has doly barlamaklyga ýardam berýär. Olarda işe gatnaşýan taraplaryň garaýyşlary anyk beýan edilýär, olaryň delilleri görkezilýär. Aýratyn hem işiň nägilelik, soňra bolsa gözegçilik kazyýetinde garalmagyna özleri gatnaşyp bilmejek işe gatnaşýan taraplaryň seslenmeleriniň iş üçin wajyp ähmiýeti bardyr.

TAIÝK-da ikinji basgançakly kazyýet tarapyndan çözgüt (kanunda – "kazyýet namasy" diýilse dogry bolardy) çykarylmazyndan öň işe gatnaşýan tarapyň nägilelik şikaýatyndan ýüz döndermäge we prokuroryň teklipnamasyny yzyna çagyrmaga bolan mümkinçiligi göz öňünde tutulýar[531]. Bu şikaýat bilen ýüz tutan tarapyň dispozitiw hukugydyr.

Edil birinji basgançakly kazyýetdäki ýaly, eger-de şikaýatdan ýüz döndermek kanuna garşy gelýän ýa-da beýleki taraplaryň hukuklaryna hem-de kanuny bähbitlerine ters gelýän bolsa, onda ol kabul edilmeýär.

Şikaýatdan (teklipnamadan) ýüz döndermek kabul edilen halatynda, eger-de çözgüt barada işe gatnaşýan beýleki taraplar tarapyndan şikaýat bildirilmedik bolsa, nägilelik kazyýet önümçiligi bes edilýär.

TAIÝK-nyň degişli maddasy: "Şikaýaty (teklipnamany) kabul etmegiň tertibi" diýlip atlandyrylýar[532]. Ýöne maddanyň mazmunynda bu tertip doly açylyp görkezilmeýär.

Umumy düzgünlere laýyklykda, eger-de nägilelik şikaýaty (teklipnamasy) onuň görnüşine we mazmunyna bildirilýän talaplara laýyklykda getirilen bolsa, kazy ýekelikde şikaýaty (teklipnamany) öz önümçiligine kabul edýär. Şonuň bilen birlikde şikaýatyň (teklipnamanyň) gelip gowşan gününi we ony bellenen tertipde resmileşdirmek üçin zerur wagty göz öňünde tutup, kanunda bu hereketiň amala aşyrylmagyny anyk möhlet bilen çäklendirmek maksadalaýykdyr.

Nägilelik şikaýaty (teklipnamasy) TAIÝK-na laýyklykda, şu ýagdaýlarda yzyna gaýtarylyp berilýär[533]:

---

[531] Şol ýerde, mad.127.

[532]Şol ýerde, mad.125.

[533] Şol ýerde, mad.124.

eger şikaýata (teklipnama) gol çekilmedik ýa-da oňa gol çekmäge hukugy ýok ýa-da wezipe ýagdaýy görkezilmedik şahs tarapyndan gol çekilen bolsa;

eger şikaýata (teklipnama) onuň nusgalarynyň işe gatnaşýan taraplara iberilendiginiň subutnamalary goşulmadyk bolsa;

eger şikaýata döwlet pajynyň bellenilen tertipde we möçberde tölenilendigini tassyklaýan resminamalar goşulmadyk bolsa, kanun arkaly döwlet pajyny tölemegi gaýra goýmak, tölegi möhletlere bölüp tölemek ýa-da onuň möçberini azaltmak göz öňünde tutulan halatlarda bolsa, bu baradaky haýyşnama bildirilmedik bolsa ýa-da haýyşnama kanagatlandyrylmadyk bolsa;

eger şikaýat (teklipnama) bellenilen möhlet geçenden soň getirilen bolsa we geçirilen möhleti dikeltmek hakynda haýyşnama bildirilmedik bolsa;

eger şikaýaty (teklipnamany) önümçilige kabul etmek hakyndaky kesgitnama işe gatnaşýan taraplara iberilýänçä şikaýaty (teklipnamany) getiren tarapdan onuň yzyna gaýtarylyp berilmegi ýa-da teklipnamanyň yzyna alynmagy hakynda arza gelip gowşan bolsa.

Şikaýaty (teklipnamany) yzyna gaýtarmagyň esaslarynyň sanawyny şu aşakdaky ýaly görnüşde beýan edilýän täze bölek bilen doldurmak maksadalaýykdyr: - eger-de nägilelik şikaýaty (teklipnamasy) TAIÝK-na laýyklykda nägilelik şikaýatyny bildirilmäge degişli bolmadyk kazyýet namasy babatda getirilen bolsa. Tejribede şeýle ýagdaýlaryň hem ýüze çykmagynyň mümkinçiligini inkär edip bolmaz.

Nägilelik şikaýatyny (teklipnamasyny) yzyna gaýtarmak barada kesgitnama çykarylýar. Şikaýaty (teklipnamany) yzyna gaýtarmak barada kesgitnama TAIÝK-da bellenen tertipde şikaýat (teklipnama) getirilip bilner[534].

TAIÝK-nyň degişli maddasynda görkezilen ýagdaýlar aradan aýrylandan soňra işe gatnaşýan we şikaýaty (teklipnamany) getiren tarap, umumy tertipde kazyýete gaýtadan şikaýat (teklipnama) getirmäge haklydyr[535].

[534] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad.124.

[535] Şol ýerde, mad.124, böl.3.

TAIÝK-na laýyklykda, birinji basgançakly kazyýet şikaýaty (teklipnamany) alyp, bäş gün möhletde (kanunda – şikaýat (teklipnama) getirmegiň möhleti geçenden soňra diýip bellenilmeli) şikaýaty (teklipnamany) iş bilen bilelikde degişli kazyýete (Türkmenistanyň Ýokary kazyýetine) iberýär[536]. Kazyýet taraplara (kanunda- "işe gatnaşýan taraplara" diýlip berkidilen bolsa has dogry bolardy) şikaýatyň (teklipnamanyň) garaljak wagty we ýeri hakynda habar berýär.

Nägilelik şikaýatyny (teklipnamasyny) çözgüdi (kesgitnamany) kabul eden kazyýete getirmek maksadalaýykdyr, sebäbi ol ýerde zerur guramaçylyk hereketleri amala aşyrylýar. Şol guramaçylyk hereketleri kanunda berkitmek zerurdyr.

Kazy şikaýaty kabul edende ýokarda duryan kazyýetiň işlere garamagynyň tertibinden ugur almak bilen işiň nägilelik kazyýetinde garaljak gününi kesgitleýär. Işiň garaljak güni bellenilende işe gatnaşýan taraplara kazyýet mejlisine gatnaşmaga we ýokarda durýan kazyýete işiň seljerilmegi üçin zerur bolan materiallary hem resminamalary taýýarlamaga we bildirmäge mümkinçilik bermek üçin gerek bolan wagtdan ugur alynýar.

Çözgüde şikaýat (teklipnama) getirmegiň möhleti tamamlanandan soňra iş nägilelik kazyýetine ugradylýar. Eger-de prokuroryň teklipnamasy we işe gatnaşýan taraplaryň ählisiniň şikaýatlary gelip gowşan bolsa, şikaýat (teklipnama) möhletinden öň hem ýokarda durýan kazyýete ugradylyp bilner.

On gün möhletiň çäklerinde işe gatnaşýan taraplar islendik wagtda işiň materiallary bilen tanyşmaga, nägilelik şikaýatynda beýan etmek üçin ondan göçürmeler almaga we ş.m. haklydyr. Şol döwürde ýokarda durýan kazyýetiň hem-de prokuroryň işi kazyýetden talap edip almaga haky ýokdur.

Iki ýagdaýda ikinji basgançakly kazyýete kazyýet namasyny gözegçilik tertibinde ýatyrmazdan, işe täzeden garamaga mümkinçilik berilýär:

haçan-da bellenilen möhletde getirilen nägilelik şikaýaty (teklipnamasy) olary tabşyran taraplara bagly bolmadyk ýagdaýlara görä

[536] Şol ýerde, mad.125.

kazyýete işe nägilelik tertibinde garalandan soňra gelip gowuşsa (mysal üçin, eger-de şikaýat aragatnaşyk bölüminiň üsti bilen ugradylsa we haýsydyr bir sebäplere görä şikaýaty gowşurmaklyk üpjün edilmedik bolsa);

haçan-da nägilelik şikaýaty (teklipnamasy) geçirilen möhletiň dikeldilmeginden soň getirilen bolsa.

Kanunyň şu kadalarynyň üstünde gysgajyk durup geçmekligi maksadalaýyk hasaplaýarys. Degişli resminamalaryň aragatnaşyk bölümine öz wagtynda tabşyrylandygynyň subutnamasy hökmünde bukjadaky möhür, aragatnaşyk bölüminiň ýa-da telegraf töleg haty çykyş edýär. Bu subutnamalar işiň materiallaryna goşulýar. Aragatnaşyk bölüminiň üsti bilen ugradylan resminamanyň kazyýete gelip gowşan hakyky wagtynyň bu ýerde hiç hili ähmiýeti ýokdur. Mysal üçin, möhletiň iň soňky güni aragatnaşyk bölüminiň üsti bilen ugradylan nägilelik şikaýatynyň kazyýete nägilelik möhleti geçenden soň geljekdigi düşnüklidir, emma muňa garamazdan şikaýat öz wagtynda tabşyrylan diýlip hasap edilýär.

TRIÝK-na laýyklykda, eger-de iş ýörediş hereketi kazyýetde amala aşyrylmaly bolsa, möhletiň iň soňky güni kazyýetiň iş gününiň gutarýan wagtynda tamamlanýar[537]. Şuňa meňzeş tejribe RF-iň AIÝK-synda hem ulanylýar[538].

Ondan başga-da TRIÝK-da, kanunda bellenen ýa-da kazyýet tarapyndan kesgitlenen möhlet geçenden soňra iş ýörediş hereketini amala aşyrmak hukugynyň ýitirilýändigi hakynda kada berkidilýär[539]. Şeýle kada RF-iň AIÝK-synda hem bar[540]. Möhlet geçenden soň berlen şikaýatlar we beýleki resminamalar garalman galdyrylýar[541]. Mysal üçin, şikaýat (teklipnama) getirmegiň möhleti geçenden soňra çözgüt kanuny güýjüne girýär we ol mejbury ýerine ýetirilip

537 Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 1964. Mad.82. Böl.3.

538 Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. M., 2006. Mad.114. Böl.7.

539 Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 1964. Mad.83.

540 Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. M., 2006. Mad.115.

541 Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 1964. Mad.83.

bilner. Başga bir mysal, ýerine ýetiriş resminamalaryny ýerine ýetirmek üçin bildirmegiň möhleti geçenden soňra ol mejbury ýerine ýetirilip bilinmez. Agzalan kadalaryň TAIÝK-da hem berkidilmegi maksadalaýykdyr, sebäbi şeýle kadalaryň bolmazlygy tejribede düşündirilmegini aýratyn talap etmeýän çylşyrymly ýagdaýlaryň döremegine getirýär.

TAIÝK-ny geçirilen möhletleri dikeltmegiň tertibini TRIÝK-daky[542] we RF-iň AIÝK-syndaky[543] ýaly doly möçberde düzgünleşdirmeýär.

TRIÝK-na laýyklykda, geçirilen möhleti dikeltmek hakyndaky arza iş ýörediş hereketi amala aşyrylmaly kazyýete berilýär[544]. Ol arzada möhletiň geçirilmeginiň sebäpleri we onuň ýanyna şol ýagdaýlary tassyklaýan resminamalar (mysal üçin, syrkawlandygy ýa-da iş saparynda bolandygy hakynda kepilnama we ş.m.) goşulýar.

Arza kazyýet mejlisinde garalýar. Mejlisiň geçiriljek wagty we ýeri hakynda işe gatnaşýan taraplara habar berilýär, ýöne welin olaryň mejlise gelmezlikleri kazyýetiň meseläni çözmegine päsgelçilik döretmeýär. Kazyýet mejlisine gelen işe gatnaşýan taraplar işiň mazmuny boýunça düşündiriş berip bilýärler.

Möhleti dikeltmek hakyndaky arzanyň berilmegi bilen bir wagtda möhleti geçirilen hereket amala aşyrylmalydyr (şikaýat bildirilmelidir we ş. m.).

Görkezilen arza garamagyň netijeleri boýunça kazyýet TAIÝK-na laýyklykda, möhletiň dikeldilenligi barada kazyýet namasynda beýan edýär[545]. Geçirilen möhleti dikeltmekden ýüz döndermek barada kazyýet kesgitnama çykarýar. Oňa bellenen tertipde şikaýat (teklipnama) getirilip bilner.

Işiň nägilelik kazyýeti tarapyndan täzeden garalmagy öň kabul edilen kazyýet namasyna garşy gelýän namanyň kabul edilmegine getirip biler.

---

[542] Şol ýerde, mad.86.

[543] Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Mad.117.

[544] Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 1964. Mad.86.

[545] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad.69. Böl.3.

Ýokarda agzalan ýagdaýlarda ikinji basgançakly kazyýet adatça nägilelik tertibinde öň kabul edilen namany özbaşdak üýtgedip ýa-da ýatyryp bilmeýär. Eger-de nägilelik kazyýeti täze kabul edilen namanyň öň nägilelik tertibinde kabul edilen nama üýtgetme girizilmegine ýa-da onuň ýatyrylmagyna getirer diýen netijä gelse, ol işi Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň başlygyna kazyýet namalarynyň biri ýa-da ikisi babatda-da gözegçilik tertibinde garşylyknama getirmek üçin ugradýar.

## 6.2. Işi nägilelik basgançagynda seljermek

Nägilelik önümçiligi hem edil birinji basgançakly kazyýet önümçiliginiň ýörelgeleriniň esasynda guralýar. Ýöne bu ýörelgeler birinji we ikinji basgançakly kazyýetlerde dürli-dürli ýüze çykýar, sebäbi olaryň maksatlary we wezipeleri biri-biriniňkiden üýtgeşikdir.

Birinji basgançakly kazyýetde işiň hakyky ýagdaýlary anyklanýar, toplanan subutnamalar seljerilýär we olara baha berilýär, hereket edýän kanunçylygyň degişli kadalaryny ulanmagyň esasynda taraplaryň hukuklary we borçlary kesgitlenilýär.

Nägilelik kazyýeti işe düýp mazmuny boýunça garamaýar, ýagny işiň hakyky ýagdaýlaryny anyklamaýar-da, işde bar bolan subutnamalaryň we goşmaça bildirilen materiallaryň hem resminamalaryň esasynda kazyýetiň çözgüdiniň kanunylygyny we esaslandyrylandygyny barlaýar.

Ikinji basgançakly kazyýetde-de edil birinji basgançakly kazyýetdäki ýaly kazyýet önümçiliginiň ýörelgeleri hereket edýär. Kadadan çykma hökmünde nägilelik kazyýetinde diňe goşmaça bildirilen materiallar (ýazmaça we maddy subutnamalar, işe gatnaşýan taraplaryň düşündirişleri) babatda bäsleşik we subutnamalary kazyýetiň gönüden-göni özüniň derňemegi ýörelgeleri ýüze çykyp biler.

Birinji basgançakda işe garan kazyýetiň kazyýet namasyna getirilen şikaýat (teklipnama) onuň nägilelik kazyýetine gelip gowşan gününden başlap bir aý möhletde garalýar[546].

[546] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad.126. Böl.2.

TAIÝK-na laýyklykda, nägilelik kazyýetinde işe üç kazydan ybarat düzümde garalýar[547]. Nägilelik kazyýetinde işe birinji basgançakly kazyýetdäki ýaly tertipde garalýar. Ýöne şonda diňe birinji basgançakly kazyýet üçin bellenilen kadalar ulanylmaýar. Mysal üçin, talaplary birleşdirmek we bölmek, talabyň esasyny ýa-da predmetini üýtgetmek, garşylyklaýyn talap bildirmek, üçünji taraplary işe çekmek, degişli däl tarapy çalyşmak we ş.m. baradaky kadalar ulanylmaýar.

Nägilelik kazyýetinde geçirilýän kazyýet mejlisinde amala aşyrylýan esasy hereketleriň kanunda doly derejede düzgünleşdilmändigine garamazdan, olar barada durup geçmek zerurdyr.

Nägilelik kazyýetiniň mejlisi üç bölekden: taýýarlyk, şikaýaty (teklipnamany) seljermek, kazyýet namasyny taýýarlamak we yglan etmek böleklerinden ybaratdyr.

**Taýýarlyk bölegi**

Taýýarlyk bölegi birinji basgançakly kazyýetde amala aşyrylýan hereketlerden ybaratdyr.

1. Başlyklyk ediji kazyýet mejlisini açýar hem-de haýsy iş, kimiň şikaýaty (teklipnamasy) boýunça we haýsy kazyýetiň çözgüdine garalýandygyny yglan edýär.

2. Başlyklyk ediji işe gatnaşdyrylmaly edilen işe gatnaşýan taraplardan, olaryň wekillerinden kimleriň kazyýet mejlisine gelendigini anyklaýar we olaryň ygtyýarlyklaryny barlaýar. Şeýle hem mejlise terjimeçiniň gelenligi-de anyklanýar.

3. Başlyklyk ediji kazyýetiň düzümini yglan edýär, kimleriň prokuror, terjimeçi hökmünde gatnaşýandygyny habar berýär we işe gatnaşýan taraplara olaryň kanunda görkezilen taraplara ynam bildirmezlige hukuklarynyň bardygy düşündirilýär.

Ynam bildirmezligiň esaslary we tertibi edil birinji basgançakly kazyýetdäki ýalydyr. Ýöne şu ýerde bir bellemeli zat, nägilelik kazyýetiniň mejlisine bilermen gatnaşmaýar. Şonuň ýaly-da nägilelik kazyýetinde kaza ynam bildirmezlik üçin goşmaça esas göz öňünde tutulan. Eger-de ol işiň garalmagyna birinji basgançakly kazyýetde gatnaşan bolsa, onda kazy nägilelik kazyýetiniň mejlisine gatnaşyp bilmeýär. Bu kadanyň bo-

[547] Şol ýerde, mad.126.

zulmagy bolsa nägilelik kazyýetiniň kazyýet namasynyň gözegçilik tertibinde ýatyrylmagy üçin esas bolup durýar.

4. Başlyklyk ediji işe gatnaşýan taraplara, olaryň wekillerine, terjimeçä olaryň hukuklaryny we borçlaryny düşündirýär.

Edil birinji basgançakly kazyýetdäki ýaly kanunyň şol bir kadalary düşündirilýär, ýöne olaryň ählisi düşündirilmeýär. Mysal üçin, bilermene ynam bildirmezlik, kazyýet namasyna şikaýat bildirmäge hukuklary düşündirilmeýär, sebäbi nägilelik kazyýetiniň kazyýet namalary yglan edilen pursadyndan başlap kanuny güýjüne girýär, bilermen bolsa, öň bellenip geçilişi ýaly, bu önümçilige gatnaşmaýar.

Işe gatnaşýan taraplaryň haýyşnamalary we arzalary edil birinji basgançakly kazyýetdäki ýaly tertipde çözülýär.

5. Kazyýet mejlisiniň geçiriljek güni barada işe gatnaşýan taraplara, olaryň wekillerine habar berilmedik ýagdaýynda işe garamaklyk başga bir güne bellenilýär. Bu kadanyň bozulmagy hem nägilelik kazyýetiniň kazyýet namasynyň gözegçilik tertibinde ýatyrylmagy üçin esas bolup durýar.

Degişli tertipde habarly edilen taraplaryň kazyýet mejlisine gelmezlikleri işiň seljerilmegi üçin päsgelçilik döretmeýär.

**Şikaýaty (teklipnamany) seljermek**

1. Şikaýaty (teklipnamany) seljermek kazy tarapyndan işiň maglumatlaryny habar bermekden başlanýar. Habar öz içine şulary alýar:

çözgüdiň mazmunyny;

nägilelik şikaýatynyň (teklipnamasynyň) delillerini;

şikaýata (teklipnama) gelip gowşan seslenmelerdäki delilleri;

kazyýete bildirilen täze maglumatlaryň we resminamalaryň mazmunyny.

2. Habardan soňra kazyýet mejlisine gelen işe gatnaşýan taraplaryň we olaryň wekilleriniň düşündirişleri diňlenilýär. Olar şikaýatda (teklipnamada) görkezilmedik delillerini hem beýan etmäge we goşmaça maglumatlary hem resminamalary bildirmäge haklydyrlar. Işe gatnaşýan taraplaryň biri-birine sowal bermäge hukuklary bardyr.

Prokuroryň teklipnamasy seljerilýän işlerden başga ýagdaýlarda nägilelik kazyýetinde işler seljerilende oňa prokuroryň gatnaşmagy

hökmany däldir. Adatça, nägilelik kazyýetinde prokuroryň teklipnamasy seljerilýän işlere ýokarda durýan prokuror gatnaşýar. Egerde teklipnama bilen ylalaşmasa, ol teklipnamany iş seljerilip başlanmazyndan öň yzyna çagyrýar we goýberilen ýalňyşlyklary hem düzgün bozmalary görkezmek bilen bu barada teklipnama getiren prokurora habar berýär.

Nägilelik kazyýetinde prokuror öz teklipnamasyny goldap, ony esaslandyrýar. Işe gatnaşýan taraplaryň düşündirişlerinden soňra prokuror teklipnama getirilen çözgüdiň kanunylygy we esaslylygy barada öz pikirini aýdýar.

Eger-de prokuror işe gatnaşýan taraplaryň şikaýaty esasynda nägilelik tertibinde işiň seljermesine gatnaşýan halatynda, ol işe gatnaşýan taraplaryň düşündirişlerinden soňra şikaýat bildirilen kazyýet çözgüdiniň kanunylygy we esaslylygy barada öz pikirini aýdýar.

Diýmek, her bir halatda çözgüdiň kanunylygy we esaslylygy babatda prokuroryň pikiri diňlenilmeli. Sebäbi prokuror kanun esasynda iş ýöredişiň islendik tapgyrynda önümçilige girip bilýär hem-de işe gatnaşýan tarap hökmünde kazyýet önümçiliginde ýüze çykýan meseleler boýunça öz pikirini aýtmaga we esaslandyrmalaryny getirmäge haklydyr[548].

Ikinji basgançakly kazyýet diňe bir işde bar bolan subutnamalaryň esasynda däl-de, eýsem işe gatnaşýan taraplaryň beren goşmaça materiallaryny hem göz öňünde tutmak bilen çykarylan çözgüdiň kanunylygyny hem-de esaslylygyny barlaýar.

Bildirilen materiallar özleriniň tebigaty boýunça subutnama hasap edilmeýär, ýöne hakykatda welin, olar subutnama bolup durýarlar. Onuň şeýle bolmagynyň sebäbi ikinji basgançakly kazyýetiň işiň ýagdaýlaryny anyklamaýanlygy we subutnamalary derňemeýänligi bilen düşündirilýär. Şonuň üçin hem goşmaça materiallar, eger-de olar birinji basgançakly kazyýet tarapyndan işiň hakyky ýagdaýlarynyň nädogry anyklanandygyna şaýatlyk edýän bolsa, çözgüdiň ýatyrylmagyna getirip bilýär.

[548] Вахитов Р.С., Орлова А.И. Участие прокурора в арбитражном процессе. http://krasnoyarsk.arbitr.ru/90/75/733.html. 20.05.2011ý.

## Kazyýet namasyny taýýarlamak we yglan etmek

Bu mesele kanunda ýeterlik derejede düzgünleşdirilmeýär. Şeýle-de bolsa kazyýet namasyny taýýarlamak we yglan etmek bilen bagly esasy hereketleriň üstünde durup geçmäge synanyşalyň.

TAIÝK-na laýyklykda, kazyýet işe garap, karar ýa-da kesgitnama çykarýar[549]. Ýöne kanun haýsy ýagdaýda kazyýetiň karar kabul etmelidigini, haýsy ýagdaýda bolsa kesgitnama çykarmalydygyny anyk görkezmeýär.

Kazyýet namasy taýýarlananda ara alnyp maslahatlaşylmaga degişli soraglar şulardyr:

birinji basgançakly kazyýet tarapyndan işiň ähli wajyp ýagdaýlary anyklananmy?

şol ýagdaýlar subut edilenmi?

kazyýetiň çözgüdinde beýan edilen netijeler işiň ýagdaýlaryna gabat gelýärmi?

kanunyň kadalary bozulypmy?

Soraglary ara alyp maslahatlaşmaga we ses bermeklige ähli kazylar gatnaşýar. Ses bermek açyk görnüşde geçirilýär. Her bir kazynyň aýratyn pikirde bolmaga hukugy bardyr. Eger-de iş boýunça kazynyň aýratyn pikiri bar bolsa, ol gözegçilik tertibinde garşylyknama getirmek meselesini çözmek üçin Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň başlygynyň dykgatyna ýetirilýär. Kesgitnama kazyýet kollegiýasynyň adyndan çykarylýar.

Arbitraž iş ýöredişinde çözgüt ýatyrylan halatynda, onuň haýsy esaslara görä ýatyrylandygyna garamazdan, iş täzeden garamak üçin birinji basgançakly kazyýete ugradylmaýar. Munuň özi iş boýunça subutnamalar ýeterlik bolmasa-da, olar hakyky däl ýa-da biri-birine gapma-garşy gelýän bolsa-da, ýa-da işiň ýagdaýlary bilen bagly bolmasa-da, işiň ýagdaýlary doly hem dogry anyklanmadyk bolsa-da, işiň nägilelik kazyýetiniň garamagynda galdyrylýandygyny aňladýar.

Eger-de görkezilen kemçilikler nägilelik kazyýeti tarapyndan düzedilýän bolsa, onda ol ikinji basgançakly kazyýetiň "jedeli düýp mazmuny boýunça çözýänligini", ýagny subutnamalary derňeýänligini

[549] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad.130.

we işiň ýagdaýlaryny anyklaýanlygyny aňladýar. Şeýlelikde, nägilelik kazyýeti hakykat ýüzünde apellýasion kazyýetiň wezipelerini berjaý edýär[550].

Ýokarda beýan edilenlerden Türkmenistanyň hereket edýän AIÝK-synyň nägilelik kazyýet önümçiligini düzgünleşdirýän hukuk kadalary özünde nägilelik kazyýetiniň we apellýasion kazyýetiň kadalaryny birleşdirýänligi barada netije gelip çykýar. Umuman, biziň hukuk ulgamymyza şu günki tejribeden gelip çykyşyna görä, apellýasion kazyýetiň düzgünleri mahsus däl. Şoňa görä-de, döwletiň iş ýörediş kanunçylygyny bir ülňä salmak maksady bilen, TAIÝK-dan apellýasion mazmunly kada aýrylsa dogry bolardy. Munuň özi kazyýet önümçiliginde duş gelýän gapma-garşylyklary hem aradan aýrardy[551].

Raýat iş ýöredişinde ýokarda agzalan ýagdaýlar ýüze çykarylanda iş hökmany suratda birinji basgançakly kazyýete işe düýp mazmuny boýunça täzeden garamak üçin ugradylýar.

Işi ugratmak bilen nägilelik kazyýeti aşakda durýan kazyýete degişli görkezmeleri berip bilýär. Nägilelik kazyýetiniň görkezmeleri işe düýp mazmuny boýunça garaýan kazyýet üçin hökmanydyr, ýöne bu hökmanylygyň öz çäkleri bar.

Ýokarda durýan kazyýetiň aýry-aýry hereketleri (goşmaça subutnamalary toplamak, subutnamalary olaryň ýerleşýän ýerinde gözden geçirmek, degişli taraplary we üçünji taraplary işe çekmek hakynda we ş.m.) amala aşyrmak hakynda görkezmeleri hökmanydyr.

TRIÝK-na laýyklykda, nägilelik kazyýeti ygtyýarly däl[552]:

çözgütde anyklanmadyk ýa-da onda inkär edilen ýagdaýlary anyklamaga we olary subut edilen diýip hasaplamaga;

ol ýa-da beýleki subutnamanyň hakykylygy ýa-da däldigi hakynda meseläni öňünden çözmäge;

bir subutnama başga subutnamalar babatda artykmaçlyk bermäge;

maddy hukugyň haýsy kadasynyň ulanylmalydygyny kesgitlemäge;

iş täzeden seljerilende nähili çözgüt çykarylmalydygyny kesgitlemäge.

550 Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad.128, 130.

551 Goçyýew T. D. Arbitraž iş ýöredişini hukuk düzgünleşdirmeginiň meseleleri. // Altyn Asyryň ykdysadyýeti. 2009. №11. S.21.

552 Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 1964. Mad.317.

Kazyýet önümçiligini talaba laýyk guramak üçin, şular ýaly kadanyň TAIÝK-da hem berkidilmegi möhümdir.

TAIÝK-na laýyklykda, nägilelik kazyýetiniň kazyýet namasynyň mazmunynda beýan edilmeli[553]:

işiň tertip sany we kararyň ýa-da kesgitnamanyň kabul edilen senesi, nägilelik kazyýetiniň düzümi, kazyýet mejlisine gatnaşan taraplaryň ygtyýarlyklaryny görkezmek bilen, olaryň ady, birinji basgançakda kazyýet namasynyň kabul edilen senesi hem-de ony kabul eden kazylaryň ady;

şikaýaty (teklipnamany) getiren tarapyň ady we beýleki işe gatnaşan taraplaryň ady;

kabul edilen kazyýet namasynyň düýp mazmunynyň gysgaça beýany;

kazyýet namasynyň kanunylygyny we esaslandyrylandygyny barlamak hakyndaky meseläniň goýulmagy üçin esaslar;

şikaýata (teklipnama) seslenmelerde beýan edilen deliller;

işe gatnaşan taraplaryň düşündirişleri;

nägilelik kazyýeti tarapyndan işiň anyklanan ýagdaýlary, bu ýagdaýlar barada nägilelik kazyýetiniň gelen netijelerini esaslandyrýan subutnamalar we nägilelik kazyýetiniň ol ýa-da beýleki subutnamalary ret edýän hem-de işe gatnaşýan taraplaryň salgylanýan kadalaşdyryjy hukuk namalaryny ulanmaýanlygynyň delilleri, şeýle hem degişli çözgütleri kabul eden mahaly nägilelik kazyýetiniň gollanan kadalaşdyryjy hukuk namalary;

birinji basgançakly kazyýetiň namalarynyň ýatyrylan ýa-da üýtgedilen halatynda nägilelik kazyýetiniň birinji basgançakly kazyýetiň çykaran netijeleri bilen ylalaşmanlygynyň delilleri;

şikaýata (teklipnama) garamak bilen bagly çykarylan netijeler.

Kararda ýa-da kesgitnamada taraplaryň arasynda kazyýet çykdajylarynyň paýlanmagynyň tertibi görkezilýär.

Karar ýa-da kesgitnama kabul edilen pursadyndan başlap kanuny güýjüne girýär.

---

[553] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad.130.

Karar ýa-da kesgitnama kabul edilen gününden başlap bäş gün möhletde işe gatnaşýan taraplara iberilýär ýa-da olara gol çekdirilip gowşurylýar.

Karara ýa-da kesgitnama gözegçilik tertibinde garşylyknama getirilip bilner. Karara ýa-da kesgitnama garşylyknama getirilmegi onuň ýerine ýetirilmegini togtatmaýar.

### 6.2.1. Nägilelik kazyýetiniň ygtyýarlyklary we şikaýat (teklipnama) getirilen kazyýet çözgütlerini ýatyrmak üçin esaslar

Kazyýet çözgütleriniň kanunylygyny we esaslylygyny barlamak bilen bagly nägilelik kazyýetiniň hukuklary hem borçlary onuň ygtyýarlyklaryny emele getirýär.

TAIÝK-na laýyklykda, nägilelik kazyýeti şikaýatyň (teklipnamanyň) delilleri bilen bagly däldir we ol işe garan mahaly işde bar bolan hem-de goşmaça bildirilen subutnamalar boýunça işe birinji basgançakda garan kazyýetiň kazyýet namasynyň kanunylygyny hem-de esaslandyrylanlylygyny dolulygyna barlaýar[554].

Nägilelik kazyýeti işe garap, şulara haky bardyr:

kazyýet namasyny üýtgetmän, şikaýaty (teklipnamany) bolsa kanagatlandyrman galdyrmaga;

Adatça, birinji basgançakly kazyýetiň çözgütleri kanuny güýjünde galdyrylýar. Bu bolsa olaryň köpüsiniň kanuna laýyklygyny hem esaslylygyny aňladýar. Çözgüdi kanuny güýjünde galdyrmak bilen nägilelik kazyýeti şikaýatda (teklipnamada) beýan edilen ähli delillere jogap bermelidir.

kazyýet namasyny dolulygyna ýa-da bölekleýin ýatyrmaga we iş boýunça önümçiligi bes etmäge ýa-da talaby garaman galdyrmaga;

Birinji basgançakly kazyýetde bolşy ýaly, nägilelik kazyýeti hem TAIÝK-da görkezilen ýagdaýlar ýüze çykan halatynda iş boýun-

[554] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad.128.

ça önümçiligi bes edýär ýa-da şikaýaty (teklipnamany) garaman galdyrýar[555].

kazyýet namasyny dolulygyna ýa-da bölekleýin ýatyrmaga we täze çözgüt kabul etmäge;

kazyýet namasyny üýtgetmäge.

Täze çözgüdiň kabul edilmegi ýa-da onuň üýtgedilmegi subutnamalary derňemek we işiň ýagdaýlaryny anyklamak bilen bagly bolup durýar. Nägilelik kazyýeti şeýle halatlarda adaty bolmadyk birinji basgançakly kazyýetiň wezipe ygtyýarlyklaryny öz üstüne alýar[556].

Raýat iş ýöredişinde, eger-de iş boýunça subutnamalary toplamak ýa-da subutnamalary goşmaça derňemek talap edilmeýän bolsa hem-de işiň ýagdaýlary birinji basgançakly kazyýet tarapyndan doly we dogry anyklanan bolsa, ýöne maddy hukuk kadalaryny ulanmakda ýalňyşlyga ýol berlen bolsa, diňe şu halatda täze çözgüdiň kabul edilmegine ýa-da onuň üýtgedilmegine rugsat berilýär[557]. Başga islendik ýagdaýda iş birinji basgançakly kazyýete täzeden garamak üçin ugradylýar, sebäbi subutnamalary derňemek we olara baha bermek diňe şol kazyýetiň wezipe borçlaryna girýär[558].

Kanun "täze çözgüt" we "çözgüdiň üýtgedilmegi" diýen düşünjeleri hem biri-birinden anyk tapawutlandyrmaýar. Kazyýet tejribesinde täze çözgüt diýlende, taraplaryň hukuklary hem borçlary hakynda kazyýetiň esasy netijesiniň üýtgedilmegine düşünilýär. Mysal üçin, eger-de birinji basgançakly kazyýetde talaby kanagatlandyrmakdan ýüz dönderilen bolsa, nägilelik kazyýeti ony kanagatlandyrýar. Şu ýerden hem birinji basgançakly kazyýetiň çözgütde gelen netijeleriniň onuň anyklan ýagdaýlaryna laýyk gelmeýänligi hakynda netije gelip çykýar.

Çözgüt üýtgedildi diýlip düşünilýär, haçan-da kazyýetiň taraplaryň hukuklary we borçlary hakynda netijeleri dogry bolup, onuň netije böleginde (tölenmeli edilen pul möçberini köpeltmekde ýa-da azaltmakda, döwlet pajynyň üstüne ýetmeýän bölegini töletmekde we

[555] Şol ýerde, mad.100, 104.

[556] Şol ýerde, mad.128, böl.4.

[557] Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 1964. Mad.307. Böl.4.

[558] Şol ýerde, mad.307. Böl.2.

ş.m.) ýa-da delillendiriş böleginde (degişli ýa-da degişli däl kadany ulanmakda) ýalňyşlyklar goýberilen bolsa.

TAIÝK-da kazyýet namasyny ýatyrmak ýa-da üýtgetmek üçin esaslar berkidilýär[559]. Olar şulardan ybarat:

1.Iş üçin ähmiýeti bolan ýagdaýlaryň ýeterlik derejede anyklanylmanlygy.

Kazyýet iş bilen bagly hukuk taýdan ähmiýeti bolan ähli ýagdaýlary anyklamaga borçludyr. Her bir iş boýunça anyklanmaly hukuk ýagdaýlarynyň jemi şol jedelli hukuk gatnaşygyny düzgünleşdirýän maddy-hukuk kadasy bilen kesgitlenilýär.

2. Birinji basgançakly kazyýetiň anyklanan diýip hasap edýän iş üçin ähmiýeti bolan ýagdaýlarynyň subut edilmänligi.

Iş ýüzünde bu kazyýetiň netijeleriniň subutnamalar bilen tassyklanmanlygyny aňladýar. Bu bolsa subutnamalaryň hakykata laýyk gelmeýänliginiň, ýeterlik däldiginiň, biri-birine çapraz gelýänliginiň we işiň ýagdaýlary bilen arabaglanyşygynyň ýoklugynyň netijesi bolup biler.

3. Kazyýet namasynda beýan edilen netijeleriň işiň hakyky ýagdaýlaryna laýyk gelmezligi.

Bu ýerde kazyýet özi tarapyndan anyklanan hakyky ýagdaýlardan taraplaryň hukuklary hem borçlary barada nädogry netije çykarýar. Hatda kazyýetiň işde inkär edip bolmajak subutnamalaryň bardygyna garamazdan, anyklanan ýagdaýlary onuň anyklanmadyk diýip bilmegi mümkin.

4. Maddy-hukuk kadalarynyň ýa-da iş ýörediş hukuk kadalarynyň bozulmagy ýa nädogry ulanylmagy.

Iş ýörediş hukuk kadalarynyň bozulmagy ýa-da nädogry ulanylmagy, eger-de olar nädogry kazyýet namasynyň kabul edilmegine getiren ýa-da getirmegi mümkin bolan şertleri döreden bolsa, kazyýet namasynyň ýatyrylmagy ýa-da üýtgedilmegi üçin esas bolup durýar. Şonuň üçin hem TAIÝK-da edil TRIÝK-daky ýaly, iş ýörediş kadalary bozulanda çözgüdiň hökmany ýagdaýda ýatyrylmaly halatlaryny görkezmek zerurdyr[560].

---

[559] Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000, Mad.129.

[560] Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 1964. Mad.310.

Maddy hukuk kadalarynyň nädogry ulanylmagyndan ýa-da bozulmagyndan gelip çykýan ýalňyşlyklar (netijeler) nägilelik kazyýeti tarapyndan düzedilýär.

Raýat iş ýöredişinde, eger-de maddy-hukuk kadasynyň bozulmagy bir wagtyň özünde çözgüdiň esassyz bolmagyna (hakyky ýagdaýlaryň doly anyklanmazlygyna, olaryň doly subut edilmezligine, kazyýetiň netijeleriniň işiň ýagdaýlaryna gabat gelmezligine) getiren bolsa, çözgüt ýatyrylýar we iş täzeden garamak üçin birinji basgançakly kazyýete ugradylýar. Haçan-da işiň hakyky ýagdaýlarynyň düzümi dogry kesgitlenen bolsa, maddy-hukuk kadalaryny ulanmakdaky ýalňyşlyklary nägilelik kazyýeti düzedýär[561].

TAIÝK-da kanunda göz öňünde tutulan halatlarda (mysal üçin, talap arzany kabul etmekden ýüz döndermek) we kazyýetiň kesgitnamasy işiň mundan beýläk hereket etmegine päsgelçilik döredýän halatynda (mysal üçin, talap arzany yzyna gaýtarmak) ol babatda şikaýat (teklipnama) getirip bolýandygy berkidilýär[562].

Ýöne nägilelik kazyýet önümçiligini düzgünleşdirýän TAIÝK-da birinji basgançakly kazyýetiň kesgitnamasy barada şikaýata (teklipnama) garamagyň tertibi bellenilmeýär we nägilelik kazyýetiniň hususy şikaýatlara (teklipnamalara) garamagy bilen baglylykdaky ygtyýarlyklary hem kesgitlenilmeýär[563]. Bu gatnaşyklar hökmany halatda düzgünleşdirilmäge, ýagny kanunda berkidilmäge degişlidir[564]. Başgaça bolanda fiziki we ýuridik şahslaryň döwlet tarapyndan kazyýet goragyny üpjün etmek mümkin däl, sebäbi durmuşda kesgitnamalaryň üsti bilen çözülýän meseleler juda kän.

---

[561] Şol ýerde, mad.308, böl.4.

[562] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad.118.

[563] Şol ýerde, bap 19.

[564] Birinji basgançakly kazyýetiň kesgitnamalaryna bildirilen şikaýata (teklipnama) garamagyň tertibi GDA döwletleriniň arbitraž (hojalyk) iş ýörediş kodekslerinde berkidilendir. Seret: ÖR-iň HIÝK-sy (mad.172); Täj.R-iň YKÖK-sy (mad.251), şeýle hem GDA döwletleriniň ählisiniň ykdysady jedelleriň seljerilmegini düzgünleşdirýän raýat iş ýörediş kodekslerinde.

# VII BAP. KANUNY GÜÝJÜNE GIREN KAZYÝET NAMALARYNA GÖZEGÇILIK TERTIBINDE HEM-DE TÄZE ÝÜZE ÇYKAN ÝAGDAÝLAR BOÝUNÇA TÄZEDEN GARAMAK

## 7.1. Kanuny güýjüne giren kazyýet namalaryna gözegçilik tertibinde täzeden garamaga düşünje we onuň ähmiýeti

Tejribeden belli bolşuna görä, kazyýet ýalňyşlyklarynyň hemmesi nägilelik tertibinde düzedilmeýär. Gözegçilik kazyýetiň wezipesi diňe bir aşakda durýan kazyýetleriň ýalňyşlyklaryny ýüze çykarmak we düzetmek bolman, eýsem maddy hem iş ýörediş kadalarynyň bolmalysy ýaly düşünilmegini we ulanylmagyny gazanmak bilen kazyýet iş ýöredişini dogry ýola gönükdirmekden ybaratdyr. Gözegçilik kazyýeti Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň berýän hökmany görkezmeleriniň üsti bilen kazyýet iş ýöredişini talaba laýyk sünnäleýär, onda döreýän näsazlyklaryň hem-de gapma-garşylyklaryň aradan aýrylmagyny üpjün edýär[565]. Bu görkezmeleriň ähli hukuk goraýjy edaralary, şeýle-de düşündiriş berlen kanuny ulanýan beýleki edaralar we wezipeli adamlar tarapyndan üýtgewsiz ulanylmagy hökmandyr[566].

Alymlar tarapyndan gözegçilik önümçiligine iňňän aýratyn halatlarda döreýän iş ýörediş tapgyry hökmünde garalýar. Olaryň şeýle netijä gelmeklerine şu ýagdaýlar esas berýär[567]:

gözegçilik önümçiligini işe gatnaşýan taraplar öz başlangyçlary bilen gozgap bilmeýärler[568]. Gözegçilik tertibinde iş taraplaryň we

---

[565] Курс советского гражданского процессуального права. Т.2. Судопроизводство по гражданским делам. М.:Изд-во «Наука». 1981.S. 267-270.

[566] Türkmenistanyň "Kazyýet hakynda" kanuny. Aşgabat, 15.08.09. №49-IV. Mad. 41.

[567] Курс советского гражданского процессуального права. Т.2. Судопроизводство по гражданским делам. М.:Изд-во «Наука». 1981. S. 270.

[568] GDA döwletleriniň ählisiniň kazyýet tejribesinde gözegçilik önümçiligini gozgamak hukugy işe gatnaşýan taraplara, özleri babatda kazyýet namasy çykarylan işe gatnaşmadyk taraplara-da berilýär. Seret: RF-iň AIÝK-sy (mad.292).; U-iň HIÝK-sy (mad.107).; BR-iň HIÝK-sy (mad.303).; Täj.R-iň YKÖK-sy (mad.252), şeýle hem GDA döwletleriniň ählisiniň ykdysady jedelleriň seljerilmegini düzgünleşdirýän

üçünji taraplaryň erkine hem islegine garamazdan, kazyýetiň ýa-da prokuraturanyň degişli wezipeli adamlary tarapyndan gozgalýar;

gözegçilik tertibinde diňe kazyýetiň kanuny güýjüne giren namalaryna garşylyknama getirip bolýar;

nägilelik önümçiligini gozgamak çözgüt çykandan soňra on gün möhletde mümkin. Gözegçilik tertibinde işi gozgamak möhlet bilen çäklendirilmeýär. Öň bellenip geçilişi ýaly, kazyýet namalarynyň ygtybarlygyny üpjün etmek maksady bilen, garşylyknama bildirmegi hökman möhlet bilen çäklendirmeli. Mysal üçin, RF-iň AIÝK-sy gözegçilik tertibinde iş gozgamaga şol iş boýunça kabul edilen jedelli hasaplanýan iň soňky kazyýet namasy kanuny güýjüne girenden soňra üç aý möhlet geçmänkä rugsat berýär. Eger-de möhlet esasly sebäplere görä geçirilen bolsa, kodeks ony dikeltmek mümkinçiligini-de göz öňünde tutýar[569];

gözegçilik önümçiligi bellenen tertipde birnäçe gezek gozgalyp bilner. Nägilelik tertibinde iş diňe bir sapar gozgalýar we garalýar[570].

### Garşylyknama[571] getirmäge hukukly subýektler

Işe gatnaşýan taraplar gözegçilik önümçiligini gozgap bilmeýärler diýip ýokarda agzalyp geçildi. Olar diňe garşylyknama getirmek barada arza bilen degişli wezipeli adamlara ýüz tutmaga ygtyýarlydyrlar. TAIÝK-na laýyklykda, arza iki aý möhletde garalmaga degişlidir[572]. Gözegçilik tertibinde garşylyknama getirmekden ýüz dönderilende, ol barada arza berijä esaslandyrylan jogap berilýär. Edil şuňa meňzeş

---

raýat iş ýörediş kodeksleri.

[569] Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Mad.292.

BR-iň HIÝK-synda ýokarda agzalan möhlet bir ýyl (mad.300), ÖR-iň HIÝK-synda bolsa, üç ýyl bilen çäklendirilen (192-1).

[570] Russiýa Federasiýasynda gözegçilik kazyýet önümçiliginiň düýpgöter özgerdilenligi sebäpli, onuň täze hukuk ýagdaýyndan ugur alyp, iş ýöredişiň bu tapgyryny adatdan daşary ýagdaýlarda döreýän önümçilik diýip atlandyrýarlar (Ефимов А.Е. Надзорное производство в арбитражном процессе : Автореф. дис. ... канд. юрид. наук. М., 2007. S.11-12. ).

[571] RF-iň AIÝK-synda prokuroryň täze hukuk ýagdaýyndan ugur alnyp, “garşylyknama” diýen düşünje “teklipnama” bilen çalşyryldy (mad. 293).

[572] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad.135. Böl.4.

kada Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumynyň kararyna garşylyknama getirmek babatda hem göz öňünde tutulan. Onuň bir aýratynlygy, ol hem işe gatnaşýan taraplaryň arzasyna garamagyň möhleti has çäkli, ýagny bir aýa çenli diýlip kesgitlenen[573].

Gözegçilik önümçiligini gozgamak hukugy Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň we Türkmenistanyň Baş prokuraturasynyň birinji ýolbaşçylaryna we olaryň orunbasarlaryna berilýär. Munuň özi kanuny güýjüne giren kazyýet namalary babatda ýeterlik esassyz iş gozgalmagyna ýol bermezlik üçin edilendir.

TAIÝK-na laýyklykda, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň başlygy we Türkmenistanyň Baş prokurory şu kazyýetleriň kazyýet namalaryna garşylyknama getirip bilýärler[574]:

Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetiniň, welaýat we Aşgabat şäher kazyýetleriniň;

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasynyň;

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumynyň;

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň.

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň başlygynyň we Türkmenistanyň Baş prokurorynyň orunbasarlary Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumynyň we Giňişleýin mejlisiniň namalaryndan başga ähli kazyýetleriň namalaryna gözegçilik tertibinde garşylyknama getirip bilýärler.

Gözegçilik tertibinde işlere Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, onuň Prezidiumy we Giňişleýin mejlisi garaýar[575].

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň arbitraž işleri boýunça kollegiýasynda kazyýetiň kanuny güýjüne giren kazyýet namalary garalýar. Eger-de şu kollegiýada şol iş öň nägilelik tertibinde garalan bolsa, onda, biziň pikirimizçe, oňa gözegçilik tertibinde Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumy garamaly.

---

[573] Şol ýerde, mad.145. Böl.2.
[574] Şol ýerde, mad.132.
[575] Şol ýerde, mad.131.

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumynda şol kazyýetiň arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasynyň namalary, Giňişleýin mejlisinde bolsa onuň Prezidiumynyň hem-de Giňişleýin mejlisiň öz kazyýet namalary gözegçilik tertibinde garalýar.

Gözegçilik önümçiliginde gözegçilik kazyýetleriniň haýsy işlere garamalydygyny kanunda anyk düzgünleşdirmek zerur. Şu mesele düzgünleşdirilende Türkmenistanyň "Kazyýet hakynda" we "Türkmenistanyň prokuraturasy hakynda" Türkmenistanyň kanunlarynyň degişli kadalary hem göz öňünde tutulmaly.

Kazyýet namalarynyň bikanunlygy hem esassyzlygy barada maglumatlary birnäçe çeşmelerden alyp bolýar:

bähbidi bar şahslaryň arzalaryndan;

edaralaryň, kärhanalaryň we guramalaryň haýyşnamalaryndan;

köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň habarlaryndan we ş.m.

Kanun boýunça kazyýetiň we prokuraturanyň degişli wezipeli adamlary işleri olar babatda gözegçilik tertibinde garşylyknama getirmäge esas bardygyny anyklamak üçin kazyýetden talap edip alyp bilýärler[576]. Dogry, bu maddada prokuror bilen bagly bir çäklendirme bellenilýär, ýagny prokuror işleri diňe kanunda görkezilen halatlarda talap edip alyp bilýär. Ýöne, TAIÝK-da ýa-da beýleki kanunlarda prokuroryň bu ygtyýarlygynyň ýüze çykmalary berkidilmeýär. Prokuror hökmany suratda kazyýetden işleri talap edip almaga hem-de kazyýet namalarynyň bikanunlygy we esassyzlygy anyklananda olar babatda gözegçilik tertibinde garşylyknama getirmäge ygtyýarly edilmeli. "Türkmenistanyň prokuraturasy hakynda" Türkmenistanyň kanunynda kazyýet mejlisine gatnaşýan prokuroryň ygtyýarlyklary Türkmenistanyň iş ýörediş kanunçylygynda kesgitlenilýär diýlip görkezilen[577]. Diýmek, agzalýan mesele TAIÝK-da düzgünleşdirilmäge degişli bolup durýar.

Kazyýetiň we prokuraturanyň degişli wezipeli adamlary işi öwrenmek üçin kazyýetden talap edip alan halatlarynda, gözegçilik tertibinde iş boýunça önümçilik tamamlanýança kazyýet namasynyň

---

576 Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad.134.

577 "Türkmenistanyň prokuraturasy hakynda" Türkmenistanyň kanuny. Aşgabat, 2009. Mad.43, böl.2.

ýerine ýetirilmegini togtadyp bilýärler (kanunda – eger-de ol entek ýerine ýetirilmedik bolsa diýip bellemeli). Şeýle-de bolsa näme üçindir, kanun çykaryjy bu ýagdaýy diňe kazyýetiň wezipeli adamlary bilen baglaýar[578]. Bu hukuk prokurora-da berilmelidir.

TAIÝK-da näme üçindir prokuraturanyň wezipeli adamlary işi kazyýetden diňe kanunda bellenen halatlarda alyp bilýär diýip görkezilen, ýöne kanunda ol barada hiç ýerde agzalmaýar. Bu çäklendirmäni kanundan aýyrmak gerek, sebäbi prokuroryň bikanun we esassyz kazyýet namalaryna garşylyknama getirmek hukugy kodeksde berkidilýär[579].

TAIÝK-na laýyklykda, garşylyknama getirmäge esas bolan halatlarda kazyýetiň we prokuraturanyň degişli wezipeli adamlary garşylyknama getirýärler hem-de ony iş bilen bilelikde kazyýetiň degişli basgançagyna geçirýärler[580].

Prokuror tarapyndan seljerilen ykdysady "iş boýunça garşylyknama getirmek üçin esas bolmadyk halatynda delillendirilen netijenama düzülmeli, kabul edilen çözgüdiň delillerini beýan edip, onuň netijeleri barada arzaça habar berilmeli[581]".

Gözegçilik önümçiliginde kazyýet mejlisi başlanýança garşylyknamany getiren wezipeli adam ony yzyna talap edip alyp bilýär. Bu barada işe gatnaşýan taraplar habarly edilýär. Işe garamaga girişilenden soňra garşylyknama yzyna talap edilmäge degişli däl, şonuň ýaly-da ol üýtgedilip-de bilinmeýär[582].

Şu babyň birinji bölümini jemlemek bilen, gözegçilik önümçiliginde iş gozgamaklygyň TAIÝK-da ýeterlik derejede düzgünleşdirilmändigini bellemek bolar. Iş ýörediş hereketleri agzalyp geçilýär, ýöne näme üçindir, olar doly aýdyňlaşdyrylmaýar. Mysal üçin, işi talap edip almak, kazyýet namasyny ýerine ýetirmekligi togtatmak. Aýdalyň,

578 Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad.133, 146.

579 Şol ýerde, mad.134.

580 Şol ýerde, mad.135, böl.1.

581 "Raýat we araçy jedeller baradaky kazyýetiň çözgütleriniň kanunylygyna prokuror gözegçiligi hakynda" Türkmenistanyň Baş prokurorynyň 2001-nji ýylyň 30-njy iýunynda çykaran 11-nji belgili buýrugynyň 8-nji bendi. Türkmenistanyň Baş prokurorynyň Buýruklarynyň we görkezmeleriniň ýygyndysy. 2-nji goýberiş. Aşgabat, 2005. S.193.

582 Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad.137.

haýsy esaslar boýunça kazyýet namasyny ýerine ýetirmekligi togtadyp bolýar, mesele nähili tertipde çözülýär we resmileşdirilýär, haçan bu hereket ýatyrylyp bilner we ony nädip resmileşdirmeli?

Ýokarda işe gatnaşýan taraplaryň gözegçilik tertibinde garşylyknama getirmek barada arza berip bilýändikleri bellenip geçildi. Ýöne kanunda bu arza bilen ýüz tutmagyň tertibi, onuň mazmuny, arzany kabul etmegiň möhleti, ony kabul etmekden ýüz döndermekligiň esaslary we resmileşdirilişi, şeýle hem beýleki zerur iş ýörediş hereketleri barada hiç hili kada ýok. Gözegçilik garşylyknamasy babatda hem edil şuňa meňzeş meseleler düzgünleşdirilmegini talap edýär.

Mysal üçin, RF-iň AIÝK-synda şu meseleleriň hemmesi anyk berkidilýär[583]. Şu oňyn tejribäniň TAIÝK-da ýerlikli ulanylmagy, işde bähbidi bar taraplaryň hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň kazyýet goraglylygyny has-da doly we hemmetaraplaýyn üpjün eder diýip hasaplaýarys.

### 7.2. Gözegçilik kazyýetinde işe täzeden garamak

Gözegçilik kazyýetinde hem işe täzeden garamagyň tertibi ýeterlik derejede doly düzgünleşdirilmeýär. Muňa garamazdan kanunyň logikasyny yzarlap, gözegçilik önümçiligini alyp barmak bilen bagly pikirlerimizi beýan etmäge synanyşalyň.

Düşnükli sebäplere görä, kazyýet önümçiliginiň ýörelgeleri bu ýerde has-da çäkli görnüşde ýüze çykýar.

Kanuna laýyklykda gözegçilik önümçiliginde kazyýet kollegiýasyny düzýär:

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasynda – üç kazy;

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumynda – onuň agzalarynyň ýarysyndan köpüsi;

---

[583] Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Mad.292-299.

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisinde – onuň agzalarynyň üçden iki bölegi[584].

Gözegçilik tertibinde işe onuň degişli kazyýete gelip gowşan gününden bir aýyň dowamynda garalýar[585]. TRIÝK-nyň[586] we RF-iň AIÝK-synyň[587] kadalaryna laýyklykda, her gözegçilik kazyýeti babatda aýratyn möhletler kesgitlenen.

Gözegçilik tertibindäki garşylyknamanyň nusgasy işe gatnaşýan taraplara ugradylýar[588].

Kanunda gözegçilik garşylyknamasyny ugratmak bilen işe gatnaşýan taraplardan näme islenýändigini, ýagny haýsy hereketleri olaryň amala aşyrmalydygyny düzgünleşdirýän kada ýok. Bu resminamanyň işe gatnaşýan taraplara ugradylmagynyň düýp maksady, olaryň garşylyknama garaýşyny, ony goldaýandyklaryny ýa-da goldamaýandyklaryny anyklamak hem-de olaryň delillerini öwrenmek bolup durýar.

TRIÝK-na laýyklykda, işe gatnaşýan taraplar şular ýaly ýagdaýda garşylyknama boýunça özleriniň ýazmaça düşündirişlerini we goşmaça maglumatlaryny bildirmäge ygtyýarly edilen[589]. Oňyn tejribe hökmünde belläp geçmeli, RF-iň AIÝK-synda gözegçilik garşylyknamasyna işe gatnaşýan taraplaryň ýazmaça seslenme bildirmek hukugy göz öňünde tutulýar[590]. Seslenme düşündirişe garanyňda has ygtybarly resmileşdirilen hereket bolup durýar we onuň mazmuny kanunda doly açylyp görkezilýär.

Nägilelik kazyýet önümçiliginde işe gatnaşýan taraplar hökmany ýagdaýda kazyýet mejlisiniň geçiriljek ýeri we wagty barada deslapdan habarly edilýär. Gözegçilik tertibinde bu talap diňe zerur halat-

---

584 Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad.138, 147.
585 Şol ýerde, mad.138, böl.3.
586 Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 1964. Mad.332.
587 Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Mad.299, 303.
588 Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad.136.
589 Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 1964. Mad.329.
590 Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Mad.297.

larda, özi-de diňe kazyýetiň başlangyjy bilen amala aşyrylýar[591]. Işe gatnaşýan tarap işe gatnaşdyrylýan bolsa, onda ol iş boýunça dilden düşündiriş bermäge ygtyýarlydyr. Ýöne onuň kazyýet mejlisine gelmedik ýagdaýynda işi onsuz dowam etdirmek mümkinçiligi kanunda düzgünleşdirilmeýär. TRIÝK-na laýyklykda, işe gatnaşýan taraplaryň kazyýetiň mejlisine gelmezlikleri işiň garalmagyna päsgelçilik döretmeýär[592].

Arbitraž iş ýöredişiniň beýleki tapgyrlaryndan tapawutlylykda, gözegçilik kazyýetine prokuroryň gatnaşmagy hökmanydyr [593]. Munuň üçin iş boýunça kimiň garşylyknama getireniniň, ýagny kazyýetiň ýa-da prokuraturanyň wezipeli adamsynyň kazyýete ýüz tutanlygynyň ähmiýeti ýokdyr.

Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, üç sany gözegçilik kazyýeti bar. Ol kazyýetlere haýsy prokuror gatnaşmaly diýen sorag döreýär. Biziň pikirimizçe, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisine Türkmenistanyň Baş prokurory, onuň Prezidiumyna – Türkmenistanyň Baş prokurory ýa-da onuň orunbasary, arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasyna – Türkmenistanyň Baş prokurory tarapyndan ygtyýarly edilen prokuror gatnaşmaly. Gozgalan mesele, takmynan, şu tertipde TRIÝK-da hem düzgünleşdirilýär[594].

Kazyýet namasynyň kanunylygyny hem esaslylygyny barlamak iş boýunça dokladdan başlanýar. Doklady şol iş boýunça öň geçirilen kazyýet seljermelerine gatnaşmadyk kazy edýär. Haçan-da işe Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumynda ýa-da Giňişleýin mejlisinde garalanda doklad etmeklik olaryň agzalaryna tabşyrylýar[595]. Ýöne kanunda Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasynda gözegçilik tertibinde garşylyknama garalanda kimiň doklad etmelidigi görkezilmeýär. Megerem, bu wezipe

---

[591] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad.136.
[592] Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 1964. Mad.332.
[593] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad.138. Böl.4.
[594] Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 1964. Mad.332.
[595] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad.138. Böl.7, Mad.147. Böl.2.

şol kazyýet mejlisine başlyklyk edijiniň üstüne ýa-da onuň düzümine girýän agzalarynyň biriniň üstüne ýüklenilmelidir.

Dokladda işiň ýagdaýlary, kazyýet namalarynyň mazmuny, garşylyknamanyň mazmuny we delilleri, iş boýunça doklad edýäniň garaýşy beýan edilýär. Dokladça soraglar berlip bilner.

Iş ýöredişe işe gatnaşýan taraplar çagyrylan bolsa olaryň düşündirişleri diňlenilýär. Soňra prokuror öz garşylyknamasyny goldap çykyş edýär ýa-da kazyýet namasynyň kanunylygy we esaslylygy babatda pikirini beýan edýär, eger-de garşylyknama kazyýetiň wezipeli adamsy tarapyndan getirilen bolsa.

Şu ýerde bir meselä aýratyn üns bermeli. Günbataryň kazyýet ulgamyndan tapawutlylykda Türkmenistanyň ähli nägilelik we gözegçilik kazyýetleri kazyýet namasynyň kanunylygyny we esaslylygyny barlanlarynda nägilelik şikaýatynyň, teklipnamanyň, garşylyknamanyň delillerini seljermek bilen çäklenmän, ony dolulugyna barlaýarlar, özi-de diňe bir şikaýat bildiren babatda däl-de, işde bähbidi bar ähli taraplar bilen baglylykda netije çykarýarlar[596].

Çözgütde anyklanýan hukuk ýagdaýlary we olaryň esasynda taraplaryň hukuklary hem-de borçlary babatda gelinýän netijeler biri-biri bilen aýrylmaz baglydyr. Şoňa görä-de, çözgüdiň bir bölegi üýtgän halatynda, bu ýagdaý hökmany suratda onuň beýleki böleklerine hem täsir edýär. Çözgüdiň bir böleginiň kanuny we esasly bolmagyny üpjün edip, onuň beýleki bölekleriniň bu talaplary kanagatlandyrmagy hökman däl diýip aýdyp bolmaýar. Şol sebäpli-de çözgüdi dolulygyna we oňa hiç hili närazylyk bildirmeýän şahslar bilen hem bagly barlamak zerurlygy ýüze çykýar[597].

---

[596] Şol ýerde, mad.128, 138, 147.

[597] Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň kararynda raýat işleri bilen bagly: “Işe gözegçilik tertibinde garaýan kazyýet Türkmenistanyň RIÝK-nyň 331-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, garşylyknamanyň delillerine bagly däldir we işi doly möçberde barlamaga borçludyr. Çözgüdiň, kesgitnamanyň we kararyň kanunylygy we esaslylygy işde bar bolan we goşmaça getirilip berlen maglumatlar esasynda garşylyknama getirilen bölegi, şeýle-de garşylyknama getirilmedik bölegi boýunça-da, şonuň ýaly-da garşylyknamada görkezilmedik adamlar barasynda hem barlanylýar” diýip dogry bellenilýär - “Raýat işlerine kazyýet

Gözegçilik kazyýetiniň netijeleriniň resmileşdirilişi TAIÝK-nyň degişli maddalary bilen düzgünleşdirilýär[598].

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasy işi gözegçilik tertibinde barlap, kesgitnama çykarýar, onuň Prezidiumy we Giňişleýin mejlisi bolsa – karar.

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasynyň kesgitnamasyna kollegiýanyň mejlisine gatnaşan kazylar gol çekýärler we ol gol çekilen pursadyndan kanuny güýjüne girýär.

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumynyň we Giňişleýin mejlisiniň karary oňa gatnaşan agzalarynyň köplüginiň sesi bilen kabul edilýär. Prezidiumyň kararyna kazyýetiň mejlisine başlyklyk eden gol çekýär. Giňişleýin mejlisiň kararyna Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň başlygy we Giňişleýin mejlisiň kätibi gol çekýär. Bu resminamalaryň ikisi-de gol çekilen pursadyndan güýje girýär.

Gözegçilik kazyýetiniň kazyýet namalary kabul edilende çözgüt çykarmagyň umumy kadalaryndan ugur alynýar (hiç bir kazy ses bermekden saklanmaly däl, başlyklyk ediji soňky bolup ses bermeli, kazynyň aýratyn pikirde bolmaga hukugy bar we ş.m.).

Gözegçilik kazyýetiniň ygtyýarlyklary TAIÝK-nyň degişli maddalarynda berkidilýär[599]. Bu maddalaryň ilkinjisinde Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasynyň hem onuň Prezidiumynyň, soňkusynda bolsa – Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň ygtyýarlyklary sanalýar. Kanunda dürli aýdylýan-da bolsa, olaryň ygtyýarlyklary manymazmun taýdan deňdir. Şoňa görä-de, biz olaryň ygtyýarlyklaryny umumylaşdyryp bir ýerde berýäris.

Gözegçilik kazyýetleriniň şulara ygtyýarlyklary bar:

kazyýet namasyny üýtgetmän galdyrmak, garşylyknamany bolsa kanagatlandyrmazlyk;

---

gözegçiligi tertibinde garamagyň iş ýörelgeleri hakynda" Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň 1997-nji ýylyň 25-nji dekabrynda kabul eden kararynyň 10-nji bendi.. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň kararlarynyň ýygyndysy. Aşgabat, 2007, S. 151.

[598] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad.141, 150.

[599] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad.139, 148.

kazyýet namasyny üýtgetmek ýa-da ony dolulygyna ýa bölekleýin ýatyryp, täze kazyýet namasyny kabul etmek;

kazyýet namasyny üýtgetmek ýa-da ony ýatyryp, aşakda durýan kazyýetlere täzeden garamaga ýollamak;

kazyýet namasyny dolulygyna ýa-da bölekleýin ýatyryp, iş boýunça önümçiligi bes etmek ýa-da talaby dolulygyna ýa-da bölekleýin garaman galdyrmak;

iş boýunça öň kabul edilen kazyýet namalarynyň birini güýjünde galdyrmak.

Gözegçilik kazyýetleriniň 2-nji we 3-nji ygtyýarlyklaryndan görnüşi ýaly, kazyýet namasyny, şol sanda üýtgetmek mümkinçiligi berkidilýär, özi-de näme üçindir iki ýerde gaýtalanyp bellenilýär. Biziň pikirimizçe, şu ygtyýarlyk özbaşdak bölümde düzgünleşdirilmeli. Onsoňam ygtyýarlyklaryň iki aýratyn maddada berkidilmeginiň zerurlygy ýok diýip hasaplaýarys.

Gözegçilik kazyýetleri tarapyndan kazyýet namasyny üýtgetmek ýa-da ýatyrmak üçin esaslar TAIÝK-nyň degişli maddalarynda berkidilýär[600]. Bu maddalarda aýry-aýry gözegçilik kazyýetleri üçin şol bir esaslar bellenen. Edil gözegçilik kazyýetleriniň ygtyýarlyklary bilen bagly ýagdaý şu ýerde hem gaýtalanýar. Gozgalýan meseleleriň ikisinde-de hukugyň salgylanma kadasyny ulanmak maksadalaýykdyr.

Kodeksiň ýokarda agzalan maddalaryna laýyklykda, kazyýet namasyny üýtgetmek ýa-da ýatyrmak üçin onuň bikanunlygy ýa-da (kanunda – “we (ýa-da)” diýilse dogry bolardy) esassyzlygy esas bolup durýar. Ýöne düýpli bolmadyk iş ýörediş kemçilikleri üçin kazyýet namasy ýatyrylyp bilinmez.

Haçan iş ýörediş kemçilikleri düýpli hasaplanýar? Bu soragyň jogabyny TAIÝK-nyň degişli maddasyndan tapmak bolýar[601]. Iş ýörediş hukuk kadalarynyň bozulmagy ýa-da nädogry ulanylmagy nädogry kazyýet namasynyň çykarylmagyna getiren bolsa ýa-da ge-

[600] Şol ýerde, mad.140, 149.
[601] Şol ýerde, mad.129, böl.2.

tirip biljek bolsa, onda bu hereketler kazyýet namasyny üýtgetmek ýa-da ýatyrmak üçin esas bolup durýar.

Gözegçilik kazyýetiniň görkezmeleriniň hökmanylygy meselesi-de iki aýratyn maddada şol bir mazmun bilen berkidilýär[602]. Kanun çykaryjylyk tejribesiniň tehnologiýasyndan ugur alynsa, onda bu çemeleşmäni dogry diýip hasap edip bolmaz.

Gözegçilik kazyýetleriniň görkezmeleri işe täzeden garaýan kazyýet üçin hökmandyr (subutnamalary toplamak, işe degişli taraplary çekmek, çözgüdiň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek we ş.m.). Elbetde, gözegçilik kazyýetiniň ähli görkezmeleri aşakda durýan kazyýetler üçin hökman däldir.

Gözegçilik kazyýetiniň şulara haky ýok[603]:

gözegçilik kazyýeti işi seljeren kazyýet tarapyndan anyklanmadyk ýa-da inkär edilen ýagdaýlary anyklamaga ýa-da olary subut edilen diýip hasaplamaga;

subutnamalaryň hakykylygy ýa-da hakyky däldigi barada netije çykarmaga;

subutnamanyň başga bir subutnamadan artykmaçlygyny kesgitlemäge;

maddy hukugyň haýsy kadasynyň ulanylmalydygy barada görkezme bermäge;

işe täzeden garalanda nähili kazyýet namasynyň çykarylmalydygyny kesgitlemäge.

TAIÝK-na laýyklykda, gözegçilik tertibinde diňe bir kazyýetiň çözgütlerine däl-de, onuň kesgitnamalaryna-da aýratynlykda garamak mümkinçiligi berkidilýär, haçan-da kanunda olar babatda nägilelik tertibinde şikaýat (teklipnama) bildirmek göz öňünde tutulan bolsa ýa-da olar iş ýöredişiň kadaly dowam etdirilmegine päsgelçilik döredýän bolsa[604]. Bu meselä kazyýetiň çözgütlerine getirilen garşylyknamalara garamak üçin bellenen tertipde garalýar.

[602] Şol ýerde, mad.142, 151.
[603] Şol ýerde, mad.142, böl.2.
[604] Şol ýerde, mad.152.

## 7.2.1. Kanuny güýjüne giren kazyýet namalaryna täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça täzeden garamak

Täze ýüze çykan ýagdaýlar – bu täze dörän ýagdaýlar däl-de, aslynda bolup, ýöne kazyýete we işe gatnaşýan taraplara iş seljerilen döwürde mälim bolmadyk ýagdaýlardyr. Soňra olaryň ýüze çykarylmagy kazyýet namalaryna täzeden garamak önümçiliginiň döremegine getirýär[605]. Şonuň üçin hem bu önümçilik iş ýöredişiň hökmany däl tapgyry bolup durýar[606].

TAIÝK-na laýyklykda kazyýetiň kanuny güýjüne giren namalaryna täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça täzeden garamaga şular esas bolup biler[607]:

öň mälim bolmadyk we mälim bolup hem bilmejek iş üçin düýpli ähmiýeti bolan ýagdaýlar ýüze çykarylsa;

bikanun ýa-da esaslandyrylmadyk kazyýet namasynyň kabul edilmegine getiren bilermeniň bilkastdan galp netijenama berendigi, terjimeçiniň bilkastdan nädogry terjime edendigi, resminamalaryň ýa-da maddy subutnamalaryň galplaşdyrylandygy kazyýetiň kanuny güýjüne giren hökümi bilen anyklansa;

şol işe garalan döwürde arbitraž iş ýöredişine gatnaşyjylaryň (kanunda – "işe gatnaşýan taraplaryň" diýilmegi dogry) ýa-da olaryň wekilleriniň jenaýatçylykly hereketleri edendikleri ýa bolmasa kazylaryň jenaýatçylykly etmişleri edendikleri kazyýetiň kanuny güýjüne giren hökümi bilen anyklansa;

kazyýet namasynyň kabul edilmegine esas bolan kazyýet çözgüdiniň, höküminiň[608] ýa-da başga bir edaranyň kararynyň ýatyrylmagy;

kazyýet namasynyň çykarylmagyna esas bolan kadalaşdyryjy hukuk namanyň ýatyrylmagy, eger-de täze kabul edilen kadalaşdyryjy

[605] Ефимова В.В. Арбитражное процессуальное право. Учебное пособие. Саратов. 2009. S.214.; Арбитражный процесс. Под ред. В.В.Яркова. Учебник.- 4-е изд., перераб. и доп. М.:Инфотропик Медиа, 2010. S.454-455.

[606] Комментарий к Арбитражному процессуальному кодексу Российской Федерации (постатейный), 2-е издание, перераб. и допол. /Под ред. П.В. Крашенинникова. М., 2009. (Комментарий к ст.309).

[607] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad.153.

[608] Kanunda – "kazyýet namasynyň" diýilse dogry bolardy. Bu düşünje görkezilenlerden başga öz içine kazyýet kesgitnamalaryny hem kararlaryny-da alýar.

hukuk nama işiň ýagdaýlaryna düýpli täsir edýän bolsa, özi-de oňa yzyna täsir ediş güýji berlen bolsa.

TAIÝK-da kanuny güýjüne giren kazyýet namasyna täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça täzeden garamak barada arza bermegiň tertibi we möhleti kesgitlenilýär[609].

Täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça kazyýet namasyna täzeden garamak prokuroryň we işe gatnaşýan taraplaryň arzasy boýunça şol ýagdaýlaryň belli bolan ýa-da belli bolmaly pursadyndan bir aýdan gijä goýman bildirilip bilinýär. Kesgitlenen möhlet esasly sebäplere görä goýberilen bolsa, onda ol dikeldilip bilner.

Şu mesele bilen kazyýete ýüz tutýan oňa barmazyndan öň arzanyň we onuň ýanyna goşulýan resminamalaryň nusgalaryny işe gatnaşýan taraplara ibermeli. Kazyýete bolsa bu talabyň ýerine ýetirilenligini subut edýän subutnamalar bildirilmeli. Ýogsam kazyýet arzany kabul etmeýär. Kazyýetiň arzany kabul etmezlik baradaky kesgitnamasyna şikaýat (teklipnama) bildirip bolýar.

Biziň pikirimizçe, kanunda ýokarda agzalýan arzanyň mazmuny, esasan-da haýsy ýagdaýlary täze ýüze çykan diýip hasaplamaly, ony subut edýän resminamalar we arza bilen ýüz tutanyň şunuň bilen bagly talaby görkezilse iş ýöredişiň talaba laýyk guralmagyna oňaýly täsir ederdi. Onsoňam arzany kim we nähili tertipde kabul etmeli hem-de ony nähili görnüşde resmileşdirmeli diýen soraglar hem düzgünleşdirilmegini talap edýär.

Kazyýetiň kanuny güýjüne giren kazyýet namasyna täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça täzeden garamak baradaky arza TAIÝK-nyň degişli maddasyna laýyklykda garalýar[610].

Kazyýet namasyna täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça haýsy kazyýetler täzeden garamaly diýen soragyň wajyp tejribe ähmiýeti bar. Jedelli meselä kazyýet namasyny çykaran kazyýet garaýar. Diýmek, birinji basgançakly kazyýet öz çykaran çözgüdine özi garaýar. Edil şu tertipde mesele nägilelik kazyýeti babatda çözülýär. Gözegçilik kazyýetleri birnäçe bolandygy sebäpli täzeden garamak kazyýet namasyny üýtgeden ýa-da täzesini kabul eden kazyýetde amala aşyrylýar[611].

[609] Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad.154.

[610] Şol ýerde, mad.155.

[611] Отческая Т.И., Власов А.А., Шилов А.В., Сметанников А.Е. Арбитражный

Täzeden garamak baradaky arza işe gatnaşýan taraplary deslapdan mejlisiň geçiriljek ýeri we wagty barada habarly etmek bilen kazyýetde garalýar. Ýöne olaryň gelmezlikleri meseläniň garalmagyna päsgelçilik döretmeýär. Arza kazyýete gelip gowşan gününden bir aýyň dowamynda garalmaga degişlidir.

TAIÝK-na laýyklykda, täzeden garamaklygy amala aşyrýan kazyýet arzany kanagatlandyran halatynda, öň kabul edilen kazyýet namasyny ýatyrýar[612]. Şu ýagdaýda iş TAIÝK-nyň kadalaryna laýyklykda umumy esaslarda degişli kazyýetde täzeden garalýar.

Täzeden garamak barada arza kanagatlandyrylmaly däl diýlen netijä gelnende kazyýet kesgitnama çykarýar, oňa bolsa şikaýat (teklipnama) bildirilip bilner[613]. Täze ýüze çykan ýagdaýlar bilen bagly kazyýet namasyna täzeden garamagyň esasy düzgünleşdirilmeli meseleleri şulardan ybarat.

# VIII BAP. TÜRKMENISTANYŇ ARBITRAŽ KANUNÇYLYGYNY ÖZGERTMEKDE DAŞARY ÝURT TEJRIBESINDEN PEÝDALANMAK

## 8.1. Türkmenistanyň arbitraž iş ýörediş kanunçylygyny özgertmekde daşary ýurtlaryň kanun çykaryjylyk tejribesinden peýdalanmak

Söwda (täjirçilik) kazyýet gurluşynyň we önümçiliginiň taryhyndan belli bolşy ýaly, gadymy Rim döwründen şu günlere çenli has netijeli iş ýörediş görnüşleri we usullary gözlenip gelinýär[614].

процесс: Учебное пособие. Тюмень: Издательство Тюменского государственного университета. 2008. S.371.

612 Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000. Mad.156.

613 Goçyýew T.D. Arbitraž kazyýet önümçiliginde kazyýet namalaryna täzeden garamagyň wajyp meseleleri. Aşgabat // Altyn Asyryň ykdysadyýeti. 2010. №10. S. 37-40; №11. S. 32-34.

614 Арбитражный процесс. Под ред. В.В.Яркова. Учебник.-4-е изд., перераб. и доп. М.:Инфотропик Медиа, 2010. S.375.

Hakykatdan hem kazyýet iş ýöredişiniň dowamynda käbir halatlarda kanunyň talaplaryna doly laýyklykda subutnamalary derňäp işiň ýagdaýlaryny anyklamakda zerurlyk ýok diýen netije gelip çykýar ýada şol işleri geçirmegiň özi maksadalaýyk däl bolup durýar. Daşary ýurt tejribesinde şu ýagdaýlarda arbitraž we raýat kazyýet önümçilikleri has ýönekeýleşdirilen görnüşlerde guralýar. Ýewropa döwletlerinde, esasan, "Gaýybana iş ýörediş" we "Ýönekeýleşdirilen tertipde" iş ýörediş önümçilik görnüşleri duş gelýär[615].

Elbetde, her bir döwletde kazyýet önümçiligi belli bir özboluşlyklary bilen tapawutlanýar. Şu bölümde olara umumy häsiýetnama bermek bilen çäklenilýär. Esasy wezipe hem bu önümçilikleriň oňyn taraplaryny açyp görkezip, Türkmenistanyň kanunçylygynda ulanmak mümkinçiliklerini öwrenmek bolup durýar.

**Gaýybana iş ýörediş**

Kazyýet önümçiliginiň bu görnüşiniň düýp mazmuny şundan ybarat. Haçan-da bellenen tertipde iş ýöredişiň geçiriljek ýeri we wagty barada habarly edilen tarap esasly sebäpler bolmazdan kazyýet önümçiligine gelmese, onda ol öz hukuklaryny we kanuny bähbitlerini kazyýetde goramak islemeýär diýip düşünilýär. Şeýle ýagdaýda kazyýet mejlisinde subutnamalary derňäp işiň ýagdaýlaryny anyklamak mejlise gelmedik tarapyň bähbidini goramak hasap edilýär. Şonuň üçin hem kazyýet işiň ýagdaýlaryny seljermezden diýen ýaly, çözgüt çykarýar.

Dogry, kazyýete haýsy tarapyň esasly sebäpler bolmazdan gelmediginiň ähmiýeti bardyr. Adatça, tejribede ýüze çykyp biläýjek umumy çemeleşmeleri seljerip göreliň. Eger-de, iş ýöredişe ýokarda agzalan halatda talapçy gelmese, onda kazyýet iş boýunça hiç bir derňew geçirmezden talaby kanagatlandyrmazlyk barada gaýybana çözgüt çykarýar. Haçan-da kazyýet mejlisine jogapçy esassyz sebäplere görä gelmese, onda kazyýet jogapçy tarapyndan talap hakykat ýüzünde ykrar edilen hasaplanylýar. Jogapçynyň işe gatnaşmadyk

[615] Книпер Р., Деппе Д. Меморандум по разъяснению принципиальных положений проекта нового гражданско-процессуального кодекса Республики Туркменистан. Бремен, 2002. Böl. III. Bent. 5-6; Арбитражный процесс. Под ред. В.В.Яркова. Учебник.-4-е изд., перераб. и доп. М.:Инфотропик Медиа, 2010. S.613.

ýagdaýynda talapçynyň düşündirişleri talaby esaslandyrýan bolsa, onda kazyýet talaby kanagatlandyrmak barada gaýybana çözgüt çykaryp bilýär. Talapçy talabyny esaslandyryp bilmedik halatynda bolsa, kazyýet talaby ret edýär. Munuň üçin ol hereket edýän kanunçylyga laýyklykda subutnamalary derňeýär we işiň ýagdaýlaryny anyklaýar. Kazyýetiň çykarýan çözgüdi-de şu halatda gaýybana hasaplanmaýar. Bu çözgüde apellýasion tertipde şikaýat hem bildirip bolýar[616].

Türkmenistanyň kazyýet tejribesinden belli bolşuna görä, juda kän işler boýunça işe garamak taraplaryň kazyýet mejlisine gelmeýändikleri sebäpli yza çekilýär. TRIÝK-na laýyklykda esasly sebäpler bolmazdan kazyýet mejlisine gelmeýänleriň garşysyna çäreler berkidilen[617]. Ýöne tejribede bu kada ulanylmaýar diýen ýaly. Onuň-da düýp sebäbi kazyýet tarapyndan şu çäreleri ulanmak üçin, ilki kazyýete gelmedigiň esassyz sebäpler bilen bagly mejlise gelmändigini anyklamaly bolup durýar. Bu wezipäni ýerine ýetirmek bolsa, kazyýetden guramaçylyk işleriniň geçirilmegini talap edýär. Şonuň üçin hem kazylar işi başga bir güne bellänlerini aňsat görýärler.

Gaýybana işe garamak tertibiniň Türkmenistanyň arbitraž we raýat iş ýörediş kanunçylyklarynda ornaşdyrylmagy şu sebäplere görä maksadalaýykdyr:

Işler bellenen möhletlerde seljerilip çözgüt çykarylar. Işde bähbidi bar şahslar diňe bir işiň kanunalaýyk çözülmeginde däl-de, eýsem onuň wagtynda garalmagynda hem gyzyklanýarlar;

Bu kada işde bähbidi bar şahslary tertibe çagyrar, ýagny jedelleşýän taraplaryň kanuna hem-de kazyýete hormat goýmak duýgularyny güýçlendirer;

Kazyýetiň döwletiň hukuk ulgamynda tutýan ornuny has-da berkider we kazyýet edaralarynyň abraýyny artdyrar;

Netijede, şu çäreler jemgyýetde kanunylygy we hukuk döwletiniň mizemez binýatlaryny has-da berkider.

[616] GDA döwletlerinde seljerilýän tertip Gyr.R-iň RIÝK-synda raýat işleri boýunça (bap 23) we Gruz.RIÝK-synda (mad.229-242) göz öňünde tutulandyr.
[617] Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 1964. Mad.160.

## Ýönekeýleşdirilen tertipde iş ýörediş

Daşary ýurt tegribesinde häzirki döwürde hukuk ulgamynyň öňünde jedeli çözmegiň iň amatly we oňaýly ýollarynydyr usullaryny tapmak möhüm wezipe bolup durýar. Haçan jedel berk dessurlara laýyklykda seljerilmeli, haýsy ýagdaýlarda kazyýetiň garamagyna degişli işler ýönekeýleşdirilen tettipde çözülmeli, özi-de hukuk kepillikleriniň ýokary derejesini saklamak şerti bilen, şu meselede hakyky deňagramlygy üpjün etmek bilen kazyýet ulgamyny özgertmek, Belarus Respublikasynyň Ýokary Hojalyk Kazyýetiniň başlygy W.S Kamenkowyň dogry bellemegine görä, zamanamyzyň wajyp talabydyr[618].

Ykdysadyýetiň güýçli depginlerde ösýän döwletlerinde harytlaryň we hyzmatlaryň teklibi islegden kän ýokary bolýar. Dünýä tejribesinden gelip çykyşyna görä, şu şertlerde kazyýetlerde göz-görtele hiç bir jedelsiz subut bolup duran, köplenç hem pul görnüşindäki talaplaryň sany artmak bilen bolýar. Şonuň üçin hem daşary ýurtlarda şu zeýilli talaplara ýönekeýleşdirilen tertipde garamak tejribesi girizilen.

Haçan-da algydaryň pul görnüşindäki talabyna jedelsiz güwä geçýän subutnamalar bar bolsa, kazyýet mejlisini guramazdan we subutnamalary derňemezden, oňa ýerine ýetiriş resminamasyny berer ýaly etmeli. Şol sebäpli kanuna jogapçyny kazyýet mejlisine çagyrmazdan ondan bergini ýönekeýleşdirilen görnüşde almak tertibini Türkmenistanyň arbitraž we raýat iş ýörediş kanunçylyklaryna girizmeli. Elbetde, jogapçynyň bähbitlerini goraýan kadalar hem kanunçylykda göz öňünde tutulmalydyr.

Şu babatda oňyn tejribäni ýüze çykarmak üçin, RF-iň AIÝK-synyň degişli kadalaryny[619] seljerip göreliň. Kanuna laýyklykda raýat

---

[618] Каменков В.С. Цели, задачи и функции хояйственных судов Беларуси //Арбитражный и гражданский процесс. 2008. №4. S.37.

[619] Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. M., 2006. Bap.29. Ýönekeýleşdirilen tertipde iş ýörediş käbir düýpli bolmadyk aýratynlyklary bilen GDA döwletleriniň galanlarynyň hem arbitraž (hojalyk, raýat) iş ýörediş kodekslerinde duş gelýär. Seret: ÖR-iň HIÝK-sy (bap.14); BR-iň HIÝK-sy (bap.24); Gyr.R-iň RIÝK-sy (bap 24); ER-iň RIÝK-sy (bap 19); AR-iň RIÝK-sy (bap 23); Täj.R-iň YKÖK-sy (bap 26); Gruz.RIÝK-sy ( mad.292-309); Gaz.R-iň RIÝK-sy

hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan jedelsiz häsiýetli, özi-de jogapçy tarapyndan doly ykrar edilýän talap ýa-da uly möçberde bolmadyk talap ýönekeýleşdirilen tertipde garalyp bilner. Iş jogapçy garşy bolmadyk halatynda talapçynyň haýyşy boýunça ýa-da taraplaryň razylygy bilen kazyýetiň başlangyjy esasynda talap önümçiliginde kazy tarapyndan ýekelikde gysga möhletlerde garalýar. Kazyýetiň mejlisine taraplar çagyrylmaýar. Kazy diňe ýazmaça subutnamalary derňeýär. Eger-de, bergidar bildirilen talaba garşy çyksa, şeýle hem taraplaryň biri işiň ýönekeýleşdirilen iş ýörediş tertibinde seljerilmegine garşy bolsa, onda iş talap önümçiliginde umumy esaslarda garalýar.

Ýönekeýleşdirilen tertipde garalýan işler boýunça köplenç resminamalaryň ulanylýanlygy, subutnamalary bildirmekde çäklendirmeleriň barlygy, şeýle hem bu işler seljerilende ýörite Reglamentiň (tertibiň) göz öňünde tutulanlygy (kazyýet mejlisiniň taraplary çagyrmazdan geçirilmegi, teswirnamanyň düzülmeýänligi we ş.m.) sebäpli, işi kazyýet seljerişine taýýarlaýyş tapgyry bu işlere garalanda "esasy" tapgyr bolup durýar, özi-de gysga möhletlerde garalýan işleriň taýýarlanyşynyň umumy kadalaryndan tapawutlylykda birnäçe çäklendirmeler bilen amala aşyrylýar[620].

Ýokarda seljerilen tertibe meňzeş önümçilik Russiýa Federasiýasynyň raýat iş ýörediş kanunçylygynda hem berkidilen. Ol "Buýruk önümçiligi" diýlip atlandyrylýar we işe kazyýet mejlisini geçirmezden garalýar. Özi-de çözgüdiň ýerine kazy buýruk çykarýar, ol hem ýerine ýetiriş resminamasy hasaplanýar[621].

Russiýa Federasiýasynyň arbitraž we raýat kazyýet önümçiliklerine ýönekeýleşdirilen tertipde iş ýöredişiň girizilenine kän wagt geçdi (2002ý.), ýöne onuň netijeligini ýokarlandyrmak babatda düýpli ylmy seljermeler geçirilmeýär we olaryň netijeleri durmuşa islendigiçe

(bap 13); MR-iň RIÝK-sy (bap 35).

620 Кочаненко Е.В. Эффективная подготовка дела к судебному разбирательству как одно из условий достижения целей упрощенного производства в арбитражном процессе //Законодательство и экономика. 2008. №11.S. 80.

621 Гражданский процессуальный кодекс Российской Федерации (в редакции Федерального закона от 07.08.2000 №120-ФЗ) М., 2000. Mad.121.

ornaşdyrylmaýar[622]. Alymlaryň bir topary ýönekeýleşdirilen tertipde geçirilýän iş ýöredişiň hukuk düzgünleşdirmesiniň kämilleşdirilmegini, ýagny arbitraž kazyýetine we işe gatnaşýan taraplara iş ýöredişiň dowamynda giň mümkinçilikleriň berilmegini teklip edýärler[623]. Şol bir wagtda hem kazyýet önümçiligini ýönekeýleşdirmek we çaltlaşdyrmak juda oýlanyşykly amala aşyrylmaly, sebäbi onuň iş ýöredişiň dessurlaýyn tertibiniň ýok bolmagyna getirmegi mümkin diýip howatyrlanýan alymlar hem bar[624].

Ý.W. Kudrýawsiýewa Angliýanyň we Uelsiň kazyýet tejribesini seljerip, şulary belläp geçýär. Agzalan döwletlerde bahasy ýokary bolmadyk talaplar ýönekeýleşdirilen tertipde garalýar. Bu işler boýunça umumy kadalara laýyklykda garalýan işlerden tapawutlylykda subutnamalar açylyp görkezilmeýär, bilermen seljermesi bellenilmeýär we beýleki hökmany dessurlar berjaý edilmeýär. Aslynda kazyýet taraplaryň razylygyny alyp, jedeli kazyýet mejlisini geçirmezden çözüp-de bilýär. Mejlis geçiriläýen halatynda hem hökmany dessurlar ulanylmaýar. Esasy maksat jedeli adalatly seljermek we çözmek bolup durýar[625].

Şu döwre çenli RF-iň AIÝK-synda ýönekeýleşdirilen tertipde işe garamak aýry-aýry işler boýunça girizilip gelinýär. Ylmy edebiýatda kazyýet önümçiligini ýönekeýleşdirmekligi ähli garalýan işler babatda göz öňünde tutmak teklip edilýär. L.Prokudinanyň pikirine görä, iş ýöredişde kazyýetiň işjeňligi peselip, tersine işe gatnaşýan taraplaryň

[622] Борисова Е.А. Некоторые теоретико-практические проблемы реформы в области судебной защиты гражданских прав //Вестник Московского университета. 2009. №1. S.10.

[623] Seret: Решетникова И.В. К вопросу об ускорении процедуры отправления правосудия в арбитражных судах //Вестник ВАС РФ. 2004. №6. S.99.; Комарова Л.П. Достоинства и недостатки АПК РФ 2002 г. //Арбитражная практика. 2003. №5. S.37.; Женетль С.З. Упрощенное производство и некоторые сложности //Российский судья. 2005. №5. S.4.; Кочаненко Е.П. Условия рассмотрения арбитражным судом дел в порядке упрощенного производства// Адвокат. 2008. №5. S.43-46.

[624] Малюкина А.В. Концентрация процесса-основа своевременного и правильного рассмотрения гражданского дела. – М.: Городец, 2009. S.76.

[625] Кудрявцева Е.В. Гражданское судопроизводство в Англии. М., 2008. S.255-259.

işjeňligi we jogapkärçiligi artmaly, özi-de kazyýet önümçiliginiň professionallaşdyrylmagyna, ýagny Ýewropa döwletleriniň mysalynda ýokary hünärli adwokatlaryň işe çekilmegine aýratyn üns berilmeli[626].

Dogrudan hem daşary ýurtlarda işiniň ussady hasaplanýan adwokatlaryň kazyýet önümçiligine işjeň çekilmegi köp derejede adyl kazyýetigi amala aşyrmagyň hiliniň derejesini kesgitleýär diýip düşünilýär. Türkmenistanyň kazyýet ulgamyny özgertmegiň geljekki tapgyrlarynda şu mesele möhüm ähmiýete eýe bolar diýip çaklaýarys.

Ýönekeýleşdirilen tertipde işe garamagyň Türkmenistanyň arbitraž we raýat iş ýörediş kanunçylyklaryna girizilmegi şu sebäplere görä maksadalaýykdyr:

Kazyýet mejlisiniň işleriň belli bir bölegi boýunça ýönekeýleşdirilmeginiň hasabyna kazyýetlerde berk dessurlaýyn düzgünlere laýyklykda garalýan işleriň möçberi azalar. Netijede bolsa kazylarda has çylşyrymly işlere doly we hemmetaraplaýyn seljermek mümkünçiligi artar;

Kazyýetiň we işe gatnaşýan taraplaryň wagty hem-de serişdeleri tygşytlanar;

Iş ýörediş özgertmeleriniň hasabyna kazyýet goragynyň netijeliligi, ygtybarlylygy we kazyýet edaralarynyň abraýy has-da ýokary galar.

Türkmenistanyň arbitraž iş ýörediş kanunçylygyny kämilleşdirmek babatda daşary ýurt tejribesinden, esasan-da RF-iň AIÝK-syndan alara zat kän. Olaryň has derwaýyslarynyň mazmunyny gysgajyk görnüşde açyp görkezmäge synanyşalyň.

## Deslapky kazyýet mejlisi

Ykdysady işi kazyýet seljerişine taýýarlamak tapgyrynda deslapky kazyýet mejlisi diýen çäre göz öňünde tutulan[627]. Ylmy edebiýatda

---

[626] Прокудина Л. Представительство в арбитражном процессе (вопросы профессионализации) //Арбитражный и гражданский процесс. 2009. №1. S.15-18.

[627] Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Mad.136.

Deslapky kazyýet seljerişi BR-iň HIÝK-synda (mad.171-173) we Täj.R-iň YKÖK-synda (mad.135) hem käbir düýpli bolmadyk aýratynlyklar bilen göz öpünde tutulandyr.

bu çäre “deslapky kazyýet seljerişi” diýip hem atlandyrylýar[628]. Kanuna laýyklykda kazy taraplary, şeýle hem işde bähbidi bar beýleki taraplary mejlisiň geçiriljek ýeri we wagty barada habarly edýär. Ýöne olaryň mejlise gelmezlikleri deslapky mejlisiň geçirilmegine päsgelçilik döretmeýär. Kazy ýekelikde şu işleri amala aşyrýar:

taraplaryň haýyşnamalary bolsa, şolary çözýär;

bildirilen subutnamalaryň ýeterlikligini anyklaýar we ol barada taraplara habar berýär;

işiň aýratynlyklaryna baglylykda beýleki zerur hereketleri amala aşyrýar.

Deslapky mejlisde taraplar goşmaça subutnamalary bildirip we haýyşnama bilen ýüz tutup bilýärler, şeýle hem mejlisde ýüze çykýan meseleler bilen bagly öz pikirini aýtmaga haklydyrlar. Deslapky mejlisde kazy taraplaryň we işe çekilen üçünji taraplaryň pikirini hem nazara alyp, işiň kazyýet mejlisinde garalmaga taýýarlygyny çözýär. Taraplary ýaraşdyrmaga mümkinçilik bolan işler boýunça deslapky kazyýet mejlisiniň ähmiýeti has-da wajypdyr[629].

Deslapky kazyýet mejlisiniň kesgitlemesiniň, şeýle hem onuň maksatlarynyňdyr wezipeleriniň kanunda anyk berkidilmänligi sebäpli, bu çäräniň hukuk ýagdaýy bilen bagly ylmy edebiýatda dürli garaýyşlar duş gelýär[630]. Megerem-de wagtyň geçmegi bilen alymlar we tejribeli hünärmenler tarapyndan öňe sürülýän pikirler umumylaşdyrylar we onuň netijeleri hereket edýän kanunçylyga giriziler.

TAIÝK-da işi kazyýet seljerişine taýýalamak üçin birnäçe hereketler berkidilen. Ýöne olaryň ýokarda beýan edilişi ýaly, anyk

[628] Seret: Решетникова И.В. Концепция подготовки дела к судебному разбирательству //Современная доктрина гражданского, арбитражного процесса и исполнительного производства. Теория и практика: Сборник научных статей.- Краснодар; СПб.; 2004. S.301.

[629] Арбитражный процесс. Под ред. В.В.Яркова. Учебник.-4-е изд., перераб. и доп. М.:Инфотропик Медиа, 2010. S.217.

[630] Кочененко Е.П. Эффективная подготовка дела к судебному разбирательству как одно из условий достижения целей упрощенного производства в арбитражном процессе //Законодательство и экономика. 2008. №11.S. 84-86.

guramaçylyk esasy kanunda ýokdur. Agzalan kadanyň TAIÝK-da ornaşdyrylmagy şu oňyn netijelere getirip biler:

işleriň bellenen möhletlerde garalmagyna hem-de kanuny we esaslandyrylan çözgüdiň birinji kazyýet mejlisinde çykarylmagyna;

kazyýetiň we işe gatnaşýan taraplaryň wagtynyň hem-de serişdeleriniň tygşytlanmagyna;

işde bähbidi bar taraplaryň kazyýet goraglylygynyň has-da güýçlendirilmegine.

Özi-de deslapky kazyýet mejlisi her bir iş boýunça, ýagny çylşyrymly we islendik ýönekeý hasaplanýan iş boýunça hem zerurlyk ýüze çykanda geçirilmäge degişli edilmelidir. Aýdalyň, ýönekeýleşdirilen tertipde garalýan işler we batyp galmak bilen bagly işler boýunça deslapky kazyýet mejlisi geçirilmäge degişli däldir[631]. Bu çäre işi kazyýet seljerişine taýýarlaýyş tapgyrynyň jemlemesi, onuň wezipeleriniň ýerine ýetirilmegini we adyl kazyýeti amala aşyrmagyň tygşytlylygyny üpjün edýän iş ýöredişiň aýratyn möhüm meselelerini çözmegiň ýörite tertibi bolmalydyr[632]. Deslapky kazyýet mejlisi ykdysady işleri kazyýet mejlisine taýýarlaýyş tapgyryna aýratyn möhüm ähmiýet berýär.

### Deslapdan üpjün etmek çäresi

Bildiriljek talaby deslapdan üpjün etmek çäresi ýuridiki şahslaryň we hususy telekeçileriň bozulan hukuklaryny, ilkinji nobatda hem emläk hukuklaryny, goramaklygy kazyýete entek talap bildirilmezinden öňünçä üpjün etmekligi göz öňünde tutýar. Agzalan çäräni ulanmak üçin, hukugyň bozulanlygy şühbesiz bolmalydyr. Deslapdan üpjün

---

[631] Ефимова В.В. Арбитражное процессуальное право. Учебное пособие. Саратов. 2009. S.87.; Кочаненко Е.В. Эффективная подготовка дела к судебному разбирательству как одно из условий достижения целей упрощенного производства в арбитражном процессе //Законодательство и экономика. 2008. №11.S. 84.

[632] Плешанов А.Г. Воплощение основных принципов цивилистического процесса в нормах института подготовки дела к судебному разбирательству //Современная доктрина гражданского, арбитражного процесса и исполнительного производства. Теория и практика: Сборник научных статей.- Краснодар; СПб.; 2004. S.324, 331.

etmek çäresi geljekde çykaryljak kazyýet çözgüdiniň has-da netijeli ýerine ýetirilmeginiň kepili bolup durýar. Şeýle hem hukugy goralmaga degişli şahsa ýetirilen zyýanyň artmagynyň öňüni alýar, sebäbi geljekde jogapkär hökmünde işe çekiljek şahsyň jogapdan gaçmak üçin edip biljek hereketleriniň öňi alynýar. Başgaça aýdylanda, üpjün ediş çäresiniň "duýdansyz" ýagdaýda geçirilmegi, jogapçynyň ynsapsyz görnüşde goranmagyna ýer goýmaýar[633].

Deslapdan üpjün etmek çäresi taraplary çagyrmazdan kazyýete arza berlen gününiň ertesinden gijä goýman kazy tarapyndan ýekelikde çözülýär. Arza hukugy goralýan şahsyň ýerleşýän (ýaşaýan), onuň hukugynyň bozulan, pul serişdesiniň ýa-da gaýry emlägiň ýerleşýän ýerindäki kazyýete bildirilýär. Talap arza bildirilenden soň, deslapdan emläk bähbitleriniň goragyny üpjün etmek çäresi talaby üpjün etmek çäresine öwrülýär. Eger-de, deslapdan üpjün etmek çäresi ýuridik şahsa ýa-da hususy telekeçä zyýan ýetiren bolsa, onda ol şahslar ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagyny bellenen tertipde talap edip bilýärler[634].

Şu kadanyň TAIÝK-da berkidilmegi hukugy goralýan şahsyň (talapçynyň) hukuklarynyň kazyýet goragyny doly we anyk üpjün eder, özi-de ynsaply şahsyň (jogapçynyň) hem hukuklarynyň goragyny kepillendirmek şerti bilen.

## Ýaraşdyryş çäreleri

RF-iň AIÝK-synda ýaraşdyryş çärelerine ýörite bap bagyşlanýar[635]. Esasy ýaraşdyryş çäresi hökmünde taraplaryň barlyşyk ylalaşygyny baglaşmaklary görkezilýär we ol kanunda giňişleýin düzgünleşdirilýär[636]. Bu institut Ýewropa döwletlerinde hem giňden ýaýrandyr.

---

[633] Арбитражный процесс. Под ред. В.В.Яркова. Учебник.-4-е изд., перераб. и доп. М.:Инфотропик Медиа, 2010. S.158.

[634] Бахарев П.В. Арбитражный процесс: Учебно-методический комплекс.-М.:Изд.центр ЕАОИ, 2008, S.137-141.

[635] Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Bap.15.

[636] Taraplaryň barlyşyk ylalaşygyny baglaşmaklarynyň tertibi BR-iň HIÝK-synda (bap 10) we Täj.R-iň YKÖK-synda (bap 15) hem käbir düýpli bolmadyk aýratyn-

Barlyşyk ylalaşygy, umuman, ähli ykdysady işler boýunça we arbitraž iş ýöredişiň islendik tapgyrynda baglaşylyp bilner. Esasy talap hem ol başga şahslaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini bozmaly däl hem-de kanuna ters gelmeli däl. Barlyşyk ylalaşygy ýazmaça görnüşde resmileşdirilýär we oňa taraplar ýa-da olaryň ygtyýarly wekilleri tarapyndan gol çekilýär. Resminamanyň mazmunynda taraplaryň biri ýa-da hersi tarapyndan özara ylalaşylan borçnamalarynyň şertleri, olaryň möçberleri we ýerine ýetirilmeli möhletleri barada maglumatlar görkezilýär.

Barlyşyk ylalaşygynda şeýle-de kanuna ters gelmeýän şertler (jogapçynyň borçnamasyny ýerine ýetirmegini yza çekmek ýa-da bölekleýin ýerine ýetirmek, talap etmek hukugyny başga birine bermek, bergini ykrar etmek, kazyýet çykdajylaryny paýlaşmak barada we başgalar) görkezilip bilner.

Barlyşyk ylalaşygyny tassyklamak meselesi kazyýet mejlisinde, adatça, işe gatnaşýan taraplaryň gatnaşmagynda garalýar we kesgitnama çykarylýar. Kesgitnama gaýragoýulmasyz ýerine ýetirilmäge degişlidir. Barlyşyk ylalaşygyny taraplar meýletin ýerine ýetirmeli. Ol meýletin ýerine ýetirilmedik halatynda kazyýet ýerine ýetirijisi tarapyndan umumy esaslarda mejbury tertipde ýerine ýetirilýär.

Ýokarda beýan edilen seljermeden görnüşi ýaly, RF-iň AIÝK-synda barlyşyk ylalaşygyny baglaşmagyň ähli meseleleri umuman doly we hemmetaraplaýyn düzgünleşdirilýär. TAIÝK-da hem barlyşyk ylalaşygy şu tertipde anyk we aýdyň düzgünleşdirilse, taraplary ylalaşyga hem-de ýaraşyga çagyrmak aňsat bolardy. Jedel taraplaryň ylalaşygy boýunça olaryň ikisiniň-de bähbitlerini nazara alyp çözülse, özara ykdysady gatnaşyklaryň dowam etdirilmegine we berkemegine ýardam ederdi.

Häzirki döwürde dünýä tejribesinde-de ykdysady jedelleriň dürli ýollar bilen özara ylalaşyk gazanylmagynyň netijesinde çözülmegine uly ähmiýet berilýär hem-de oňa ýykgyn edilýär. Muňa mysal edip, RF-iň AIÝK-synda 2010-njy ýylda ýaraşyk çäresiniň bir görnüşi hökmünde mediasiýanyň (araçylygyň) girizilmegini görkezse bolar. Kanuna laýyklykda, mediasiýa kazyýetde iş gozgalmazyndan öňinçä,

lyklar bilen göz öpünde tutulan.

şonuň ýaly-da, resmi iş gozgalandan soň hem amala aşyrylyp bilinýär. Ylmy edebiýatda kazyýete çenli mediasiýany geçirmekligi kanunda hökmany kada hökmünde berkitmekligi teklip edýärler[637]. Başgaça aýdylanda, eger-de taraplar kazyýete çenli jedeli düzgünleşdirmäge synanyşyk etmedik bolsalar, onda talap arza kazyýet önümçiligine kabul edilmäge degişli däl bolýar.

Mediasiýa (araçylyk) – bu taraplaryň üçünji taraplaryň gatnaşmagynda jedeli düzgünleşdirmäge we iki tarapa-da bähbitli çözgüdi işläp taýýarlamaga gönükdirilen ýaraşdyryş çäresi bolup durýar[638]. E.I. Nosyrýewanyň dogry bellemegine görä, mediasiýa (araçylyk) beýleki ýaraşdyryş çärelerine (gepleşikler, nägilelik bildirmek ýoly bilen jedeli çözmek) garanyňda artykmaçlyklary bar. Esasy bellemeli zat hem, bu işe üçünji taraplaryň gatnaşmagy we jedeliň oňyn çözülmegine olaryň netijeli ýardam bermekleridir[639].

Mediasiýanyň (araçylygyň) esasy aýratynlyklaryny has anyk nygtamak bilen alymlar şulary görkezýärler:

ony ähli görnüşdäki jedeller babatda, ýagny hususy telekeçileriň we ýuridik şahslaryň gatnaşmagyndaky jedeller boýunça ulanyp bolýanlygy;

taraplaryň araçyny saýlamaga mümkinçilikleriniň bolmagy;

taraplaryň jedeliň düzgünleşdirilmegine işjeň gatnaşmaklary;

jedeliň kimdir biriniň däl-de, taraplaryň özleriniň ylalaşyga gelmegi netijesinde çözülmegi;

çözgüdi kabul etmekde, şeýle hem ony ýerine ýetirmekde diňe taraplaryň jogapkärçilik çekmegi;

çäräniň taraplar üçin maddy nukdaýnazardan bähbitli bolmagy[640].

[637] Свириденко О.М. О способах повышения эффективности работы арбитражных судов в условиях финансового кризиса //Вестник ВАС РФ. 2009. №12. S.64-65.

[638] Давыденко Д.Л. Из истории примирительных процедур в Западной Европе и США // Вестник ВАС РФ. 2004. N 1. S. 163 - 176.

[639] Носырева Е.И. Альтернативное разрешение гражданско-правовых споров в США: Автореф. дис. ... докт. юрид. наук. Воронеж, 2001. S. 56.

[640] Зайцев А.И., Кузнецов Н.В., Савельева Т.А. Негосударственные процедуры урегулирования правовых споров. Саратов, 2000. S. 38.

Mediasiýa ýaraşdyryş çäresiniň geçirliş ýollary toplanylan tejribäniň netijesinde ýakynlarda bu döwletiň kanunlarynda doly düzgünleşdiriler diýip çaklaýarys[641]. Eger-de mediasiýanyň gurama-çylyk-hukuk binýady işlenip düzülmese, biziň pikirimizçe, onuň neti-jeliligi pes bolar, ýagny ol tejribede juda çäkli ýagdaýlarda ulanylar.

Umuman, adamzat jemgyýetiniň häzirki zaman ölçegleriniň ta-laplaryna laýyklykda ösýän döwletinde, ýagny kämil kanunlar bilen üpjün we hukuk medeniýeti özboluşly hukuk mentalitetine esaslanýan jemgyýetde, islendik dawaly meselede (syýasy, ykdysady, durmuşy), şol sanda has ownuk jedelli gatnaşyklarda hem düşünişmek, ylalaşmak, gatnaşyklary täze şertlerde netijeli dowam etdirmeklige ymtylmak şol dawaly dolanyşyga girýän ähli şahslar üçin aýratyn mahsus bol-malydyr. Jedelli ýagdaýlary çözmekde şu çemeleşme kazyýete çenli-de, şonuň ýaly-da kazyýet iş ýöredişiniň dowamynda hem kazy we araçylar tarapyndan giňden ulanylmalydyr. Ýöne ýerden ABŞ-da we Ýaponiýada ykdysady jedelleriň 70-80 göterimi ýaraşyk bilen tamam-lanmaýar[642]. Biziň pikirimizçe, şu çemeleşme Türkmenistanyň arbitraž kanunçylygyny kämilleşdirmekde esasy ýörelgeleriň biri bolmalydyr.

**Teswirnama ýöretmek**

Teswirnama birinji basgançakly kazyýetiň mejlisinde, şeýle hem kazyýet mejlisiniň daşynda amala aşyrylýan iş ýörediş hereketleri ba-rada düzülýär. Köp döwletlerde teswirnama elde ýazylan halatynda işiň ähli ýagdaýlarynyň doly açylyp görkezilmeýänligi, ýazgylarda ýalňyşlyklaryň goýberilýänligi, resminamany ýöretmegiň tertibiniň tejribede bozulýanlygy sebäpli, ýokarda agzalan hereketleriň teswir-namasyny audioýazgy görnüşinde berkitmek kanunda göz öňünde tutulan[643]. Aýry-aýry döwletlerde çykdajylara döz gelnip, kazyýet

---

641 BR-iň HIÝK-synda taraplary ýaraşdyrmak boýunça çäre geçirmegiň tertibi hem-de mediatoryň ygtyýarlyklary ýeterlik derejede doly we giňişleýin düzgünleşdirilipdir (bap.17).

642 Seret: Арбитражный процесс. Под ред. В.В.Яркова. Учебник.-4-е изд., перераб. и доп. М.:Инфотропик Медиа, 2010. S.223.; Борисова Е.А. Некото-рые теоретико-практические проблемы реформы в области судебной защиты гражданских прав //Вестник Московского университета. 2009. №1. S.12.

643 Seret: Чудаева О.П. Применение технических средств в стадии судебного

mejlisleriniň teswirnamasy foto we audiosurata düşürmek görnüşinde hem alnyp barylýar[644].

Teswirnama ýazmaça görnüşde elden ya-da tehniki serişdeleri ulanmak bilen düzülýär. Kazyýet mejlisiniň teswirnamasy diňe bir ýazmaça görnüşde düzülmeýär. Onuň başyndan soňuna çenli audioýazyjy serişdeler ulanylýar we ýazgy teswirnamanyň ýanyna goşulýar. Işe gatnaşyjylaryň düşündirişleri, görkezmeleri, kazyýet gözden geçirmeleri we beýleki iş ýörediş hereketleri elden teswirnama girizilmän, audioýazga geçirilýär. Işe gatnaşýan taraplar audioýazgy bilen tanşyp biýärler. Şeýlelikde, kazyýet mejlisinde nämeleriň bolup geçendiginiň esasy subutnamasy bolup audioýazgy çykyş edýär. Ýazmaça teswirnama bolsa, kazyýet mejlisiniň kanuna laýyk yzygiderliginiň üpjün edilenligini görkezýän goşmaça serişdedir[645]. Mundan-da başga kazyýet mejlisinde wideo we stenografik ýazgylar edilip bilinýär. Olar hem öz gezeginde teswirnamanyň ýanyna goşulýar[646].

Biziň pikirimizçe, teswirnamanyň düzülmegi nägilelik hem-de gözegçilik kazyýetlerinde kazyýet namasynyň kanunylygy we esaslylygy barlananda kazyýete aýanlygy doly anyklamakda ýardam berer. Birinji basgançakly kazyýetde hem teswirnamanyň maglumatlarynyň kanuny we esaslandyrylan çözgüt çykarmakda kazyýete ýardam ber-

---

разбирательства для обеспечения своевременного рассмотрения и разрешения гражданских дел //Законодательство. 2009. №3. S. 65-67.

644 Малешин Д.Я., Филатова М.А., Ярков В.В. Тенденции развития современного гражданского процесса (по материалам XIII Всемирного конгресса процессуального права, 2007 г.) //Вестник ВАС РФ. 2008. №11. S.103.

645 Приходько И. Арбитражный процессуальный кодекс РФ: обзор изменений, внесенных в 2010 году //Хозяйство и право. 2010. №10. S.45.

646 Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Mad.155.

Kazyýet mejlisi we iş ýöredişiň möhüm hereketleri bilen bagly teswirnama düzmek GDA döwletleriniň galanlarynyň hem arbitraž (hojalyk) iş ýörediş kodekslerinde berkidilen. Seret: ÖR-iň HIÝK-sy (mad.134); BR-iň HIÝK-sy (mad.189); U-iň HIÝK-sy (mad.81-1); Täj.R-iň YKÖK-sy (mad.154), şeýle hem GDA döwletleriniň ählisiniň ykdysady jedelleriň seljerilmegini düzgünleşdirýän raýat iş ýörediş kodekslerinde.

jekligi şühbesizdir, sebäbi onda bütin kazyýet mejlisiniň gidişi bolşy ýaly, ýagny işiň ýagdaýlary üýtgewsiz beýan edilýär. Şonuň üçin hem şu kadanyň TAIÝK-da berkidilmegi ähli babatda maksadalaýykdyr. Özi-de kazyýet mejlislerinde hökmany halatda audioýazgy, zerurlyk ýüze çykanda bolsa, wideo we stenografik ýazgylaryny geçirmek mümkinçiligi hem göz öňünde tutulmaly.

## Şaýatlaryň görkezmesi

TAIÝK-dan we kazyýet tejribesinden görnüşi ýaly, arbitraž kazyýet önümçiliginde esasy subut ediş serişdesi bolup ýazmaça subutnamalar çykyş edýär. Ýöne bu ýagdaý kanunda göz öňünde tutulan beýleki subutnamalaryň wajyplygyny inkär etmeýär. Islendik ykdysady işiň hukuk ähmiýetli ýagdaýlary we taraplaryň hukuklary hem-de borçlary dürli subutnamalaryň kömegi bilen anyklanylýar. Subutnamalaryň dolulygyny üpjün etmek kazyýetiň gönüden-göni wezipesidir. Şoňa görä-de, işde subutnamalaryň has-da ýeterlik bolmagyny gazanmak maksady bilen, şaýatlaryň görkezmesi subut ediş serişdesi hökmünde TAIÝK-da berkidilse dogry bolardy. Şu mesele bazar ykdysadyýetinde hususy telekeçiligiň giňden ýaýbaňlanmagy, esasan hem hususy telekeçileriň ykdysady gatnaşyklarda ornunyň bekemegi bilen has-da möhüm ähmiýete eýe bolýar.

Mysal üçin, şaýatlaryň görkezmesi subut ediş serişdesi hökmünde RF-iň AIÝK-synda berkidilen[647]. Kazyýet işe gatnaşýan taraplaryň haýyşy boýunça iş ýöredişe şaýatlary çagyrýar. Şaýat çagyrmagy towakga edýän tarap onuň işiň haýsy ýagdaýlaryny tassyklap biljekdigini, şeýle hem şaýat boljagyň familiýasyny, adyny, atasynyň adyny we ýaşaýan ýerini kazyýete habar bermelidir. Mundan hem başga kazyýet ýazmaça subutnama derňände, şol resminamany (şertnama, ylalaşyk, ynanç haty we ş.m.) düzen, şeýle hem maddy subutnama derňände, şol predmeti ýasan ýa-da üýtgeden şahsyýeti şaýat hataryn-

647 Şaýatlaryň görkezmesi subut ediş serişdesi hökmünde GDA döwletleriniň galanlarynyň hem arbitraž (hojalyk) iş ýörediş kodekslerinde berkidilen. Seret: ÖR-iň HIÝK-sy (mad.46); BR-iň HIÝK-sy (mad.72); Täj.R-iň YKÖK-sy (mad.87), şeýle hem GDA döwletleriniň ählisiniň ykdysady jedelleriň seljerilmegini düzgünleşdirýän raýat iş ýörediş kodekslerinde.

da sorag etmek üçin öz başlangyjy bilen kazyýet mejlisine çagyryp bilýär[648]. GDA döwletleriniň galanlarynda şaýadyň hukuk ýagdaýyny kesgitlemekde dürli çemeleşmeler duş gelýär.

**Elektron adyl kazyýet**

Häzirki döwürde elektron adyl kazyýet ýer ýüzünde aýratyn meşhurlyga eýe bolýar. 2007-nji ýylda Braziliýada geçen "Iş ýörediş hukugynyň" XIII Bütindünýä kongresinde raýat iş ýöredişinde täze tehnologiýalary ulanmak meselesi içgin ara alnyp maslahatlaşyldy we bu babatda oňyn tejribäni ýaýratmak boýunça işler meýilleşdirildi hem-de maslahat beriji häsiýetli teklipler taýýarlanyldy[649].

Hakykatdan hem daşary ýurt tejribesinde kazyýet önümçiliginde faksimil, elektron, şeýle hem aragatnaşygyň beýleki görnüşlerinden, şol sanda "Internet" maglumat-telekommunikasiýa ulgamyndan giňden peýdalanylýar. Munuň şeýledigine Russiýa Federasiýasynyň arbitraž kazyýet önümçiliginiň mysalynda göz ýetirmek bolýar. 2010-njy ýyldan bäri bu döwletiň kazyýet iş ýöredişiniň ähli tapgyrlarynda faksimil, aragatnaşygyň beýleki görnüşleri, esasan hem elektron üpjün ediş ulgamy giňden ulanylyp başlandy we onuň netijeliligini artdyrmak boýunça kazyýet iş ýörediși yzygiderli sünnälenilýär[650]. Russiýa Federasiýasynyň elektron adyl kazyýeti Ýewropa döwletleriniň içinde iň kämilleriniň biri hasaplanýar. Bu babatda öňdelik Singapur döwletine we ABŞ degişlidir[651].

Ylmy edebiýatda kazyýet önümçiliginde täze tehnologiýalaryň ulanylmagyna sözüň giň manysynda "elektron adyl kazyýet" diýip atlandyrylýar. Onuň artykmaçlyklary hökmünde kazyýet çykdajylarynyň mese-mälim azalmagy (bir ýerlere gitmän, ýakyndaky

---

[648]Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. М., 2006. Mad.88.

[649] Малешин Д.Я., Филатова М.А., Ярков В.В. Тенденции развития современного гражданского процесса (по материалам XIII Всемирного конгресса процессуального права, 2007г.) //Вестник ВАС РФ. 2008. №11. S. 96-110.

[650] Решетняк В. Система электронного обеспечения правосудия и ее реализация в арбитражном процессе //Хозяйство и право. 2011. №6. S.80-83.

[651] Васнев В. «Электронное правосудие»: результаты работы и перспективы // Вестник ВАС РФ. 2008. №8. S.56.

kazyýetde widioaragatnaşygyň guralmagy) we wagtyň tygşytly ulanylmagy görkezilýär. Elektron adyl kazyýetiň kemçiligi diýip, şu ýagdaýda kazyýetiň subutnamalary gönüden-göni derňemek, kazyýet önümçiligini gürlemek görnüşinde alyp gitmek ýörelgeleriniň düýpli çäklendirilýänligi mysal getirilýär. Kazyýet üçin işe gatnaşyjylar bilen gös-göni gatnaşygyň ýoklugy sebäpli, taraplaryň arasyndaky jedelli gatnaşygyň hemme ugurlaryna baha bermek mümkinçiligi kynlaşýar hem-de ýalnyş çözgüt çykarmak howpy döreýär[652].

Biziň pikirimizçe, bu döwletde ýokarda agzalan kemçilikleri düzetmegiň oňaýly ýollary ýakyn geljekde tapylar. Umuman alanyňda elektron adyl kazyýet iş ýöredişiň ýokary hilli, çalt we netijeli guralmagyna, kazyýetleriň işiniň açyk ýagdaýa eýe bolmagy bilen olara ynamyň artmagyna, şeýle-de kazyýetiň we işe gatnaşýan taraplaryň wagtynyň hem-de serişdeleriniň tygşytlanmagyna oňaýly täsir eder. Iş ýöredişiň şu tertipde amala aşyrylmagy döwrebap hukuk medeniýetiniň we mentalitetiniň kemala gelmegine ýardam eder.

Elektron adyl kazyýet diýip kazyýet önümçiliginde tehniki enjamlardyr serişdelerden peýdalanylmagyna aýdylmaýar. Täze tehnologiýalary ulanmagyň netijesinde arbitraž iş ýörediş hereketleriniň amala aşyrylmagyna elektron adyl kazyýet diýip düşünilýär[653]. Mysal üçin:

talap arzany (arzany, haýyşnamany, şikaýaty) kazyýetiň ýörite internet saýtynda ýerleşdirmek bilen bildirmek;

talap arzanyň we beýleki resminamalaryň goşundylaryny kazyýete elektron göterijilerde bildirmek;

kazyýet mejlisine widiokonferens aragatnaşygynyň üsti bilen gatnaşmak;

kazyýet bilen işe gatnaşýan taraplaryň arasyndaky gatnaşygy elektron poçtanyň, faksyň, telefonyň üsti bilen amala aşyrmak we başgalar.

---

[652] Борисова Е.А. Некоторые теоретико-практические проблемы реформы в области судебной защиты гражданских прав //Вестник Московского университета. 2009. №1. S.7-9.; Борисова Е.А. Некоторые новеллы арбитражного процессуального законодательства России //Законодательство. 2011. №2. S.65.

[653] Федосеева Н.Н. Электронное правосудие в России: сущность, проблемы, перспективы //Арбитражный и гражданский процесс. 2008. №9. S.3.

Geljekde kazyýete gelmäge, şol sanda iş bilen tanyşmak, iş ýorediş resminamalaryny bildirmek, kazyýet mejlisine gatnaşmak üçin zerurlyk bolmaz, sebäbi talap arzany (şikaýaty, haýyşnamany) elektron aragatnaşygyň (poçtanyň) üsti bilen bildirip, edaradan çykman internetiň kömegi bilen iş bilen tanyşyp, kazyýet mejlisine bolsa, widiokonferens aragatnaşygyň üsti bilen gatnaşyp bolar. Şeýle hem, kazyýet elektron tehnologiýalaryň kömegi bilen işe gatnaşýan taraplary iş ýorediş hereketleri barada habarly edip biler. Bu bolsa işleriň gysga möhletlerde garalmagyny we kazyýet önümçiliginiň tygşytly bolmagyny üpjün eder.

Umuman elektron adyl kazyýetiň geljegi uly. Önümçilik has dessin häsiýete eýe bolar we onuň medeni derejesi düýpli özgerer[654]. Adaty "kagyz görnüşindäki iş" geljekde "elektron işe" öwrüler. Munuň özi has-da kämil tehnologiýalaryň kazyýet önümçiligine girizilmegini we ýokary taýýarlykly hünärmenleriň bolmagyny talap eder[655]. Özüniň açyklygy bilen elektron adyl kazyýet döwletiň we jemgyýetiň, kazyýetiň we şahslaryň arasyndaky gatnaşyklary düýpgöter özgerdip, olary aňrybaşy aýdyňlyk derejesine ýetirer. Bu bolsa öz gezeginde ýurtda raýat jemgyýetiniň has-da dabaralanmagyna we berkemegine getirer[656].

Şu bölümde beýan edilen institutlar we kadalar kazyýet önümçiliginiň ähli görnüşlerine we basgançaklaryna diýen ýaly mahsus bolup durýar. RF-iň AIÝK-synda soňky döwürde girizilen käbir önümçilikler hem bar. Olara Korporatiw jedeller boýunça işlere garamak we Taraplaryň toparynyň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak babatda garalýan işler degişlidir. Bu kazyýet önümçilikleriniň

---

[654] Приходько И. Арбитражный процессуальный кодекс РФ: обзор изменений, внесенных в 2010 году //Хозяйство и право. 2010. №10. S.8.; Авакян Е.Г. Опыт создания системы электронного правосудия в арбитражных судах Российской Федерации //Вестник ВАС РФ. 2011. №6. S.68-74.

[655] Борисова В.Ф. Проблемы и перспективы обращения в суд в электронной форме //Арбитражный и гражданский процесс. 2011. №3. S.15.

[656] Решетняк В.И. К вопросу об электронном правосудии в арбитражном и гражданском судопроизводстве //Юрист. 2011. №9. S.34.

ikiside biziň döwletimiziň ösüşiniň şu tapgyrynda möhüm ähmiýete eýe bolup, kanun tarapyndan düzgünleşdirilmäge degişlidirler.

TAIÝK-na kämilleşdirilende RF-iň AIÝK-sy, GDA döwletleriniň arbitraž (hojalyk) iş ýörediş kodeksleri, şeýle hem beýleki daşary ýurt döwletleriniň kanunçylygy doly seljerilip, olaryň oňyn tejribesinden peýdalanmak kazyýet özgertmeleriniň häzirki döwürde möhüm meselesi bolup durýar.

## 8.2. Täjirçilik arbitraž kazyýetleriniň hukuk ýagdaýy

Soňky döwürde dünýa ykdysadyýetiniň globallaşmagy has hem giň gerim alýar. Munuň özi R. Brineriň adalatly bellemegine görä, halkara täjirçilik jedelleriniň dinamikasyna göz görtele oňyn täsir edýär[657]. Dünýä tejribesinde ykdysady jedeller döwlet kazyýetlerinde, şeýle hem täjirçilik arbitraž kazyýetlerinde garalýar. Bozulan ýa-da jedelli hukuklary we kanuny bähbitleri bitarap kazyýetlerde, şeýle hem alternatiw usullaryň[658] kömegi bilen goramak daşary ýurtlarda giňden ýaýrandyr. Olar bilen bagly käbir wajyp maglumatlary seljerip göreliň.

Geçen asyryň 80-nji ýyllaryndan başlap täjirçilik arbitraž kazyýetlerine hem-de jedeli çözmegiň alternatiw usullaryny ulanmak ýoly bilen (araçylyk tertibi) jedelleri çözmäge köpçülikleýin ýüzlenip başladylar. Şeýlelikde, 90-njy ýyllaryň ahyrlaryndan bitarap ka-

[657] Из текста выступления Роберта Бринера, Президента Международного арбитражного суда при Международной торговой палате, на международной конференции в Ашхабаде, 3 июня 2005года. Сборник материалов по международному коммерческому арбитражу. Ашгабат, 2008. S. 72.

[658] Ylmy edebiýatda halkara täjirçilik kazyýetlerini jedeli çözmegiň alternatiw usullarynyň bir görnüşi hökmünde garaýan alymlar hem bar. Megerem bu awtorlar "alternatiw" sözüni döwlet kazyýetlerinden başga hem jedeli çözmegiň ýollarynyň bardygyny nygtamak üçin ulanýandyrlar (Seret: Носырева Е.И. Примирительные процедуры и международный коммерческий арбитраж //Международный коммерческий арбитраж: современные проблемы и решения: Сборник статей к 75-летию Международного коммерческого арбитражного суда при Торгово-промышленной палате Российской Федерации /Под ред. А.С.Комарова. М.: Статут, 2007. S.300-317.

zyýetler we araçylyk tertibi halkara telekeçiliginiň aýrylmaz bölegine öwrüldi. Onuň-da düýp sebäbi döwlet kazyýetlerinde ykdysady jedellere garamagyň gymmatlygy, uzaga çekdirilmegi, şeýle hem tejribede kazyýet oturdaşlary (sud prisýajnyh) tarapyndan aýry-aýry işler boýunça oýlanşyksyz, ýagny "şahsy duýgulara esaslanýan" çözgütleriň çykarylýanlyňy bilen düşündirilýär[659].

Arbitraž anyk şahslaryň arasynda ýüze çykan jedelleri seljerýär we onuň çözgütleri üçünji taraplaryň ýa-da takyk kesgitli bolmadyk taraplaryň hukuklaryna we bähbitlerine täsir edip bilmeýär[660].

Täjirçilik arbitraž kazyýeti[661] – bu hemişe hereket edýän, döwlete edarasy bolmadyk we arbitrlerden (kazylardan) ybarat bolan, jedelleri çözmek üçin ýörite döredilen edaradyr. Ýöne anyk bir jedeli çözmek üçin döredilen bir gezeklik arbitraž (ad hoc) hem bolup biler. Täjirçilik arbitražlar hususy düzümler hökmünde garalýar, ýöne olary jemgyýetçilik gurama hasaplaýanlar hem bar[662]. Arbitraž önümçiligini islendik ýurtda we dilde, şeýle hem islendik döwletiň arbitrleriniň gatnaşmagynda gurap bolýar. Munuň özi iki tarap üçin hem garaşly bolmadyk, deň we amatly şertleriň bolmagyny üpjün edýär.

Hemişe hereket edýän (institusional) halkara arbitraž kazyýetler hökmünde Pariždäki Halkara söwda palatasy we Londondaky halkara arbitraž kazyýeti ykrar edilen. Bu bitarap kazyýetlerde çözülýän jedeller özüniň çylşyrymlylygy, seljerişiň uzak dowam edýänligi (2-3 ýyl) hem-de kazyýet cykdajylarynyň möçberiniň juda ýokarylygy bilen tapawutlanýarlar. Galan arbitraž kazyýetlere, hatda olar esaslandyryş resminamalaryna laýyklykda halkara jedelleri çözmäge

[659] Д. Ла Фиура. Альтернативные методы решения споров – посредничество и арбитраж в США. Международный арбитраж, посредничество и разрешение споров. Ашгабат, 2001. S. 1-2.

[660] Тихомиров Ю.А. Публично-правовое регулирование: динамика сфер и методов //Журнал российского права. 2001. №5. S.13-28.

[661] Şu düşünjeler: halkara täjirçilik arbitražy, täjirçilik bitarap kazyýeti, bitarap kazyýet, täjirçilik kazyýeti, halkara arbitraž kazyýeti, arbitraž, arbitraž kazyýet ylmy edebiýatlarda birmeňzeş manyly sözler (sinonimler) hökmünde ulanylýar.

[662] Гетьман-Павлова И.В. Международное частное право.- 2-е изд., перераб. и доп.- М.:Издательство Юрайт, ИД Юрайт, 2011. S. 194.

ygtyýarly bolsalar-da, olara milli (ýerli) arbitraž kazyýetler hökmünde garalýar[663].

Arbitraž kazyýetler we jedelleri düzgünleşdirmegiň beýleki dessurlaýyn bolmadyk görnüşleri, döwlet kazyýet edaralary bilen birlikde ykdysady jedelleri seljermegiň alternatiw görnüşleri bolup durýarlar. Nemes alymy R.Kniperiň aýtmagyna görä, käbir ýurtlarda arbitraž kazyýetiň hukuk ulgama girizilmegi bilen, döwletiň öz halkara-söwda we daşary ýurt maýa goýum syýasytyna belli bir derejede täsiri azalar, onsoňam, milli kazyýetlere bäsdeş dörär diýen gorky bar[664]. Hakykat ýüzünde welin arbitražyň we araçylygyň döwletiň kazyýet ulgamy bilen bäsdeşlik etmäge syýasy, hukuk, ykdysady, guramaçylyk mümkinçilikleri ýokdur. Olar diňe döwlet kazyýet ulgamynyň üstüni doldurýan gural bolup hyzmat edip bilerler. T.N. Neşataýewa ýer ýüzünde hereket edýän hukuk ulgamlarynyň hiç birinde hem arbitražlary döwletiň kazyýet ulgamyna goşmaýandyklaryny belläp geçýär[665].

Arbitraž tertibiniň özüne çekijiligi, esasan kazyýet çykdajylarynyň döwlet kazyýetlerindäkiden ep-esli azlygy we gysga möhletlerde seljerilýänligi bilen düşündirilýär[666]. Beýleki bir tarapdan arbitraž kazyýetleriň göz-görtele ýetmezçilikleri hem bar. Ilkinji nobatda olarda çözgütleriň kabul edilmegine döwlet gözegçiligi ýok, şonuň ýalyda olaryň çözgütlerine diňe käbir çäklendirilen ýagdaýlarda döwlet kazyýetlerine şikaýat etmek bolýar.

Esasan, jedelleri arbitraž kazyýetleriň garamagyna bermäge bolan isleg halkara söwda-ykdysady gatnaşyklarynda ýüze çykýar. Bu ýagdaý ilkinji nobatda jedelleşýän taraplaryň arasynda olaryň haýsysynyň döwletindäki kazyýete jedeli garamaga bermeli diýen meseläniň

---

[663] Хилл Р. Краткая информация по международному арбитражу. Международный арбитраж, посредничество и разрешение споров. Ашгабат, 2001. S. 4-5.

[664] Книпер Р. Развитие и значимость международного коммерческого арбитража в странах с переходной экономикой. Сборник материалов по международному коммерческому арбитражу. Ашгабат, 2008. S. 81-82.

[665] Нешатаева Т.Н. Суд и арбитраж: о границах частного и публичного //Вестник ВАС РФ. 2010. №11. S.66.

[666] Джеймс Л. Нолл. Арбитраж: разрешение споров вне суда. http://translate.googleusercontent.com/translate. 19.05.2011ý.

döreýändigi bilen düşündirilýär. Elbetde olaryň her haýsynyň jedeliň öz döwletinde hem-de öz milli kanunçylygynyň esasynda garalmagynda bähbidi bar. Düşnükli sebäplere görä, jedelleşýän taraplaryň başga bir döwletiň näbelli kanunçylygyndan we onuň kazyýetiniň jedeli seljerende hem çözende tarapgöýlige ýol bermeginden, ýagny nätanyş hukuk mentalitetinden hem-de hukuk medeniýetinden gorkusy bolýar. Şonuň üçin hem şeýle halatlarda jedelleşýän taraplaryň özara ylalaşygy esasynda döredilen halkara arbitraž kazyýetlere jedelleri garamak üçin hödürlemäge bolan islegleri artýar.

Halkara täjirçilik arbitražy her bir anyk ýagdaýda taraplaryň ikisiniň hem bähbitleriniň adyl we obýektiw goralmagynyň kepili bolup çykyş edýär. Onsoňam halkara tejribesinden gelip çykyşyna görä, halkara arbitraž kazyýetleriniň işine döwlet hiç hili täsir edip bilmeýär.

Şu ýerde arbitraž kazyýetleriň özleriniň gönüden-göni bitarap kazyýetiň wezipe ygtyýarlyklaryny amala aşyrman, diňe kazyýet önümçiligini bitarap kazyýetiň ýörelgeleriniň esasynda guralmagyny üpjün edýändiklerine dogry düşünilmegi zerur. Her bir anyk ýagdaýda işler taraplaryň özara ylalaşygy esasynda şol iş boýunça düzülen arbitrler tarapyndan seljerilýär. Şonuň ýaly-da arbitražyň geçirilmeli ýerini, kazyýet önümçiliginiň dilini, şeýle hem haýsy hukuk kadalarynyň ulanylmalydygyny hem taraplar kesgitleýärler.

Arbitraž kazyýetiň esasy häsiýetli aýratynlyklary, şol bir wagtda hem döwlet kazyýetleriniň öňünde jedellere garamakda we olary çözmekde netijeli artykmaçlyklary şulardan ybarat[667]:

jedeli arbitraž kazyýetiň garamagyna bermek barada ylalaşygyň (razylygyň) bolmagy;

arbitraž kazyýetiň geçirilmeli ýeriniň kesgitlenilmegi;

jedeli çözende arbitraž kazyýetiň goldanmaly kanunlarynyň kesgitlenilmegi;

arbitriň (arbitrleriň) saýlanylmagy;

---

[667] Seret: Николюкин С.В. Специфика арбитражного (третейского) рассмотрения международных коммерческих споров //Российская юстиция. 2008. №1. S.18-20.; Гетьман-Павлова И.В. Международное частное право.- 2-е изд., перераб. и доп.- М.:Издательство Юрайт, ИД Юрайт, 2011. S. 194-206.

kazyýet önümçiliginiň diliniň kesgitlenilmegi;

arbitraž kazyýetde kazyýet önümçiliginiň özboluşly aýratynlyklarynyň bolmagy;

arbitraž kazyýetiň çözgüdine şikaýat etmegiň tertibiniň kesgitlenilmegi;

arbitraž kazyýetiň çözgüdini ýerine ýetirmegiň tertibiniň we möhletleriniň kesgitlenilmegi.

Taraplaryň jedeli arbitraž kazyýetiň garamagyna bermek barada özara ylalaşygy (razylyklary) bolmaly. Bu jedeli arbitraž kazyýetiň garamagyna bermegiň hökmany şertidir. Diňe jedelleşýän taraplaryň biriniň islegine görä arbitraž kazyýeti döredilip we geçirilip bilinmeýär. Düzgün bolşuna görä, taraplaryň razylygy şertnamada (kontraktda) berkidilýär we ol arbitraž şertleşigi diýlip atlandyrylýar. Mysal üçin, satyn almak-satmak şertnamasy baglaşylýar we şertnamada borçnamalar berjaý edilmedik ýagdaýynda jedeliň döwlet kazyýetlerinde däl-de arbitraž kazyýetde çözülmelidigi hakynda şertleşilýär. Taraplaryň goşmaça baglaşan ylalaşygy esasynda şu tertip üýtgedilmese, onda döwlet kazyýetlerine ýüz tutup bolmaýar. Döwlet kazyýet edaralaryna ýüz tutmak üçin taraplaryň, has anyňy jogapkär hökmünde işe çekilýän tarapyň razylygy gerek däldir.

Jedeli arbitraž kazyýetiniň garamagyna bermek hakynda ikitaraplaýyn razylyk jedel ýüze çykandan soňra, ýörite ylalaşyk (bitarap ýazgysy) baglaşmak arkaly hem gazanylyp bilner. Şeýle ýagdaýda ylalaşyk esasy şertnamanyň bir bölegine öwrülýär. Razylyk mundan başga-da hat alşyk, teletaýp we telegraf habarlary arkaly beýan edilip bilner, şeýle hem geljekde ýüze çykyp biljek jedelleri düzgzünleşdirmek barada şahslaryň arasynda deslapdan “arbitraž şertnamasyny” baglaşmak tejribesi hem ulanylýar[668].

Bitarap ylalaşygyň hukuk güýji nämeden ybarat? Taraplar görkezilen ylalaşygy ýatyrmak hakynda ýazmaça görnüşde ylalaşmasalar, olaryň hiç biriniň jedeli çözmek üçin döwlet kazyýetlerine ýüz tutmaga haky ýokdur. Döwlet kazyýetleri bolsa arbitraž ylalaşygy bolan jedeller

[668] Гетьман-Павлова И.В. Международное частное право.- 2-е изд., перераб. и доп.- М.:Издательство Юрайт, ИД Юрайт, 2011. S. 197.

boýunça talap arzalary önümçilige kabul etmäge ygtyýarly däldirler. Eger-de iş kazyýetiň önümçiligine kabul edilen bolsa, onda ol iş boýunça jedel arbitraž kazyýetde çözülýänçä önümçilik togtadylýar.

Arbitraž kazyýetleriň Reglamentlerine laýyklykda köptaraply, ýagny gatnaşyjyly jedelli önümçiligi guramak kyn. Düzgün bolşuna görä, bitarap kazyýet önümçiligine üçünji taraplar çekilmeýär, onsoňam, olara arbitražyň çözgüdi degişli edilmeýär, şonuň ýalyda biri-biri bilen bagly jedelleri birleşdirmekde hem meseleler döreýär[669].

Taraplar arbitraž kazyýetiň geçirilmeli ýerini şertnamada kesgitleýärler. Eger-de bu mesele boýunça taraplaryň ylalaşygy bolmasa, onda arbitraž kazyýetiň geçirilmeli ýeri taraplar üçin amatly bolmagyny we işiň ýagdaýlaryny nazarda tutmak bilen arbitraž kazyýetiň özi tarapyndan kesgitlenýär.

Arbitraž kazyýetiň arbitrleri arbitraž kazyýetiň geçirilýän ýurdunyň iş ýörediş önümçiliginiň kadalaryna gollanmalydyrlar. Aýry-aýry ýurtlarda olar has amatly bolup biler. Bu ýagdaý barada şertnamada hökman şertleşilýär, ýagny ýörite kada girizilýär. Ýerli kanunçylyk jedeliň arbitraž kazyýetleriň garamagyna degişliligini, olaryň işine döwlet kazyýetleriniň goşulmaklarynyň çäklerini, arbitraž ylalaşyklarynyň görnüşlerini we ş.m. kesgitleýär.

Taraplar jedeli düzgünleşdirmek üçin ulanylmaly kanunlary şertnamada görkezýärler. Eger-de bu mesele şertnamada berkidilmedik bolsa, taraplar haýsy kanunçylygyň ulanylmalydygyny çözmek üçin bilermen netijenamasyny almak bilen bagly çykdajylary çekmeli bolýarlar. Bilermen arbitraž kazyýetiň haýsy kanuna gollanmalydygyny gutarnykly kesgitleýär.

Her bir tarapyň öz ýurdunyň kanunlary onuň bähbitlerini doly möçberde gorap bilmezligi hem mümkin. Käbir ýagdaýlarda garşydaş tarapyň ýurdunyň kanunlary beýleki tarap üçin has amatly bolmagy-da ähtimal. Şonuň üçin hem her bir aýratyn ýagdaýda jedeli

---

[669] Из текста выступления Ян Полссона, Президента Лондонского международного арбитражного суда, на международной конференции в Ашхабаде, 3 июня 2005года. Сборник материалов по международному коммерческому арбитражу. Ашгабат, 2008. S. 79.

düzgünleşdirmek üçin kanun saýlanyp alnanda bu meselä giňişleýin, has anygy aýratyn (differensirlenen) çemeleşme gerek.

Arbitraž kazyýetiň arbitrleri taraplar ýa-da arbitraž kazyýet tarapyndan saýlanylýar. Munuň özi arbitraž kazyýetiň kadalaryna bagly bolup durýar. Düzgün bolşuna görä, arbitrleri arbitraž kazyýet kesgitleýär. Ýöne şertnamada arbitrleri taraplaryň saýlamalydygy hakynda-da şertleşilip bilner.

Adatça, ýönekeý işler (eger-de şertnamanyň bahasy ujypsyz bolsa) bir arbitr tarapyndan, eger iş çylşyrymly bolsa, üç arbitr tarapyndan garalýar.

Arbitrleri saýlamagyň dürli-dürli çemeleşmeleri bardyr:

her tarap bir arbitri saýlaýar we olar hem öz gezeginde üçünji arbitri başlyklyk ediji hökmünde saýlaýarlar;

arbitraž kazyýet özüniň arbitrleriniň sanawyny taraplara berýär. Olar bolsa şolaryň içinden öz jedelini seljerjek arbitrleri saýlaýarlar;

arbitraž kazyýet özüniň iş ýörediş kadalaryna gollanyp, arbitrleriň belli bir bölegini ýa-da ählisini kesgitleýär.

Arbitriň tarapgöýsizligine we garaşsyzlygyna şübhe dörän ýagdaýynda oňa ynam bildirilmän bilner.

Kazyýet önümçiliginiň dili (käbir ýagdaýlarda bolsa dilleri) taraplar tarapyndan şertnamada kesgitlenilýär. Däp bolşuna görä, halkara arbitraž kazyýetiniň dili iňlis dili bolup durýar.

Arbitraž kazyýetde kazyýet önümçiliginiň özboluşly aýratynlyklary bardyr.

Döwlet kazyýetlerinde berk iş ýörediş tertibi bolýar. Gatnaşyjylaryň her biriniň hereketleri kanunda jikme-jik berkidilýär. Arbitraž kazyýetde bolsa esasy mesele, taraplara subutnamalaryny bildirmäge we olary derňemeklige bäsleşik esasynda gatnaşmaga mümkinçilik döretmekdir. Adatça, işiň haýsy hakyky ýagdaýlarynyň anyklanmalydygyny, haýsy subutnamalary we olary nähili tertipde derňemelidigini taraplaryň özleri kesgitleýär. Munuň özi islendik hereketiň çykdajylar bilen baglydygyna görä şeýle edilýär. Mysal üçin, taraplar şaýatlary

çagyrman, diňe ýazmaça resminamalary derňemek bilen çäklenmek hakynda ylalaşyp bilerler. Şonuň ýaly-da taraplar işiň dilden seljerilmegi barada (taraplaryň düşündirişlerini diňlemek, maddy subutnamalary seljermek we ş.m.) ýa-da işi ýazmaça resminamalary derňemek ýoly bilen alnyp gidilmegi hakynda ylalaşyp bilerler[670].

Eger-de bu mesele boýunça taraplaryň arasynda ylalaşyk ýok bolsa, ýokarda görkezilen hereketleriň amala aşyrylmagynyň tertibi arbitraž kazyýeti tarapyndan, subutnamalaryň işe degişliligini, şu iş babatda ulanyp bolýanlygyny we wajyplygyny nazarda tutmak bilen kesgitlenilýär. Şu ýagdaýda iş ýöredişde utulan tarap ähli çykdajylary tölemeli edilýär.

Arbitraž kazyýetiň çözgüdine şikaýat bildirmegiň özboluşly tertibi bar. Döwlet kazyýetlerinde kazyýetiň çözgüdi bilen ylalaşmadyk tarap islendik çözgüde şikaýat bildirip bilýär. Arbitraž kazyýetde bolsa beýle düzgün ýok. Şu ýagdaý hem arbitraž kazyýetlere ýüz tutmakdan saklanmagyň esasy sebäpleriniň biri bolup durýar.

Ýurtlaryň aglaba köpüsinde arbitraž kazyýetiň çözgütlerine şikaýat bildirmegiň çäklendirilen esaslary (arbitrleriň özlerini talaba laýyk alyp barmazlygy, iş ýörediş dessurlarynyň doly berjaý edilmezligi we ş.m.) göz öňünde tutulýar.

Halkara söwda arbitražy hakynda BMG-niň 1985-nji ýylda kabul edilen bir şekildäki ÝUNSITRAL kanunynda[671], şu aşakdaky ýagdaýlarda çözgüde şikaýat getirmekligiň mümkindigi kesgitlenilýär:

eger-de taraplaryň biriniň kämillik ukybynyň ýoklugy subut edilse;

arbitraž ylalaşyk ýurduň kanunçylygyna ters gelýän bolsa;

tarapa kazyýete öz subutnamalaryny bildirmäge mümkinçilik berilmedik bolsa;

arbitraž kazyýet arbitraž ylalaşygyň çäklerinden çykan bolsa;

---

[670] Николюкин С.В. Сущность принципа состязательности в международном коммерческом арбитраже // Юрист. 2008. №9.S.72.

[671] Типовой закон ЮНСИТРАЛ о международном торговом арбитраже (Комиссия Организации Объединенных Наций по праву международной торговли. 21 июня 1985 года. С изменениями, принятыми в 2006 году) http//www.uncitral.org).

jedeliň obýekti arbitraž kazyýeti seljermesiniň predmeti bolup bilmeýän bolsa we ş.m.

Täjirçilik arbitraž kazyýetleriň çözgüdi ýatyrylyp bilner, haçanda onuň çözgüdi bikanun hasaplansa, çözgüt çykarylanda hilegärlige ýüz urlan bolsa ýa-da işiň hakyky ýagdaýlary nädogry anyklanan, ýagny hakykat gödek bozulan bolsa.[672]

Daşary ýurtlaryň aglaba köpüsinde arbitraž kazyýetiň çözgüdi gutarnykly we mejbury ýerine ýetirilmäge degişli diýlip bilinýär. Bu ýerde "Täjirçilik arbitraž kazyýeti hakynda" kanuny kabul eden we "Bitarap kazyýetleriň çözgütlerini ykrar etmek hem-de ýerine ýetirmek hakynda" 1958-nji ýylyň Nýu-Ýork Konwensiýasyna[673] goşulan döwletler hakynda gürrüň gidýär. Şol döwletlerde arbitraž kazyýetleriň çözgütleri döwlet kazyýetleriniň ýerine ýetiriş düzümleriniň kömegi bilen durmuşa geçirilýär.

Arbitraž kazyýetleriň çözgütleri milli kazyýetleriň çözgütlerinden tapawutlylykda tejribede has ýokary halkara gollanmasyna eýedir. Nýu-Ýork Konwensiýasy oňa agza ýurtlaryň hemmesinde bitarap kazyýetleriň çözgütleriniň hiç bir kynçylyksyz yerine ýetirilmegini üpjün edýär. Umuman Nýu-Ýork Konwensiýasy halkara arbitražy boýunça iň esasy halkara ylalaşygy bolup, ol Konwensiýanyň agza döwletlerinden iki zady talap edýär:

ýazmaça görnüşde baglaşylan arbitraž ylalaşyklaryny ykrar etmegi we bitarap kazyýetlerde garalmaly edilen jedelleri döwlet kazyýetleriniň önümçiligine kabul etmekden ýüz döndermekligi;

daşary ýurt bitarap kazyýetleriniň çözgütlerini ykrar etmegi we ýerine ýetirmegi[674].

---

672 Şol ýerde, mad. 46.

673 Конвенция ООН «О признании и приведении в исполнение иностранных арбитражных решений». Нью-йорк, 10.06.58.

674 Из текста выступления Роберта Бринера, Президента Международного арбитражного суда при Международной торговой палате, на международной конференции в Ашхабаде, 3 июня 2005года. Сборник материалов по международному коммерческому арбитражу. Ашгабат, 2008. S. 74,76.

Öň bellenilip geçilişi ýaly, biziň ýurdumyzda Türkmenistanyň Söwda-senagat palatasynyň ýanynda Arbitraž döredildi. Onuň çözgütleri meýletin ýerine ýetirilmäge degişli. Arbitražyň çözgütleri ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda taraplar öz hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak üçin döwlet kazyýetine umumy esaslarda talap arza bilen ýüz tutup bilýärler.

Beýleki döwletleriň arbitraž kazyýetleriniň çözgütleriniň hökmany, ýagny mejbury ýerine ýetirilmegi Türkmenistanda mümkin däl. Sebäbi, Türkmenistan ýokarda görkezilen Nýu-Ýork Konwensiýasyna şu günki günde goşulmady. Şonuň üçin hem umumy düzgünlere laýyklykda, daşary ýurt döwletleriniň kazyýetleriniň we arbitraž kazyýetleriniň kazyýet namalarynyň ýerine ýetirilmegi Türkmenistanyň halkara şertnamalarynyň kadalaryna laýyklykda amala aşyrylýar.

Täjirçilik arbitraž kazyýetlerine ýüz tutmak gönüden-göni olaryň çözgütleriniň hökmany berjaý edilmegine bagly bolup durýar. Arbitraž kazyýetleriň hususy edara düzüm birligi bolýandygy sebäpli, döwletiň goldawy bolmazdan olaryň çözgütleriniň mejbury ýerine ýetirilmegi mümkin däl. Şonuň üçin hem arbitraž kazyýetleri üçin olaryň çözgütleriniň döwlet tarapyndan kanun esasynda ykrar edilmegi we olary ýerine ýetirmegiň kanuny tertibiniň berkidilmegi hakyndaky mesele her bir döwletde öz wajyplygyny hem-de durmuşylygyny ýitirmeýär.

Şu nukdaýnazardan "Bitarap kazyýetleriň çözgütlerini ykrar etmek hem-de ýerine ýetirmek hakynda" Nýu-Ýork Konwensiýasyna goşulmak dünýä tejribesinde döwletiň we telekeçilik düzümleriniň ykdysady bähbitlerini goramak çygryny özgertmekde, galyberse-de tutuş jemgyýeti halk häkimiýetliligi ýörelgeleriniň esasynda kämilleşdirmeklige we ösdürmeklige tarap ädilen möhüm ädim hökmünde garalýar.

Jemläp aýdylanda, täjirçilik arbitraž kazyýetlerine dünýä tejribesinde bazar ykdysadyýetiniň möhüm guraly hökmünde seredilýär. Ykdysady jedellere täjirçilik bitarap kazyýetlerde garamak mümkinçiliginiň kanun esasynda berkidilmeginiň baş wezipesi ýurduň ykdysadyýetine daşary ýurt maýa goýumlarynyň giňişleýin çekilmegi-

ni we onuň iş ýüzünde dünýä ykdysadyýetine goşulyşmagyny üpjün etmekden ybaratdyr.

Eger bazar ykdysadyýeti hereketleriň erkinligini (şertnamalary baglaşmakda, emlägiňe eýeçilik etmekde, kärhana döretmekde, jogapkärçilik çekmekde we ş.m.) yglan edýän bolsa, onda subýektiw hukuklary we kanuny bähbitleri goramagyň serişdelerini hem-de usullaryny saýlamak telekeçilik işi bilen meşgullanyp, jedelli ýagdaýa düşen şahslaryň özlerine bagly bolmaly. Şoňa görä-de, ýurtda döwlet kazyýetleri bilen bir hatarda täjirçilik arbitraž kazyýetleride hereket etmeli. Fiziki we ýuridik şahslarda öž bozulan ya jedelli hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramakda döwlet hem-de hususy kazyýetleriň arasynda saýlamaga mümkinçiligi bolmaly. Şonuň üçin hem Türkmenistanda täjirçilik arbitraž kazyýetini geljekde döretmeli hem-de onuň netijeli işlemegini üpjün etmek üçin zerur halkara konwensiýalaryna we ylalaşyklaryna goşulmaly.

### 8.2.1.Ykdysady (täjirçilik) jedelleri çözmegiň alternatiw usullary

Dünýä tejribesinde arbitraž kazyýete ýüzlenmezden öňünçä jedeli alternatiw usullaryň kömegi bilen, ýagny döwlete degişli bolmadyk edarada, başgaça aýdylanda ýurisdiksion häsiýetli bolmadyk görnüşde[675] çözmäge synanyşyk etmek giňden ýaýrandyr. Jedeli kazyýetde däl-de, başga ýol bilen çözmegiň tertibine ylmy edebiýatda “dessurlaýyn bolmadyk adyl kazyýet” diýip atlandyrýarlar. Şu tertibiň emele gelmegine şahslaryň jedelli gatnaşyklaryny çözmek üçin has ýönekeý, tygşytly, çalt we netijeli ýollaryny gözlemekleri getirdi diýip hasaplanýar[676].

Jedeli çözmegiň alternatiw usullarynyň birnäçe görnüşleri tapawutlandyrylýar (araçylyk (mediasiýa), ýaraşdyryş önümçiligi, garaşsyz bilermen barlagyny geçirmek we beýlekiler)[677]. Agzalan

[675] Медникова М.Е. Досудебное урегулирование и альтернативное разрешение: соотношение правовых категорий // Юрист. 2006. №9. S.15.

[676] Носырева Е.И. Альтернативное разрешение споров в США. М., 2005. S.6.

[677] Носырева Е.И. Альтернативное разрешение гражданско-правовых споров в

usullaryň hemmesini umumy häsiýetlendirýän zat, ol hem belli bir görnüşde ýüze çykýan gepleşikleri geçirmek ýoly bilen ylalaşyk (konsensus) gazanmakdyr.

Häzirki döwürde jedelleri çözmekde alternatiw usullaryň meşhurlygy has-da artýar[678]. Olardan aýratyn tapawutlysy araçylykdyr. Gepleşikleriň netijeli bolmagy üçin araçynyň wezipesini ýerine ýetirýän şahsyň hakykatyň tarapdary we adalatly bolmagy zerur, onsoňam ol tarapgöý bolmaly däl. Hakykatdan hem jedelleri çözmegiň alternatiw usullarynyň baş maksady iş ýüzünde ylalaşyk baglaşmakdyr. Özi-de bu usul garşydaş taraplar we jedeliň oňyn çözülmegine ýardam berýän şahs bir ýurtdan bolanlarynda has-da netijeli bolýar[679]. Dogry, jedeli çözmegiň alternatiw usullaryndan peýdalanmak elmydama taraplaryň ylalaşyk gazanmaklaryna gönükdirilmeýär. Aýdalyň, jedeliň bir tarapy doly günäkär beýlekisi-de günäsiz bolsa, günäsiz tarap şu ýagdaýda näme üçin eglişige gitmeli?

Hukuk nukdaýnazardan araçylyk gapma-garşylygyň taraplarynyň arasynda ylalaşyk gazanmaklyga gönükdirilendir we onuň netijeleri taraplaryň arasyndaky özara ylalaşyk görnüşinde resmileşdirilýär. Eger-de onuň şertleri berjaý edilmese ýa-da bozulsa, şol ylalaşyk kazyýet şeljerişiniň özbaşdak predmeti hökmünde çykyş edip biler.

Arbitraž kazyýetden tapawutlylykda jedelleri çözmegiň alternatiw usullary arkaly gazanylan ahyrky netijelerini mejbury ýerine ýetirtmeklik göz öňünde tutulmaýar.

Araçylyk barada ikitaraplaýyn razylyk, adatça, şertnama girizilýär. Ýöne jedel ýüze çykandan soňra hem araçylyk barada ylalaşyk baglaşylmagy mümkindir.

Araçylykda işiň agramly bölegi jedelleşýän taraplaryň hukukçylary tarapyndan amala aşyrylýar. Araçy bolsa diňe olary ylalaşyk gazanmaga

---

США. Воронеж, 1999. S. 50-54.

678 Ефимова В.В. Арбитражное процессуальное право. Учебное пособие. Саратов. 2009. S.4.

679 Книпер Р., Галканов Р., Титов А., Медведева Н. Сборник материалов по международному коммерческому арбитражу. Ашгабат, 2008. S. 15.

iterýär. Eger-de araçylykda taraplar ylalaşmasalar, onda olara arbitraž kazyýete ýa-da döwlet kazyýetine ýüz tutmak galýar. Şonuň üçin hem öň belläp geçişimiz ýaly, araçylygyň peýdaly netijesine diňe taraplaryň ikisiniňde belli bir derejede egilşige giden ýagdaýlarynda garaşyp bolýar.

Araçylygyň geçirilmegine razylyk beren taraplaryň özleri ylalaşyk gazanmak üçin çynlakaý ýykgyn etmelidirler. Jedeli çözmegiň bu görnüşiniň bähbitli tarapy, ol örän çalt we az çykdajyly çözülýär. Araçy bu arbitr däl, ol diňe taraplaryň arasyndaky ylalaşygy işläp düzmeklige ýardam berýär, ylalaşyk bolsa ýokarda bellenip geçilişi ýaly, taraplaryň özleri tarapyndan hukuk resminamasy görnüşinde resmileşdirilýär[680]. Taraplaryň gelen ylalaşygy esasynda täze şertnama (kontrat) baglaşylýan halatlaryda bolýar. Umumy kada laýyklykda arbitraž kazyýetlerde, şeýle hem döwlet kazyýetlerinde çözgüt üçünji tarap tarapyndan kabul edilýär. Çözgütleri ýerine ýetirmekde mejbury çäreler hem ulanylyp bilner.

Aýdylanlary jemlesek, araçylykda jedelleri çözmegiň has ýönekeýleşdirilen tertibiniň bolmagy, döwlet we arbitraž kazyýetleriniň resmi dessurlaýyn bolmagy, kazyýet seljerişleriniň çykdajylarynyň tapawutly ýokary bolmagy hem-de kazyýet önümçilikleriniň dowamlylygynyň uzak bolmagy, yokarda beýan edilen netijeleriň gelip çykmagyna esas döredýär. Biziň pikirimizçe, ýakyn geljekde diňe bir halkara we ýerli arbitraž kazyýetleriniň däl-de, eýsem araçylygyň hem düýpli hukuk binýady dörediler.

Dünýä tejribesinde häzirki döwürde ykdysady jedelleri kazyýete çenli özara ylalaşyklar esasynda çözmek, şeýle hem jedelsiz we çylşyrymly bolmadyk işleri ýönekeýleşdirilen tertipde seljermek ähli derejedäki kazyýetleiň hemmesine hem mahsus bolup durýar[681].

Deňeşdirme usuly bilen dürli düzümlerde ykdysady jedelleri seljermegiň we çözmegiň esasy aýratynlyklaryny şu tablisadan aýdyň görmek bolýar.

---

680 Ефимова В.В. Арбитражное процессуальное право. Учебное пособие. Саратов. 2009. S.6.

681 Арбитражный процесс. Под ред. В.В.Яркова. Учебник.-4-е изд., перераб. и доп. М.:Инфотропик Медиа, 2010. S.616-617.

**Ykdysady jedelleri altertnatiw usullaryň kömegi bilen hemde dürli kazyýetlerde seljermegiň we çözmegiň esasy aýratynlyklary**

Tablisa 8.2.1.

| Ykdysady jedelleri çözmegiň alternatiw usullaryny ulanyp (araçylyk) | Täjirçilik arbitraž kazyýetlerinde | Günbataryň döwlet kazyýetlerinde | Türkmenistanyň kazyýetlerinde |
|---|---|---|---|
| Tertip resmi däl (kanun tarapyndan kesgitlenen hökmany berjaý edilmeli yzygiderlik ýok) | Döwlet kazyýetlerindäki ýaly berk kanuny tertip ýok, ýöne käbir resmi hereketler taraplaryň ylalaşygy esasynda berjaý edilýär | Iş ýörediş kanunçylygy adyl kazyýetligi amala aşyrmagyň tertibini berk düzgünleşdirýär | Edil Günbataryň döwlet kazyýetlerindäki ýaly ýüze çykýar. Arbitraž kazyýetden tapawutlylykda umumy kazyýetlerde iş ýöredişiň tertibi has berk düzgünleşdirilýär |
| Gizlin häsiýetli gepleşikleriň üsti bilen jedel çözülýär. Taraplaryň ylalaşyk gazanmaga uly islegleriniň bolmagy gerek | Gizlinlik köplençi halatda üpjün edilýär, ýöne hökmany talap däl | Kazyýet önümçiligi aýanlyk görnüşinde guralýar | Kazyýet önümçiligi aýanlyk görnüşinde guralýar. Döwlet bähbitlerini goramak üçin, şeýle hem işe gatnaşýan taraplaryň esaslandyrylan haýyşlaryny göz öňünde tutup, kazyýet tarapyndan ýapyk mejlis geçirilýär |

| | | | |
|---|---|---|---|
| Gatnaşyjylar: jedelleşýän taraplaryň hukukçylary, az sanda şaýatlar we resminamalaryň iň az möçberi. Adwokatlaryň gatnaşýan ýagdaýlary hem bar | Adwokatlar gatnaşýar. Resminamalar köp möçberde seljerilýär we köp şaýatlar diňlenilýär | Kazy, oturdaşlar (sud prisýažnyh). Adwokatlaň gatnaşmagy hökmany | Kazy ýa-da kazylar. Adwokatlaň gatnaşmagy hökmany däl. Prokuror, beýleki degişli edara-guramalar bellenen tertipde gatnaşýarlar.Umumy kazyýetlerde oturdaşlar hem gatnaşýarlar |
| Işiň mazmuny: gepleşikler geçirmek, ylalaşyk gazanmak | Haýsy hukuk ähmiýetli ýagdaýlary anyklamalydygyny taraplar kesgitleýär. Olary subut etmek hem diňe taraplaryň borjydyr | Edil täjirçilik arbitraž kazyýetlerinde ýaly ýüze çykýar | Subutnamalary işe gatnaşýan taraplar bildirýärler. Olary kazyýet öz başlangyjy bilen hem toplap bilýär. Haýsy hukuk ähmiýetli ýagdaýlary anyklamalydygyny kazyýet kesgitleýär. |
| Araçy hiç hili hökmany ýerine ýetirilmeli çözgüt çykarmaýar. Taraplar ýazmaça görnüşinde özara ylalaşyk ýa-da kontrakt baglaşýarlar. Ylalaşyk gazanyp bolmadyk ýagdaýynda taraplar jedeli çözmek üçin täjirçilik arbitraž ýa-da döwlet kazyýetine ýüz tutup bilýärler | Arbitr (arbitrler) çözgüt çykarýar. Oňa çäkli ýagdaýlarda döwlet kazyýetlerine raýat tertibinde şikaýat bildirip bolýar | Kazy ýa-da oturdaşlaryň gatnaşmagyndaky kazyýet çözgüt çykarýar. Oňa ýokarda duran kazyýete şikaýat bildirip bolýar. Bu hukuk diňe taraplara degişlidir | Kazy ýa-da kazylar çözgüt çykarýar. Oňa işe gatnaşýan taraplar, şol sanda prokuror we beýleki ygtyýarly taraplar ýokarda duran kazyýete şikaýat (teklipnama) bildirip bilýär. Gözegçilik tertibinde bolsa, prokuraturanyň we kazyýetiň degişli wezipeli adamlary garşylyknama getirip bilýärler |

| | | | |
|---|---|---|---|
| Ylalaşyk (kontrakt) ýerine ýetirilmese, oňa döwlet kazyýetine ýa-da täjirçilik kazyýetine şikaýat bildirip bolýar | Döwlet kazyýetine şikaýat bildirmegiň çäkli ýagdaýlaryny milli kanunçylyk kesgitleýär. Arbitraž kazyýeti tarapyndan öz çözgütlerini täzeden barlamak tertibi göz öňünde tutulmadyk | Ýokarda durýan kazyýetler tarapyndan çözgüdiň diňe şikaýat edilen bölegi, özi-de diňe şikaýat eden taraplar bilen bagly barlanylýar | Ýokarda durýan kazyýetler tarapyndan çozgüt dolulugyna, şol sanda şikaýat etmedik taraplar bilen bagly hem barlanylýar |
| Döwlet tarapyndan goldaw, ýagny mejbury çäreleri ulanmak göz öňünde tutulmaýar | Diňe Nýu-Ýork Konwensiýasyna agza döwletlerde çözgüt mejbury ýerine ýetirilýär | Kazyýetiň çözgüdi mejbury ýerine ýetirilýär | Edil Günbataryň döwlet kazyýetlerinde ýaly ýüze çykýar |
| Jedeli çözmek bilen bagly çykdajylar arbitraž we döwlet kazyýetlerindäkä garanyňda juda az | Döwlet kazyýetlerindäkä garanyňda jedeli çözmek bilen bagly çykdajylar az, ýöne onuň möçberi araçylyk tertibindäkiden köpdür | Kazyýet çykdajylarynyň möçberi täjirçilik arbitraž kazyýetindäkiden köp | Edil Günbataryň döwlet kazyýetlerinde ýaly ýüze çykýar |

## Netije

Türkmenistan öz ösüş ýolunda bazar ykdysadyýetiniň ýörelgelerini saýlap alandan soň, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ulgamynda ykdysady gatnaşyklar aýratyn ähmiýete eýe boldular. Soňky döwürde ykdysady meseleler bilen bagly ýurdumyzda kanunlaryň giň toplumy kabul edildi we bu iş Hormatly Prezidentimiziň parasat-

ly ýolbaşçylygynda netijeli dowam etdirilýär. Elbetde, munuň özi döwletiň ykdysady kanunlarynyň goragyny üpjün edýän iş ýörediş kanunçylygnyyň, şeýle hem Türkmenistanynyň Arbitraž kazyýetiniň işiniň döwrebap özgerdilmegini talap edýär.

Umumy kada görä, kanunyň we hukugyň analogiýasy kazyýet iş ýörediş kanunçylygynda ulanylmaga degişli däl. Şonuň üçin hem kazyýet iş ýörediş çygrynda döreýän gatnaşyklar diňe hukuk görnüşinde ýüze çykyp bilýär. Şol sebäpli-de, iş ýörediş kodekslerinde berkidilmedik hereketler hiç hili hukuk ähmiýetli netijeleriň döremegine getirip bilmeýärler.

Aýdylanlardan ugur alynsa, onda Türkmenistanyň arbitraž iş ýörediş kanunçylygynda her bir derwaýys hereket göz öňünde tutulmaga hem-de doly we hemmetaraplaýyn düzgünleşdirilmäge degişli. TAIÝK-da düzgünleşdirilmedik ýa-da talaba laýyk düzgünleşdirilmedik hereketler sanardan kän. Şol sebäpli monografiýada ylmy-tejribe nukdaýnazardan esaslandyrylan doktrinal düşündirişler berildi, kanunyň kadalary giňişleýin beýan edildi, zerurlygyna görä olary döwrebap ösdürmek we kämilleşdirmek boýunça pikirler aýdyldy, şol sanda ulgamlaýyn häsiýetli kadalary kanunçylyga girizmek teklip edildi. Munuň özi kazyýet önümçiliginde döräp biljek ýalňyşlyklaryň öňüni almak, şeýle hem bir bitewi kazyýet iş ýöredişini üpjün etmek işini dogry ýola goýmak üçin möhümdir.

TAIÝK-ny bazar ykdysadyýetiniň şertlerine laýyklykda, halkara hukugynyň umumylykda ykrar edilen ýörelgelerinden we kadalaryndan ugur alyp, milli taryhy aýratynlyklarymyzy göz öňünde tutup, arbitraž iş ýöredişiň dispozitiwlik we bäsleşik başlangyçlaryna aýratyn ýykgyn edip, kazyýet önümçiligini derňew-bäsleşik häsiýetli gurap, munuň üçin subutnamalary toplamakda işe gatnaşýan taraplar bilen kazyýetiň arasynda netijeli işjeňligi tapyp, şeýlelikde, iş boýunça aýanlygy ýüze çykarmaklygy maksat edinip, arbitraž kanunçylygyny döwrebap özgertmek boýunça monografiýada birnäçe teklipler girizildi we netijelere gelindi. Öňe sürülýän pikirleriň köplügi sebäpli, aşakda beriljek sanawda olaryň diňe has esasylarynyň we ylmy-

tejribe nukdaýnazardan möhümleriniň üstünde umumylaşdyrylan görnüşde durlup geçildi:

1. Döwletiň bitewi kazyýet ulgamynyň çäginde Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetiniň işini özgertmeli. Geljekde Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetiniň welaýatlarda birinji basgançakly kazyýet hökmünde düzümlerini döretmeli. Daşary ýurt tejribesine laýyklykda, Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetiniň ygtyýarlyklaryny giňeltmeli, şol sanda ony nägilelik we gözegçilik kazyýetleriniň ygtyýarlyklary bilen üpjün etmeli.

2. Ykdysady jedelleri seljermekde we çözmekde düýpli aýratynlyklaryň bardygy sebäpli, TAIÝK-ny TRIÝK-a bilen birleşdirmek şu döwürde maksadalaýyk däl. Ykdysady işler döwrebap kämilleşdirilen aýratyn iş ýörediş kodeksi bilen düzgünleşdirilmeli.

3. TAIÝK-ny bazar ykdysadyýetini düzgünleşdirmekde Ýewropa döwletleriniň hukuk ýörelgelerine esaslanýan TRK-nyň talaplaryna laýyk getirip, şeýlelikde olaryň sazlaşykly arabaglanşygyny gazanyp, netijede hukugyň subýektleriniň hukuklarynyň hem-de kanuny bähbitleriniň döwlet goraglylygyny talaba laýyk üpjün etmeli.

Munuň üçin iş ýöredişiň dispozitiwlik we bäsleşik başlangyçlaryny ösdürmeli. Ýöne ýurdumyzyň ösüşiniň şu tapgyrynda, haçan-da eýeçiligiň agramly bölegi döwletiň elinde jemlenýärkä, dispozitiwlik hökman çäklendirilen görnüşde ýüze çykyp biler, bäsleşik bolsa, taraplaryň hem kazyýetiň özara pähimli we ýerlikli işjeňligine daýanmalydyr. Dispozitiwlik babatda aýdylanlar hususy eýeçilige degişli däl.

4.Türkmenistanyň Arbitraž kazyýeti - Türkmenistanyň Ykdysady kazyýeti, arbitraz işler – ykdysady işler, arbitraž iş ýöredişi bolsa, ykdysady iş ýörediş diýlip atlandyrylmaly.

5. Kanun çykaryjylyk we hukuk ulanyş tejribesinde bir bitewi hukuk syýasatyny alyp barmak üçin, kanunlarda hemmetaraplaýyn ölçerip-dökülen, düşünjäniň mazmunyny doly açyp görkezýän düşnükli we gysga aýdylýan adalgalar hem-de düşünjeler ulanylmaly (monografiýanyň tekstinde şeýle adalgalaryň we düşünjeleriň giň toplumy hukuk ulanyşa girizilýär).

6. “Işe gatnaşyjylar”- umumy düşünje bolanlygy sebäpli, ol “işe gatnaşýan taraplary” hem öz içine alýar. TAIÝK-da “işe gatnaşýan

taraplar” diýen düşünje ulanylmaly ýerinde, “işe gatnaşyjylar” diýen düşünje köp ulanylypdyr. Olaryň hukuk ýagdaýlarynyň düýpgöter tapawutlanýanlygy sebäpli, GDA döwletleriniň kanun çykaryjylyk tejribesinden ugur alyp, kodeksde bu düşünjeleri ýerlikli ulanmaly.

7. Ykdysady işde hususy-hukuk bähbidi bar taraplaryň hukuk ýagdaýy, ýagny hukuklary we borçlary, şeýle hem ygtyýarlyklary bazar ykdysadyýetiniň şertlerine görä meýletinlik, özbaşdaklyk, eýeçiligiň eldegrilmesizligi, işlerine goşulyşmazlyk ýörelgelerinden ugur alyp kesgitlenmeli. Ykdysady işde başganyň hususy-hukuk bähbidini goraýan taraplaryň sanawy aýdylanlary göz öňünde tutup kesgitlenmeli, olaryň ygtyýarlyklary işde bähbidi bar taraplaryň hukuk ýagdaýyna garşy gelmeli däl hem-de adatça olaryňka görä ýokary bolmaly däl.

8. Arbitraž iş ýöredişinde işiň hakyky ýagdaýlaryny dogry kesgitlemek we subut etmek, şeýlelikde, bozulan ýa jedelli hukuklary hem-de kanuny bähbitleri talaba laýyk goramaklygy üpjün etmek maksady bilen kazyýet önümçiliginiň gatnaşyjylarynyň, ilkinji nobatda hem taraplaryň, üçünji taraplaryň, prokuroryň, kazyýet wekiliniň, şeýle hem işe gatnaşmadyk, ýöne özleri babatda çözgüt çykarylan taraplaryň hukuklaryny we borçlaryny kanunda doly hem anyk kesgitlemeli (monografiýanyň 3-nji babynda iş ýöredişe gatnaşyjylaryň hukuk ýagdaýynyň meseleleri bilen bagly teklipler giňişleýin häsiýetlendirilýär).

9. TAIÝK-da kazyýete aýanlygy ýüze çykarmaga ýardam berijileriň hataryna bilermenden we terjimeçiden başga “beýleki taraplar” hem degişli edilen. Ýöne kodeksde “beýleki gatnaşyjylaryň” hukuk ýagdaýy kesgitlenmeýär. Umumy düşünje bilen iş ýöredişiň gatnaşyjylaryny aňladyp bolmaýar. Kanunyň häzirki ýagdaýynda arbitraž iş ýöredişinde bilermenden, terjimeçiden we kazyýet wekilinden başga işde bähbidi ýok gatnaşyjylar bolup bilmez.

10. Haçan-da iş ýöredişde ýuridik şahsyň edara ýolbaşçysy çykyş edende, şu ýagdaýda wekilçilik ýok. Şoňa görä-de, kanunyň kazyýet mejlisine “taraplaryň wekilleri” gatnaşýar diýen düşünje bilen ylalaşyp bolmaýar. Wekilçilik diňe edara ýolbaşçysynyň öz işgärine ýa-da adwokata işi alyp barmaklygy tabşyran ýagdaýynda ýüze çykyp bilýär.

11. Prokuror hususy-hukuk meseleleri babatda arbitraž iş ýöredişine diňe hukuklary bozulan ýa-da bikanun jedelleşmäniň

ýüze çykan ýagdaýynda işde bähbidi bar taraplaryň haýyşlary hem-de olaryň razylygy bilen gatnaşýandygyny kanunda berkitmeli. Türkmenistanyň ösüşiniň häzirki döwründe ykdysadyýetde eýeçiligiň aglaba böleginiň döwlete degişlidigini nazara alyp, döwletiň, şeýle hem onuň düzüm birlikleriniň bähbidine täsir edýän işlere prokuroryň gatnaşmagy hökmany edilmeli.

12. Işde bähbidi bar taraplaryň bozulan ýa jedelli hukuklaryny we kanuny bähbitlerini talaba laýyk goramakda adwokatyň aýratyn hukuk orny bolmaly. Daşary ýurtlaryň adyl kazyýetligi amala aşyrmaklygy professionallaşdyrmak ýörelgesinden ugur alyp, TAIÝK-da adwokatyň kazyýet önümçiligine işjeň gatnaşmagyny üpjün etmek maksady bilen, onuň ygtyýarlyklaryny giňeltmek meselesini öwrenmeli.

13. Ykdysady işleriň kazyýetiň garamagyna degişliligi kesgitlenende, şol bir wagtda jedeliň predmetinden hem-de jedelli gatnaşygyň subýekt düzüminden ugur almaly.

14. Dolandyryş-hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan işlere garamagyň we çözmegiň meseleleri TAIÝK-da doly düzgünleşdirilmäge degişli. Ilkinji nobatda hem, kanunda agzalan işleriň kazyýetiň ýurisdiksiýasyna degişli edillenleriniň sanawyny kesgitlemek zerur. Daşary ýurt tejribesinden ugur alyp, geljekde dolandyryş-hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan jedelleri seljermek we çözmek dolandyryş iş ýörediş kodeksi bilen düzgünleşdirmeli edilmeli. Özi-de bu işler ýörite döredilen dolandyryş kazyýetlerinde garalmaly.

15. Aýratyn önümçiligiň işlerine garamagyň we çözmegiň tapawutly taraplary hem TAIÝK-da juda ýüzleý düzgünleşdirilen. Haýsy hukuk ýagdaýlarynyň kazyýet tarapyndan anyklanyp bilinýändigini, olaryň kim tarapyndan we nähili gozgalýandygyny, olaryň taýýarlanyşynyň hem-de kazyýetde seljerilişiniň aýratynlyklarynyň nämeden ybaratdygyny, ahyrynda hem, bu çözgütleriň ýerine ýetirilişi baradaky meseleleri kanunda doly we hemmetaraplaýyn düzgünleşdirmek möhümdir.

16. Batyp galmak bilen bagly işleri talap we aýratyn önümçilikleriniň ýa-da dolandyryş-hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan işleriň hataryna degişli edip bolmaýar. Sebäbi bu işlere garamagyň we çözmegiň özboluşly aýratynlyklary bar. Şonuň üçin hem bu işlere garamaklygy

daşary ýurt tejribesine laýyklykda, özbaşdak önümçilik hökmünde düzgünleşdirmeli.

17. TAIÝK-ny Arbitraž kazyýetiň garamagyna degişli işleriň sanawyny kesgitlände, olaryň hataryna daşary ýurt ýuridik we fiziki şahslaryň gatnaşmagyndaky jedelleri hem degişli edýär. Ýöne umumy kada boýunça jedel, ilkinji nobatda, kanun esasynda kazyýetiň garamagyna degişli edilmeli. Şeýle hem, TAIÝK-da iş gozgamak maksady bilen daşary ýurt şahslarynyň Arbitraž kazyýetine ýüz tutmak mümkinçiligi hem berkidilmeli.

Daşary ýurt şahslarynyň gatnaşmagynda garalýan işler GDA döwletleriniň degişli iş ýörediş kodekslerinde berkidilişi ýaly, TAIÝK-da hem ýörite bapda giňişleýin düzgünleşdirilmäge degişli.

18. Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti, birinji basgançakly kazyýet hökmünde, has çylşyrymly we wajyp ykdysady işlere garamaga we çözgüt çykarmaga ygtyýarly edilmeli.

19. Eger-de işe jogapçy hökmünde ýuridiki şahsy döretmezden hususy telekeçi bolup çykyş edýän fiziki şahs gatnaşsa, onda kanun esasynda talap arzasy onuň ýaşaýan ýa-da hususy telekeçi hökmünde resmi bellige alnan ýeri boýunça bildirilmeli.

20. TAIÝK-da işe gatnaşýan taraplary we beýleki gatnaşyjylary kazyýet mejlisiniň ýa-da aýry-aýry hereketleriň geçiriljek ýeri we wagty barada halkara hukugynyň umumylykda ykrar edilen ýörelgelerine we kadalaryna laýyklykda habarly etmegiň tertibi düzgünleşdirilmeli.

21. TAIÝK-da bellenen tertipde talap edilip alnan ýa-da bildirilen surat (foto), kino, audio, wideo ýazgylaryny we beýleki maglumat göterijilerini subut ediş serişdesi hökmünde ulanmaklygy göz öňünde tutmaly.

22. Islendik dawaly hukuk meselesinde taraplary düşünişmeklige, ylalaşyga, gatnaşyklary täze şertlerde netijeli dowam etdirmeklige çagyrmak kazyýetiň möhüm wezipeleriniň biri bolmaly. Jedelli ýagdaýlary çözmekde şu çemeleşme kazyýete çenli hem, şonuň ýalyda kazyýet iş ýöredişiniň dowamynda hem kazy we araçylar (mediatorlar) tarapyndan netijeli amala aşyrylmaly.

23. Birinji basgançakly kazyýet seljerişiniň zerur hereketleri, şeýle hem nägilelik we gözegçilik kazyýetleriniň derwaýys hereketleri, kanunyň logiki yzygiderliligine laýyklykda, daşary ýurt tejribesinden ugur alnyp, monografiýada giňişleýin beýan edildi hem-de ösdürildi.

24. Kazyýet namalaryna gözegçilik tertibinde prokuraturanyň we kazyýetin degişli wezipeli adamlary tarapyndan garşylyknama getirmek hukugyny möhlet bilen çäklendirmeli, sebabi munuň özi kazyýet namalarynyň kanuny güýjüne ynamsyzlyk döredýär, onsoňam hukuk döwletiniň ýörelgelerine gabat gelmeýär.

25. TAIÝK-da prokuroryň hukuk orny TRIÝK bilen deňeşdireniňde has pes derejede kesgitlenen. Aýratyn hem, bu ýagdaý gözegçilik kazyýetinde mese-mälim göze ilýär. Prokuroryn hukuk ygtyýarlyklaryny TAIÝK-da doly we anyk düzgünleşdirmek zerur.

26. Arbitraž iş ýöredişiniň kazyýet namalaryny gözegçilik tertibinde täzeden garamak tapgyry kazyýet önümçiliginiň beýleki tapgyrlaryna garanyňda has-da ýüzleý düzgünleşdirilen. Kazyýet namalarynyň kanuny we esasly bolmagyny üpjün etmek üçin gözegçilik önümçiligi doly we hemmetaraplaýyn düzgünleşdirilmäge degişli.

27. Çözgütde anyklanýan hukuk ýagdaýlary we olaryň esasynda taraplaryň hukuklary hem-de borçlary babatda gelinýän netijeler biri-biri bilen aýrylmaz baglydyr. Şoňa görä-de, çözgüdiň bir bölegi üýtgän halatynda bu ýagdaý hökmany suratda onuň beýleki böleklerine hem täsir edýär. Çözgüdiň bir böleginiň kanuny we esasly bolmagyny üpjün edip, onuň beýleki bölekleriniň bu talaplary kanagatlandyrmagy hökman däl diýip aýdyp bolmaýar. Şol sebäpli-de çözgüdi dolulygyna we oňa hiç hili närazylyk bildirmeýän şahslar bilen hem bagly barlamak zerurdyr.

28. Türkmenistanyň arbitraž iş ýörediş kanunçylygynda daşary ýurt tejribesinden gaýybana iş ýöredişiň, ýönekeýleşdirilen tertipde iş ýöredişiň, ýaraşdyryş çäreleriniň, deslapky kazyýet mejlisiniň, deslapdan üpjün etmek çäresiniň düzgünlerini hem-de monografiýada seljerilen beýleki oňyn institullary we kadalary göz öňünde tutmaly.

29. Kazyýet önümçiligini talaba laýyk we netijeli guramak, şeýle hem döwrebap hukuk medeniýetini we mentalitetini kemala getirmek

üçin kazyýet iş ýöredişiniň ähli tapgyrlarynda kämil tehnologiýalardan (internet saýt, elektron aragatnaşyk, audio-wideo ýazgylar we başgalaryň) giňden peýdalanylmagyny üpjün etmeli.

30. Eger bazar ykdysadyýeti hereketleriň erkinligini (şertnamalary baglaşmakda, emlägiňe eýeçilik etmekde, kärhana döretmekde, jogapkärçilik çekmekde we ş.m.) yglan edýän bolsa, onda subýektiw hukuklary we kanuny bähbitleri goramagyň serişdelerini hem-de usullaryny saýlamak telekeçilik işi bilen meşgullanyp, jedelli ýagdaýa düşen şahslaryň özlerine bagly bolmaly. Şoňa görä-de, ýurtda döwlet kazyýetleri bilen bir hatarda täjirçilik arbitraž kazyýetleri-de hereket etmeli. Fiziki we ýuridik şahslarda öž bozulan ya jedelli hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramakda döwlet hem-de täjirçilik kazyýetleriniň arasynda saýlamaga mümkinçiligi bolmaly. Şonuň üçin hem geljekde Türkmenistanda täjirçilik arbitraž kazyýetini döretmeli hem-de onuň netijeli işlemegini üpjün etmek üçin zerur halkara konwensiýalaryna we ylalaşyklaryna goşulmaly.

31. Jemgyýetde amala aşyrylýan syýasy, durmuş-ykdysady we medeni özgertmeleri tejribä netijeli ornaşdyrmak üçin kämil kanunlar gerek. Munuň üçin döwletiň hukuk özgertmeleriniň strategiýasynyň Maksatnamasy işlenip taýýarlanylmaly we kabul edilmeli. Onda hukuk özgertmeleriniň maksatlary, döwrebap wezipeleri we ýerine ýetirilmeli işleri, olar durmuşa geçirilende göz öňünde tutulmaly zerur şertler anyk kesgitlenmeli.

Şeýle hem şu jähtden döwletiň kazyýet ulgamyny özgertmegiň strategiýasynyň Maksatnamasy aýratyn işlenip düzülmeli.

32. Monografiýanyň maglumatlary arbitraž iş ýörediş hukugy boýunça geljekde okuw kitaplary we gollanmalary taýýarlananda, umumy we ýörite dersler okadylanda, şu ugurdan ylmy işler ýazylanda, şeýle hem geçirilen ylmy seljermeleriň netijeleri kanun çykaryjylyk we hukuk ulanyş tejribesinde peýdalanylyp bilner.

# EDEBIÝAT


1. Türkmenistanyň Konstitusiỳasy. Aşgabat, 2008.

2. Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 1964.

3. Türkmenistanyň Nika we maşgala hakyndaky kodeksi. Aşgabat, 1969.

4. Türkmenistanyň Dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky kodeksi.Aşgabat. 1984.

5. Türkmenistanyň Hojalyk iş ýörediş jemkanuny. Aşgabat, 1991.

6. “Türkmenistanda kazyýet gurluşy we kazylaryň statusy hakynda” Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 29.05.91. №496-XII.

7. Saparmyrat Türkmenbaşynyň Türkmenistanyň Raỳat kodeksi. Aşgabat, 17.07.1998.

8. Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000.

9. “Türkmenistanyň Ýokary hojalyk suduny ýapmak hakynda” Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 14.02.2000. №15-II.

10. “Türkmenistanyň Araçy suduny döretmek hakynda” Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 14.02.2000. №16-II.

11. “Bergidarlaryň batyp galmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 01.10.2003. №861-XII.

12. “Kadalaşdyryjy hukuk namalar hakynda” Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 07.12.2005. №31-III.

13. “Daşary ýurt maýa goýumlary hakynda” Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 03.03.2008. №184-III;

14. “Uglewodorod serişdeleri hakynda” Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 20.07.2008. №208-III.

15. “Türkmenistanyň Konstitusiýasyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda” Türkmenistanyň konstitusion kanuny. Aşgabat, 26.09.2008, №TKK-13.

16. “Kazyýet hakynda” Türkmenistanyň kanuny. Aşgabat, 15.08.2009. №49-IV.

17. “Türkmenistanyň prokuraturasy hakynda” Türkmenistanyň kanuny. Aşgabat, 2009.

18. “Türkmenistanda adwokatura we adwokatlyk işi hakynda” Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 10.05.2010. №105-IV.

19. Türkmenistanyň Prezidentiniň 1993-nji ýylyň 21-nji iýulynda çykaran 1409-njy karary bilen tassyklanan “Türkmenistanyň Söwda-senagat palatasynyň ýanyndaky Arbitraž barada” Düzgünnama. Türkmenistanyň Prezidentiniň aktlarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň kararlarynyň ýygyndysy. Aşgabat, 1993. № 7.

20. “Türkmenistanyň kanunçylygyny kämilleşdirmegiň meseleleri”. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň 28-nji noýabrynda çykaran 9234-nji karary. Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy. № 11 Aşgabat, 2007.

21. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň 28-nji noýabrynda çykaran 9234-nji karary bilen tassyklanan “Türkmenistanyň kanunçylygyny kämilleşdirmek boýunça döwlet topary hakynda” Düzgünnama. Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy. № 11 Aşgabat, 2007.

22. Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy. Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy. № 12 Aşgabat, 2007.

23. Türkmenistanyň Konstitusiýasyny kämilleşdirmek boýunça konstitusion topar hakynda Düzgünnama. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň 18.04.2008 ýyldaky, №HMK-72 karary bilen tassyklanan bölüm. Aşgabat, 2008.

24. 2012-nji ýyla çenli döwür üçin welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň durmuş-ykdysady ösüşiniň Konsepsiýasy. №9910 Aşgabat, 21.07.2008.

25. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy (Birinji tapgyr: 2011-2015-nji ýyllar). Aşgabat, 2010.

26. “Kazyýet çözgüdi hakynda” Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň 1993-nji ýylyň 13-nji iýulynda kabul eden karary. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň kararlarynyň ýygyndysy. Aşgabat, 2007.

27. “Birinji basgançakly kazyýetde raýat işlerine seredilende iş ýörediş kanunçylygynyň ulanylyşy hakynda” Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň 1993-nji ýylyň 13-nji iýulynda kabul eden karary. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň kararlarynyň ýygyndysy. Aşgabat, 2007.

28. “Birinji basgançakly kazyýetiň hökümlerine we beýleki çözgütlerine nägilelik tertibinde şikaýat we garşylyknama getirmegiň käbir meseleleri hakynda” Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň 1995-nji ýylyň 20-nji oktýabrynda kabul eden karary. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň kararlarynyň ýygyndysy. Aşgabat, 2007.

29. “Kazyýetler tarapyndan raýat işlerine nägilelik tertipde garamaklygyň iş ýörelgeleri hakynda” Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň 1997-nji ýylyň 28-nji aprelinde kabul eden karary. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň kararlarynyň ýygyndysy. Aşgabat, 2007.

30. “Raýat işlerine kazyýet gözegçiligi tertibinde garamagyň iş ýörelgeleri hakynda” Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň 1997-nji ýylyň 25-nji dekabrynda kabul eden karary. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň kararlarynyň ýygyndysy. Aşgabat, 2007.

31. “Türkmenistanyň kazyýetleri tarapyndan daşary ýurtly düzgünnamaly şahslaryň we telekeçileriň gatnaşmaklary bilen baglanyşykly jedellere seretmekde Türkmenistanyň kanunçylygynyň berjaý edilişi boýunça kazyýet iş ýörelgeleri hakynda” Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň 2008-nji ýylyň 25-nji ýanwarynda kabul eden 2-nji belgili karary.

32. “Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň käbir kararlaryna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda” Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň 2010-njy ýylyň 18-nji dekabrynda kabul eden 6-njy belgili karary.

33. “Raýat we araçy jedeller baradaky kazyýetiň çözgütleriniň kanunylygyna prokuror gözegçiligi hakynda” Türkmenistanyň Baş prokurorynyň 2001- nji ýylyň 30-njy iýunynda çykaran 11-nji bel-

gili buýrugy. Türkmenistanyň Baş prokurorynyň Buýruklarynyň we görkezmeleriniň ýygyndysy. 2-nji goýberiliş. Aşgabat, 2005.

34. Типовой закон ЮНСИТРАЛ о международном торговом арбитраже (Комиссия Организации Объединенных Наций по праву международной торговли. 21 июня 1985 года. С изменениями, принятыми в 2006 году) http//www.uncitral.org).

35. Регламент Лондонского Международного Третейского суда (LONDON COURT OF INTERNATIONAL ARBITRATION LCIA). Текст документа с изменениями и дополнениями по состоянию на ноябрь 2007 года. http://lawrussia.ru/texts/legal_555/doc55a375x652.htm ;

36. Арбитражный Регламент Международной Торговой Палаты (ICC). Вступил в силу 1 января 1998 года. www.iccarbitration.org

37. Конвенция ООН «О признании и приведении в исполнение иностранных арбитражных решений» . Нью-йорк, 10.06.1958.

38. Конвенция о защите прав человека и основных свобод. Рим, 4 ноября 1950 г.(с изменениями от 21 сентября 1970 г., 20 декабря 1971 г., 1 января, 6 ноября 1990 г., 11 мая 1994 г.) ETS N 005.

39. Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. Москва, 2006. С изм. и доп. на 12.07.2011.

40. Гражданский процессуальный кодекс Российской Федерации (в редакции Федерального закона от 07.08.2000. №120-ФЗ) М. 2000.

41. Гражданский процессуальный кодекс Республики Молдова от 30.05. 2003 г. №225-XV. С изм. и доп. на 23.06.2011.

42. Гражданский процессуальный кодекс Республики Армения от 17.08. 1998. ЗР-247. С изм. и доп. на 07.04.2009.

43. Гражданский процессуальный кодекс Грузии от 14.11. 1997. Е-1106-:с ар. С изм. и доп. на 30.03.2006.

44. Гражданский процессуальный кодекс Кыргызской Республики от 24.11. 1999 . С изм. и доп. на 19.01.2010.

45. Гражданский процессуальный кодекс Республики Казахстан от 13.07.1999. №411-1. С изм. и доп. на 20.01.2010.

46. Гражданский процессуальный кодекс Азербайджанской Республики от 28.12. 1999. С изм. и доп. на 23.12.2005.

47. Кодекс Республики Таджикистан об экономическом судопроизводстве от 05.01.2008.

48. “Об арбитражных судах в Российской Федерации” от 28 апреля 1995. №1 ФКЗ.

49. Хозяйственный процессуальный кодекс Республики Беларусь. Принят Палатой представителей 11.11.1998. Одобрен Советом Республики 26.11.1998. С изм. и доп. на 03.06.2011.

50. Хозяйственный процессуальный кодекс Республики Узбекистан. Утвержден Законом РУз от 30.08.1997г. №478-1. С изм. и доп. на 01.06.2010.

51. Хозяйственный процессуальный кодекс Украины. Утвержден Верховной Радой от 06.11.1991. №1798-XII. С изм. и доп. на 31.05.2011.

52. Определение Конституционного Суда РФ от 6 ноября 2003 года №390-0 «Об отказе в принятии к рассмотрению запроса Совета Администрации Красноярского края о проверке конституционности части 3 статьи 199 Арбитражного процессуального кодекса Российской Федерации» //Вестник Конституционного Суда РФ. 2004. №1.

53. Определение Конституционного Суда РФ от 27 декабря 2005 года №467-0 «Об отказе в принятии к рассмотрению жалобы Закрытого акционерного общества «Симал» на нарушение конституционных прав и свобод пунктом 2 статьи 311 Арбитражного процессуального кодекса Российской Федерации» // СПС «Консультант-Плюс».

54. Gurbanguly Berdimuhamedow. “Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr” Aşgabat: “Ylym”, 2007.

55. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanda saglygy goraỳşy ösdürmegiň ylmy esaslary. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirỳat gullugy, 2007.

56. Gurbanguly Berdimuhamedow. Parahatçylyk, döredijilik, progres syỳasatynyň dabaralanmasy. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirỳat gullugy, 2007.

57. Türkmenistan sagdynlygyň we ruhubelentligiň ỳurdy. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirỳat gullugy, 2007.

58. Gurbanguly Berdimuhamedow. Döwlet adam üçindir. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirỳat gullugy, 2007.

59. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ỳurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syỳasaty. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirỳat gullugy, 2007.

60. Täze galkynyş eỳỳamy. Wakalaryň senenamasy – 2007-nji ýyl. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirỳat gullugy, 2008.

61. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirỳat gullugy, 2008.

62. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirỳat gullugy, 2009.

63. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Mejlisiniň IV çagyrylyşynyň Birinji maslahatynda eden çykyşy (2009-njy ýylyň 9-njy ýanwary). Türkmenistan 2009-njy ýylyň 10-njy ýanwary.

64. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 3-nji tom. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirỳat gullugy, 2010.

65. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirỳat gullugy, 2010.

66. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I, II tom. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirỳat gullugy, 2010.

67. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Mejlisiniň dördünji çagyrylyşynyň deputatlary bilen 2011-nji ýylyň 20-nji ýanwaryndaky duşuşygynda eden çykyşy. Türkmenistan 2011-nji ýylyň 21-nji ýanwary.

68. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň mejlisinde eden çykyşy. Türkmenistan 2011-nji ýylyň 30-njy marty.

69. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Konstitusiýa binasynyň açylyş dabarasynda eden

çykyşy (2011-nji ýylyň 18-nji maýy). Türkmenistan 2011-nji ýylyň 19-njy marty.

70. Гочыев Т. Совершенствование конституционных основ правосудия // Türkmenistanda ylym we tehnika.1999, №6.

71. Goçyýew T.D. Ykdysadyýet ýaýrawynda adyl kazyýetiň amala aşyrylmagynyň özgerdilmegi. Altyn Asyryň ykdysadyýeti. 2009. №1.

72. Goçyýew T.D. Arbitraž işleriň kazyýetiň garamagyna we belli bir kazyýetiň garamagyna degişliliginiň meseleleri. Altyn Asyryň ykdysadyýeti. 2009. №9.

73. Goçyýew T.D. Arbitraž iş ýöredişini hukuk düzgünleşdirmeginiň meseleleri. Altyn Asyryň ykdysadyýeti. 2009, №11.

74. Goçyýew T.D. Galkynyşlar zamanasynda hukuk özgertmesiniň strategiýasynyň durmuşa geçirilişi. Altyn Asyryň ykdysadyýeti. 2010, №1.

75. Goçyýew T.D., Ataýew S.K. Beýik Galkynyş zamanasynyň hukuk ideologiýasy we medeniýeti. Altyn Asyryň ykdysadyýeti. 2010, №5.

76. Goçyýew T.D. Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetiniň hem-de prokuroryň iş ýöredişe gatnaşmagynyň möhüm meseleleri. “Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan Täze Galkynyşlaryň ýurdudyr” atly ylmy işleriň ýygyndysy. Aşgabat, 2010.

77. Goçyýew T.D. Arbitraž kazyýet önümçiliginde kazyýet namalaryna täzeden garamagyň wajyp meseleleri. Altyn Asyryň ykdysadyýeti. 2010, №10-11.

78. Goçyýew T.D. Arbitraž iş ýöredişiň möhüm meselesi. Altyn Asyryň ykdysadyýeti. 2010, №12.

79. Goçyýew T.D. Bazar ykdysadyýetiniň hukuk binýadyny kämilleşdirmek. Beýik Galkynyş eýýamynyň batly gadamlary, Aşgabat, №1. 2011.

80. Goçyýew T.D. Bazar ykdysadyýetini kämil kanunçylyk bilen üpjün etmegiň şertleri. Türkmen ylmy galkynyş we halkara gatnaşyklar ýolunda, Aşgabat, №1. 2011.

81. Мамедкурбанова А. Основы и перспективы реформирования законодательства Туркменистана. В кн.: Право. Экономика.

Благосостояние. Актуальные вопросы правовой реформы в Туркменистане. Ашгабат, 2010.

82. Nuryýew Ý.M. Türkmenistanyň raýat kodeksi we ykdysady kanunçylygyň kämilleşmegi. Hukuk. Ykdysadyýet. Abadançylyk. Türkmenistanda hukuk özgertmesiniň döwrebap meseleleri. Aşgabat, 2010.

83. Raýat we arbitraž işleri boýunça kazyýet kararlarynyň nusgalarynyň ýygyndysy. Aşgabat, 2011.

84. Хаитов М.О. Конституционная реформа в Туркменистане // Государство и право. 2011, №1.

85. Авакян Е.Г. Опыт создания системы электронного правосудия в арбитражных судах Российской Федерации //Вестник ВАС РФ. 2011. №6.

86. Арбитраж в механизме социалистического хозяйствования стран- членов СЭВ. М.: Наука, 1988.

87. Арбитражный процесс. Учебник для вузов / Под ред. М.К. Треушникова. М, 1979.

88. Арбитражный процесс. Учебник / Под ред. М.К. Треушникова. М,1994.

89. Арбитражный процесс. Учебник для вузов. Под ред. М.К.Треушникова. М.:Зерцало.1995.

90. Арбитражный процесс. Учебник / Под ред. В.В. Яркова. М.:Юрист. 2002.

91. Арбитражный процесс. Учебник / Под ред. М.К. Треушникова. М.: ООО «Городец-издат», 2003.

92. Арбитражный процесс. Учебник-3-е изд., перераб. и доп. / Под ред. М.К. Треушникова. М.: Издательский дом «Городец», 2007.

93. Арбитражный процесс. Под ред. В.В.Яркова. Учебник-4-е изд., перераб. и доп. М.:Инфотропик Медиа, 2010.

94. Аргунов В.В., Аргунов А.В. О понятии юрисдикции // Законодательство. 2008, №11.

95. Байкин И.М. Вопросы ограниченного участия прокурора в гражданском процессе. //Арбитражный и гражданский процесс. 2008, №10.

96. Балашов А., Лейканд Е. Проблемы использования электронных доказательств в арбитражном и гражданском судопроизводствах //Арбитражный и гражданский процесс. 2009, №6.

97. Бахарев П.В. Арбитражный процесс. Учебно-методический комплекс.-М.:Изд.центр ЕАОИ, 2008.

98.БевзенкоР.С.,БочароваН.С.,МалешинД.Я.,РешетниковаИ.В. Сближение романо-германской и англосаксонской процессуальных систем. По материалам конференции Международной ассоциации по процессуальному праву в Торонто, 2009г. //Вестник ВАС РФ. 2009, №8.

99. Бывальцева С.Г. Конституционно-правовой статус прокуратуры: проблемы и преспективы //Конституционное и муниципальное право. 2011, №5.

100. Блажеев В.В. О существовании особых производств в арбитражном процессе // Актуальные проблемы гражданского права и процесса: сборник материалов Международной научно-практической конференции (12-13 октября 2006 года). Казань: Статут, 2006.

101. Богатырев Е.В. Генезис и эволюция механизмов экономического правосудия в российском государстве. Государство и право. 2011, №2.

102. Борисова Е.А. Некоторые теоретико-практические проблемы реформы в области судебной защиты гражданских прав //Вестник Московского университета. 2009, №1.

103. Борисова Е.А. Некоторые новеллы арбитражного процессуального законодательства России //Законодательство. 2011, №2.

104. Борисова В.Ф. Проблемы и перспективы обращения в суд в электронной форме //Арбитражный и гражданский процесс. 2011, №3.

105. Васнев В. «Электронное правосудие»: результаты работы и перспективы //Вестник ВАС РФ. 2008. №8.

106. Вахитов Р.С., Орлова А.И. Участие прокурора в арбитражном процессе. http://krasnoyarsk.arbitr.ru/90/75/733.html. 20.05.2011.

107. Власов А.А. Участие прокурора в судебном разбирательстве. Ульяновск, 2002.

108. Воронов А.Ф. Виды производств в арбитражном процессе //Законодательство. 2010, №4.

109. Гетьман-Павлова И.В. Международное частное право.- 2-е изд., перераб. и доп.- М.: Юрайт, ИД Юрайт, 2011.

110. Гребенцов А.М. Развитие хозяйственной юрисдикции в России. М., 2002.

111. Григорьева Т.А. Проблемы арбитражной юрисдикции в России. История возникновения и пути решения на современном этапе. Дисс. ... д-ра юрид. наук. Саратов, 2002.

112. Григорьева Т.А. Процессуальный порядок деятельности арбитражных судов как один из признаков судебной власти // Актуальные проблемы гражданского права и процесса: сборник материалов Международной научно-практической конференции (12-13 октября 2006 года). Казань: Статут. 2006.

113. Гребенцов А.М. Развитие хозяйственной юрисдикции в России. М, 2002.

114. Губанов В.А. Третьи лица в арбитражном процессе // Вестник ВАС РФ. 1997, №9.

115. Гунько Е.В. Средства доказывания в гражданском и арбитражном процессах: проблемные вопросы и пути их решения // Арбитражная практика. 2008, №6.

116. Давыденко Д.Л. Из истории примирительных процедур в Западной Европе и США // Вестник ВАС РФ. 2004. N 1.

117. Добровольский А.А., Иванова С.А. Основные проблемы исковой формы защиты права. М.: Издательство Московского университета, 1979.

118. Ермошин Г.Т. Арбитражный процессуальный кодекс РФ 2002 г.: концепция, содержание, особенности применения // Актуальные проблемы применения российского законодательства. Материалы семинара в Российской академии правосудия. 19-20 декабря 2002г. М., 2002.

119. Ефимова В.В. Арбитражное процессуальное право. Учебное пособие. Саратов. 2009.

120. Ефимов А.Е. Надзорное производство в арбитражном процессе : Автореф. дис. ... канд. юрид. наук. М., 2007.

121. Ефросин Д. Защита прокурором публичных интересов // Законность. 2002, №12

122. Женетль С.З. Упрощенное производство и некоторые сложности //Российский судья. 2005. №5.

123. Жуйков В.М. Судебная защита прав и интересов юридических лиц. М., 1997.

124. Интернет-коференция Председателя Верховного Суда Российской Федерации В.М Лебедева «Реформирование процессуального законодательства в Российской Федерации» // Законодательство. 2003, №3.

125. Каменков В.С. Цели, задачи и функции хояйственных судов Беларуси //Арбитражный и гражданский процесс. 2008, №4.

126. Каменков В.С. Субъектная доступность экономического правосудия Беларуси //Арбитражный и гражданский процесс. 2008, №5.

127. Каменков В.С. Правила подсудности ХПК - гарантия права на судебную защиту //Арбитражный и гражданский процесс. 2008, №6.

128. Каменков В.С. Третьи лица в хозяйственном судопроизводстве Беларуси //Арбитражный и гражданский процесс. 2009, №1._

129. Каюмова К.А. Российское экономическое законодательство: понятие, структура, основные тенденции развития. Автореф. дис. ... канд. юрид. наук. Самара, 2003.

130. Клеандров М.И. Экономическое правосудие в России: прошлое, настоящее, будущее. М., 2006.

131. Ковалев А. И снова к вопросу об участии прокурора в арбитражном процессе // Арбитражный и гражданский процесс. 2007. № 4.

132. Ковалев А. К вопросу об участии прокурора в арбитражном процессе. http://www.juristmoscow.ru/adv_rek/552/. 20.05.2011.

133. Комарова Л.П. Достоинства и недостатки АПК РФ 2002 г. //Арбитражная практика. 2003, №5.

134. Комментарий к Арбитражному процессуальному кодексу Российской Федерации / Под ред. Г.А.Жилина. М.: ООО «ТК Велби», 2003.

135. Комментарий к Арбитражному процессуальному кодексу Российской Федерации (постатейный) / Под ред. П.В. Крашенинникова. М.: Статут, 2007.

136. Комментарий к Арбитражному процессуальному кодексу Российской Федерации (постатейный) 2-е издание, перераб. и допол. / Под ред. П.В. Крашенинникова. М., 2009.

137. Королев И.С. Производство по делам, возникающим из административных и иных публичных правоотношений, в арбитражных судах РФ. Дисс. … канд. юрид. наук. М., 2006.

138. Кочаненко Е.П. Условия рассмотрения арбитражным судом дел в порядке упрощенного производства// Адвокат. 2008. №5.

139. Кочаненко Е.П. Эффективная подготовка дела к судебному разбирательству как одно из условий достижения целей упрощенного производства в арбитражном процессе //Законодательство и экономика. 2008, №11.

140. Кочаненко Е.П. Упрощенная форма разрешения дел в арбитражном процессе Российской Федерации: Автореф. дис. ... канд. юрид. наук. М., 2009.

141. Крипакова Д.Р. Объяснения лиц, участвующих в деле, в системе средств доказывания в арбитражном процессе: Автореф. дис. ... канд. юрид. наук. Саратов, 2009.

142. Круглова Н.Ю. Хозяйственное право. Учебное пособие. 2-е изд., испр. и доп.-М.:Издательство РДЛ, 2001.

143. Кудрявцева Е.В. Гражданское судопроизводство в Англии. М., 2008.

144. Кудрявцева Е.В. Подготовка дел к судебному разбирательству в России и Англии //Законодательство. 2008, №11.

145. Кулаков С. Ограничение принципа состязательности в хозяйственном судопроизводстве сквозь призму конкуренции норм //Юрисконсульт. 2010, №3.

146. Курс советского гражданского процессуального права. Т.1. Теоретические основы правосудия по гражданским делам. М.: Наука, 1981.

147. Курс советского гражданского процессуального права. Т.2 Судопроизводсво по гражданским делам. М.: Наука, 1981.

148. Лебедь К.А. Решение арбитражного суда. М., 2005.

149. Лим А.А. Распределение обязанности доказывания в арбитражном процессе по российскому законодательству. Автореф. дис. ... канд. юрид. наук. М., 2008.

150. Маклаев Д.В. Понятие и основания участия третьих лиц в арбитражном процессе. http//www.yurclub.ru/print.php. 20.05.2011.

151. Малешин Д.Я., Филатова М.А., Ярков В.В. Тенденции развития современного гражданского процесса (по материалам XIII Всемирного конгресса процессуального права, 2007 г.) //Вестник ВАС РФ. 2008, №11.

152. Малешин Д.Я. «Ограниченная активность» суда в процессе собирания доказательств как самобытная черта российского гражданского процесса //Законодательство. 2009, №2.

153. Малюкина А.В. Концентрация процесса-основа своевременного и правильного рассмотрения гражданского дела. – М.: Городец, 2009.

154. Маслова Т.Н. Проблемы участия прокурора в гражданском судопроизводстве. Автореф. дис. канд. юр. наук. Саратов, 2002.

155. Медникова М.Е. Досудебное урегулирование и альтернативное разрешение: соотношение правовых категорий // Юрист. 2006, №9.

156. Мдиванян Э.К. Актуальные вопросы утверждения мирового соглашения в арбитражном процессе //Закон и право. №2010, №7.

157. Митрофанова М. Достоверность электронных доказательств в арбитражном процессе //Право и экономика. 2008, №10.

158. Моисеев С.В. Принцип диспозитивности арбитражного процесса: Автореф. дис. ... канд. юрид. наук. М., 2001.

159. Нешатаева Т.Н., Старженецкий В.В. Право на справедливое разбирательство дела // Вестник ВАС РФ. 1999, N 11.

160. Нешатаева Т.Н. Суд и арбитраж: о границах частного и публичного //Вестник ВАС РФ. 2010, №11.

161. Николюкин С.В. Специфика арбитражного (третейского) рассмотрения международных коммерческих споров //Российская юстиция. 2008, №1.

162. Николюкин С.В. Сущность принципа состязательности в международном коммерческом арбитраже // Юрист. 2008, №9.

163. Никонов В.А. Сравнительно-правовое исследование института прокуратуры в России во второй половине XIX - начале XX века и конце XX – начале XXI века. Дис. …канд. юр. наук. Владимир, 2005.

164. Новикова Ю.С., Оганджанянц С.И. Гражданское судопроизводство в процессуальном праве //Арбитражный и гражданский процесс. 2004, №8.

165. Носырева Е.И. Альтернативное разрешение гражданско-правовых споров в США. Воронеж, 1999.

166. Носырева Е.И. Альтернативное разрешение гражданско-правовых споров в США: Автореф. дис. ... докт. юрид. наук. Воронеж, 2001.

167. Носырева Е.И. Альтернативное разрешение споров в США. М., 2005.

168. Носырева Е.И. Примирительные процедуры и международный коммерческий арбитраж //Международный коммерческий арбитраж: современные проблемы и решения: Сборник статей к 75-летию Международного коммерческого арбитражного суда при Торгово-промышленной палате Российской Федерации /Под ред. А.С.Комарова. М.: Статут, 2007.

169. Отческая Т.И., Власов А.А., Шилов А.В., Сметанников А.Е. Арбитражный процесс. Учебное пособие. Тюмень: Издательство Тюменского государственного университета. 2008.

170. Плешанов А.Г. Воплощение основных принципов цивилистического процесса в нормах института подготовки дела к

судебному разбирательству //Современная доктрина гражданского, арбитражного процесса и исполнительного производства. Теория и практика: Сборник научных статей.- Краснодар: СПб.: 2004.

171. Попова Ю.А. Судопроизводство по делам, возникающим из публично-правовых отношений (теоретические проблемы). Краснодар, 2002.

172. Приходько И.А. Доступность правосудия в арбитражном и гражданском процессе: основные проблемы.: Изд-во С.-Петербургского госуд-ого ун-та. Санкт- Петербург, 2005.

173. Приходько И. Арбитражный процессуальный кодекс РФ: обзор изменений внесенных в 2010 году //Хозяйство и право. 2010, №10.

174. Прокудина Л. Представительство в арбитражном процессе (вопросы профессионализации) //Арбитражный и гражданский процесс. 2009, №1.

175. Прокурорский надзор в Российской Федерации: учебник для бакалавров /под науч. ред. Е.Р. Ергашева. – М.: Юрайт, 2011.

176. Рехтина И.В. Проблемы судебной защиты прав и законных интересов лиц, не участвовавших в деле //Юрист. 2008, №6.

177. Решетникова И.В. К вопросу об ускорении процедуры отправления правосудия в арбитражных судах //Вестник ВАС РФ. 2004, №6.

178. Решетникова И.В. Концепция подготовки дела к судебному разбирательству //Современная доктрина гражданского, арбитражного процесса и исполнительного производства. Теория и практика: Сборник научных статей.- Краснодар: СПб.: 2004.

179. Решетникова И.В., Семенова А.В., Царегородцева Е.А. Комментарий судебных ошибок в практике применения АПК РФ / Под ред. И.В. Решетниковой. М.: Норма, 2006.

180. Решетняк В. Система электронного обеспечения правосудия и ее реализация в арбитражном процессе //Хозяйство и право. 2011, №6.

181. Решетняк В.И. К вопросу об электронном правосудии в арбитражном и гражданском судопроизводстве //Юрист. 2011, №9.

182. Рожкова М.А. Возражения (процессуальный и материальный аспекты) // Вестник ВАС РФ. 2002, N 6.

183. Рожкова М.А. Мировое соглашение в процедуре банкротства // Законодательство. 2004, N 2.

184. Розенберг Я.А. Представительство по гражданским делам в суде и арбитраже. Рига: Зинатне, 1981.

185. Свириденко О.М. О способах повышения эффективности работы арбитражных судов в условиях финансового кризиса // Вестник ВАС РФ. 2009, №12.

186. Скуратовский М.Л. Подготовка дела к судебному разбирательству в арбитражном суде первой инстанции.-М.: Волтерс Клувер, 2008.

187. Словарь иностранных слов. -18-е изд., стер.- М.: Русский язык, 1989.

188. Советский гражданский процесс: Учебник /Под ред. А.А.Добровольского, А.Ф. Клейнмана. М., 1970.

189. Советское гражданское процессуальное право. Под ред. М.А. Гурвича. М., 1957.

190. Солохин А. Некоторые проблемы понятия «примирение» в науке арбитражного процесса и практике арбитражных судов // Арбитражный и гражданский процесс. 2009, №7.

191. Стрелкова И.И. Подведомственность арбитражному суду дел по экономическим спорам и иных дел: Автореф. дис. ... канд. юрид. наук. Екатеринбург, 2002.

192. Терехова Л.А. Система пересмотра судебных актов в механизме судебной защиты. М., 2007.

193. Тихомиров Ю.А. Публично-правовое регулирование: динамика сфер и методов //Журнал российского права. 2001, №5.

194. Трещева Е.А. Субъекты арбитражного процесса: Автореф. дис. ... докт. юрид. наук. М., 2009.

195. Федосеева Н.Н. Электронное правосудие в России: сущность, проблемы, перспективы //Арбитражный и гражданский процесс. 2008, №9.

196. Хрестоматия: учеб. пособие. 2-е изд. перер. и доп. / Под ред. проф. М.К.Треушникова. М. :ОАО “Издательский Дом “Городец”, 2005.

197. Хубиева М.Р. Особенности заключения мирового соглашения в гражданском и арбитражном судопроизводстве // Юридические науки. 2010, №5.

198. Царегородцева Е.А. Способы оптимизации гражданского судопроизводства: Автореф. дис. ...канд. юрид. наук. Екатеринбург, 2006.

199. Ченцов Н.В. К вопросу о понятии стороны //Проблемы понятийного аппарата наук гражданского и гражданского процессуалного права: Сб. науч. трудов. Ярославль, 1987.

200. Черепанов М.М., Воронова Н.Н. Принцип содействия прокурора правосудию и независимости судей //Юридические науки. 2011, №3.

201. Чудаева О.П. Применение технических средств в стадии судебного разбирательства для обеспечения своевременного рассмотрения и разрешения гражданских дел //Законодательство. 2009, №3.

202. Шабанова К.А. О злоупотреблении процессуальными правами // Арбитражная практика. 2002, N 5.

203. Шамшурин Л. Об участии прокурора в разбирательстве гражданских дел: вопросы теории и практики //Арбитражный и гражданский процесс. 2009, № 2,3.

204. Шамшурин Л. О диспозитивности и злоупотреблении процессуальными правами в состязательном процессе в сфере гражданской юрисдикции: вопросы теории и практики // Арбитражный и гражданский процесс. 2009, №12.

205. Шамшурин Л.Л. Принципы гражданского (арбитражного) процессуального права: проблемы понятия, классификации, значение в совершенствовании законодательства и отпралении правосудия //Арбитражный и гражданский процесс. 2010, №7,8.

206. Шамшурин Л.Л. Доступность правосудия как гарантия реализации права на судебную защиту в сфере гражданской юрисдикции //Арбитражный и гражданский процесс. 2011.

207. Шварц М.З. Систематизация арбитражного процессуального законодательства (проблемы теории и практики применения): Автореф. дис. ... канд. юрид. наук. Краснодар: СПб., 2004.

208. Шерстюк В.М. Новые положения Арбитражного процессуального кодекса РФ. М., 1996.

209. Шерстюк В.М. Развитие принципа диспозитивности в арбитражном судопроизводстве // Арбитражная практика. 2002. №4.

210. Шерстюк В.М. Новые положения третьего Арбитражного процессуального кодекса Российской Федерации. М., 2003.

211. Шерстюк В.М. Развитие принципов арбитражного процессуального права. М., 2004.

212. Шерстюк В.М. Подготовка дела к судебному разбирательству в арбитражном суде // Законодательство. 2004, №6.

213. Шерстюк В. Разбирательство дела арбитражным судом первой инстанции //Хозяйство и право. 2009, №11.

214. Шерстюк В.М. Арбитражный процесс в вопросах и ответах. Комментарии, рекомендации, предложения по применению АПК РФ. 4-е изд., доп. и перераб. – М.: Издательский Дом “Городец”, 2010.

215. Шерстюк В.М. Реализация принципов арбитражного судопроизводства в законах, принятых после вступления в силу АПК РФ //Законодательство. 2011, №3.

216. Щукин А.И. Некоторые вопросы, возникающие при применении арбитражным судом обеспечительных мер // Вестник ВАС РФ. 2004, N 4.

217. Экономическое (коммерческое) правосудие в России: в 4 т. М., 2005-2007.

218. Юдин А.В. Правовое положение лиц, не участвующих в деле, о чьих правах и обязанностях может быть принят судебный акт //Вестник ВАС РФ. 2010, №10.

219. Ясеновед И.А. Мировое соглашение в арбитражном процессе: актуальные проблемы теории и практики: Автореф. дис. ... канд. юрид. наук. М., 2002.

220. Текст выступления Роберта Бринера, Президента Международного арбитражного суда при Международной торговой палате, на международной конференции в Ашхабаде, 3 июня 2005 года. Сборник материалов по международному коммерческому арбитражу. Ашгабат, 2008.

221. Текст выступления Ян Полссона, Президента Лондонского международного арбитражного суда, на международной конференции в Ашхабаде, 3 июня 2005 года. Сборник материалов по международному коммерческому арбитражу. Ашгабат, 2008.

222. Джеймс Л. Нолл. Арбитраж: разрешение споров вне суда. http://translate.googleusercontent.com/translate. 19.05.2011.

223. Книпер Р., Деппе Д. Меморандум по разъяснению принципиальных положений проекта нового гражданско-процессуального кодекса Республики Туркменистан. Бремен, 2002.

224. Книпер Р. Развитие и значимость международного коммерческого арбитража в странах с переходной экономикой. Сборник материалов по международному коммерческому арбитражу. Ашгабат, 2008.

225. Книпер Р., Галканов Р., Титов А., Медведева Н. Сборник материалов по международному коммерческому арбитражу. Ашгабат, 2008.

226. Книпер Р. Основные вопросы гражданско-процессуального права. В кн.: Право. Экономика. Благосостояние. Актуальные вопросы правовой реформы в Туркменистане. Ашгабат, 2010.

227. Книпер Р., Деппе Й., Чантурия Л. Основные вопросы реформы гражданско-процессуального права Туркменистана. В кн.: Право. Экономика. Благосостояние. Актуальные вопросы правовой реформы в Туркменистане. Ашгабат, 2010.

228. Д. Ла Фиура. Альтернативные методы решения споров – посредничество и арбитраж в США. Международный арбитраж, посредничество и разрешение споров. Ашгабат, 2001.

229. Хилл Р. Краткая информация по международному арбитражу. Международный арбитраж, посредничество и разрешение споров. Ашгабат, 2001.

230. Чантурия Л. Некоторые вопросы реформы гражданско-процессуального права в государствах СНГ. В кн.: Право. Экономика. Благосостояние. Актуальные вопросы правовой реформы в Туркменистане. Ашгабат, 2010.

231. Шрамм Х.Й. Применение Гражданского кодекса по спорным вопросам гражданского права и хозяйственного права. В кн.: Право. Экономика. Благосостояние. Актуальные вопросы правовой реформы в Туркменистане. Ашгабат, 2010.

**Derňelýän tema boýunça awtoryň soňky ýyllarda çap eden ylmy işleri**

1-A. Goçyýew T.D. Ykdysadyýet ýaýrawynda adyl kazyýetiň amala aşyrylmagynyň özgerdilmegi. Altyn Asyryň ykdysadyýeti. 2009, №1.

2-A. Goçyýew T.D. Arbitraž işleriň kazyýetiň garamagyna we belli bir kazyýetiň garamagyna degişliliginiň meseleleri. Altyn Asyryň ykdysadyýeti. 2009, №9.

3-A. Goçyýew T.D. Arbitraž iş ýöredişini hukuky düzgünleşdirilmeginiň meseleleri. Altyn Asyryň ykdysadyýeti. 2009, №11.

4-A. Goçyýew T.D. Galkynyşlar zamanasynda hukuk özgertmesiniň strategiýasynyň durmuşa geçirilişi. Altyn Asyryň ykdysadyýeti. 2010, №1.

5-A. Goçyýew T.D., Ataýew S.K. Beýik Galkynyş zamanasynyň hukuk ideologiýasy we medeniýeti. Altyn Asyryň ykdysadyýeti. 2010, №5.

6-A. Goçyýew T.D. Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetiniň hem-de prokuroryň iş ýöredişe gatnaşmagynyň möhüm meseleleri. “Garaşsyz, Baky Bitarap Türkmenistan Täze Galkynyşlaryň ýurdudyr” atly ylmy işleriň ýygyndysy, Aşgabat, 2010.

7-A. Goçyýew T.D. Arbitraž kazyýet önümçiliginde kazyýet namalaryna täzeden garamagyň wajyp meseleleri. Altyn Asyryň ykdysadyýeti. 2010, №10-11.

8-A. Goçyýew T.D. Arbitraž iş ýöredişiň möhüm meselesi. Altyn Asyryň ykdysadyýeti. 2010, №12.

9-A. Goçyýew T.D., Ataýew S.K., Çaryýew A.A. Arbitraž iş ýöredişi. Okuw kitaby. Aşgabat, 2010.

10-A. Goçyýew T.D. Bazar ykdysadyýetiniň hukuk binýadyny kämilleşdirmek. Beýik Galkynyş eýýamynyň batly gadamlary, Aşgabat, №1 2011.

11-A. Goçyýew T.D. Bazar ykdysadyýetini kämil kanunçylyk bilen üpjün etmegiň şertleri. Türkmen ylmy galkynyş we halkara gatnaşyklar ýolunda, Aşgabat, №1 2011.

12-A. Goçyýew T. Ykdysady jedelleri çözmegiň alternatiw usullary: Täze Galkynyş eýýamynda milli we umumadamzat gymmatlyklarynyň sazlaşygy. Aşgabat: Ylym, 2011.

13-A. Goçyýew T. Ykdysady-hukuk özgertmeler: arbitraž kanunçylygyny kämilleşdirmegiň meseleleri //"Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilişi: ileri tutulýan ugurlar we geljekki ösüşler" atly halkara ylmy-amaly maslahat. Aşgabat, 2011.

14-A. Goçyýew T.D. Türkmenistanyň arbitraž iş ýörediş kanunçylygyny özgertmekde daşary ýurtlaryň tejribesinden peýdalanmak. Aşgabat: Beýik Galkynyş eýýamynyň batly gadamlary, 2011. №2.

15-A. Çoçyýew T. Ykdysady adyl kazyýet amala aşyrylanda prokuroryň hukuk statusy // "Bilim Beýik Galkynyş Zamanasynda" halkara ylmy maslahatyň nutuklarynyň gysgaça beýany. Aşgabat: Ylym, 2011.

## Goşundy

Taslama

## Türkmenistanyň arbitraž kanunçylygyny bazar ykdysadyýetiniň şertlerine laýyklykda özgertmegiň

## KONSEPSIÝASY
*( esasy ugurlary we meseleleri)*

## Türkmenistanyň arbitraž kanunçylygyny özgertmegiň esasy ugurlary we meseleleri

## I. Sözbaşy

XXI asyr çalt depginler bilen ösýän ykdysadyýet bilen häsiýetlendirilýär. Önümçilige innowasion tehnologiýalaryň iň kämil görnüşleri ornaşdyrylýar. Dünýa ykdysadyýetiniň globallaşmagy has-da giň gerim alýar. Durnukly ösýän döwletde ykdysady dolanyşyk gitdigiçe ýaýbaňlanma häsiýetine eýe bolýar. Ykdysady gatnaşyklaryň ýaýrawynyň giňemegi bilen, onuň subýekleriniň arasynda özara nägilelikleriň we jedelli ýagdaýlaryň döremegine getirip biljek sebäpler has-da artýar. Şu şertlerde döwletiň kämil (ygtybarly, ýokary hilli we netijeli) arbitraž kanunçylygynyň alamatlary aşakdaky ýagdaýlaryň üsti bilen ýüze çykyp biler:

garaşsyz hem adalatly kazyýet häkimýetiniň bolmagy;

kazyýet goragynyň has-da elýeterli (zerurlygyna görä ýönekeýleşdirilen, çalt hereket edýän we ýagdaýa baglylykda üýtgäp bilýän, elektron tehnologiýalaryň giňişleýin ulanylýan) bolmagy;

jedelleşýän taraplar üçin hakyky deňhukukly we açyk kazyýet bäsleşiginiň üpjün edilmegi;

işe gatnaşýan taraplaryň dispozitiw hukuklary doly kepillendirilip, jedeliň adalatly seljerilmegi, çözülmegi we ýerine ýetirilmegi;

kazyýete çenli, şonuň ýaly-da kazyýet önümçiliginde kazynyň hem-de araçylaryň (mediatorlaryň) gatnaşmagynda ýaraşdyryş çärelerine aýratyn üns berilmegi.

Öňde goýlan maksatlara ýetmek üçin, ykdysady gatnaşyklary we olaryň döwlet tarapyndan mejbury goragyny düzgünleşdirýän kanunçylygyň döwrebap kämilleşdirilip durulmagy taryhy zerurlykdyr. TAIÝK-nyň kabul edilenine on ýyl bolup geçdi. Şu güne çenli oňa hiç hili üýtgetme ýa-da goşmaça girizilmedi. “Emin” diýen söze çenli kanunda dur. Geçiş döwrüniň, has anygy ykdysadyýetiň okgunly we giň möçberlerde ösýän döwrüniň kodeksi üçin bu uzak möhlet. Şonuň üçin hem Türkmenistanyň arbitraž iş ýörediş kanunçylygyny we kazyýet gurluşyny döwrebap özgertmek döwletiň hukuk syýasatynyň häzirki günde derwaýys meseleleriniň birine öwrüldi. Russiýa Federasiýasynda on ýylyň (1992-2002ý.) içinde onuň adybir kodeksi üç ýola kabul edildi. Munuň özi bu döwletde ykdysady işler boýunça adyl kazyýetiň elýeterliligini, netijeliligini we hilini has-da ýokarlandyrdy.

Biziň pikirimizçe, ýurdumyzyň ösüşiniň şu tapgyrynda, haçan-da ykdysadyýetiň aglaba bölegi döwlet eýeçiligine degişlikä, özgertmeleriň birinji tapgyrynda, megerem, gürrüň mazmun we gurluş taýdan düýpden täze kodeks barada däl-de, hereket edýän TAIÝK-ny bazar ykdysadyýetiniň şertlerine laýyklykda döwrebaplaşdyrmak hakynda gidip biler. Has anyk aýdylanda, kanunyň käbir kadalary aýrylmaly we olaryň deregine täzeleri, şol sanda ulgamlaýyn häsiýetli kadalar kanunçylyga girizilmeli, hereket edýän kadalaryň zerur bölegi bolsa düýpli kämilleşdirilmeli bolar. Ýöne gürrüň kodekse käbir üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek barada däl-de, onuň bilen bagly özgertmeleri amala aşyrmak barada gidýär. Özi-de TRK-nyň hem-de TAIÝK-nyň bazar ykdysadyýetini düzgünleşdirmekde umumylykda ykrar edilen ýörelgelere esaslanýan hukuk çygrynda kybapdaş hereket etmek-

lerini gazanmaly. Eger başgaça bolsa olaryň sazlaşykly arabaglanyşygyny üpjün etmek, şeýlelikde, hukugyň subýektleriniň hukuklarynyň hem-de kanuny bähbitleriniň döwlet goragyny kepillendirmek we talaba laýyk ýerine ýetirmek mümkin däl.

Türkmenistanyň arbitraž kanunçylygynyň özgerdilmegi onuň halkara hukugynyň umumylykda ykrar edilen ýörelgelerine we kadalaryna mümkin boldugyça ýakynlaşdyrylmagyny aňladýar. Ýöne muňa daşary yurt kanunlaryny bolşy ýaly milli hukuk ulgamyna ornaşdyrmaly diýip düşünmeli däl. Kanun çykaryjylyk işinde hökmany suratda jemgyýetiň we döwrüň taryhy aýratynlyklaryny (mentalitetini, milli demokratiýasyny, jemgyýetiň aňyýetini, ewolýusion ösüş ýoluny, bitaraplyk hukuk ýagdaýyny, dünýä tejribesini, milli bähbitleri, özgertmeleriň sosial häsiýetliligini, realizm we pragmatizm syýasatyny) göz öňünde tutmaly.

Iş ýöredis hukugynda kanunyň we hukugyň analogiýasy ulanylmaýar. Şonuň üçin hem arbitraž iş ýörediş kanunçylygynda, edil beýleki iş ýörediş kanunçylyklarynda bolşy ýaly, her bir derwaýys hereket göz öňünde tutulmaga hem-de doly we hemmetaraplaýyn düzgünleşdirilmäge degişli. Galyberse-de, TAIÝK-nyň kadalary zerurlygyna görä döwrebap ösdürilmeli hem-de kämilleşdirilmeli. Aýdylan bellikler, ilkinji nobatda, birinji basgançakly kazyýet hem-de kazyýet namalaryna täzeden garamak önümçiliklerine degişli bolup durýar.

## II. Umumy düzgünler

1. Daşary ýurtlaryň, şol sanda GDA döwletleriniň tejribesine laýyklykda, dünýäde umumylykda ykrar edilen üç basgançakdan ybarat bolan kazyýet gurluşyna geçmeli.

2. Günbatarda bazar ykdysadyýetiniň özenini hususy eýeçilik düzýär. Biziň ýurdumyzda ykdysadyýetiň agramly bölegi döwletiň eýeçiliginde bolup durýar. Şonuň üçin hem şu döwürde kazyýet önümçiliginde "çäklendirilmedik dispozitiwlik" ýörelgesiniň girizil-

megi döwletiň we onuň edara düzümleriniň bähbitlerine ters gelýär. Degişli döwlet edaralary, ilkinji nobatda hem, prokuratura edaralary, kazyýet önümçiliginde döwlet bähbitleriniň goragyny üpjün etmeli.

Hususy eýeçilikde dispozitiwlik babatda çäklendirmeler bolmaly däl, ol diňe hususy eýeçilikdäkileriň özleriniň erk-islegine baglylykda ýüze çykyp biler.

3. Milli iş ýörediş kanunçylygymyza laýyklykda, kazyýet kazyýet önümçilikleriniň ähli görnüşlerinde (jenaýat, raýat, arbitraž) subutnamalary toplamak bilen meşgullanýar. Kazyýet önümçiligi derňewbäsleşik häsiýetli bolmaly. Subutnamalary toplamak, esasan, işe gatnaşýan taraplaryň wezipesi bolmaly, ýöne kazyýet bu işe hökmany halatda gatnaşmaly. Başgaça bolanda iş boýunça aýanlygy ýüze çykarmak hem-de esaslandyrylan kanuny çözgüdi çykarmak mümkin däl.

4. Kanun çykaryjylyk we hukuk ulanyş tejribesinde bir bitewi hukuk syýasatyny alyp barmak üçin, kanunlarda hemmetaraplaýyn ölçerip-dökülen, düşünjäniň mazmunyny doly açyp görkezýän düşnükli we gysga aýdylýan adalgalar hem-de düşünjeler ulanylmaly.

## III. Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetiniň işini özgertmek

1. Geljekde Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetiniň welaýatlarda birinji basgançakly düzümlerini döredip, ykdysady işler boýunça ýöriteleşdirilen kazyýet ulgamyny emele getirmeli. Daşary ýurt tejribesine laýyklykda, Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetiniň ygtyýarlyklary giňeldilmeli, şol sanda ony nägilelik we gözegçilik kazyýetleriniň ygtyýarlyklary bilen üpjün etmeli. Şeýle hem ykdysady işler boýunça iň ýokary gözegçilik kazyýeti hökmünde Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti kesgitlemeli.

2. Türkmenistanyň ykdysady işler boýunça ýöriteleşdirilen kazyýet ulgamyny Türkmenistanyň umumy kazyýet ulgamynyň düzümine salmaly.

3. Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti, birinji basgançakly kazyýet hökmünde, has çylşyrymly we wajyp ykdysady işlere garamaga we çözgüt çykarmaga ygtyýarly edilmeli.

4. Arbitraž kazyýetinde garalýan meseleleriň predmeti boýunça tapawutlydygy üçin, şeýle-de ykdysady jedelleri seljermekde we çözmekde düýpli aýratynlyklaryň bardygy sebäpli, TAIÝK-ny TRIÝK bilen birleşdirmek şu döwürde maksadalaýyk däl. Ykdysady işler döwrebap kämilleşdirilen aýratyn iş ýörediş kodeksi bilen düzgünleşdirilmeli.

5. Türkmenistanyň Arbitraž kazyýeti - Türkmenistanyň Ykdysady kazyýeti, arbitraz işler – ykdysady işler, arbitraž iş ýöredişi bolsa, ykdysady iş ýöredişi diýlip atlandyrylmaly.

## IV. Arbitraž iş ýöredişiň gatnaşyjylary

1. Hereket edýän TAIÝK-da "işe gatnaşyjylar" diýen düşünje berkidilen. Ol umumy düşünje bolanlygy sebäpli işde bähbidi bar taraplary, ýagny kanunda göz öňünde tutulan "işe gatnaşýan taraplary" hem öz içine alýar. Kodeksde "işe gatnaşýan taraplar" diýen düşünje ulanylmaly ýerinde, ýalňyşlyk bilen "işe gatnaşyjylar" diýen düşünje köp ulanylýar. Olaryň hukuk ýagdaýlary bolsa düýpgöter tapawutlanýar. Şoňa görä-de, bu düşünjeler kanunda ýerlikli ulanylmaly.

2. Ykdysady işde bähbidi bar taraplaryň hukuk ýagdaýy, ýagny hukuklary we borçlary, şeýle hem ygtyýarlyklary bazar ykdysadyýetiniň şertlerine görä meýletinlik, özbaşdaklyk, eýeçiligiň eldegrilmesizligi, işlerine goşulyşmazlyk ýörelgelerinden ugur alyp düzgünleşdirilmeli.

Ykdysady işde başganyň hususy hukuk bähbidini goraýan taraplaryň sanawy aýdylanlary göz öňünde tutup kesgitlenmeli, olaryň ygtyýarlyklary işde öz bähbidini goraýan taraplaryň hukuk ýagdaýyna garşy gelmeli däl hem-de, adatça, olaryňka görä ýokary bolmaly däl.

3. Işde bähbidi bar taraplaryň bozulan ýa jedelli hukuklaryny we kanuny bähbitlerini talaba laýyk goramakda adwokatyň aýratyn hukuk orny bolmaly. Daşary ýurtlaryň adyl kazyýetligi amala aşyrmaklygy professionallaşdyrmak ýörelgesinden ugur alyp, TAIÝK-da adwokatyň kazyýet önümçiligine işjeň gatnaşmagyny üpjin etmek maksady bilen, onuň ygtyýarlyklaryny giňeltmek meselesini öwrenmeli.

4. Prokuror hususy hukuk meseleleri babatda arbitraž iş ýöredişine diňe hukuklaryň bozulan ýa-da bikanun jedelleşmäniň ýüze çykan ýagdaýynda işde bähbidi bar taraplaryň haýyşlary hem-de olaryň razylygy bilen gatnaşýandygyny kanun tertibinde berkitmeli.

Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ösüşiniň häzirki döwründe eýeçiligiň aglaba bölegininiň döwlete degişlidigini nazara alyp, döwletiň, şeýle hem onuň düzüm birlikleriniň bähbidine täsir edýän işlere prokuroryň gatnaşmagy hökmany edilmeli, şeýle hem onuň ygtyýarlyklary giňeldilmeli.

5. Kazyýet önümçiligine gatnaşmadyk, ýöne özleri babatda çözgüt çykarylan taraplaryň hukuklary we borçlary kanunda doly hem anyk kesgitlenmeli.

6. TAIÝK-da fiziki şahs aňlatmasynyň deregine "hususy telekeçi" aňlatmasy ulanylsa tejribede ýüze çykýan kynçylyklary aradan aýrar.

## V. Birinji basgançakly kazyýetde arbitraž kazyýet önümçiligi

1.TAIÝK-ny bazar ykdysadyýetiniň şertlerine laýyklykda, halkara hukugynyň umumylykda ykrar edilen ýörelgelerinden we kadalaryndan ugur alnyp, milli taryhy aýratynlyklarymyz göz öňünde tutulyp, arbitraž iş ýöredişiň dispozitiwlik we bäsleşik başlangyçlaryna aýratyn ýykgyn edilip, kazyýet önümçiligi derňew-bäsleşik häsiýetli guralyp, munuň üçin subutnamalary toplamakda işe gatnaşýan taraplar bilen kazyýetiň arasynda netijeli işjeňligi tapyp, şeýlelikde, iş boýunça aýanlygy ýüze çykarmaklygy maksat edinip, döwrebap özgerdilmeli.

2. Halkara hukugynyň kadalaryna laýyklykda, TAIÝK-da işe gatnaşýan taraplary we beýleki gatnaşyjylary kazyýet mejlisiniň ýa-da aýry-aýry hereketleriň geçiriljek ýeri we wagty barada habarly etmegiň tertibini düzgünleşdirmeli.

3. Jedelli meseleleri çözmekde taraplary düşünişmeklige, ýaraşyga, gatnaşyklary täze şertlerde netijeli dowam etdirmeklige çagyrmaklygy kazyýetiň wezipesi hasaplap, bu talap kazyýete

çenli-de, şonuň ýaly-da kazyýet iş ýöredişiniň dowamynda hem kazy we araçylar (mediatorlar) tarapyndan netijeli amala aşyrylmaly.

4. TAIÝK-da daşary ýurt ýuridik we fiziki şahslarynyň gatnaşmaklaryndaky ykdysady jedelleri kazyýetiň garamagyna degişli edýän kada berkidilmeli. Şeýle hem kodeksde iş gozgamak maksady bilen daşary ýurt şahslarynyň Arbitraž kazyýetine ýüz tutmak mümkinçiligi hem görkezilmeli.

Daşary ýurt şahslarynyň gatnaşmagynda garalýan işler TAIÝK-da ýörite bapda giňişleýin düzgünleşdirilmäge degişli.

4. Aýratyn önümçiligiň işlerine garamagyň we çözmegiň tapawutly taraplary hem TAIÝK-da juda ýüzleý düzgünleşdirilen. Haýsy hukuk ýagdaýlarynyň kazyýet tarapyndan anyklanyp bilinýändigi, olaryň kim tarapyndan we nähili gozgalýandygy, olaryň taýýarlanyşynyň hem-de kazyýetde seljerilişiniň aýratynlyklarynyň nämeden ybaratdygy, ahyrynda bu çözgütleriň ýerine ýetirilişi bilen bagly meseleleriň kanunda doly we hemmetaraplaýyn düzgünleşdirilmegi möhümdir.

5. Daşary ýurt tejribesinden ugur alyp, dolandyryş-hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan jedelleri seljermek we çözmek dolandyryş iş ýörediş kodeksi bilen düzgünleşdirilmeli edilmeli. Eger-de islendik hukuk ulgamynda raýat-hukuk gatnaşyklarynda taraplaryň deňligi ýörelgesi höküm sürýän bolsa, dolandyryş-hukuk gatnaşyklaryna häkimlik we tabynlyk gatnaşyklary mahsusdyr. Şoňa görä-de, geljekde Türkmenistanda hem ýöriteleşdirilen dolandyryş kazyýetleri döredilse hem-de ähli dolandyryş-hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan jedeller şol kazyýetlerde garalmaly edilse maksadalaýyk bolardy.

6. Daşary ýurt tejribesine laýyklykda, kazyýet namalaryny ýerine ýetiriş önümçiligi TAIÝK-dan aýrylyp, aýratyn kanunçylykda düzgünleşdirilmeli.

7. Eger-de işe jogapçy hökmünde ýuridiki şahsy döretmezden hususy telekeçi bolup çykyş edýän fiziki şahs gatnaşsa, onda kanun esasynda talap arzasy onuň ýaşaýan ýeri boýunça bildirilmeli.

**Birinji basgançakly kazyýetiň işini kämilleşdirmek üçin, daşary ýurtlaryň, ilkinji nobatda hem, GDA döwletleriniň kazyýet iş ýörediş tejribesini içgin öwrenip, aşakda hödürlenýän institutlary we kadalary TAIÝK-a girizmeli**

1. Eger-de tarap, kanunda bellenen tertipde deslapdan habarly edilenligine garamazdan esasly sebäpler bolmazdan kazyýet mejlisine gelmese, onda bu hereket isde bähbidi bar tarapyň öz hukuklaryny goramakdan ýüz dönderýänligini aňladýar. Şu halatda subutnamalary içgin derňäp işiň ýagdaýlaryny anyklamagyň manysy ýok. Şoňa görä-de, kanunda kazyýetde gaýybana iş ýörediş tertibini göz öňünde tutmaly.

2. Haçan-da algydaryň, esasan hem, pul görnüşindäki talabyna jedelsiz güwä geçýän subutnamalary bar bolsa, kazyýet mejlisini guramazdan we subutnamalary derňemezden oňa ýerine ýetiriş resminamasyny berer ýaly etmeli. Şol sebäpli kanuna jogapkäri kazyýet mejlisine çagyrmazdan ondan bergini ýönekeýleşdirilen görnüşde almak tertibini girizmeli.

3. Işiň bellenen möhletlerde garalmagyny hem-de kanuny we esaslandyrylan çözgüdiň çykarylmagyny üpjün etmek maksady bilen, işi kazyýet seljerişine taýýarlamak tapgyrynda deslapky kazyýet mejlisini geçirmek tertibini kanuna girizmeli.

4. Hukugy goralýan şahsyň (talapçynyň) hukuklarynyň kazyýet goragyny doly we anyk üpjün etmek üçin, özi-de ynsaply şahsyň (jogapçynyň) hem hukuklaryny kepillendirmek şerti bilen, TAIÝK-da deslapdan üpjün etmek çäresini berkitmeli.

5. TAIÝK-da barlyşyk ylalaşygynyň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin, onuň ähli meseleleri kanunda doly we hemmetaraplaýyn düzgünleşdirilmeli.

6. TAIÝK-da ýokarda durýan kazyýetlerde kazyýet namasynyň kanunylygy we esaslylygy barlananda kazyýete aýanlygy doly anyklamakda ýardam berer ýaly, birinji basgançakly kazyýetiň mejlisinde, şeýle hem kazyýet mejlisiniň daşynda amala aşyrylýan iş ýörediş hereketleri barada kazyýet teswirnamasynyň düzülmegini göz öňünde tutmaly.

7. Kazyýet önümçiligini talaba laýyk we netijeli guramak, şeýle hem döwrebap hukuk medeniýetini we mentalitetini kemala getirmek üçin, kazyýet iş ýöredişinde elektron adyl kazyýeti tejribä giňden ornaşdyrmaly.

## VI. Kazyýet namalaryna täzeden garamak

1. Kazyýet namalarynyň kanuny we esasly bolmagyny üpjün etmek üçin, kazyýet namalaryna täzeden garamagyň tapgyrlary doly we hemmetaraplaýyn düzgünleşdirilmeli.

2. Ýokarda durýan kazyýetler kazyýet namalarynyň kanunylygyny we esaslylygyny barlanlarynda nägilelik şikaýatynyň, teklipnamanyň (garşylyknamanyň) delillerini seljermek bilen çäklenmän, ony dolulugyna barlamaly, özi-de diňe bir şikaýat bildiren babatda däl-de, işde bähbidi bar ähli taraplar bilen baglylykda netije çykarmaly.

Çözgütde anyklanýan hukuk ýagdaýlar we olaryň esasynda taraplaryň hukuklary hem-de borçlary babatda gelinýän netijeler biri-biri bilen aýrylmaz bagly. Şoňa görä-de, çözgüdiň bir bölegi üýtgän halatynda, bu ýagdaý hökmany suratda onuň beýleki böleklerine hem täsir edýär. Çözgüdiň bir böleginiň kanuny we esasly bolmagyny üpjün edip, onuň beýleki bölekleriniň bu talaplary kanagatlandyrmagy hökman däl diýip aýdyp bolmaýar. Şol sebäpli-de, çözgüdi dolulugyna we oňa hiç hili närazylyk bildirmeýän şahslar bilen hem bagly barlamak zerurlygy ýüze çykýar, ilkinji nobatda hem bu kadanyň hereket etmegi döwletiň hem-de onuň edara düzümleriniň bähbitlerini goramak meselesinde möhümdir.

3. Kazyýet namalaryna gözegçilik tertibinde prokuraturanyň we kazyýetin degişli wezipeli adamlary tarapyndan garşylyknama getirmek hukugyny möhlet bilen çäklendirmeli, sebabi munuň özi kazyýet namalarynyň kanuny güýjüne ynamsyzlyk döredýär, onsoňam hukuk döwletiniň ýörelgelerine gabat gelmeýär.

4. TAIÝK-da prokuroryň hukuk orny TRIÝK-a bilen deňeşdireniňde has pes derejede kesgitlenen. Aýratyn hem bu ýagdaý gözegçilik kazyýetinde mese-mälim göze ilýär. Prokuroryn ygtyýarlyklaryny TAIÝK-da doly we anyk düzgünleşdirmek zerur bolup dyrýar.

5. Daşary ýurtlaryň tejribesine laýyklykda Türkmenistanda üç basgançakly kazyýet gurluşyna (birinji basgançakly kazyýet, apellýasiýon we kassasiýon kazyýetler) geçilen halatynda, jedellere kazyýetde garalmagynyň möhleti has-da azalmaly. Kazyýet

gurluşynyň şu tertibinde jedel düýp mazmuny boýunça iki gezek garalýar (birinji basgançakly kazyýetde we apellýasion kazyýetde), ahyrynda bolsa kassasion kazyýetde kanunlaryň dogry ulanylanlygy barlanýar. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetine Russiýa Federasiýasynyň Ýokary Arbitraž Kazyýetiniň mysalynda çäklendirilen görnüşde gözegçilik kazyýetiniň ygtyýarlyklaryny bermeli.

Döwletiň kazyýet gurluşy dünýä tejribesine laýyklykda, üç basgançakdan ybarat görnüşde özgerdilende, kazyýet namalaryna täzeden garamak halkara hukugynyň umumylykda ykrar edilen ýörelgelerinden we kadalaryndan ugur alnyp düzgünleşdirilmeli.

## VII. Jemleme

Türkmenistanyň arbitraž kanunçylygynyň ýokarda beýan edilenlere laýyklykda özgerdilmegi:

ýurtda demokratik, hukuk we dünýewi döwletiň binýatlaýyn başlangyçlarynyň has-da mäkäm berkarar edilmegine hem-de raýat jemgyýetiniň institusional esaslarynyň berkemegine;

bazar ykdysadyýetiniň çalt depginler bilen ösmegine hem-de dünýä ykdysadyýetine sazlaşykly birikmegine (integrirlenmegine);

milli hukuk ulgamynyň halkara ülňüleriniň talaplaryna ýakynlaşmagyna;

fiziki we ýuridiki şahslaryň bozulan ýa-da jedelli hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň talaba laýyk goragynyň döwlet tarapyndan doly kepillendirilmegine hem-de üpjün edilmegine;

jemgyýetiň we şahsyýetiň hukuk medeniýetiniň, hukuk aňyýetiniň we hukuk mentalitetiniň has-da ösmegine;

başga-da birnäçe oňyn şertleriň we ýagdaýlaryň döremegine getirer.

**P.S.** "Hukuk ulgamynyň globallaşmagy" baradaky pikir häzirki döwürde ylymda we tejribede öňe sürülmeýär, ýöne ýakyn geljekde bu mesele örän wajyp ähmiýete eýe bolar diýip hasaplaýarys.

## MAZMUNY


Şertli gysgaltmalaryň sanawy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 7
Giriş . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 8

**I BAP. TÜRKMENISTANYŇ ARBITRAŽ KANUNÇYLYGYNY ÖZGERTMEGIŇ NAZARY-HUKUK ESASLANDYRMALARY**

1.1. Türkmenistanyň kanunçylygyny özgertmegiň maksatlary we wezipeleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 20
1.2. Türkmenistanyň kanunçylygyny özgertmegiň şertleri . . . . . . . . . . 28
1.3. Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetiniň döwletiň kazyýet ulgamyndaky orny . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 39
1.4. Arbitraž we raýat iş ýöredişinde prokuroryň hukuk ýagdaýy . . . . . 51

**II BAP. YKDYSADY IŞLERIŇ KAZYÝETIŇ GARAMAGYNA WE BELLI BIR KAZYÝETIŇ GARAMAGYNA DEGIŞLILIGI**

2.1. Ykdysady işiň kazyýetiň garamagyna degişliligi barada düşünje we onuň görnüşleri. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 61
2.2. Ykdysady işiň kazyýetiň garamagyna degişliligini kesgitlemegiň umumy düzgünleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 70
2.3. Ykdysady işiň belli bir kazyýetiň garamagyna degişliligi barada düşünje . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 80
2.4. Ykdysady işiň belli bir kazyýetiň garamagyna degişli edilmeginiň görnüşleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 86
2.4.1. Ykdysady işiň bir kazyýetden başga bir kazyýete geçirilmegi . . 90

**III BAP. ARBITRAŽ IŞ ÝÖREDIŞIŇ ESASY GATNAŞYJYLARYNYŇ HUKUK ÝAGDAÝYNYŇ MESELELERI**

3.1. Taraplaryň hukuk ýagdaýy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 93
3.2. Üçünji taraplaryň hukuk ýagdaýy. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 97

3.3. Prokuroryň hukuk ýagdaýy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 104
3.4. Kazyýet wekiliniň hukuk ýagdaýy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .112

**IV BAP. YKDYSADY IŞLERI GOZGAMAK WE KAZYÝET SELJERIŞINE TAÝÝARLAMAK**

4.1. Ykdysady işleri gozgamak . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .117
4.1.1. Talap arzany bildirmegiň tertibi we ony ýerine ýetirmezligiň netijeleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .117
4.1.2. Talap arza we ondaky ýalňyşlyklary düzetmegiň tertibi . . . . . . 123
4.1.3. Talap arzany kabul etmek we ony kabul etmekden ýüz döndermegiň esaslary. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 130
4.2. Ykdysady işleri kazyýet seljerişine taýýarlamak . . . . . . . . . . . . . 132
4.2.1. Işi kazyýet seljerişine taýýarlamaklyga düşünje we onuň ähmiýeti . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 132
4.2.2. Işi kazyýet seljerişine taýýarlamagyň dowamynda amala aşyrylýan hereketler . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 135

**V BAP. YKDYSADY IŞLERIŇ KAZYÝETDE SELJERILIŞI**

5.1. Iş ýöredişiň dispozitiwlik we bäsleşik ýörelgeleri . . . . . . . . . . . . 146
5.1.1. Iş ýöredişiň dispozitiwlik ýörelgesi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 147
5.1.2. Iş ýöredişiň bäsleşik ýörelgesi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 150
5.2. Ykdysady işleri kazyýetde seljermegiň umumy düzgünleri we tertibi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 155
5.3. Kazyýet mejlisiniň kadaly hereketine päsgel berýän ýagdaýlary aradan aýyrmak . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 173
5.4. Kazyýet çözgüdini çykarmazdan işi tamamlamak . . . . . . . . . . . . 178
5.5. Birinji basgançakly kazyýetiň kazyýet namalary . . . . . . . . . . . . . 184

**VI BAP. KANUNY GÜÝJÜNE GIRMEDIK KAZYÝET ÇÖZGÜTLERINE WE KESGITNAMALARYNA ŞIKAÝAT BILDIRMEK (TEKLIPNAMA GETIRMEK) HEM-DE OLARY BARLAMAK**

6.1. Nägilelik önümçiligine düşünje hem-de nägilelik tertibinde şikaýat (teklipnama) getirmäge bolan hukugy amala aşyrmagyň şertleri we tertibi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 197
6.2. Işi nägilelik basgançagynda seljermek . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 207
6.2.1. Nägilelik kazyýetiniň ygtyýarlyklary we şikaýat (teklipnama)

getirilen kazyýet çözgütlerini ýatyrmak üçin esaslar. . . . . . . . . . . . . . 214

## VII BAP. KANUNY GÜÝJÜNE GIREN KAZYÝET NAMALARYNA GÖZEGÇILIK TERTIBINDE HEM-DE TÄZE ÝÜZE ÇYKAN ÝAGDAÝLAR BOÝUNÇA TÄZEDEN GARAMAK

7.1. Kanuny güýjüne giren kazyýet namalaryna gözegçilik tertibinde täzeden garamaga düşünje we onuň ähmiýeti . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 218
7.2. Gözegçilik kazyýetinde işe täzeden garamak . . . . . . . . . . . . . . . . . 223
7.2.1. Kanuny güýjüne giren kazyýet namalaryna täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça täzeden garamak . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 230

## VIII BAP. TÜRKMENISTANYŇ ARBITRAŽ KANUNÇYLYGYNY ÖZGERTMEKDE DAŞARY ÝURT TEJRIBESINDEN PEÝDALANMAK

8.1. Türkmenistanyň arbitraž iş ýörediş kanunçylygyny özgertmekde daşary ýurtlaryň kanun çykaryjylyk tejribesinden peýdalanmak. . . . . 232
8.2. Täjirçilik arbitraž kazyýetleriniň hukuk ýagdaýy . . . . . . . . . . . . 250
8.2.1.Ykdysady (täjirçilik) jedelleri çözmegiň alternatiw usullary . . . 260
Netije . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 265
Goşundy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 294
I. Sözbaşy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 294
II. Umumy düzgünler. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 296
III. Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetiniň işini özgertmek . . . . . . . . . 297
IV. Arbitraž iş ýöredişiň gatnaşyjylary. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 298
V. Birinji basgançakly kazyýetde arbitraž kazyýet önümçiligi . . . . . . 299
VI. Kazyýet namalaryna täzeden garamak . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 302
VII. Jemleme . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 303

**Taganmyrat Dallaýewiç Goçyýew**

# TÜRKMENISTANYŇ ARBITRAŽ KANUNÇYLYGYNY ÖZGERTMEGIŇ KONSTITUSION ESASLARY


| | |
|---|---|
| Redaktory | *A.Kakajanow* |
| Teh. redaktory | *T.Aslanowa* |
| Kompýuter bezegi | *S. Durdyýewa* |

Ýygnamaga berildi 20.10.2011. Çap etmäge rugsat edildi 29.12.2011
Möçberi 60x84 $^{1}/_{16}$. Ofset kagyzy. Edebi garnitura.
Ofset çap ediliş usuly. Çap listi 19,25. Hasap-neşir listi 14,66.
A-60516. Neşir №53. Sargyt №122. Sany 300.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň "Ylym" neşirýaty.
744000. Aşgabat, Türkmenbaşy şaýoly, 18.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň "Ylym" çaphanasy.
744000. Aşgabat, Bitarap Türkmenistan şaýoly, 15.